**Ý. Kakaýew**

# ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATY WE ONY OKATMAGYŇ USULYÝETI

Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**“Ylym” neşirýaty**
**2011**

UOK 75/76:377
K 16

**Kakaýew Ý.**

K 16 **Şekillendiriş sungaty we ony okatmagyň usulyýeti.** – Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – A.: “Ylym” neşirýaty, 2011.– 216 sah.

TDKP № 300 KBK 74.266.4+85.14 ýa 72

© Kakaýew Ý., 2011.
© “Ylym” neşirýaty, 2011.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!
Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

“Bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynda, ilatymyzyň goraglylygyny üpjün etmekde, halkymyzyň medeni derejesini ýokarlandyrmakda alyp barýan işlerimiziň içinden “**Döwlet adam üçindir!”** diýen şygarymyz eriş-argaç bolup geçýär’’ diýip, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow bilim ulgamynda bolup geçýän ägirt uly özgerişleriň üns merkezinde saklanýandygyny guwanç bilen belledi. Hormatly Prezidentimiziň döwlet başyna geçen ilkinji gününden başlap, Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzda milli bilim ulgamyny hemmetaraplaýyn ösdürmek, dowamatymyz bolan ýaş nesillere berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak, onuň dünýäniň ösen döwletlerinde bilim berlişi bilen doly gabat gelmegini gazanmak barada uly aladalar edip, 2007-nji ýylyň 15-nji fewralynda “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” ýörite Permana gol çekdi. Bu Permandan gelip çykýan wezipeler geljekde mähriban Watanymyzyň pajarlap ösjekdigine, ýaşlarymyzyň sagdyn, sowatly, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, belent adamkärçilikli boljakdygyna doly güwä geçýär. Diňe bir bilim işgärlerini däl, eýsem talyp ýaşlarymyzy, tutuş halkymyzy begendiren, buýsandyran bu Permanyň yzysüre 2007-nji ýylyň 4-nji martynda “Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda” gol çeken karary hem mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralaryndan başlap, orta, orta hünärment, ýokary okuw mekdeplerinde – bilimiň ähli basgançaklarynda işleriň düýpgöter täzeçe guralmagy, terbiýelenýän körpelerimiziň, bilim alýan okuwçylarymyzdyr ýaşlarymyzyň ylymly-bilimli, häzirki zamanyň ösen tehnikalaryndan, tilsimatlardan baş çykarýan zehinli ýaşlar bolmalydygy baradaky wezipäni kesgitledi. Bu möhüm we ähmiýeti iňňän uly bolan wezipe, ilkinji nobatda, bilim işgärleriniň özleriniň işinde ýaş nesliň bilim terbiýesine örän jogapkärçilikli çemeleşmeklerini talap edýär.

“Türkmenistanyň bilim ulgamynda hem uly özgertmeler amala aşyrylýar. Biz mekdeplerde 10 ýyllyk bilimi, ýokary okuw mekdeplerinde halkara standartyna laýyklykda 5 ýyllyk okuwy girizdik. Talyplaryň müňlerçesi daşary ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdeplerine iberildi. Ýaşlarymyz okuwlaryny tamamlandan soň, biziň döwletimiz ajaýyp hünärmenlere eýe bolar. Ýaşlarymyz öz işleri bilen

dünýäde öňdebaryjy döwlet hökmünde tanalýan Türkmenistanyň şöhratyny has-da belende götererler.

Biz kompýuter tehnikasy we interaktiw okuw usuly, internet bilen üpjün edilen ajaýyp okuw mekdeplerimizi gurýarys we gurarys. Men şolarsyz ýekeje okuw mekdebini hem kabul etmezlik hakynda ýörite Permana gol çekdim" diýip, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk maslahatynyň mejlisinde eden çuň mazmunly çykyşynda uly guwanç bilen belledi.

"Biz ata Watanymyzyň bagtly geljegini Türkmenistanyň ösüp gelýän ýaş nesli bilen baglanyşdyrýarys. Biz olary şöhratly ata-babalarymyzyň pähim-paýhasyna ýugrulan, mukaddes ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny dowam etdirip, Altyn asyrymyzy gurujylar diýip hasap edýäris" diýip, Hormatly Prezidentimiz ýaşlar barada uly aladalar edýändigini, mähriban ata Watanymyzyň parlak geljegi bolan ýaşlara pugta ynam bildirýändigini, olaryň hemmetaraplaýyn ösen şahsyýetler bolup ýetişmegi ugrunda hemişe aladalar ediljekdigini guwanç bilen belleýär.

Ýurdumyzda sungaty we medeniýeti ösdürmeklige köp üns berilýär. Ýurdumyzda birnäçe ýokary okuw jaýlarynyň, muzeýleriň gurulmagy, bäsleşikleriň yglan edilmegi, ylmy konferensiýalaryň geçirilmegi, sergileriň guralmagy, medeniýet we sungat günleriniň geçirilmegi muňa aýdyň mysal bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz häzirki wagtda ýurdumyzda sungaty, medeniýeti ösdürmek üçin birnäçe bäsleşikleri yglan etdi. Bu bäsleşikler bolsa ýaş sungat, medeniýet işgärleriniň döretmäge, gurmaga bolan höwesini has-da artdyrýar. Ol bäsleşikleriň biri hem "Türkmeniň Altyn asyry" bäsleşigidir. Bu bäsleşigiň ýeňijileri her ýyl Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda yglan edilýär we ýeňijilere gymmatbahaly sowgatlar gowşurylýar. Mundan başga-da çagajyklaryň arasynda "Iň eýjejik gyzjagaz", "Garaşsyzlygyň merjen däneleri" ýaly bäsleşikler hem geçirilýär. Bu edilýän işleriň ählisi ýaşlaryň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly bolup ýetişmegi üçin edilýän atalyk aladalar bolup durýar.

Şekillendiriş sungaty dersi başlangyç synplarda ýörite okuw dersi bolup, okuwyň maksady okuwçylaryň şekillendiriş sungaty baradaky bilimlerini ýokarlandyrmak we ösüp gelýän ýaş nesilde akyl, ahlak, zähmet we gözellik terbiýesini kämilleşdirmekden hem-de olaryň çeper döredijiligini, ýatkeşligini, şekillendiriş başarnyklaryny ösdürmekden ybaratdyr. Bu işi üstünlikli amala aşyrmakda mugallymyň usulyýetden ýokary taýýarlykly bolmagynyň ähmiýeti örän uludyr. "Şekillendiriş sungaty we ony okatmagyň usulyýeti" mugallymçylyk mekdeplerinde okuw dersi bolmak bilen başlangyç synplaryň geljekki mugallymlarynyň umumybilim, gözellik terbiýesinde we hünär taýýarlygynda uly orun tutýar. Okuw sapaklarynyň dowamynda olar ajaýyp zatlary durmuşda we sungat eserlerinde gör-

mekligi hem-de düşünmekligi öwrenýärler, olarda aň ýetirilýän gurluşlara we hadysalara bolan gözellik duýgulary kemala gelýär, iň esasy zat bolsa, olaryň özleriniň çeper beýan ediş serişdelerini ulanyp, ajaýyp zatlary döretmegi öwrenmekleridir.

Şu görkezilen maksatlar bilen baglylykda "Şekillendiriş sungaty we ony okatmagyň usulyýeti" dersi boýunça okuw maksatnamasy şu aşakdaky okuw ýumuşlaryny kesgitleýär:

– talyplaryň syýasy, akyl, ahlak, zähmet we gözellik terbiýesini kämilleşdirmek;

– şekillendiriş sowadynyň esaslaryny öwretmek, galamda surat çekmekligiň, nakgaşçylygyň, şekil ýasamaklygyň, amaly-haşam sungatynyň we kompozisiýanyň täsirli aňladyş serişdelerinden peýdalanyp bilmegini kemala getirmek;

– talyplary türkmen we daşary ýurt suratkeşleriniň görnükli sungat eserleri, binagärçiligiň we dizaýn sungatynyň ajaýyp eserleri bilen tanyşdyrmak, suratkeşiň täsirli diline we sungat adalgalaryna düşünmekligi öwretmek, eserde mazmunyň we çeper şekiliň aýrylmaz arabaglanyşygyny görmekligi öwretmek; milliligi, sungat eserlerine gözellik-duýgy gatnaşyklaryny, ajaýyp zatlara gyzyklanmasyny we söýgüsini terbiýelemek;

– çeper pikirlenmesini ösdürmek, döredijiligini, görüş ýadyny, giňişlik düşünjelerini, şekillendiriş ukyplaryny ösdürmek;

– şekillendiriş sungaty sapaklaryny okatmagyň usulyýetiniň esaslaryny we sapakdan daşary, mekdepden daşary işlerde okuwçylary terbiýelemekligi açyp görkezmek;

– şekillendiriş sungaty sapaklary boýunça mekdep okuwçylary bilen okuw-terbiýeçilik işleri geçirilende ulanyljak bilimleri, usullary öwretmek;

– I-III synplar üçin okuw maksatnamasynyň aýratynlyklaryny açyp görkezmek, şekillendiriş sungaty sapaklaryna bildirilýän häzirki zaman talaplar bilen tanyşdyrmak, başlangyç synplarda sapagy usuly taýdan dogry guramaklygy we geçirmekligi öwretmek; talyplarda mugallymçylyk başarnyklaryny kemala getirmek.

Okuw kitaby mugallymçylyk mekdepleriniň şekillendiriş sungaty we ony okatmagyň usulyýeti dersi boýunça okuw maksatnamasyna laýyklykda ýazyldy we mugallymçylyk mekdepleriniň mekdep bölüminiň talyplary üçin niýetlenendir.

# I BÖLÜM

# ŞEKILLENDIRIŞ SOWADYNYŇ ESASLARY

## 1. SUNGAT HAKYNDA SÖHBET

*Sungat diýmek näme?*
*Bilýärmisiňiz?*
*Ele alýarlar-da ýiti keseri,*
*Lokga daşyň ähli artyk bölegin*
*Ýonup, döredýärler ajap eseri.*

G. Ezizow, "Sungat"



Dürli halklaryň nähili ýaşandyklaryny, olaryň ýaşaýşynda nähili wakalaryň bolup geçendigini, adamlaryň ýaşaýşynyň nädip we näme üçin üýtgäp, hut häzirki derejesine ýetendigini öwrenýän ylma taryh diýilýär. Gadymy adamlaryň galdyran zatlaryna, olaryň işleriniň yzy galan ähli zatlara taryhy zat çeşmeleri diýilýär. Adamlaryň ýaşaýşyny zat çeşmeleri boýunça öwrenýän ylma bolsa arheologiýa diýilýär. Adamlaryň taryh baradaky bilimleri alýan ýazgylaryna taryhy ýazuw çeşmeleri diýilýär.

Şekillendiriş sungaty sungatyň iň gadymy görnüşleriniň biridir. Ilkidurmuş adamsynyň çeper döredijiliginiň köpsanly ýadygärlikleri saklanyp galypdyr. Adamlar ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşy döwründen başlap gowaklaryň diwarlarynda, gaýalaryň ýüzünde öz ýaşaýyş durmuşyna degişli suratlaryň birnäçesini reňk bilen we daşy oýup çekip galdyrypdyrlar. Daşyň ýüzüne oýulyp çekilen şekillere petroglifler (grek *petros* – daş we *glyphe* oýmak sözlerinden) diýilýär. Ol suratlar şol döwrüň adamlarynyň daş-töwerekdäki dünýä hakyndaky garaýyşlaryny, tebigy hadysalar baradaky kämil bolmadyk düşünjelerini, meşgul bolan işlerini hem-de hudaýlaşdyrylan şekilleri çeper beýan edişlerini görkezýär. Biz şol surat-



lara seredenimizde, adamlaryň şol döwürde iýmit çöplemek, awçylyk, ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolandygyna, şeýle hem şol döwrüň sungatyna, medeniýetine göz ýetirýäris. Gadymy suratkeşler haýwanlaryň diňe bir daş keşbini şekillendirmek bilen çäklenmän, olaryň dürli ýagdaýlaryny, ýagny atyň çapyşyny, ýolbarsyň böküşini, öküziň gahar-gazabyny hem görkezipdirler.

Adamlar haýwanlara we awçylara öýkünip, dürli aw sahnalaryny gurapdyrlar, awa gitmeziniň öňüsyrasynda ýere haýwan şekilini çyzyp, ony naýza bilen urupdyrlar, bu hem tans sungatynyň döremegine getiripdir.

Adamlar diňe bir daşyň ýüzüne surat çekmek bilen çäklenmän, eýsem öz ulanýan ýaraglaryny, zähmet gurallaryny timarlamak, olara owadan şekil bermek we nagyşlamak bilen hem meşgul bolupdyrlar. Şeýle hem olar geýim-gejimlerini, gap-gaçlaryny, ulanýan düşeklerini bezäpdirler. Ýuwaş-ýuwaşdan adamzat jemgyýetiniň kämilleşmegi, onuň önümçilik güýji we önümçilik gatnaşyklary netijesinde sungat desgalara, zatlara we hadysalara döredijilikli gatnaşyklara esaslanan ýöriteleşdirilen meşgullanmanyň görnüşine, zähmet görnüşine öwrülipdir. Adamlaryň ýadynda saklap we düşündirip biljeginden köp bilimiň toplanmagy bilen hat-ýazuw zerurlygy ýüze çykýar. Adamlar dürli şekillerden düzülen piktografiki ýazuw belgilerini oýlap tapypdyrlar we agaç gabyklaryna, daşa, toýun bölejiklerine, haýwanlaryň eýlenen derisine ýazypdyrlar. ***Piktografiki hat*** (surat ýazuwy, piktografiýa latynçanyň *piktus* – suraty çekilen we grekçe *grapho* – ýazýaryn sözlerinden dörän) maglumatyň umumy surat görnüşinde ýa-da yzygider suratlandyrma görnüşinde şöhlelendirilmegi bolup, ol täze daş asyry döwründen bäri ulanylýar. Wagtyň geçmegi bilen zatlary we hadysalary aňlatmak üçin piktografiki şekilleriň has häsiýetlisi, täsirlisi saýlanyp alynýar, olaryň sany azalýar, sadalaşdyrylýar, şeýlelikde zatlary, hadysalary, düşünjeleri aňladýan şertli surat belgileri – ***iýeroglifler*** (grekçeden terjime edilende “*mukaddes ýazgy*” diýen manyny aňladýar) döreýär. Bu hat ***ideografik*** (grek *idea* – ideýa, pikir, keşp we *grapho* – ýazýaryn sözlerinden, ýagny pikiri keşpler arkaly ýazmak manysynda) hat diýip atlandyrylýar. Soňra iýeroglifler düşünjeleri we tutuş sözleri aňlatmak üçin däl-de, bogunlary aňlatmak üçin, soň bolsa aýratyn sesleri – ilkibaşlangyç şekillendirýän zatlarynyň adynyň baş sesini aňladyp başlaýarlar. Olaryň şekili üýtgeýär, sadalaşýar, her bir şekillendirilýän belgi diňe bir sesi aňladyp ugraýar, häzirki döwürde ulanylýan elipbiýler döreýär. Surat ýazuwyny öwrenmekde rebuslaryň, multfilmleriň ähmiýeti örän uludyr.

Piktogrammalar häzirki döwürde hem durmuşymyzda uly orun tutýar. Köçeleriň gyrasyndaky ýol hereketiniň düzgünlerini görkezýän belgiler, alýan eşikleriňizdäki etiketkalarda görkezilýän belgiler, telewizoryň, telefonlaryň, sowadyjylaryň dolandyryjylaryndaky, kompýuterlerdäki, harytlaryň gutusynyň daşyndaky şert-



li belgiler size tanyşdyr. Eşiklerdäki belgiler eşiklere ideg etmegiň düzgünlerini görkezýän bolsa, harytlaryň gutusyndaky belgiler olary dik saklamalydygyny, döwülýändigini, ýagyşdan, suwdan goramalydygyny aňladýar. Bu belgiler haýsy milletiň dilinde gürleýändigine seretmezden hemmeler üçin düşnüklidir.

Umuman aýdanymyzda, sungatyň dili hemmeler üçin düşnüklidir. Eger sazyň, tansyň, sekillendiriş sungatynyň diline düşünýän bolsaň, sungatyň şol görnüşlerinde haýsy milletiň wekilleriniň çykyş edýändigine seretmezden, olaryň sazynyň owazyny, tansdaky hereketlerini, sungat eserlerindäki şekillerini synlap, diňläp, olaryň beýan edýän pikirlerini okap oturmaly.

Sungat arap diliniň "*sung*" sözünden bolup, "*döretmek, ýaratmak*" diýmekdir. Ol jemgyýetçilik aňyýetini görkezýän durmuş hakykatyny, adamyň ýaşaýyş durmuşyny, häsiýetlerini, duýgularyny suratlandyrýan döredijilik işidir, keşbidir.

Biz durmuşda ussat suratkeşleriň döreden eserlerini, heýkeltaraşlaryň döreden dürli görnüşdäki heýkellerini, binagäriň döreden beýik binalaryny, tansçylaryň ýerine ýetirýän tanslaryny synlaýarys, goşgulary we powestleri okaýarys, aýdym, saz diňleýäris, oýunlara hem-de kinofilmlere tomaşa edýäris. Bu dürli hadysalaryň ählisi hem bir söz bilen sungat diýip atlandyrylýar. Aýdym-saz, tans, heýkeller, edebi eserler, kinofilmler, oýunlar, köşkler – bularyň ählisi sungatyň dürli görnüşleriniň eserleridir. Ýazyjy-şahyrlaryň, žurnalistleriň, kompozitorlaryň, aýdymçylaryň, suratkeşleriň hünäri sungata degişlidir.

Indi bolsa sungatyň görnüşleri hakynda söz açalyň. Sungat aýratyn görnüşleriň ulgamynda ýaşaýar. Binagärlik, heýkeltaraşlyk, nakgaşçylyk, grafika, amaly-haşam sungaty älem giňişliginde bar bolan, bize tanyş sungata degişli bolup, olar wagtyň geçmegi bilen üýtgemeýär. Adam aňynyň kämilleşmegi bilen sungatda dürli görnüşler, dürli akymlar ýüze çykýar hem-de şekillendiriş sungaty adamzat jemgyýetiniň aýrylmaz bir bölegine öwrülýär.

**Şekillendiriş sungaty** – grafika, nakgaşçylyk, heýkeltaraşlyk görnüşleriniň toplumydyr. Sungatyň bu görnüşi dünýä gözelliklerini görmek arkaly kabul edip, tekizlikde we giňişlikde döretmegi aňladýar. Şekillendiriş diýip atlandyrylmagynyň sebäbi suratkeş öz eserlerinde pikirlerini we duýgularyny adam, haýwan, tebigat, zatlaryň, nagyşlaryň şekilleri arkaly köp sanly hadysalaryň we dünýädäki zatlaryň şekillerini beýan edýär we bu sungat görmek arkaly kabul edilýär. Onuň esasy maksady adamyň daş keşbini, onuň häsiýetlerini, başdan geçirýän duýgularyny edil janly ýaly edip köpçülige ýetirmekdir. Şekillendiriş sungaty çylşyrymly hem köpdürli dünýä hakykatyny duýmakda, ony esere geçirmekde esasy serişdedir. Şoňa görä-de, onuň ynsan aňyýetine täsir ediş mümkinçiligi uly bolup, adamy terbiýelemekde, gözellik duýgularyny ösdürmekde işeňňir ýardam edýär. Şekillendiriş sungaty hem beýleki sungatlar ýaly aýdyň beýan edilýän döredijilikli meşgullanmadyr, onuň netijesinde hakykaty şöhlelendirýän çeper keşpler – anyk duýguly keşpler döredilýär we oňa adamalaryň gözellik gatnaşyklary ornaşdyrylýar. Şekillendiriş

sungatynyň birnäçe asyrlaryň dowamynda kämilleşmeginiň netijesinde bu sungatyň birnäçe görnüşleri we žanrlary ýüze çykdy.

Şekillendiriş sungatynyň görnüşleri hakynda aýdylanda, bu ýerde esasy we umumy alamatlary boýunça birleşdirip boljak dürli eserler göz öňüne tutulýar. Meselem: nakgaşçylyk hakynda aýdanymyzda, onuň dürli görnüşlerini: kendiriň ýüzüne çekilen suratlary, diwaryň ýüzündäki mozaikany, kitaby bezeýän miniatýurany göz öňüne tutmalydyrys. Binagärçilik hakynda gürrüň edenimizde bolsa, onuň ähli görnüşlerini we niýetlenilişini: köşkleri, ýaşaýyş jaýlaryny, zawod-fabrikleri, okuw jaýlaryny we ş.m. göz öňüne tutmalydyrys.

Şekillendiriş sungatynyň görnüşleri hem öz içinde birnäçe žanrlara bölünýär.

**Žanr** – fransuzça “*genre*” sözi “*görnüş, bölüm*” diýmekdir. Ol şekillendiriş sungatynda sungat eserleriniň keşpli-kompozision gurluşynyň durnukly görnüşidir. Meselem: nakgaşlykda, grafikada, heýkeltaraşlykda şu žanrlar: natýurmort, portret, peýzaž we başgalar bardyr.

Eger-de biz portret hakynda gürrüň etsek, onda siz anyk bir adamyň daşky keşbini, içki dünýäsini, häsiýetini açyp görkezýän sungat eseri hakynda gürrüň gitjekdigine eýýäm göz ýetirensiňiz.

Grafikanyň, nakgaşçylygyň, heýkeltaraşlygyň her bir žanry öz beýan edýän zatlary, wakalary bilen çäklendirilendir. Şeýlelikde, portret (nakgaşçylykda, grafikada, heýkeltaraşlykda) kesgitli bir adamyň şekilidir. Peýzaž bolsa (özüniň ähli görnüşlerinde hem oba peýzažy, şäher peýzažy, deňiz peýzažy, industrial peýzaž) adamzady gurşap alan daşky dünýäni şekillendirýär, bize tebigatyň keşbini görkezýär.

**Sungat sintezi** – grekçe “*synthecis*” sözi “*birleşmek, düzmek*” diýmekdir.

Sungatyň sintezi diýlende birnäçe sungat görnüşleriniň özara birleşip, baglanyşyklylykda bitewi bir eseri emele getirmegine düşünilýär. Öz tebigaty boýunça sungatyň sintez toparlary hem bolýar. Oňa teatr, kino, teleýaýlym, sirk degişlidir. Bu ýerde birnäçe sungat görnüşleri birleşýär hem-de aktýoryň döredijiligi esasynda we sahna bezegi arkaly amal edilýär. Bu ýerde sintez sungatyň bir görnüşiniň öz içinde gidýär. Diňe oýun goýmak ýa-da kino döretmek üçin onuň eşiginiň talabalaýyklygyna, sahnasynyň bezegine, ol ýerde ulanylýan sözleriň çeperçiligine hem-de bolup geçýän wakanyň çeper beýan edilişine üns bermeli bolýar. Şeýlelikde, kino sungaty özüne sungatyň birnäçe görnüşlerini we žanrlaryny birleşdirýär.

Binalar gurlanda onuň içiniň we daşynyň bezegi relýefler ýa-da heýkeller arkaly amal edilýär. Bu ýerde binagärçilik sungaty bilen heýkeltaraşlyk sungaty özara baglanyşykda çykyş edýär.

***Klassyka*** **(**nusgawy**)** haýsydyr bir taryhy wakanyň ösüp ýeten ýokary derejesini aňladýan adalgadyr. Dünýä we milli medeniýeti üçin gymmatyny ýitirmeýän kämil hem-de nusgawy eserler klassyky eserler diýlip atlandyrylýar.

# 1.1. ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNYŇ GÖRNÜŞLERI WE ŽANRLARY

## GRAFIKA

**Grafika** – grekçe "*graphike*" sözi "*ýazýaryn, çyzýaryn, surat çekýärin*" diýmegi aňladýar. Ol görnüşi hem-de düzümi boýunça nakgaşlyga ýakyn. Onuň özüne mahsus bolan belli maksatlary we çeperçilik mümkinçilikleri bardyr. Grafiki eserler, köplenç, kagyzda ýerine ýetirilýär, surat, esasanam, ýönekeý galam, kömür, tuş ýa-da akwarel, guaş bilen ýerine ýetirilýär. Reňk çäkli ulanylýar. Grafikanyň esasy çeperçilik serişdesi çyzyk, ştrihiň hem-de reňkleriň gapma-garşylygydyr. Grafika diýip grafiki eserleriň ýörite enjamlaryň kömegi bilen sanynyň köpeldilip, neşir edilmegine hem aýdylýar.

Grafika hem suratkeşligiň bir görnüşidir. Ol sungat eserleriniň üsti bilen ýüze çykýar. Grafika sungaty senagatda hem ulanylýar (maşynyň umumy görnüşi, belgiler we ş.m). Surat sungatyň beýleki görnüşlerinde: nakgaşçylykda, heýkeltaraşlykda we binagärçilikde keşbi döredýän esas bolup çykyş edýär. Ýerine ýetiriliş tehnikasynyň sadalygy we köpeldip (plakat, bezeg görnüşinde we ş.m.) bolýanlygy sebäpli, ol düşündiriş işlerini geçirmekde uly orun tutýar. Sungatyň taryhy taryhyň dürli döwürlerinde grafiki eserleriň syýasatdaky ornunyň uly bolandygyny subut edýär.

Grafikanyň görnüşleri:

*Abzal grafikasy* – özbaşdak çeperçilik ähmiýetli eserler. Olaryň kitapdaky eserler bilen baglanyşygy ýokdur.

*Kitap grafikasy* – kitaplarda, gazet-žurnallarda şekillendirilen eserler. Olaryň mazmuny çeper eseriň mazmuny bilen sazlaşýar, baglanyşýar.

*Plakat* wagyz-nesihat işlerini geçirmekde, işiň mazmunyny beýan etmekde giňden peýdalanylýar.

*Çeper-önümçilik grafikasy* – muňa poçta markalary, hormat hatlary, dürli bezegli çakylyklar we ş.m.-ler degişlidir.

*Okuw-bezeg grafikasy* okuw-terbiýeçilik işi bilen baglanyşyklydyr. Oňa okuw-görkezme esbaplary: okuw tablisalary, diagrammalar, çyzgylar, kartalar we synp tagtasynda ýerine ýetirilýän suratlar degişlidir.

***Kompýuter grafikasy*** biziň durmuşymyzda uly orun tutdy. Kompýuterler (iňlis dilinde *computer*, *computo* latyn sözünden bolup, "*hasaplaýaryn*" diýen manyny aňladýar) maglumaty elektron görnüşde kabul etmeklige, gaýtadan işlemeklige, saklamaklyga we ýetirmeklige niýetlenendir. Kompýuteriň kömegi bilen dürli ýazgylary, suratlary, fotosuratlary, wideo ýazgylary, ses ýazgylary işlemek mümkinçiligi uludyr. Kompýuter grafikasyny ýörite taýýarlanan programmalarda ýerine ýetirmek has hem oňaýlydyr (Photoshop, Paint, Corel Draw, Auto CAD, 3D MAX we ş.m.).

***Grafiki eserler*** basma suratlar we grawýuralar (özbaşdak niýetlenişi bolan), kitap bezegleri, etiketkalar, gazet we žurnal karikaturalary, plakatlar, kitap üçin şriftler, markalar we harytlaryň gutusydyr.

***Grawýura*** “*gravure*, *graver*” sözi “*gyrmak, oýmak*” manysyny berip, grafikanyň çap edilýän görnüşine degişlidir. Bu usul demirde, daşda, agaçda, linoleumda işlemek görnüşlerine bölünýär. Grawýura ýerine ýetiriliş usullary boýunça hem tapawutlanýar.

***Ksilografiýa*** – agaç tagtanyň ýüzünde gyrylýan, soňra bolsa kagyzyň ýüzüne çap edilýän grawýuranyň görnüşi.

***Litografiýa*** sözi iki sany grek sözünden gelip çykypdyr. “*Litos*” – “*daş*” we “*grafo*” – “*ýazýaryn*” diýmekligi aňladýar. Daşyň, hek daşynyň aýratyn görnüşleriniň ýüzünde ýerine ýetirilýär. Soňra bolsa kagyzyň ýüzüne çap edilýär. Daş basma hem diýilýär.

Tekiz, ýörite ýylmanan daşyň ýüzüne suratkeş ýagly galam bilen ýa-da ýagly tuş bilen surat çekýär. Soňra daş azot kislotasynyň erginine iýdirilýär. Daşyň ýagly galam bilen ýapylan ýeri kislotanyň täsirine düşmeýär, kislotanyň täsir eden, ýagny oýan ýeri bolsa özüne ýag kabul etmegi bes edýär. Neşir edilende bolsa ýagly litograf boýagy diňe öňki surat çekilen güberçek üste degýär, şeýlelikde, şekil basylýar.

***Ofort*** – bu grawýuranyň demriň ýüzünde edilýän bir görnüşi. Demir plastinkanyň ýüzi lak bilen örtülýär, guran lagyň ýüzünde gerekli şekiller ýiti biz bilen çyzylýar. Soňra demriň ýüzi (häzirki döwürde sink ýa-da alýuminiý plastinka) duz kislotasyna ýa-da azot kislotasyna iýdirilýär.

***Plakat*** “*plokar*” diýen latyn sözünden gelip çykyp, “*bidiriş*”, “*afişa*” diýen manyny aňladýar.

Plakat grafikanyň aýratyn bir görnüşi bolup, kagyzyň ýüzüne özüne mahsus reňkde ýerine ýetirilip, ýazgy bilen utgaşdyrylýar. Plakat üç görnüşde bolýar: syýasy, teatral we söwda plakatlary.

Plakatlar köpdürli temalara bagyşlanyp bilner: jemgyýetçilik syýasy mazmunly, çagyryş häsiýetli, okuw plakatlary (ýol hereketiniň düzgünleri we ş.m.) ýa-da reklama maglumatlary (söwda reklamasy, teatr afişalary we ş.m.).

Plakatdaky şekiller uzak aralykdan göze ilýän, ünsi çekýän, işiň mazmuny hem tiz kabul edilýän bolmaly. Plakatyň täsirli bolmagynda ýazgy ýazmak üçin ulanylan şriftiň görnüşi, ýazgynyň ýerleşdirilişi we açyk aýdyň reňk çözgüdi hem uly orun tutýar. 2-3 reňk ulanylyp ýerine ýetirilen reňkli plakatlar hem bolýar.

***Miniatýura*** latynçanyň “*minium*” (gyzyl reňkli boýagyň bir görnüşi) diýen sözünden gelip çykyp, fransuz dilinde “*miniatura*” görnüşindedir. Miniatýura eserleri gaty kiçi ölçegde ýerine ýetirilýär. XV asyrda pajarlap ösen türkmen şekillendiriş sungatyna Akgoýunly türkmenleriň serdary Soltan Ýakup (1463-1491) howandarlyk edipdir. Miniatýura eserleri barada “Yslam suratkeşligi” (Nýu-Ýork, 1978) atly kitapda Liçard Ettiňhanuzen we Mariý Lukenns Swiýetoçowskiý şeýle maglumatlar getirýärler: “XV-XVI asyrlardan başlap albomlara (kitap görnüşde ýasalan arassa kagyzly depderlere) kiçi möçberde çekilen suratlary, ýagny miniatýuralary we golýazma hatynyň owadan görnüşlerini ýelimlemek däbi giň ýaýrady. Häzir Stambulda saklanýan iki sany şeýle albomda arwahlaryň, jyn görnüşli adamlaryň,

çarwalaryň şekilleri we ş.m. suratlar bar. Şu albomdaky şekillerden ugur alyp, hatdatlaryň köpüsiniň Soltan Ýakubyň köşgünde işländigini, bu albomlar Günbatar we Günorta Eýranyň paýtagty Töwrizde 1478-nji ýyldan 1490-njy ýyla çenli höküm süren, Akgoýunly türkmenleriň baştutany bolan Soltan Ýakubyň howandarlygynda ýygnalypdyr diýip aýtmak bolar”.[1]

***Illýustrasiýa*** – teksti düşündirýän surat, suratlandyrma. Illýustrasiýa kitap grafikasynyň esasydyr.

Edebi eserleri, dürli makalalary, gazet-žurnallary surat bilen bezäninde, suratkeş suratlary özüçe işläp bilmeýär. Grafiki keşp ýazyjynyň döreden keşbi bilen aýrylmaz baglanyşykly bolmalydyr. Suratkeş ýazyjynyň döreden keşbini onuň daştöweregini gurşap alan zatlary görkezmek bilen baýlaşdyrýar, gahrymanyň duýgularyny, häsiýetini açyp görkezmäge çalyşýar. Bu suratlar eseriň mazmunyna düşünmekligi ýeňilleşdirýär.

***Karikatura*** – “*karikare*” italýan sözi bolup, “*ulaltmak, sozmak*” diýen manyny aňladýar. Suratkeşler hakykatdan hem haýsydyr bir hadysany ýa-da şahsyýeti şekillendirenlerinde, olaryň keşbini ulaldyp, olara gülkünç häsiýetleri berýärler. Onuň ýüzüni, göwresini, eşigini, özüni alyp barşyny ýiti häsiýetlerde ulaldyp görkezýärler. Ýöne şu ýagdaýda hem keşpler natura bilen meňzeşligi saklamalydyr.

## NAKGAŞÇYLYK

**Nakgaşçylyk** şekillendiriş sungatynyň has giň ýaýran görnüşleriniň biridir. Iň gadymy nakgaş eserlerini ilkidurmuş adamlary gowaklaryň diwarlaryna, gaýalaryň ýüzüne çekipdirler.

Nakgaşçylyk – şekillendiriş sungatynda biziň daş-töweregimizi gurşap alýan tebigaty we göz öňüne getirýän durmuşymyzy, pikirlerimizi reňkleriň kömegi bilen aňlatmakdyr, giňişlikdäki zatlary reňkli çeperçilikli şekillendirmeklikdir. Ol ýasy tekizligiň ýüzüne reňkleri çalmak we beýleki reňkli serişdeleri ulanmak arkaly ýerine ýetirilýär. Onuň esasy çeperçilik serişdesi reňk, ýagtylyk – kölege bermek hem-de çyzyk görnüşindedir.

Nakgaş eserleri babatda surat çekmek däl-de, “*ýazmak*” diýen sözden peýdalanylýar. Sungatyň bu eserleriniň jemgyýetçilik ähmiýeti uludyr. Onda suratkeş tarapyndan durmuş hakykaty tomaşaçynyň öz gözi bilen gören ýaly edilýär.

Niýetlenilişi boýunça nakgaşçylyk: monumental nakgaşlygy, abzal nakgaşlygy, monumental-bezeg nakgaşlygy, teatryň sahna bezegi we miniatýura nakgaşlygy ýaly görnüşlere bölünýär. Ýerine ýetiriliş usuly suratkeşiň peýdalanýan serişdesiniň aýratynlygyna baglydyr. Gaty tekizligiň ýüzüne surat çekilende açyk ýagty reňkler peýdalanylýan bolsa, monumental nakgaşçylykda mozaika, freska görnüşleri ulanylýar.

**Monumental nakgaşçylyk** – bu binagärçilik bilen baglanyşykly nakgaşçylyk, oňa binalara, sütünlere çekilen suratlar mysal bolup biler. Ol jemgyýetçilik jaýlarynyň diwarlaryny bezäp, binagärçilik eserleriniň üstüni ýetirýär. Gadymy

döwürlerden bäri monumental nakgaşçylyk biziň durmuşymyzda öz beýanyny tapdy. Uly şäherlerde binalaryň diwarlarynda monumental nakgaş eserlerini synlamak bolýar. Ol eserler, esasan, taryhy temalara we döwrebap temalara degişlidir. Freska, mozaika, witraž monumental nakgaşçylygyň görnüşleridir.

***Freska*** italýança "*fresco*" sözünden gelip çykyp, "*çyg*" diýmekligi aňladýar. Entek gurap ýetişmedik suwagyň ýüzünde heke garylan boýaglaryň kömegi bilen nakgaş eserini döretmekdir. ***Mozaika*** fransuzça "*mosaigue*", bir jynsly serişdäniň ownujak bölejiklerinden ýelmemek arkaly ýerine ýetirilen şekiller. Mozaikada, esasan, smalta – dürli reňklere boýalan aýna görnüşli gaty zatlaryň bölekleri hem-de dürli reňkli daşlar ulanylýar. Diwaryň ýa-da sütüniň ýüzüne çalnan gurap ýetişmedik suwagyň ýüzüne smalta böleklerini ýa-da daş bölejikerini basmak arkaly ussat mozaika eserini döredýär.

***Witraž*** – ýagtylyk geçirýän reňkli aýnalardan ýa-da beýleki serişdelerden uly bolmadyk reňkli aýna bölejiklerinden penjirede düzülip, şekil döredilen suratlar ýa-da nagyşlar. Gadymy döwürde reňkli çüýşeleriň arasyna gurşun guýup, olary bir-birine sepläpdirler, sement bilen bir-birine ýapyşdyrylýan ýagdaýy hem bolýar.

Indi bolsa abzal (molbertde ýerine ýetirilýän) nakgaşlygy diýip atlandyrylýan nakgaşçylyk hakynda durup geçeliň.

**Abzal nakgaşlygy** – monumental nakgaşlykdan häsiýeti boýunça has içginräk bolan we (haýsydyr bir kesgitli giňişlik bilen bagly bolmadyk) binanyň iç ýüzünde asylýan surat.

Abzal (*stanok*) nakgaşlygyna, esasan, ýagly reňkler bilen kendiriň ýüzüne (seýrek ýagdaýlarda gaty kagyza, kagyza) dürli žanrlarda çekilýän suratlar degişlidir. Ýagly reňklerde, akwarelde, pastelde ýerine ýetirilýär.

Abzal nakgaşlygynyň islendik eserinde şekiller tekizlikde iki ölçegli (ini we boýy boýunça) ýerine ýetirilýär. Ýöne suratkeş bu ýerde çyzyklaryň we boýaglaryň üsti bilen giňişligi, göwrümi, reňki we beýleki aýratynlyklary görkezmäge çalyşýar. Suratkeş şekili ähli tarapyndan öwrenip, öz görkezjek bolýan zatlaryna laýyk gelýän usullary we keşbi täsirli edip biljek serişdeleri ulanýar. Nakgaşçylyk suratkeşiň şekillendirmek üçin saýlap alan zatlaryna we sýužetiň aýratynlygyna görä dürli žanrlara bölünýär: peýzaž (tebigaty şekillendirmek), natýurmort (dürli zatlary şekillendirmek: güller, miweler, gök önümler we ş.m.), portret (adamyň şekili). Mundan başga-da nakgaşçylykda durmuşy, taryhy, batal žanry (söweş sahnasy), animalistik žanr hem bar.

***Molbert*** – suratkeşiň ulanýan guraly. Molbert surat çekilýän wagtynda suraty gerekli beýiklikde we gerekli ýapgytlykda saklamak üçin ulanylýar.

Molbert orta asyrlarda döräpdir. Kiçi göwrümli nakgaş eserleri ýerine ýetirilende, esasan, molbertden peýdalanylýar, "abzal nakgaşlygy" diýen kesgitleme hem molbertden, ýagny abzaldan peýdalanylýandygyndan döräpdir.

**Teatr nakgaşlygy** sahna bezegi üçin döredilýär, esasan, temperada ýerine ýetirilýär. Sahna bezegi beýan edilýän wakalaryň täsirini güýçlendirýär.

**Bezeg nakgaşlygy** dürli zatlary we diwarlary bezeýär.

***Miniatýura*** – kiçi ölçeglerde reňkli ýerine ýetirilýän kitap bezegi.

Şekillendiriş sungatynyň aýratyn bir görnüşi hökmünde nakgaşlygyň esasy aýratynlyklaryny sanap geçdik. Ýene-de bir aýratyn belläp geçmeli zat, ol hem nakgaşlygy grafikadan we heýkeltaraşlykdan tapawutlandyrýan zat reňkdir. Dogrusy, reňkli, hatda köp reňkli grafiki eserler hem bolýar. Reňk heýkeltaraşlykda hem ulanylýar. Ýöne nakgaşçylyk dünýäniň gözelligini we reňk baýlygyny görkezmekde esasy orunda durýar. Eser hakynda pikir döräninden eseriň döredijilik işiniň tamamlanmagyna çenli suratkeşiň işiň haýsy tapgyrlaryny geçýändigini žanrlar hakynda aýratynlykda durup geçenimizde öwrenip bilersiňiz. Mazmuny boýunça nakgaşçylyk şu sanaljak žanrlara bölünýär: durmuşy, taryhy, portret, peýzaž, natýurmort, animalistik, mifologiki, fantastiki, interýer, söweşleri suratlandyrýan (batal) žanrlary.

***Animalistik žanr*** “*animal*” diýen latyn sözünden gelip çykypdyr we “*haýwan*” diýmekligi aňladýar. Oňa haýwanlary şekillendirýän nakgaş, heýkeltaraşlyk, grafika, amaly-haşam sungatynyň eserleri degişlidir.

Haýwanat dünýäsi ilkidurmuş adamlarynyň durmuşynda uly orun tutupdyr. Gadymy suratkeşler gowaklaryň diwarlarynda dürli haýwanlaryň (sugunlaryň, mamontlaryň, ýolbarsyň, öküziň) suratlaryny çekip galdyrypdyrlar. Biziň eýýamymyzdan öňki I müňýyllykda Karpatdan günbatar Hytaýyň araçägine çenli ýaýran skif taýpalarynyň palçykdan, demirden, süňkden ýasan jadyly heýkeljikleri – haýwan we guş şekilleri haýran galdyrýar.

Gadymy Müsürde hem haýwanlary şekillendirmek ösüpdir. Sebäbi müsürliler köp haýwanlary hudaýlar hasaplapdyrlar. Sfinksleri – haýwan we guş sypatly adam kelleli jandarlary şekillendirmek bilen, olar adamzadyň we haýwanlaryň tebigatda başlangyç aragatnaşygyny baglanyşdyrypdyrlar. Gadymy Ýaponiýada we gadymy Hytaýda hem bezeg we monumental kompozisiýalarda haýwanlaryň şekilini çekmek iň bir ýaýran görnüşleriň biri boldy. XVII asyrda Gollandiýada haýwanlary şekillendirmek özbaşyna animalistik žanr bolup bölündi. A.Keýp we P.Potter onuň başlangyjyny goýan suratkeşlerdir.

***Durmuşy žanr*** (žanr – “*genre”* fransuz sözünden döräp, “*görnüş*” diýen manyny aňladýar) ýerine ýetirilen eserler duýgulary kabul etmek üçin has elýeterli suratlardyr, sebäbi suratkeşler bu eserlerde durmuşy günde-günaşa ýüze çykýan hadysalar, wakalar bilen şekillendirýärler.

Maşgala, mekdep, zähmet, dynç alyş ýaly adamzadyň şahsy we jemgyýetçilik durmuşy şekillendiriş sungaty eserlerinde öz beýanyny tapdy. Nakgaşçylykda, heýkeltaraşlykda duş gelýän dürli eserlerde suratkeşleriň ýaşaýan döwründäki hakyky durmuşy synlamak bolýar.

**Diptih, triptih, poliptih.** Şekillendiriş eserleri birnäçe bölekden: iki (diptih), üç (triptih) we köp bölekden (poliptih) ybarat bolup hem bilýär. Ol bölekler many-mazmun taýdan biri-biri bilen baglanyşykly we olaryň görnüş çözgüdi hem tapy-

landyr, her bir bölegiň öz durmaly ýeri bardyr. Çep ganaty sag ganatyň ýerine ýa-da ýokarky bölegi aşaky bölegiň ýerine geçirip, çeper bitewiligi bozmak bolmaýar.

***Taryhy žanr.*** Sungatyň bu görnüşi taryhy wakalara, şahslara bagyşlanýar.

***Batal*** – söweş žanry urşuň gidişini şekillendirýän bölüm. Ol fransuz sözi bolup, "*söweş, söweşmek*" diýmegi aňladýar.

***Mifologik žanr*** ertekileriň, rowaýatlaryň mazmunyny suratlandyrýar.

***Portret žanry***

*Portret* (fransuzça "*portrait*") keşp diýmekdir. Portret anyk bir ýa-da birnäçe adamlara bagyşlanyp ýerine ýetirilip bilner.

Portret çekmek şekillendiriş sungatynyň (nakgaşçylygyň, heýkeltaraşlygyň we grafikanyň) iň bir gadymy hem-de çylşyrymly žanrlarynyň biridir. Köp asyrlaryň dowamynda bu žanr ösdi, kämilleşdi we baýlaşdy.

Portret žanry iki sebäbi öz içine alýar: birinjiden, portretde suratkeş (soňra tomaşaçy) adamyň keşbi bilen ýekelikde galýar. Köplenç, eserdäki adamy tanaýarys, awtoryň kimdigini bilýäris. Käbir ýagdaýlarda bolsa kimiň şekillendirilendigi, awtoryň kimdigini bilip bolanok. Ikinjiden, suratkeş gahrymanyň daşky keşbini meňzetmek bilen çäklenmän, gahrymanyny synlap, ol hakda pikir edýär, onuň içki dünýäsine aralaşmaga çalyşýar, oňa bolan öz gatnaşyklaryny görkezýär, onuň keşbini açyp görkezýär.

Portret eserini synlanyňda gahrymanyň içki dünýäsini onuň ýüz keşbinden aňmak bolýar (pikirli, şadyýan, mähirli, ýadaw, gaharly we ş.m.).

*Awtoportret* – öz suratym, grekçe "*autos*" sözi "*özüm*" diýmegi aňladýar. Şekillendiriş sungatynyň esasy görnüşleriniň biri bolup, munda suratkeş öz şahsyýetine baha berýär hem-de durmuşa bolan garaýşyny suratlandyrýar. Öz-özüňi suratlandyrmak heýkeltaraşlyga, nakgaşçylyga we grafika sungatyna degişlidir.

***Peýzaž žanry***

*Peýzaž* – tebigaty şekillendirmäge degişli eserler, fransuzlaryň "*paýsage*" – *tebigatyň görnüşi* sözündendir. Bu eserlerde tutuş şäher, oba, deňiz ýakasy, daglar, düzler, çöller, jülge-dereler we ş.m. şekillendirilip bilner.

*Marina* – latynça "*marinus*" sözi "*deňiz*" diýen manyny berip, italýan dilinde "*marina*" görnüşine eýedir. Oňa deňiz bilen baglanyşykly tebigata bagyşlanan eserler degişlidir.

***Natýurmort žanry***

*Natýurmort* – "*nature morte*" – fransuz sözünden terjime edeniňde "*jansyz tebigat*" diýmekligi aňladýar. Natýurmortda, esasan, jansyz zatlaryň toplumy, gündelik durmuşda ulanýan zatlarymyz bolan gap-gaçlar, miweler we gök önümler, güller we ş.m. zatlar şekillendirilýär.

*Natura* – zadyň asyl nusgasy. Ol latynça "*tebigat*" diýmekdir.

## HEÝKELTARAŞLYK SUNGATY

Gadymyýetde adamlar bir bölejik palçyga dürli şekilleri berip bolýandygyna we onuň guranyndan soň öz şekilini saklap bilýändigine göz ýetiripdirler. Şeýlelikde, heýkeltaraşlyk sungatynyň gözbaşy başlanýar.

Adamlar dürli döwürlerde dürli dinlere uýupdyrlar. Hudaýlary adam ýa-da haýwan görnüşinde göz öňüne getiripdirler, olaryň şekilini bolsa daşdan, süňkden, agaçdan dürli ululykda ýonup ýasapdyrlar, süňke şekil çekipdirler. Şeýlelikde, ***heýkeltaraşlyk sungaty*** ýüze çykýar. Soňky döwürlerde bolsa gabyrlarda heýkeller oturdyp başlaýarlar, ýaryşlarda ýeňiji bolan türgenleriň, söweşde ýeňen gahrymanlaryň we patyşalaryň heýkellerini ýasap, jemgyýetçilik ýerlerinde oturdypdyrlar.

***Heýkeltaraşlyk*** – heýkeller, ýarym heýkel (tors), býust, heýkeljikler, haýwanlaryň şekilleri we ş.m.-ler. Jemgyýetiň ösmegi bilen onuň çeperçilik medeniýeti ösýär hem-de çylşyrymlaşýar.

Heýkeltaraşlyk eserleri zatlaryň şekilini göwrümleýin görkezýänligi bilen häsiýetlenýär. Heýkeltaraşlyk aýlawly heýkeller we relýef diýen esasy iki görnüşe bölünýär.

***Aýlawly heýkeller*** ähli tarapyndan seretmek, synlamak üçin niýetlenen bolup, zatlary göwrümleýin görkezýär.

***Relýef*** – tekizlikden öňe güberilip çykýan güberçek şekiller. Tekizlikden çala güberilip çykýan şekillere pes relýef (barelýef) diýilýär. Öz ölçeginiň ýarymyndan-da köpräk güberilip çykýan şekillere beýik relýef (gorelýef) diýilýär. Güberçek şekillerden başga içe oýulyp gidýän şekiller hem bolýar, olara çuň relýef (konturrelýef) diýilýär.

Heýkeltaraşlyk niýetlenilişi boýunça şu aşakdaky görnüşlere bölünýär: monumental, abzal (stanok), kiçi göwrümli heýkeltaraşlyk (heýkeljikler, gliptika, medalýer sungaty) we bezeg heýkeltaraşlygy.

Kiçi ölçegdäki heýkeller binalar bilen bagly bolmaýarlar we olar özbaşdak many aňladýarlar. Olar jaýyň içinde oturdylýar, muzeýlerde we sergilerde görkezilýär.

***Bezeg heýkelleri*** – binagärçilik toplumynyň bir bölegi. Ol jaýyň iç ýüzüni hem-de daş ýüzüni, dürli gurluşyk toplumlaryny, seýilgähleri, şäher köçelerini, meýdançalaryny bezemek üçin niýetlenendir.

***Monumental heýkeltaraşlyk (ýadygärlikler, heýkeller, relýefler).*** Binagärçilik we binagärçilik toplumlary bilen baglanyşykly we sazlaşyklylykda döredilen jemgyýetçilik pikirini özünde jemleýän uly göwrümli sungat eserleridir. Monumental sungata taryhy wakalara we şahsyýetlere bagyşlanan ýadygärlikler we heýkeltaraşlyk monumentleri hem-de durmuş hadysalaryna bagyşlanan (ýer titremesi, ýeňiş gazanylmagy) memorial toplumlary degişlidir. Meýdançalarda, seýilgählerde, köçelerde we jemgyýetçilik jaýlarynyň öňünde oturdylýar.

***Gliptika.*** Ýarym gymmatbahaly daşlaryň ýüzüni ýonup, şekil döretmek sungatyna gliptika diýilýär (“*glifo*” grek sözi bolup, “*ýonmak*” diýen manyny aňladýar).

Ýüzi oýulan şekilli daşlar – *gemmalar*, şaý-sepleri, ýüzükleri, gülýakalary bezäpdirler we möhür bolup hyzmat edipdirler. Gemmalaryň iki görnüşini tapawutlandyrýarlar. Eger ýüzi güberçek relýefli bolsa olar *kameýa* diýlip atlandyrylýar. Olary köp gatly daşlardan, oniksden we agatdan edipdirler. Hakyk we ametist ýaly bir reňkli daşlaryň ýüzi oýulyp, şekil döredilen bolsa, olara *intaliýa* diýilýär. Olar möhür bolup hyzmat edýär.

***Medalýer sungaty*** – orden-medallary we teňňeleri taýýarlamak sungaty. Medallaryň sylag, ýubileý, ýadygärlik medallary ýaly görnüşleri bardyr. Medallar ylmy açyşlara, wakalara we taryhy şahsyýetlere bagyşlanyp goýberilýär.

## AMALY-HAŞAM SUNGATY

***Amaly-haşam sungaty*** – durmuşda peýdalanylýan zatlary çeper bezemek. Amaly-haşam sungatynyň eserlerine çeper taýýarlanan geýim-gejimler, mebeller, gap-gaçlar we başgalar degişlidir. Amaly-haşam sungatynda halk sungatynyň däpleri giňişleýin ulanylýar, halkyň çeper dünýägaraýşy görkezilýär. Haly, zergärçilik, keramika sungaty hem amaly-haşam sungatyna degişlidir. Bu önümleriň çeper bezegi onuň durmuşda niýetlenilişi bilen sazlaşmalydyr.

***Keramika.*** Grekçe “*keramike*” sözi “*küýzegärlik sungaty*” (kulalçylyk sungaty hem diýilýär) diýmek, ol “*keramos*” (palçyk) diýen sözüň asyl manysyna gabat gelýär. Palçygy ýörite usulda işlemek arkaly çeper usulda ýerine ýetirilen, durmuşda peýdalanylýan gap-gaçlar keramiki önümlerdir.

Iýmit taýýarlamak we saklamak üçin toýundan ýasalan gap-gaçlar birnäçe asyrlaryň dowamynda öndürilip gelnendir. Ilkinji gap-gaçlaryň we küýzeleriň göwrümi gödek we sada bolupdyr. Ýuwaş-ýuwaşdan olaryň şekili çylşyrymlaşýar we owadan görnüşe eýe bolup, küýzegärçilik senedi sungata öwrülýär. Küýzegärleriň aýlanýan guralynyň – çarhynyň oýlanyp tapylmagy bilen küýzeleriň daşky görnüşi has hem owadanlaşýar. Toýun palçykdan taýýarlanan önümler otda ýakylýar, otda ýakylan önüm bolsa çydamly bolýar. Ilki-ilkiler gap-gaçlary adaty otda ýakypdyrlar. Ýörite çukur gazypdyrlar we onuň içine odun salypdyrlar. Odunyň üstüne bolsa ýakylmaly gap-gaçlary goýupdyrlar hem-de onuň daşyny palçykdan edilen çig kerpiç bilen penalapdyrlar. Soňra bolsa ýörite küreler – ojaklar peýda bolýar.

Syrçanyň küýzegärçilikde ulanylyp başlanmagy bilen bu önümleriň gözelligi, berkligi artýar. Syrça önümiň daşynda ýukajyk aýna gatlagyny emele getirmek bilen ony suwuň täsirinden gorapdyr hem-de oňa ýylmanak we owadan görnüş beripdir.

***Maýolika*** – italýan dilindäki “*maiolica*” sözünden bolup, amaly-haşam sungatynda palçykdan bişirilen, üsti reňkli syrça bilen örtülen önümlere aýdylýar.

***Ornament*** – bezeg, nagyş. Ol dürli zatlary bezemekde peýdalanylyp, “*ornamentum*” (bezeg) diýen latyn sözünden gelip çykandyr.

***Keşdeler*** sungatyň has bir giň ýaýran görnüşleriniň biridir. Ol öz gözbaşyny gadymyýetde süňkden, soňra bolsa bürünçden ýasalan iňňeleriň ulanylyp başlanan döwründen alyp gaýdýar.

Müsürliler matalary dürli keşdeleri gaýamak arkaly bezäpdirler. Hindiler bolsa ýüňden, kagyzdan we altyndan edilen sapaklar bilen keşde çekipdirler. Hytaýda we Ýaponiýada keşdeleri reňkli ýüpek bilen ýerine ýetiripdirler. Eýranda, Hindistanda, Türkiýede, Hytaýda, Ýaponiýada altyn sapaklardan keşdelemek has giň ýaýrapdyr. Keşdelerde, esasan, ösümlik nagyşlary, geometrik nagyşlar we haýwanat dünýäsinden döredilen nagyşlar salnypdyr. Türkmen gelin-gyzlarynyň döredýän keşdeleri ähli döwürlerde hem özüniň özboluşlylygy, nepisligi, gözelligi bilen görenleri haýran galdyryp gelýär.

***Applikasiýa (ýelimlemek).*** "*Applikasio*" – "*sazlaşykly ýerleşdirmek, düzmek*" diýen manyny aňladýar. Ol amaly-haşam sungatynyň giň ýaýran täridir. Reňkli kagyzyň, matanyň, deriniň, sütügiň, samanyň bölejiklerini başga bir reňkli serişdäniň ýüzüne ýelimleýärler ýa-da tikip, eser döredýärler.

***Çeper işlenen çüýşe önümleri***. Çüýşe adamyň döreden emeli serişdeleriniň iň gadymylarynyň biridir. Çüýşäniň döreýşi hakynda şeýle rowaýat bar. Finikiýaly söwdagärler deňizde ýüzüp barýarkalar howa bulaşýar, söwdagärler kenara çykyp, ot ýakýarlar. Olaryň esasy ýüki soda eken. Olar ody şemal öçürmez ýaly onuň töweregini soda bilen penalapdyrlar. Irden turup görseler oduň töwereginde ýylpyldaýan aýna bölejikleri ýatan eken. Oduň gyzgynyna soda eräp, çäge bilen garyşyp, birleşen eken. Çüýşe öndürmekligi öwrenensoňlar, çüýşeden keramiki gap-gaçlaryň şekilini gaýtalaýan gaplary ýasap we bezäp başlaýarlar. Müsürde öňki Finikiýanyň tutýan ýerinde 5 müň ýyl mundan öň işlenen çüýşe önümleri tapylypdyr. Çüýşe önümçiliginde 2 müň ýyl mundan öň çüýşe çişirilýän turbajyk oýlanyp tapyldy, şondan soňra bu önümçilik has hem ösdi.

## BINAGÄRÇILIK SUNGATY

***Arhitektura*** – latyn sözi, jaý salmak, bina gurmak sungaty, binagärlik. Ol maksadalaýyklyk, owadanlyk bilen sazlaşyklydyr. Binagärlik sungaty gurluşyk ulgamynda ylmyň hem-de tehnikanyň ösüş derejesini görkezýär. Sungat hökmünde çeper şekillendirişiň üsti bilen many-mazmuny beýan edýär. Ol adam duýgusyna täsir edip, onuň özüni alyp barşyny häsiýetlendirýär. Binagärlik sungatynyň aýratynlygy birnäçe sebäplere: niýetlenilişine, howa şertlerine baglydyr. Ol gadymyýetde döräp, eýýäm şol döwürlerde özüniň ýokary ösüş derejesine ýetipdir.

Binagärçilik ýa-da arhitektura adamlaryň ýaşamagy we işlemegi üçin giňişlik gatlagyny emele getirýän jaýlary we binalary gurmak sungaty bolmak bilen, oňa aýratyn jaýlar we olaryň toplumy, meýdançalar, şaýollar, seýilgähler hem-de stadionlar, obalardyr şäherler degişlidir. Her bir binanyň kesgitli niýetlenilişi bolýar:

ýaşamak ýa-da işlemek üçin, dynç almak, bejergi almak, tomaşa etmek ýa-da okamak üçin, söwda ýa-da ulag üçin we ş.m. Binagärler diňe bir ýaşamak we işlemek üçin oňaýly jaýlary, binalary döretmek bilen çäklenmän, şol bir wagtyň özünde olary owadan we adamlarda guwanç duýgusyny döreder ýaly derejede döretmekli̇ge çalyşýarlar. Başgaça aýdanymyzda jaýlar, binalar niýetlenilişine görä ulanmaga amatly, çydamly we owadan bolmaly. Olaryň ählisi çydamly we oňaýly hem-de adamlara gerekli – bu olaryň hökmany aýratynlyklarydyr. Emma desgalaryň we jaýlaryň mundan başga-da zerur aýratynlyklary hem bar, ol hem gözellik kanunlary boýunça jaýlar we binalar döredilip, gözelligi bilen tomaşaçyda duýgulary we keýpiköklügi kemala getirmelidir. Ine, şu häsiýetleri hem binagärçiligi sungat edýär, beýleki sungatlar ýaly binagärçilik hem jemgyýetçilik durmuşy, garaýyşlary we jemgyýetçilik pikirleri bilen bagly bolup durýar. Oňat binalar ýa-da binalar toplumy, desgalar ýurduň ýa-da şäheriň nyşany (simwoly) hökmünde tanalýar.

Meselem: Pariždäki Eýfeliň diňi, Afinydaky Akropol, Moskwadaky Kreml, Aşgabatdaky Garaşsyzlyk binasy we ş.m. bütin dünýäde tanalýar.

Ajaýyp binalary döredýän adamlara bolsa binagärler ýa-da ***arhitektorlar*** diýilýär, “*arhitektor*” grek sözi bolup, “*baş gurluşykçy*” diýmekdir, ýagny binagärlik sungaty bilen meşgullanýan hünärmen.

Binagärçiligiň esasy üç görnüşini tapawutlandyrýarlar: birinjisi, göwrümli binalary gurmak. Oňa ýaşaýyş jaýlary, jemgyýetçilik binalary (mekdep, teatr, stadionlar, hassahanalar, dükanlar we başgalar), senagat desgalary (zawod- fabrikler, elektrik beketleri) degişlidir.

Ikinji görnüşi – landşaft binagärçiligi görnüşi, esasan-da, seýilgähler bilen bagly bolup, oňa seýilgähler, suw çüwdürimleri, köprüler, basgançaklar, kiosklar we ş.m-ler degişlidir.

Üçünjisi, şäher gurluşygy bolup, şäherleri we täze ilatly ýerleri döretmekligi öz içine alýar. Şäher gurujylar ýaşaýyş, jemgyýetçilik jaýlary we senagat önümçiligi üçin oňaýly ýerleri saýlaýarlar hem-de olary birleşdirýän ýollary amatly bolar ýaly meýilleşdirýärler. Olar şäherleriň ullakan mümkinçiligini, taryhy ýadygärlikleri saklap galmaklygy we şäheri gözelleşdirmekligi hemişe göz öňünde tutýarlar. Şäheriň köne etraplaryny rejelemek işlerini amal edýärler.

Binagärçilik eserleriniň kompozisiýasynyň geň, täsirli bolmagy hem-de onuň çeper bezeginiň sazlaşykly bolmagy ugrunda döredijilikli gözlegler binagäriň işiniň özenini düzýär. Öz taslamalarynda binagär esasy we ownuk bölekleriň sazlaşyklylygyny tapmaga çalyşýar. Ýöne binagär täze döredilýän binalaryň daş-töweregindäki binalar ýa-da tebigat bilen sazlaşygyny, binanyň niýetlenilişine görä amatlylygyny, howa şertlerini hem göz öňünde tutmaly bolýar. Bularyň ählisi bilelikde täze dörediljek binalaryň beýikligini we şekilini kesgitleýär. Meselem, binanyň niýetlenilişine görä amatly bolmagy hakynda durup geçeliň. Jaýyň beýikligi, içiniň giňişligi we daşky görnüşi onuň niýetlenilişi bilen berk bagly bolýar. Eger üns berýän bolsaňyz ýaşaýyş

jaýlary, kinokonsert merkezleri, mekdepler, hassahanalar, söwda merkezleri, myhmanhanalar, metjitler içki gurluşy hem-de daşky görnüşi boýunça biri-birine meňzeýän däldir. Sebäbi teatrlarda sahna we tomaşaçylar üçin ýerler göz öňüne tutulmaly bolsa, mekdeplerde okuw otaglary, naharhana, kitaphana göz öňünde tutulýar. Bu talaplar hem binanyň özüne mahsus keşbini emele getirýär. Binalaryň gurluşy hem dürli-dürli bolýar. Müsürliler uly daş böleklerini binagärçilikde ulanan bolsalar, rimliler betony oýlap tapdylar we olaryň gurluşygynda arkalar we gümmezler uly orun tutdy (meselem, Rimdäki Panteonyň gümmeziniň diametri 43 m).

Häzirki zaman binagärçiligi görnüşleriň köpdürlüligi bilen haýran galdyrýar. XX asyryň başynda demir-beton gurluşlaryň ulanylyp başlanmagy, tehnikanyň ösmegi, gurluşyk serişdeleriniň dürli görnüşleriniň peýda bolmagy (aýna, plastiki diwarlar, alýuminiý we plastiki penjireler, gapylar) binagärçilikde dürli şekildäki owadan gurluşlary döretmäge itergi berdi. Bir ýerde birmeňzeş howa şertlerinde gurlan jaýlar hem biri-birine meňzeýän däldir, olaryň birisi beýik, beýlekisi pes, emma uzynlygy welin ep-eslidir. Ýene biri bolsa ýarym aýlaw ýa-da aýlaw görnüşinde gurlandyr. Bu görnüşler binagärleriň taslamasy boýunça döreýär. Binagär binadaky ýagtylygy güýçli ýa-da pes etmek, göwrümini agyr ýa-da ýeňil etmek, diwarlary tekiz ýa-da relýefli etmek arkaly, binany asuda ýa-da ösýän hereketli etmek arkaly, bir reňkli ýa-da köp reňkli etmek arkaly, şeýle hem binanyň daşky keşbiniň onuň niýetlenilişi bilen sazlaşykly etmek arkaly (Ahal welaýatynyň Änew şäherindäki Ak bugdaý muzeýi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň binasy, Aşgabat şäherindäki Ruhnama mekdebi we beýlekiler) tomaşaçylarda uly täsir döredýär.

Jaýlar, binalar ulanylýan çeperçilik serişdeleri we ýerine ýetiriliş usullary, öz eýýamyna görä häsiýetli alamatlary, gurluşy we bezelişi boýunça hem tapawutlanýar. Kitaplarda, metbugatda we teleýaýlymda dürli görnüşdäki jaýlary synlanyňda, müsür, grek we rim sungaty bilen tanşanyňda, taryh sapaklarynda roman stili (akym), gotika stili, barokko stili, klassisizm (nusgawy) diýen düşünjeler peýda bolýar. Taryhda belli bolan köşkleri, galalary, muzeýleri, jaýlary synlanyňyzda olaryň dürli stillerde ýerine ýetirlişinde her bir ýurduň, milletiň binagärçiliginde özüne mahsus aýratynlyklary bardyr. Pagodalary göreniňizde Hytaý ýa-da Ýaponiýa ýurtlaryny ýadyňyza salýansyňyz, ybadathanalary göreniňizde bolsa Ýewropa ýurtlaryna, mawzoleýleri, metjitleri we beýleki binalary göreniňizde bolsa musulman dünýäsine aralaşýansyňyz.

***Arhitektura ýadygärlikleri*** – çeper gymmatlyklary bar bolan geljekki nesiller üçin gorap saklamaga degişli edilen gadymy taryhy binalar.

***Interýer*** fransuz dilinde “*interieur*” “*içki bölek, içki bölüm*” diýmekdir. Ol binanyň içki bölegini: otaglary, kabulhanalary şekillendirmekdir. Taryhy we durmuşy wakalary suratlandyrmakda interýer uly orun tutýar.

***Barokko*** italýan sözünden gelip çykyp, “*täsin*” diýmegi aňladýar. Munda jaýyň içi ýa-da daşy has çylşyrymly hem-de baýlaşdyrylyp ýerine ýetirilýär.

***Portik*** latynça “*porticus*” bolup, jaýyň öň tarapynda öňe çykyp duran, birnäçe sütünden ybarat, üsti ýapylan, bir tarapy ýa-da üç tarapy açyk binanyň girelgesidir.

***Fasad*** fransuz dilinde "*facade*" bolup, binanyň daş ýüzüni aňladýar. Fasadyň esasy ýüzi (öň tarapy), gapdaly we arka tarapy bolup biler.

***Dizaýn sungaty.***

Biziň daş-töweregimizi geýimler, aýakgaplar, mebeller, gap-çanaklar, portfeller we ş.m. durmuşda ulanylýan zatlar gurşap alýar. Adamlar olaryň durmuşda ulanmaga oňaýly, maksadalaýyk we owadan bolmagyny isleýärler.

*Dizaýn* sözi iňlis dilinden terjime edeniňde "*çyzgy*", "*taslama*", "*eskiz*", "*surat*", "*pikir*" diýen manylary aňladýar. Haçan-da bu adalga bilen sungatyň predmet dünýäsini döretmek görnüşini aňladyp başlanlarynda, onuň manysy üýtgedi hem-de onuň manysy her bir zada ähli taraplaýyn we yzygider çemeleşmegi aňladyp ugrady.

***Dizaýn*** – bu oňaýly we owadan zatlary ylmyň esasynda we gözellik kanunyna esaslanyp, çeper gurnamak, senagat önümleriniň gözel keşbini taslamakdyr.

## 1.2. SURAT ÇEKMEK ÜÇIN ULANYLÝAN SERIŞDELER WE ESBAPLAR

Suratkeşiň döredijilikli işi üçin saýlanyp alnan serişdeler esasy pikiri ýüze çykarmaklyga hyzmat edýär.

***Kagyz*** ilki Hytaýda oýlanyp tapyldy. Soňra ol söwda ýollary arkaly beýleki ýurtlara aralaşdy. Onuň dürli görnüşleri bardyr. Häzirki döwürde biziň "Goznak" diýýän watman kagyzymyzyň iki tarapy meňzeş däldir we ol dykyz hem-de berk bolany üçin ulanmaga amatlydyr, onuň bir tarapy öýjükli, beýleki tarapy bolsa ýylmanakdyr. Galamda surat çekmek üçin kagyzyň ýylmanak tarapy oňaýly bolýar, akwarelde işlemek üçin bolsa onuň öýjükli tarapy oňaýlydyr. Haýsy tarapynyň ýylmanakdygyny, haýsy tarapynyň bolsa öýjüklidigini anyklamak üçin kagyzy iki barmagyň arasynda saklap, barmaklaryňy öňe-yza hereketlendirmeli, şonda haýsy tarapy ýylmanak duýulsa, şol tarapy galamda surat çekmeklige, beýleki tarapy bolsa reňkde işlemeklige niýetlenendir. Reňk bilen işlemek üçin ýörite akwarel kagyzy hem öndürilýär. Reňk akmazlygy üçin onuň ýüzündäki öýjükler beýleki kagyzlardakydan has iri we çuň bolýar.

***Galamlar.*** Galam – *karandaş* ("*kara*" – gara, "*taş*" – daş) sözi türk sözünden emele gelendir. Gara galam grafitden, maýyşgak, oda çydamly palçykdan we birleşdiriji maddadan durýar; dürli reňkli galamlar – kaolinden, bentonitden, talkdan, birleşdiriji maddadan we dürli reňk berijilerden durýar. Ilki-ilkiler galamlar kümüşden we gurşundan bolupdyr. Soňra bolsa galaýydan we galaýynyň hem-de gurşunyň garyndysyndan ýasalan galamlar peýda bolýar. XVI asyryň II ýarymynda Angliýada grafit känleri tapylýar, öňki demir galamlara derek grafit galamlar ulanylyp başlanýar. Ýöne olar kagyzda berk duranok eken we çyrşalýan eken. XVIII asyrda fransuz mehanigi Gonte grafitiň külkesi bilen palçygy garyp, biziň häzirki günlerimizde hem ulanýan adaty grafit galamlarymyzy döredipdir.

Ulanýan grafit galamlarymyzyň ýumşak, gaty we aram gatylykdaky görnüşleri bolýar. Agaç bilen daşy gaplanan galamlarda harp we san belgileri duş gelýär, ol bolsa galamyň ýumşaklygyny ýa-da gatylygyny aňladýar. Daşary ýurt galamlarynda: **M** harpy goýlan bolsa ýumşak galam, **T** harpy goýlan bolsa gaty galam, **MT** harplary goýlan bolsa aram gatylykdaky galamdygyny aňladýar. Käbir galamlarda **M** harpyna derek **B** harpy, **T** harpa derek **H** harpy goýulýar. Galamlaryň ýumşaklygynyň we gatylygynyň artyşyny harplaryň öňünden san belgilerini goýmak bilen görkezýärler. Meselem: **M-2M-4M** galamyň ýumşaklygynyň artýanlygyny görkezýän bolsa, **T-2T-4T** galamyň gatylygynyň artýanlygyny görkezýär. Ýumşak galam zatlaryň garaňky tarapy we kölegesi işlenende oňaýly bolýar. Ýagty tarapyny bolsa gaty galam bilen işlemek amatlydyr. Aram gatylykdaky galam ýagty bilen garaňkynyň arasyndaky aram garaňky ýerini işlemek üçin oňaýlydyr.

Galamlara uç çykarylanda galamyň agaç böleginde 25-30 mm ýeri, grafit böleginde 8-10 mm ýeri artylýar we işlenen wagtynda üç barmakda tutup, erkin işlenýär.

Grafit galamlaryny kiçi göwrümli suratlary çekmekde we onuň käbir ownuk böleklerini görkezmekde, dürli çyzgylary çyzmakda ulanmaklyk amatlydyr.

**Bozguç.** Galamda çekilen yzlary bozmak üçin ak reňkli ýumşak bozguç oňaýly bolýar. Gyzyl we gök reňkli bozguçlar gatańsy bolýar, olar bilen syýanyň yzyny bozmak amatly. Bozguç bilen bozulanda bozgujyň uçjagazy bilen bozmak bolýar, şeýle hem gapdal tarapyny kagyza basyp aýyrmak arkaly suratyň tonuny ýeňletmek bolýar. Ýiti uçly bozguç gerek bolsa, onda bozgujy diagonal boýunça gytaklaýyn ikä bölýärler.

***Kömür.*** Surat çekmek üçin kömür agajyň dürli görnüşlerini haýal ýakmak arkaly ýasalýar, ýagny doly ýanmanka öçürilýär. Kömrüň ýumşaklygy agajyň görnüşine bagly bolup durýar, kömür taýajygy şahanyň görnüşini we galyňlygyny saklaýar. Berçikdirilen kömür ösümlik ýelimi garylan kömür külkesinden alynýar. Ol hakyky kömürden has gara reňki berýär. Kömür kagyzda gowy yz goýýar we aňsatlyk bilen aýrylýar. Şonuň üçin hem çalt alynýan sudurlary (набросок) çekmäge has hem oňaýlydyr. Kömür özbaşdak surat çekmeklik üçin hem ulanylýar. Ýöne ony soňundan ýörite lak bilen berkitmeli bolýar. Kömrüň esasy täsirli aýratynlygy ýumşaklygyndadyr.

***Sangina*** sözi “*sanguis”* latyn sözünden emele gelip, “*gan*” diýmekligi aňladýar. Sangina tebigy mineral. Ýasama sangina kaolinden we demriň okisinden ýasalýar. Dürli hilli taýýarlap, birnäçe görnüşleri, ýagny gyzyldan gülgünä çenli reňkleri almak bolýar. Sangina kagyzda durnukly saklanmaýar, şonuň üçin ony berkitmek gerek. Suwly surat çekilende berkitmek gerek bolup durmaýar: sangina bilen çekilen suratyň ýüzünden çygly kist bilen ýeňil geçýärler. Ýöne bu usulda berkitmek onuň mahmal häsiýetini ýitirýär.

***Pastel.*** Bu söz “*pastello*” italýan sözünden emele gelip, “*ýumşak reňkli galam*” diýmekligi aňladýar. Pastel ýasama ýol bilen dürli reňklerden ýasalýar. Birleşdiriji maddalar hökmünde gummiarabik, dekstrin, süýt, şeker, solod ulanylýar. Käwagtlar onda hek, gips, talk, magneziýa we başga-da birleşdiriji maddalar ulanylýar.

Birleşdiriji maddalaryň mukdaryna we hiline baglylykda pasteliň gaty, aram, ýumşak görnüşleri taýýarlanylýar.

Pasteliň esasy ýüze çykarýan aýratynlygy ýumşaklyk, dürli reňk öwüşginleriniň sudurlary bolup durýar. Uly göwrümli toplumlarda aýratyn reňkler 10-15 sany dürli öwüşginli taýajyklardan durýar. Pastelde surat çekilende basmaklyk zerur däl diýen ýaly. Pastel hem edil sangina ýaly galam bilen bilelikde ownuk bölekleri, şekilleri anyk görkezmek üçin peýdalanylýar. Käwagtlar pastel akwarel bilen hem birleşdirilýär, onda bolsa esasy tony döredýär.

Pastel hem kagyzda durnukly saklanmaýar, ony berkitmek gerek bolýar. Pastel bilen ýerine ýetirilýän suratyň ýüzünden çygly çotga bilen ýeňil ýuwup geçýärler.

***Hek.*** Synp tagtasynda suratlary ýerine ýetirmek, ştrih we ton bermek üçin ulanylýar. Synp tagtasynda surat çekilende zatlaryň ak ýeri gara, gara ýeri bolsa ak bolýar.

***Reňkli hekler***. Uly bolmadyk taýajyk görnüşli reňkli hekler, esasan, synp tagtasynda we asfalta surat çekmek üçin oňaýlydyr. Olar kagyzda hem aňsat ýazylýar, giň çyzyk galdyrýar, ýukajyk yz galdyrýar. Suratyň uly üstlerini reňklemek üçin gapdal tarapyny ulanmak oňaýly, kagyzyň üsti digir-digir bolsa suraty has hem täsirli edýär.

***Reňk boýaglary*** – şekillendiriş sungatynyň tilsimaty boýunça ýörite taýýarlanan suwuklyk. Onuň boýamaga, reňk bermäge ukyply hem-de daşky täsire durnukly häsiýeti bardyr. Reňk beriji serişdäniň esasy düzümi gury tozga görnüşli boýaglardyr. Boýaglar gelip çykyşy boýunça tebigy hem-de emeli usulda alynýar.

Her bir boýagyň goşulyjylaryna baglylykda onuň işleniş usullarynyň aýratynlygy bolýar. Baglaýjy maddasynyň häsiýetine laýyklykda boýaglar birnäçe toparlara bölünýär: akwarel, guaş, tempera, ýagly reňk boýaglary.

***Akwarel*** – suw bilen garylyp işlenýän reňkler (“*aqua*” latyn sözi bolup, “*suw*” diýmeklik). Reňk beriji pigmentler owradylyp, olara ýapyşaganlyk häsiýetini bermek üçin ösümlik ýelimi, bal, şeker, gliserin goşulýar.

***Guaş*** – “*gouache”* fransuz sözi bolup, “*suwly boýag*” diýmekligi aňladýar. Guaş öçügsi häsiýete eýedir. Guaş öndürilişi boýunça akwareliň ýumşak görnüşine meňzeşdir, birleşdiriji maddalary hem edil akwareliňki ýaly, ýöne oňa ak reňkiň garyndysy goşulan.

***Tempera*** – düzümine ýumurtga sarysy ýa-da beýleki birleşdiriji zatlar goşulan reňk. Suwda eredilýär, guransoň ýuwlup aýrylmaýar.

***Pigment*** – birleşdiriji häsiýetli zatlar bilen garyşyp, boýaglaryň düzümine girýän reňkli külke.

***Palitra*** – reňk garmak üçin tagtajyk. Agaçdan, demirden, jäçden, aýnadan, plastikden bolan bölejikleriň ýüzi ýylmanak, köplenç, düşegi ak reňkli hem-de ýeňil bolýar. Palitralarda barmagyňy geçirip saklamak ýörite deşik hem-de reňk guýmak üçin gözjagazlar bolýar. Jäçden ýasalan ýalpak gapjagazdan hem peýdalanylýar.

Palitranyň ýüzünde reňkler ýagtydan garaňka geçýän görnüşde ýerleşdirilýär. Häzirki döwürde akwarel boýaglarynyň gutusyndaky gapajygyň palitra edip ulanmak üçin niýetlenileni hem gabat gelýär.

Iş tamamlanandan soň palitrany çygly süpürgiç bilen süpürip, arassalap goýmaly.

***Çotgalar*** *(kistler)* ýasy we togalak görnüşde bolýar. Esasan, belkanyň tüýünden edileni işlemek üçin amatlydyr, ol suwy özüne oňat soryar. Olar dürli ölçeglerde bolýar. Işläp bolandan soňra gowy ýuwup, olaryň ujuna kagyzdan ýörite gapjagaz ýasap geýdirmeli ýa-da ýörite gapjagaza salyp goýmaly.

***Grafikada ulanylýan perolar*** dürli serişdelerden dürli görnüşlerde: guşuň ýeleginden (esasan hem, gazyň), gamyşdan we demirden ýasalýar. Plakat grafikasynda demirden ýasalan plakat perolary ulanylýar.

***Tuş*** – gara gurumdan ýasalýan gara reňkli spirtli boýag. Grafika sungatynda reňkli tuşlar hem ulanylýar.

## 1.3. SURATDA TÄSIRLI, ÇEPER BEÝAN ETMEGIŇ ESASY SERIŞDELERI

Suratkeş öz çekýän suratlarynda uly bolmadyk täsirliligi ýüze çykarmaga çalyşýar. Ol şu maksat bilen dürli görnüşli tilsimleri: çyzyk, ýagtylyk, reňk, kompozisiýa, dürli serişdeleri ulanýar.

***Suratda çyzyk*** esasy şekillendiriş serişdesi bolup, ähli çyzyklar aýratynlykda many aňlatman, olaryň ählisi bilelikde şekillendirilýän zatlaryň şekilini berýärler.

***Ýagty-kölege***. Suratkeş suratda ýagtylygyň we kölegäniň üsti bilen zatlaryň göwrümini we şekiliniň aýratynlygyny ýüze çykarýar.

***Düşek.*** Grafiki suratlaryň esasy aýratynlyklarynyň biri-de kagyzyň tutuş ýüzüni dolduryp bilýänligindedir. Düşek surat üçin hemişe gerekdir. Suraty ýüze çykarmakda düşegiň orny örän uludyr. Grafiki suratlar ak kagyzda we reňkli kagyzda ýerine ýetirilýär.

Akwarel bilen işlenilende ak kagyz saýlanyp alynýar. Guaş, pastel, sangina, hek ýaly serişdeler üçin bolsa reňkli düşek ulanylsa hem bolýar. Sýužetli suratlar çekilende bolsa, çekiljek suratyň mazmunyna görä düşegiň reňki saýlanylýar. Şonuň üçin sýužetli suratlary ak kagyza çekseň gowy bolýar.

***Reňk*** şekillendiriş sungatynda zatlaryň ýasalan serişdesiniň aýratynlygyny şöhlelendirýän, daşky dünýäniň reňk baýlygyny görkezýän wajyp täsir ediş serişdesidir.

**Kompozisiýa –** “*compositio*” latyn sözi “*baglanyşyk, düzmek*” diýmekdir. Ol sungat eseriniň manysyna, niýetlenilişine, ýerleşişine, bölekleriniň baglanyşygyna esaslanyp, bir bitewiligi düzýär.

Suratyň täsirliligi işi ýerine ýetirmekligiň saýlanyp alnan tärlerine (tehnikasyna) we onuň ýerine ýetirilişiniň işjeňligine bagly bolýar. Ýöne tehnika özbaşdak däl-de, çeper mazmuna boýun egýär. I.N.Kramskoý W.W.Wereşaginiň döreden kartinalary barada şeýle aýdypdy: “Tehnika hemme zatdan ýokary, hemme zatdan gowy, şonuň üçin siz ony görmeýärsiňiz”.[2]

*Işi ýerine ýetirmegiň tärleri* – bu çeper eserde ýörite usullaryň we tärleriň bilelikde ulanylmagydyr. Işi ýerine ýetirmegiň tärlerini bilmeklik hem-de ulanjak serişdeleriňi dogry saýlamak iň gowy ýoldur. Suratkeşiň ulanýan tärlerinde onuň başarnygy, ukyby, ussatlygy duýulýar.

## 2. ŞEKILLENDIRIŞ SOWADYNYŇ NAZARYÝETI BOÝUNÇA MAGLUMATLAR. ZATLARA SEREDIP PERSPEKTIW GYSGALMASYNY GÖRKEZMEZDEN SURATYNY ÇEKMEK

Tekiz üstli zatlaryň suratyny olaryň özüne seredip çekmekligiň esasy maksady tebigatda duş gelýän geometriki şekiller bilen tanyşmak, olaryň ölçeg gatnaşyklaryny, gurluşyny, daşky görnüşini şekillendirmegi we galam bilen işlemekligiň ilkinji başarnyklaryny kemala getirmekdir. Şekili ýerine ýetirmegiň yzygiderliliginde işiň her bir tapgyrynda her dürli wezipeler amal edilýär: kagyz giňişliginde dogry ýerleşdirmek, ölçeg gatnaşyklaryny, häsiýetli alamatlaryny, ýagty-kölegesini görkezmek.

Iş şekillendirilýän zatlaryň gurluşyna görä 4-8 tapgyrdan ybarat bolup biler.

Ýapraklar, güller, mör-möjekler şekillendirilende merkezi çyzykdan (simmetriýa çyzygy, orta çyzyk hem diýilýär) peýdalanylýar. Merkezi çyzyk zatlary deň we meňzeş böleklere bölýän çyzykdyr.

Galamda erkin işlemek başarnyklaryny kemala getirmek üçin ilki birnäçe grafiki ýumuşlary ýerine ýetirmeli:

– biri-birinden deň aralykda bolan dik we kese çyzyklary çyzmak;

– biri-birinden deň aralykda bolan birnäçe tegelegi çyzmak;

– biri-birinden deň aralykda bolan gytak ştrihleri (çepden saga, sagdan çepe) geçirmek;

– dürli ululykdaky ýapraklaryň şekilini olaryň gurluşyny we ölçeglerini ýerine ýetirmezden çyzyklar bilen birbada ýerine ýetirmek.

Galam bilen surat çekmekligiň ştrih bermek we tuşowka görnüşleri ulanylýar.

*Tuşowka* – galamy gaty basman, bir tonda tutuşlaýyn reňklemek. Galamy erkin we kagyza gytak saklamaly hem-de kagyza örän inçelik bilen daraşmaly. Has garaňky tony almak üçin birnäçe gezek tuşowka edilýär. Gaty basmaly däl, gaty basylanda aýratyn ştrih berlen ýaly bolar.

Galam bilen surat çekilende ton gatnaşyklary, esasan, ştrihler bilen görkezilýär.

*Ştrihlemek* – reňklenýän üsti belli bir ugra gönükdirilen çyzyklar bilen ýapmak. Haçan-da çyzyklar biri-birleri bilen birleşende tutuşlaýyn ýa-da suratyň ýumşuna görä arasy açyk bolup biler. Şekiliň üstüni dogry şekillendirmek, şekillendirilýän zatlaryň fakturasyny (zatlaryň üstki häsiýetini – ýylmanak, öçügsi, torly) bermek, köplenç, ştrihlemek başarnygyna bagly. Şekillendirilýän zatlaryň häsiýetine görä

ştrihler göni, kese, atanaklaýyn we şekil boýunça aýlawly bolup bilýär. Dikligine, keseligine we gytak geçirilen ştrihler ýagty ton, atanaklaýyn ştrihler bolsa garaňky ton döredýärler (*1-nji A surat*). Reňkli galamda ştrih berlende bolsa iki dürli reňkde ştrih bermek bilen üçünji reňki almak bolýar, meselem: gyzyl we sary reňkli ştrihler mämişi (sargylt gyzyl) reňki berýär.

Ştrihlemegiň usullaryny özleşdimek üçin bir topar gönükmeleri ýerine ýetirmek gerek, tekiz ýa-da aýlawly üstli şekiller kem-kemden reňki goýaldylyp, dürli görnüşli ştrihler bilen ştrihlenýär.

Ştrihlemegiň düzgünleri:

1. Zatlaryň ýagdaýyna görä dürli ugra gönükdirilen ştrihler bolup biler, ýogsam suratyň bitewiligi bozulyp biler.

2. Bir reňkiň dürli öwüşginlerini almak üçin galam dürli basyşlarda ulanylýar.

3. Togalak görnüşlerde ştrih görnüşe görä egrelýär, ýogsam onuň täsiri, togalak görnüşi ýitýär.




**1-nji surat.**

*A – ştrihleriň görnüşleri; B – şekil gözleýji; Ç – zatlaryň ölçeginiň alnyşy; D – surat çekilende galamyň tutulyşy*

Ilki bilen çekiljek suraty kagyzyň ýüzüne dikligine ýa-da keseligine ýerleşdirmelidigini anyklamaly. Meselem: daglary, baýyrlary şekillendirmek üçin şekili kagyza keseligine, inçeden uzyn bagy şekillendirmeli bolsa dikligine uzaýan gönüburçly kagyza, horazy inedördül ölçegli kagyza, tilkini bolsa süýri gönüburçluk şekilli kagyza ýerleşdirmek amatlydyr. Bu meseläniň has ýönekeý çözgüdi bolsa şekil gözleýji ýasamakdyr. Ony ýasamak aňsat, bir bölejik kagyzyň ýüzünde surat çekiljek kagyzyň ölçegini kiçijik edip çyzmaly we şol ýerini kesip aýyrmaly. Soňra eliň öňe uzadylan ýagdaýda şol kagyzy saklamaly we emele gelen deşijekden suraty çekiljek zatlary synlamaly. Haýsy ýagdaýda şekil owadan, ykjam we sazlaşykly seredilýän bolsa şol ýagdaýda çekmeli. Tebigatda surat çekýän wagtyňda çekiljek suratyň daşyna geýdirilmeli çarçuwasy ýanyňda bolsa, onda şol çarçuwany eliňe alyp, eliňi bolsa öňe uzadylan görnüşde saklap, onuň iç ýüzündäki boşlukdan seredip, özüňe suratyny çeker ýaly ýer saýlamaly (*1-nji B surat*).

Surat çekilende ilki bilen suraty çekilýän zada seredip, onuň haýsy geometrik şekilleri özünde jemleýändigini anyklamaly. Meselem: alma şara, gawun süýri togalaga, käşir konusa meňzeşdir. Bular sada zatlardyr. Kömelek ýarym şardan we silindrden, küýzäniň gurluşy çylşyrymly, garyşyk şekillerden konus ýa-da şar görnüşli esasdan, silindr görnüşli bokurdakdan, disk görnüşli düýpden ybaratdyr. Çylşyrymly daş görnüşi bolan islendik zat böleklerden durýar, ol bölekleriň kesgitli tertipde birikdirilmegine bolsa zadyň gurluşy diýilýär. Kömelek we küýze çylşyrymly gurluşlardyr.

*Zatlaryň proporsiýalary* – bu zatlaryň bölekleriniň ululyk ölçegleridir. Zatlary hakyky (realistik) şekillendirmek üçin hakyky ölçegleriň şekillendirilýän zadyň suratdaky ölçegleri bilen gabat gelmegi zerurdyr. Zatlary şekillendirende olaryň gurluşyna, bölekleriniň ýerleşişine üns bermeli we bölekleriň biri-birine hem-de tutuş şekile bolan gatnaşygyny deňeşdirmeli.

Zatlaryň özüne seredip surat çekmeklik çalaja görünýän ýeňil çyzyklardan, zatlaryň şekilini kagyz tekizliginde gurmakdan başlanýar. Ilki bilen arassa kagyza seredip hyýalyňda şekili kagyza ýerleşdirip görmeli we işiň gutarnykly görnüşini göz öňüne getirip görmeli. Soňra zatlaryň şekilini çyzyklar arkaly kagyza geçirip başlamaly. Suraty çekilýän zadyň ini-boýy deňeşdirilýär, eger ini boýundan kiçi bolsa, onda ininiň boýuna näçe sapar ýerleşýändigini anyklamaly, munuň üçin öňe uzadylan eliňde galamy kese saklamaly, şonda galamyň gutarýan ýeri suraty çekilýän zadyň çep tarapky çägine gabat gelmeli, başam barmak bilen bolsa şekillendirilýän zadyň sag tarapky çägi bellenilýär we galamy dikligine öwrüp, şekillendirilýän zadyň boýuna şol ölçegiň näçe sapar ýerleşýändigi anyklanýar (*1-nji Ç surat*). Soňra bolsa kagyzyň ýüzüne alnan ölçegler bellenilýär. Zatlaryň taraplarynyň we bölekleriniň ululyk gatnaşyklaryny deňeşdirmek arkaly şekili kagyza sazlaşykly ýerleşdirmeli, soňra şekil doly gurulýar.

Haçan-da şekil dogry we doly gurlup gutarylandan soň çyzyklary anyklap çyzyp başlamaly we tony güýçlendirmeli. Ýalňyş çyzylan çyzygy bozup aýyrmaklyga howlukmaly däl. Ol çyzyk size dogry geçirilmeli çyzygyň ýerini tapmaklyga kömek eder. Şekil gurmaklygyň ahyrky tapgyrynda dogry geçirilen çyzyklar güýçlendirilýär, nädogry çyzyklar bolsa bozulyp aýrylýar ýa-da umumy tona garyşyp gidýär.

Çekilýän zatlaryň, suratyň häsiýetine we maksadyna laýyklykda dürli görnüşli: inçe, çala görünýän, kem-kemden ýitip gidýän, ýiti, giň çyzyklar ulanylýar. Ilki ýeňil ştrih berilýär, soňra garaňky we kölege ýerleri güýçlendirilýär. Ştrih saýlananda zatlaryň ýasalan serişdesi (agaç, demir, kagyz) hem göz öňüne tutulýar.

**Ýapragyň suratyny çekmek** (*2-nji surat*). Ilki bien suraty çekiljek ýapragyň şekilini, ýüzündäki damarjyklaryny, gyrasyndaky kertikleri ünsli synlap öwrenmeli. Kagyzyň ýüzünde şekili dikligine ýa-da keseligine ýerleşdirmelidigini kesgitlemeli, şekiliň ini, boýy hem bellenilýär. Soňra baldakdan başlap ýapragyň ortasyndan tutuş boýuna geçýän esasy damaryň ugry kesgitlenýär.



**2-nji surat. Ýapragyň suratynyň çekiliş yzygiderliligi**

Işiň indiki tapgyrynda bolsa uly bölekleriň şekili ýüze çykarylýar, şekiliň aýratynlyklary anyklanylýar (togalak, süýri, ok şekilli). Şundan soňra ownuk bölekleri bolan kertikler we baldak şekillendirilýär. Şekil doly gurlandan soň artykmaç çyzyklar bozulyp aýrylýar hem-de onuň ýüzündäki inçe damarlaryň ugry bellenilýär. Işiň iň soňky tamamlaýjy tapgyrynda bolsa ýapragyň epinlerini, reňkini göz öňünde tutmak bilen ştrih berilýär. Eger ýaprak reňkli galamlar bilen reňklenjek bolsa, onda ilki ýagty reňkli ýerini ştrihlemekden başlamaly.

*Mysaly ýumuşlar:* galam bilen kitaba, okuwçy portfeline, ýapraklara seredip suratyny çekmek.

## 3. REŇK BILEN IŞLEMEGIŇ TÄRLERI. ZATLARA SEREDIP, REŇK BILEN SURATYNY ÇEKMEK

Reňk şekillendiriş sungatynda zatlaryň material aýratynlygyny şöhlelendirýän, daşky dünýäniň reňk baýlygyny görkezýän wajyp täsir ediş serişdesidir. Bize ak bolup görünýän gün şöhlesi hakykatda birnäçe reňklerden ybaratdyr. Inçe gün şöhlesi aýna prizmadan geçende, ol ýaýraýar-da üznüksiz reňk hataryny – spektri emele getirýär. Bu reňkler şu tertipde ýerleşýär: gyzyl, mämişi, sary, sary-ýaşyl,

ýaşyl, ýaşyl-mawy, mawy, gök, melewşe. Bir reňkden beýleki reňke geçilende bilniksiz geçýändigi sebäpli anyk araçäkler duýulmaýar. Durmuşda biz reňk spektrini älemgoşarda we ýagyş damjalaryna gün şöhlesi düşende synlaýarys.

Reňkler hromatik (reňkli) we ahromatik (reňksiz) diýen iki görnüşe bölünýär (*hroma* – grek sözi bolup, "*reňk*" diýmekdir).

**Ahromatik reňkler** – ak, gara reňkler we bu iki reňkiň garylmagy netijesinde emele gelýän çal reňklerdir (*3-nji A surat*). Olar reňksizdir we olar biri-birinden ýagtylygy boýunça tapawutlanýarlar (açyk gara, dok gara, ýagty – çal, garamtyl-çal we ş.m.).

**Hromatik reňkler** – sary, gyzyl, gök, ýaşyl we ş.m. reňki bolan reňklerdir. Olar biri-birinden ýagtylygy we reňkiň tony (doklugy, doýgunlygy) hem-de güýji boýunça tapawutlanýarlar. Meselem, sary reňk gök reňkden ep-esli ýagtydyr. Reňkiň tony diýlende "gyzyl", "sary" we ş.m. sözler bilen aňladylýan reňkleri biri-birinden tapawutlandyrýan tapawuda düşünilýär. Hromatik reňkler reňk tony boýunça kesgitli tertipde ýerleşende reňk spektrini emele getirýärler (*3-nji B surat)*. Hromatik reňklere ahromatik reňkler goşulanda reňk üýtgemese-de, onuň güýji (doýgunlygy) peselýär.

Spektr aýlawynyň optiki birleşmesinde (basym aýlananda) biz ak reňk görýäris. Spektr aýlawynda biri-biriniň garşysynda ýerleşýän iki reňk optiki birleşmesinde ahromatik reňk berip biler. Bu reňkleri goşmaça reňkler diýip atlandyrýarlar (*3-nji Ç surat*). Bu reňkler biri-biriniň gapdalynda duranda, olaryň doýgunlygy güýçlenen ýaly bolýar. Bu ýagdaý ol reňkleriň gapma-garşy häsiýeti bilen düşündirilýär. Bu reňkler: gyzyl we gögümtil ýaşyl, melewşe we sary ýaşyl, sary we gök, mämişi we mawy reňklerdir. Spektr aýlawynda biri-biri bilen goňşuçylykda duran iki reňke seredeniňde bolsa olaryň ikisiniň hem doýgunlygy peselen ýaly bolýar.

Reňk spektrini hyýalymyzda ortasyndan dikligine bölsek, sary we gyzyl reňkli hem-de gök-mawy reňkli iki bölek emele geler. Melewşe we ýaşyl reňkler aralyk ýagdaýda galarlar hem-de düzüminde haýsy reňkiň agdyklyk edýändigine baglylykda ýyly ýa-da sowuk reňk öwüşgini bolup bilerler.

Reňk spektriniň sary we gyzyl reňkli bölegindäki reňklere ýyly reňkler, gök-mawy reňkli bölegindäki reňklere bolsa sowuk reňkler diýilýär.

**Ýyly reňkler**, esasan, günüň şöhlesiniň we oduň reňki bilen häsiýetlendirilýän reňkler bolan sary, gyzyl, mämişi (oranžewyý) reňklerdir (*4-nji 1 surat*).

**Sowuk reňkler** mawy asmanyň, buzuň, suwuň reňki bilen häsiýetlendirilýän gök reňk we onuň öwüşginleridir (*4-nji 2 surat*).




**3-nji surat.**
*A – ahromatik reňkler; B – spektr; Ç – goşmaça reňkler*

Esasy reňklerden beýleki reňkleriň ýyly ýa-da sowuk reňk öwüşgini bolup biler, meselem: sarymtyl-ýaşyl ýyly reňk öwüşgini, gögümtil ýaşyl bolsa sowuk reňk öwüşginidir (*4-nji 3 surat*).

Hromatik reňkler öz arasynda esasy reňkler we düzme reňkler diýen iki topara bölünýär:

♦ Düzme reňklere esasy reňklerden galan reňkleriň hemmesi degişlidir, olary esasy reňkleri biri-birine garyp ýasaýarlar. Olar iki ýa-da birnäçe reňkleriň garylmagyndan emele gelýär. Mysal üçin, sary we gök reňkler garylsa, ýaşyl reňki berýär, gyzyl we sary reňkler garylsa, mämişi reňki berýär, ýaşyl bilen gyzyl garylanda bolsa goňur reňk emele gelýär (*4-nji 4 surat*).

♦ Esasy reňkler gyzyl, gök we sary reňklerdir. Olar özbaşdakdyr. Olary başga reňkleri garyşdyryp almak mümkin däl. Beýleki reňkleri bolsa iki-üç reňki garyşdyryp almak bolýar (*4-nji 5 surat*).

***Akwarel*** – suw bilen eredilip ulanylýan boýag. *Aguarell*e fransuz sözünden we *aqua* (suw) latyn sözünden emele gelendir. Akwarel gaty görnüşde bolanda, ol kerpiçjik görnüşinde bolýar, ýarym ýumşak bolanda käsejikde, ýumşak bolanda bolsa gutujykda bolýar. Reňk beriji pigmentler örän ownujak edip owradylýar we olara ýapyşaganlyk häsiýetini bermek üçin birleşdiriji madda hökmünde ösümlik ýelimi, ary balynyň, şekeriň, gliseriniň garyndysy goşulýar.




**4-nji surat.**
*1 – ýyly reňkler; 2 – sowuk reňkler; 3 – ýyly we sowuk reňkleriň öwüşgini; 4 – düzme reňkler; 5 – esasy reňkler*

Akwareliň esasy aýratynlygy reňklenýän gatlagyň ýagtylygydyr, reňkleriň durulygy, arassalygy we ýitiligidir. Akwarelde şekil ýerine ýetirilende onuň diňe daşky çyzyklary galamda ýerine ýetirilýär. Soňra ýagty reňkden garaňky reňke geçýän tertipde reňklenýär.

Şekil ilki galamda ýerine ýetirilende, zatlaryň daşky çägini görkezýän sudur (kontur) çyzygy örän ýeňil, çala görünýän bolmaly, bozguç ulanmajak bolmaly, galamy gaty basmajak bolmaly, artykmaç çyzyklary reňk çalmankaň bozup aýyrmaly, ýogsam olar reňkiň aňyrsyndan görner durar. Bozgujy gaty basmaly däl, kagyzyň ýüzüni tüýjertmejek bolmaly. Reňklenenden soňra galamda çyzylan çyzygy bozmak bolmaýar.

Kagyzda şekil taýýar bolansoň, kagyzyň ýüzüni suwly çotga bilen ýuwup geçmeli, biraz çalygansoň reňkleseň, kagyz reňki gowy kabul edýär. Gutudaky reňkleriň üstüne çotga bilen suw damdyryp çykmaly, şonda olar ýumşap durýar, ulanmaga taýýar bolýar.

Akwarelde işlenende ak reňki ulanmajak bolmaly, sebäbi reňkiň durulygy we güýji ýitýär. Ýagtylygyň güýçli düşýän ýerlerinde akja kagyzyň özüni reňklemän goýmaly. Ýagty reňkleri almak üçin suwy köpräk, reňki bolsa azrak garmaly.

Gapjagaza guýlan arassa suwa çotgajygy batyryp, her sapar bir reňkden beýleki reňke geçilende çotganyň ujuny ýuwup durmaly. Suwly gap iki sany bolanda işlemek üçin has hem amatly bolýar. Birindäki suwy reňkli çotgany ýuwmak üçin ulanmaly, beýlekisindäki suwy bolsa arassa çotgany batyryp, reňk garmak üçin ulanmaly. Akwarel bilen tekizlik reňklenende, çepden saga, ýokardan aşak reňklenýär. Reňk akan ýagdaýynda, ony çygly arassa çotga bilen ýuwup aýyrmaly. Suratlar reňklenende bolsa ilki ýeňilräk reňk bilen ýapylýar, soňra reňkiň goýulygy güýçlendirilen ýagdaýda garaňky bölegi reňklenýär. Ýagty böleginde bolsa şol birinji urlan reňk galýar. Kölege tarapy reňklenende bolsa reňk has hem güýçlendirilýär. Reňk goýy ýa-da ýalňyş düşen bolsa, arassa suwluja çotga bilen ýuwup aýyrmak mümkin. Akwarel bilen surat çekmek üçin ýörite akwarel kagyzlary öndürilýär. Olaryň ýüzi beýleki kagyzlardan tapawutlylykda öýjükli bolýar. Bu bolsa reňkiň akmazlygy üçin oňaýly bolýar. Surat çekilende kagyz ýapgyt goýulýar.

Reňklenende bir reňk beýleki reňkiň üstünden çalynýan bolsa, reňk gatlagynyň aňyrsy görünýänligini hem göz öňüne tutmaly. Sebäbi bir reňk beýleki reňke garylanda talap edilýän reňk üýtgeýär. Şonuň üçin hem hemme zatdan öňürti zatlaryň görnüşinden däl-de, reňkli tegmilden başlamaly.

Akwarelde tebigatyň gysga wagtlaýyn täsirlerini (arassa gök asmany, bulutlary, ümürli howany, älemgoşary) şekillendirmek amatlydyr. Şeýle hem grafiki we nakgaş eserlerini, peýzažlary, natýurmortlary, portretleri we çylşyrymly kompozisiýalary ýerine ýetirmek üçin hem amatly bolýar. Öýjükli ak kagyz, akwarel boýaglary, kist, gapjagazdaky suw, palitra – bular akwarelde eser döretmek üçin ählije gerekli serişdelerdir (66-*njy B surat*). Munuň üstesine-de ýiti we synçy gözli, başarjaň elli bolmaly, serişdeleriň ulanylyşyndan we işiň ýerine ýetiriliş tärlerinden başyň çykýan bolmaly.

Akwarel reňkleri bilen reňklemekde iki usuldan peýdalanylýar: lessirowka we alla prima.

***Lessirowka*** – bir reňk gatlagy gurandan soň, ikinji reňk gatlagy goýulýar, bu usula "gury işlemek" hem diýilýär. Bu usulda reňkiň ýagtylygy gowy saklanýar.

***Alla prima*** – ähli reňkler birbada gerek güýjünde alynýar we bir gezekde gerek ýerine goýulýar, bu usula "*çygly işlemek*" hem diýilýär. Bu usulda reňkiň açyklygyny we owadanlygyny gazanmak mümkin.

Akwarel bilen gury we çygly kagyzyň ýüzüne reňkiň doly güýjünde ýazmak bolar. Her bir bölegiň ýuwaş-ýuwaşdan reňkini anyklap, reňkleri üsti-üstüne goýup köp gatlakly tehnikada hem işlemek bolýar. Garyşyk tehnikany saýlamak hem bolýar: umumydan bölege ýa-da tersine bölekden umuma, bitewä geçýän tertipde işlemek bolar. Akwarelde zaýalanan (sürtülme, soýlan ýeri, ýag degen ýeri) ýerini düzetmek kynrak bolýar. Kagyzda reňkiň gowy ýaýramagy üçin ilki surat çekiljek kagyz suw bilen ýuwulýar ýa-da öl mata bilen süpürilýär.

**Akwarel bilen işlemeklige türgenleşmek üçin gönükmeler:**

1. 10x3 sm ölçegde 3 sany gönüburçluk çekmek. Ýalpak jäç gapjagazda ýa-da çuň demir palitrada sary ýa-da gyzyl reňki suwuk edip eretmeli. Reňk çöküşýänçä garaşmaly, soňra çotga bilen ýüzünden reňki almaly (çotgany reňk eredilen gapjagazyň ýa-da palitranyň düýbüne degirmeli däl) we üç gönüburçlugyň üçüsinem çepden saga we ýokardan aşak reňk bilen tekiz ýapmaly. Reňk gurandan soň, ikinji we üçünji gönüburçluklary ýene-de reňk gatlagy bilen ýapmaly (birinjini reňklemeli däl). Soň bu gatlak gurandan soň gönüburçluklaryň diňe soňkusyny üçünji sapar reňk bilen doly ýapmaly. Şeýle gönükmeler beýleki reňkler bilen hem ýerine ýetirilýär (*5-nji surat*).



**5-nji surat. Gönüburçluklaryň reňk bilen ýapylyşy**

2. Birinji gönükmedäki ýaly üç gönüburçluk bir däl-de, iki reňkiň garyndysy bilen ýapylýar. Munuň üçin sary we gyzyl reňkler goşulýar, ýagty öwüşginli naryňç reňk alynýar. Üç gönüburçluk hem şol öwüşgin bilen ýapylýar. Reňk gurandan soň gaýtadan reňk öwüşgini ikinji we üçünji gönüburçluga çalynýar. Gurandan soň bolsa ýene bir gezek üçünji gönüburçluga çalynýar, onda reňk öwüşgini doly goýalýar, doly äheňe eýe bolýar.

Şuňa meňzeş gönükmeler beýleki düzme reňkler bilen hem ýerine ýetirilýär.

3. Bu gönükme açyk reňkden goýa, goýy reňkden açyga gyradeň geçmek başarnygyny kemala getirmäge niýetlenendir.

Birinji gönüburçlugyň üsti ýaşyl zümerrediň sähelçe bildirýän öwüşgini bilen ýapylýar, soňra kem-kemden reňk goşup, onuň ilkibaşky açyk reňki goýaldylýar. Soňky gönüburçluk doly goýy reňke geçýär. Şeýle ýumuş ýapyk reňkli boýag bilen hem ýerine ýetirilýär. Ýöne gönüburçlugy açykdan goýa däl-de, tersine goýudan açyga reňklemekden başlanýar. Bu gönükmäniň başga bir görnüşi gönüburçlugy reňkleriň toplumyndan alnan bir goýy reňkden açyga we gönüburçlugyň ortasyndan başlap, täzeden açykdan goýa reňklemek hasaplanýar.

4. Gönükmeleriň dördünji tapgyry şundan ybarat: boýagyň bir reňkini çalyp, ýuwaş-ýuwaşdan oňa başga boýagy goşmak arkaly açykdan goýa, bir reňkden başga reňke geçilýär. Meselem, reňklemegi sary kadmiden başlamaly, kem-kemden oňa gyzyl kadmiý goşulýar we gönüburçlugy reňklemek kraplak bilen tamamlanýar. Ýa-da reňklemegi limon sarydan başlap, soňra kem-kemden gök (berlin lazuryny) goşmaly, reňklemegi goýy gök boýag bilen tamamlamaly.

5. Bäşinji gönükmäniň ýumşy: dürli ugurlara we dürli uzynlyga gidýän hem-de iki we ondan-da köp dürli reňkler goşup çalmak. Munda çalynýan reňkler öz gyralaryndan akyp çykmaly däldir. Reňkler dürli galyňlykda çalynýar, tutuş çotgany we onuň inçe ujuny başarjaňlyk bilen ulanmagy öwrenmeli. Agzalan ýumuşlar akwarel bilen “gurulygyna” işlemegiň usulyny aňladýar. Bu usul başlangyç suratkeş üçin taýsyz usuldyr. Sebäbi ol durulygy, arassalygy we reňkleriň seslenmesini saklamagy öwredýär.

Sanalan gönükmeler ýerine ýetirilenden soň naturadan reňkli suratlary ýerine ýetirmäge geçip bolar.

**Kebelegiň suratyny çekmek** (*6-njy surat*). Kagyzyň ýüzünde ilki bilen kebelegiň ini we boýy bellenilýär. Soňra kebelegiň inini we boýuny öz içine alýan gönüburçluk çyzylyp, ortasyndan şekili deňölçegli iki bölege bölýän merkezi çyzygy dikligine geçirilýär. Ganatlaryň ýokarky bölegi gönüburçlugyň inine deň bolup, aşakdaky ganatlarynyň ini ondan biraz kiçidir. Aşakdaky ganatlarynyň hem ýeri bellenilýär. Soňra bolsa ýokardaky we aşakdaky ganatlarynyň araçägi keseligine geçirilen çyzyk bilen bellenilýär. Şekiliň ilki ýarysy soňra bolsa şoňa meňzedip beýleki ýarysy hem gurulýar. Şekil doly ýerine ýetirilenden soňra artykmaç çyzyklar bozulyp aýrylýar we onuň ganatlarynyň üstündäki nagyşjagazlar galam bilen ýeňil bellenilýär. Ýagty reňkli ýerlerinden başlap şekil reňklenilýär.




**6-njy surat. Kebelegiň suratyny ýerine ýetirmegiň yzygiderliligi**

*Mysaly ýumuşlar*: reňkini kem-kemden güýçlendirmek we gowşatmak bilen gönüburçluklary reňklemek, baýdajygyň, kebelegiň suratyny çekmek.

# 4. ÝÜZBE-ÝÜZ PERSPEKTIWADA GÖWRÜMLI ZATLARA SEREDIP, SURATYNY ÇEKMEK

***Perspektiwa*** sözi latyn sözünden döräp, "*aýdyň görýärin*" diýen manyny aňladýar we suratkeşe zatlary dogry şekillendirmeklige kömek edýär.

Çyzykly perspektiwa – zatlaryň giňişlikde ýerleşiş ýagdaýyna görä (öňünden, gapdalyndan, öwrülen) we daşlaşdygyça ölçeginiň kiçelmegi bilen bolýan üýtgeşmeleri gurmak, olary kagyz tekizliginde dürli uzaklykda ýerleşdirmekligi öz içine alýar. Howa perspektiwasy bolsa zatlaryň daşlaşdygyça şekiliniň, onuň böleginiň, reňkiniň takyklygynyň üýtgemegini öz içine alýar.

Perspektiwa – zatlaryň giňişlikde ýerleşişine görä, olaryň reňkiniň, ölçeginiň we şekiliniň üýtgeýşini öwrenýän ylymdyr. Mundan has irkiräk döwürler hem (2000 ýyl mundan öň) perspektiwanyň käbir düzgünleri adamlara mälim bolupdyr.

Belli binagär Filippo Brunelleski matematik Toskanelli bilen hyzmatdaşlykda çyzykly perspektiwanyň ylmy esaslaryny düzýär. Şeýle hem belli suratkeşler Pýetro della Françeska, Leon Battista Alberti, Albreht Dýurer bu ylmy öwrenmäge köp üns beripdirler. Leonardo da Winçi hem öz işlerinde perspektiwa uly orun berýär. Ol şeýle ýazýar: "Perspektiwa nakgaşçylykda uly orun eýeleýär we ol üç sany esasy bölege bölünýär: birinjisi – dürli aralyklarda zatlaryň ölçeginiň kiçelmä sezewar bolmagy; ikinjisi – şol zatlaryň reňkiniň azalmagy; üçünjisi – şol zatlaryň şekiliniň takyklygynyň peselmegi".[3]

Suraty perspektiwanyň kanunlary boýunça dogry şekillendirmek üçin indiki ýagdaýlary göz öňüne tutmalydyr: gözýetim çyzygy, görüş nokady, birikme nokady, görüş burçy.

**Gözýetim çyzygy** surat çekýäniň gözüniň derejesinde geçirilen hyýaly kese tekizlikdir. Ol kabul edilen şekili ýokarsyndan, aşagyndan, ortasyndan kesip geçip biler. Hakykatda gözýetim çyzygy daşarda durkaň uzakdaky giňişlige seredeniňde, asman bilen ýeriň birigýän ýerini emele getirýän çyzykdyr.

**Görüş nokady** – surat çekýäniň nazary bilen zatlaryň ýerleşişiniň arasyndaky gatnaşyk. Ýokary görüş nokady hem-de aşak görüş nokady bolup bilýär.

**Birikme nokady** – bu gözýetim çyzygynda bir ugra gönükdirilen göni çyzyklaryň baryp birigýän ýeridir.

**Görüş burçy** – zatlaryň ýokarsyndan we aşagyndan geçýän çyzyklardan emele gelip, oňa zatlaryň bölekleriniň görünüşi, onuň giňişlikdäki ýagdaýynyň görkezilişi we ölçegleri bagly bolup durýar.

*Perspektiwanyň kanunalaýyklygy:*

– biziň gözümizden daşlaşdygyça zatlaryň ölçegi ýuwaş-ýuwaşdan kiçelýän ýaly görünýär;

– bizden daşlaşýan gözýetim çyzygynda bolsa birigýän ugurdaş (parallel) çyzyklar zatlaryň şekilini dogry gurmaklyga kömek edýär. Zatlaryň gözýetim çyzygyndan ýokarda duran böleginden gidýän çyzyklar aşaklygyna, ýagny gözýetim çyzygyna tarap düşerler, zatlaryň gözýetim çyzygyndan aşakda ýerleşýän böleginden gidýän çyzyklar bolsa gözýetim çyzygyna tarap ýokary galarlar we gözýetim çyzygynda bir nokada birigerler;

– görüş nokadynyň üýtgemegi bilen zadyň şekili, dürli bölekleriniň görnüşi hem üýtgeýär;

– zatlar näçe daşlaşdygyça olaryň arasyndaky aralyk kiçelýär.

Çyzykly perspektiwanyň iki ýagdaýyny tapawutlandyrýarlar: ýüzbe-ýüz we burç perspektiwasy.

Ýüzbe-ýüz perspektiwada, esasan, bir sany birikme nokady bolýar. Ýüzbe-ýüz perspektiwada kubuň gurluşyna seredip görenimizde (*7-nji surat*), alynky tekizlik surat tekizliginiň merkezi çäklerinde, geometrik şekiliň özi bolsa gözýetim çyzygyndan ýokarda ýa-da aşakda




**7-nji surat.**
**Ýüzbe-ýüz perspektiwada göwrümli zatlaryň şekillendirilişi**



**8-nji surat**




**9-njy surat**

ýerleşýän bolsa, onda biz onuň iki tarapyny görýäris. Öň tarapy hiç hili perspektiw özgertmä sezewar bolmaýar, aşakdaky we ýokardaky tekizlikler bolsa trapesiýa şekiline eýe bolýarlar. Kubuň gapyrgalary giňişlikde surat tekizligine perpendikulýar ýagdaýda çuňluga uzap birikme nokadyna gönükdirilen bolýar. Birikme nokady gözýetim çyzygynda (GÇ) tomaşaçynyň gözüniň garşysynda ýerleşýär we oňa birikmäniň merkezi nokady ady berilýär (P).

Suratyň tekizligine ugurdaş çyzyklar hiç gabatlaşmaýarlar. Olar ugurdaş şekillendirilip, gapynyň, stoluň, otagyň, rels pürsleriniň we ş.m. dik çyzyklarydyr.

8-nji suratda A.P. Sapožnikowyň dörtburçlugyň we töweregiň perspektiw üýtgemesini düşündirmek üçin hödürlän gurluşyny synlaýarsyňyz. Bu sadaja gurluş galyňrak kagyzdan ýasalýar, ortaradaky kesilip alnan şekili saga-çepe, aşak-ýokary aýlap, dörtburçlugyň we töweregiň dürli ýagdaýlardaky perspektiw gysgalmalaryny synlamak bolýar. Perspektiw gysgalmalarynda töwerekler ellips şekilinde bolýar. Bu ellipsler gözýetimiň derejesine gatnaşyklykdaky töweregiň ýagdaýyna görä käte has az açylýar (*9-njy surat*). Gözýetim çyzygynda bolsa, kesik göni çyzyk keşbini emele getirýär.



**10-njy surat**

Töweregiň kwadratda oňat ýerleşýändiginden ugur alyp, töweregi perspektiwada şekillendirmeli bolanda, ilki kwadraty perspektiwada gurýarlar, soňra kömekçi çyzyklar arkaly şonuň içinde süýritogalagy gurýarlar (*10-njy surat*).

**Ýagty-kölege.** Suratkeş suratda ýagtylygyň we kölegäniň üsti bilen zatlaryň göwrümini we şekiliniň aýratynlygyny ýüze çykarýar.

Ýagtylyk we kölege – bu ýagtylygyň zatlaryň ýüzünde ýaýraýşy bolup, onuň öz kesgitli kanunlary bolýar, olar zatlaryň şekiline, ýüzüniň häsiýetine, reňkine, yşyklandyrylyşyna, tomaşaçy bilen aralyga we beýleki şertler bilen bagly bolup durýar. Aýlawly jisimleriň ýüzünde ýagtylykdan kölegä emaý bilen geçiş edilýär. Gyraly jisimlerde has anyk serhetler görünýär. Ýagty zatlarda ýagtylyk we kölege has aýdyň görünýär.

Suratda zatlara ýagtylygyň düşýän bölegine ýagtylyk diýilýär, ýagtylygyň has güýçli düşýän böleginde ýalkym (blik) emele gelýär. Ýagtylyk düşmeýän böleginde bolsa zatlar öz kölegesini emele getirýär. Aýlawly üstli zatlarda (silindr, şar) ýagtylygyň kölegä geçýän böleginde ýarym kölege emele gelýär. Zatlaryň öz kölegesinde has açyk bölekler tapawutlandyrylyp, olara öwüşgin (refleksler) diýilýär, olar serpikdirilen ýagtylykdan emele gelýär, ýagny töwerekdäki zatlardan serpigýän ýagtylykdan zatlaryň öz kölegesiniň ýagtylanmagydyr (*11-nji surat*).




**11-nji surat**

Ýylmanak üstli zatlarda ýalkym – düşýän ýagtylygyň güýçli serpigýän ýeri emele gelýär. Ýalkym, esasan, aýlawly üsti bolan we syrça bilen örtülen zatlarda (çäýnek-käse, güldan, küýze) köp duş gelýär. Ýalkymyň ölçegi we şekili zatlaryň göwrümini, ýagtylandyrylyşyny, zatlaryň ýasalan serişdesini ýüze çykarmaga kömek edýär. Meselem, syrçalanan önümlerde ýagtylyk has güýçli duýulýan bolsa, gipsiň üsti solgun, şonuň üçin hem ýalkymlar we öwüşginler ýylpyldamaýar, kölegeler bolsa ýeňil bolýar.

Zatlaryň ýere düşýän kölegesiniň uzynlygy ýagtylygyň düşýän burçuna baglydyr, ýagny ýagtylyk dik düşýän bolsa, kölege gysga bolýar. Ýagtylygyň gytak düşýän ýagdaýynda kölege uzyn bolýar.

12-nji suratda tekjäniň ýüzbe-ýüz perspektiwada şekillendirilişi görkezilýär.

*Mysaly ýumuşlar:* galam bilen dik ýagdaýdaky ýapyk kitabyň suratyny çekmek. Ýüzbe-ýüz ýagdaýda gözýetim çyzygyna görä dürli derejede gönüburçly göwrümli zatlara seredip, aýry-aýrylykda suratyny çekmek (kub, guty, sandyk we ş. m.); okuw tagtasynda görkezilen zatlaryň suratyny çekmeklige türgenleşmek.




**12-nji surat. Tekjäniň ýüzbe-ýüz perspektiwada şekillendirilişi**

# 5. BURÇ PERSPEKTIWASYNDA GÖWRÜMLI ZATLARA SEREDIP, SURATYNY ÇEKMEK

Burç perspektiwasy – bu çekilýän zatlaryň surat çekýäne tarap burçlaýyn ýerleşdirilen we gözýetim çyzygynda iki sany birikme nokady bolan ýagdaýynda zatlary şekillendirmegiň bir görnüşidir. Bu ýagdaýda şekillendirilýän zatlaryň 2-3 tarapy (öňi, gapdaly; iki gapdaly; iki gapdaly we ýokarsy ýa-da aşagy) şekillendirilýär.




**13-nji surat.**
*A – kubuň burç perspektiwasynda şekillendirilişi;*
*B – tekjäniň burç perspektiwasynda şekillendirilişi*

Kub burçlaýyn ýagdaýda şekillendirilende, ilki bize golaý duran burç dik çyzyk bilen bellenilýär (*13-nji A surat*). Kubuň başlanýan hem-de gutarýan ýeri dikligine we keseligine bellenýär. Bize golaý duran burçdan öwrüm burçuna laýyklykda kubuň aşakdaky, soňra bolsa ýokardaky taraplarynyň ugry kesgitlenýär. Şonda biz kubuň ähli taraplarynyň hem gysgalma sezewar bolýandygyny görýäris. Kubuň dik gapyrgalary bolsa özleriniň dik ýagdaýyny saklaýarlar, emma görüp duran-

dan daşlaşdygyça gysgalýarlar. Kubuň taraplarynyň ugruny görkezýän çyzyklary dowam etmek arkaly gözýetim çyzygynyň üstünde iki sany birikme nokady tapylýar ($F_1$, $F_2$). $F_1$, $F_2$ nokatlaryň merkezi nokatdan näçe uzaklykda ýerleşjekdigi kubuň gapdal taraplarynyň öwrüm burçuna bagly bolýar. Birikme nokatlarynyň biri merkezi nokatdan daşlaşdygyça beýleki nokat oňa ýakynlaşýar. Adatça, burçlaýyn gurluşda birikme nokatlary suratyň çäginden has daşda ýerleşýär.

Iş doly ýerine ýetirilenden soň esasy çyzyklardan başga çyzyklary bozup aýyrýarys.

*Mysaly ýumuşlar:* galam bilen burç perspektiwasynda gönüburçly zatlara seredip suratyny çekmek (guty, jaý we ş.m.); okuw tagtasynda burç perspektiwasynda gönüburçly zatlaryň suratyny çekmekde türgenleşmek.

## 6. ZATLARA SEREDIP, AÝRY-AÝRYLYKDA REŇK BILEN SURATYNY ÇEKMEK

Köp ýagdaýlarda suratkeş öz çekýän zadynyň manysyny reňkiň üsti bilen berýär. Şatlykly, begençli ýagdaýlar şekillendirilende açyk, ýagty reňkler ulanylýar. Gynançly wakalar beýan edilende, köplenç, öçügsi, tutuksy reňkler ulanylýar. Reňkler suratyň çekilişine görä dürli häsiýetde bolup bilýärler, şol bir reňk şatlykly hem-de gorkuly pursatlary aňlatmakda ulanylyp bilner. Gapma-garşy reňkleri ulanmak we reňkleri käbir ýerlerde güýçlendirmek bilen suratkeş esasy zatlary öňe çykarýar.

Reňkleriň adama edýän täsirini has gadymy döwürlerden bäri öwrenipdirler. (Gyzyl reňk ýeňşiň we şatlygyň reňki hasaplanýar, mämişi reňk ýyladýar we şähdiňi açýar.) Gyzyl reňk biziň halkymyzda has köp ulanylýan reňkleriň biridir. Türkmen halysynda-da, milli egin-eşiklerimizde-de gyzyl reňk we onuň dürli öwüşginleri agdyklyk edýär. Käbir maglumatlarda munuň sebäbini tükmen halkynyň öň otparazlyk dinine uýandygy bilen, ýagny oduň reňki diýip, käbir maglumatlarda bolsa türkmen halky gyzyl reňki "ýaşaýşyň reňki", ýagny ganyň reňki diýip hasap edipdir, gany bolsa diriligiň, ýaşaýşyň, dowamatyň alamaty diýip hasaplapdyrlar diýip gabat gelýär. Biziň halkymyzda gyzamyk bilen keselläne gyzyl lybas geýdirilýär, gara güýçlerden goranmak üçin gyzyl gaşly şaý-sepler dakynylýar. Gyzyl reňk adamyň nerw damarlaryny köşeşdirýär, ýaşaýşa ruhlandyrýar, onuň höwesini, yhlasyny berkidýär. Gyzyl reňkiň gyrmyzy, goýy gyzyl, açyk gyzyl, çog gyzyl, gülgüne, mämişi, melewşe, narynç, sarymtyl, goňrumtyl gyzyl görnüşleri bardyr.

Mawy reňk suwuň we asmanyň reňki, gök reňk köp halklar tarapyndan oňat görülýän reňk bolup, ol gowulygyň nyşany hasaplanýar. Gök reňk beýnini rahatlandyrýar diýip hasap edilýär. Ýazylýan syýanyň reňkiniň gök bolmagy adamyň gözüniň we aňynyň ýadamazlygy üçindir. Taryha nazar aýlanymyzda "Gök Taňry", "Gök han", "Gök böri" ýaly jümleleriň gabat gelmegi, milli eşiklerimizde, haly göllerinde bu reňkiň ulanylmagy hem bu aýdylanlara mysal bolup biler. Gök reňkiň mawy, asman gök, gara gök, göm-gök ýaly görnüşleri bardyr.

Ýaşyl reňk-rahatlandyryjy, göze ýakymly reňk, bu reňk biziň halkymyz tarapyndan mukaddes reňk hasaplanýar. Geçmişde hem türkmen tuglarynyň käbirleriniň ýaşyl reňkde bolandygy bize mälimdir. Ýaşyl reňk rysgal-berekediň, diriligiň, ýaşaýşyň, ýaşlygyň nyşany saýylyp, gözleriň ýadawlygyny aýyrýar. Bu reňkiň hem birnäçe öwüşginleri bolup, olar açyk ýaşyl, goýy ýaşyl, göge golaý ýaşyl reňklerdir.

Sary reňk keýpiköklük, şadyýanlyk bilen häsiýetlendirilip, ol adamyň aňyna oňat täsir edýär. Sary reňk maddy ýagdaýyň, baýlygyň, hökümdarlygyň nyşanydyr.

Ak reňk tämizligiň, bagtyň, paýhasyň, ak ýürekliligiň, päkligiň, abadançylygyň nyşany saýylyp, bu reňk hem adamlara nerw rahatlygyny berýär we ýaşaýşyň gözbaşy hasaplanýar.

Gara reňk güýç-kuwwaty, topragy aňladýar. Gara reňk – agyr reňk, sussuňy basýar, emma beýleki reňkler bilen bilelikde ulanylanda olaryň ýagtylygyny güýçlendirýär.

Zatlary reňk bilen dogruçyl şekillendirmek üçin, esasan, şu aşakdakylar göz öňüne tutulmalydyr: 1) zatlaryň şekili, 2) olaryň reňki, 3) olary ýagtylandyrýan ýagtylyk, 4) olary emele getirýän düzüm serişdesi (ýasalan serişdesi), 5) olaryň ýerleşýän giňişligi.

Zatlaryň özüne mahsus şekili bardyr. Käbir zatlar sada gurluşly, käbirleri bolsa çylşyrymly gurluşlydyr. Gün, alma, top, garpyz, ülje töwerek şekile; elýaglyk, guty, penjire dörtburç şekile; gawun, ýumurtga süýri şekile; çadyr, arça agajy üçburçly şekile; kitap we gapy bolsa gönüburçly şekile eýedir. Birnäçe şekilleri özünde jemleýän zatlar çylşyrymly gurluşa eýedir. Meselem, jaý – gönüburçluklardan (diwary, penjire, gapy), üçburçlukdan (üçegi), silindrden (tüsseçykary) ybaratdyr. Käbir zatlaryň bolsa durnukly şekili ýokdur. Oňa mysal edip ody, suwy, tüssäni, bugy, bulutlary görkezmek bolar.

Her bir zadyň özüne mahsus tebigy reňki bolýar. Meselem, pagta we gar ak reňkli; pomidor gyzyl; hyýar ýaşyl; käşirdir limon bolsa sary reňkli. Biziň bu görýän reňklerimiz şol zatlaryň spektriň haýsy reňkli bölegini serpikdirýändigine, haýsy bölegini bolsa özüne siňdirýändigine baglydyr. Meselem, ýaşyl reňkli zatlar şöhledäki spektriň diňe ýaşyl reňkli bölegini serpikdirýärler, galan böleklerini bolsa özüne siňdirýärler. Ak reňkli zatlar ählisini serpikdirýärler, gara reňkli zatlar bolsa ählisini özüne siňdirýärler. Şonuň üçin hem biz zatlary reňkli görýäris. Ak reňkli zatlaryň gün şöhlesini serpikdirýändigi üçin tomusda ak reňkli eşikler geýilýär, gara reňkli zatlaryň gün şöhlesini özüne siňdirýändigi sebäpli gyşyna bolsa gara reňkli eşikler geýilýär.

Zatlar şekillendirilende şol zadyň tebigy reňkini gönüden-göni ulanmaklyga howlukmaly däldir. Şol reňkiň birnäçe öwüşginini tapmaklyga çalyşmaly. Zatlaryň ýagtylyk düşýän tarapynda ýyly reňk öwüşgini, kölege tarapynda bolsa sowuk reňk öwüşgini emele geler. Meselem, ak gary şekillendirmek üçin ak reňkiň dürli öwüşginlerini gülgüne, altynsow, mawy, gök, melewşe öwüşginlerini ulanyp, gyzyl bägüli şekillendirmek üçin bolsa goýy gyzyl, açyk gyzyl, çog gyzyl, gülgüne, gyrmyzy, mämişi, melewşe, narynç, goňrumtyl gyzyl reňklerden ýerlikli peýdalanmak arkaly täsirli keşp döretmek bolar.

Ýagtylyk zatlara dürli çeşmelerden: günden, aýdan, şemden, ýyldyrymdan, otdan, elektrik çyrasyndan düşüp, ol ýiti, pes, ýaýraýan görnüşde we çugdamlaýyn düşüp biler

hem-de ýagtylandyrýan, öwüsýän, ýylpyldaýan, serpigýän, göni we garşylykly häsiýetli bolup biler. Gün şöhlesiniň ýagtysyna çekilen surat bilen deňeşdirenimizde adaty elektrik çyrasynyň ýagtysyna çekilen suratda reňkleriň sary öwüşgini köp bolar. Sebäbi ol çyradan zatlara sary reňkli şöhle düşýär. Okuw otaglary lýuminessent çyralary bilen ýagtylandyrylýar. Sebäbi bu çyralar gün şöhlesine meňzeş ak reňkli hem-de uly tekizligi ýagtylandyrýan ýumşak we endigan düşýän şöhlelidir. Bu bolsa okuwçylaryň işlemegi üçin amatlydyr. Naturany ýagtylandyrmak üçin bolsa reflektorlar ulanylýar.

Zatlar şekillendirilende olary emele getirýän düzüm serişdesi hem uly ähmiýete eýedir. Şekillendirilýän zatlara seredeninde tomaşaçy zatlaryň ýasalan serişdesini ýa-da olary emele getirýän düzümiň serişdesini duýup biler ýaly derejede dogruçyl şekillendirmeklige çalyşmaly. Meselem, daş we demir gaty hem-de agyr, toprak olardan ýumşak, agaçlar bolsa toprakdan gaty, emma daşdan ýumşak, suwuň hem-de bulutlaryň belli bir şekili ýok, mata ýumşak, onda ýygyrt döräp bilýär olaryň käbiri öwüsýär, aýna gaty we port bolýar, aňyrsy görünýär. Şekillendirende zatlaryň şu häsiýetleri duýulmalydyr.

Reňk bilen işlenende reňkleriň giňişlik gatnaşyklaryny hem göz öňüne tutmak zerurdyr. Sebäbi giňişlik şekillendirilýän zatlary birleşdirýär, baglanyşdyrýar. Zatlaryň perspektiw gysgalyşyny görkezmek bilen çäklenmän, olary gurşap alýan howa gatlagy hem goz öňünde tutulmalydyr, golaýda, aralykda we uzakda duran zatlaryň arasyndaky aralyk duýulmalydyr. Käbir reňkler suratda biri-biriniň gapdalynda duranda öňe çykýan ýa-da yza çekilýän ýaly duýulýar. Esasan, ýyly ýagty, doýgun reňkler öňe çykýarlar, sowuk, garaňky we solak reňkler yza çekilýän ýaly duýulýar.

***Guaş*** – “*gouache*” fransuz sözi bolup, “suwly boýag” diýmekligi aňladýar. Guaş öçügsi häsiýete eýedir. Guaş öndürilişi boýunça akwareliň ýumşak görnüşine meňzeşdir, birleşdiriji maddalary hem edil akwareliňki ýaly, ýöne oňa ak reňkiň garyndysy goşulan.

Guaş oňat reňk beriji häsiýete eýedir, emma reňk gatlagy galyň düşende, ol owranyp dökülýär. Reňk gatlagynyň aňyrsy görünmeýänligi üçin bir reňk guranyndan soň beýleki reňk bilen onuň üstüni ýapyp bolýar. Şonuň üçin hem bezeg işleri ýerine ýetirilende amatly hasaplanýar. Açyk reňkleri almak üçin ak reňk goşulýar. Guaş bilen işlenende reňkler bir gutujykda gerek mukdarynda suwlurajyk edip garylýar, soňra ulanylýar.

Guaş bilen kagyzyň, gaty kagyzyň, ýukajyk tagtanyň hem-de ýüpegiň ýüzüne işlenilýär. Bu boýaglar gurandan soňra basym agarýarlar. Şonuň üçinem guransoň reňkiň nähili boljakdygyny öňünden aňşyrmak üçin iş tejribäň ýetik bolmaly.

Guaş orta asyrlarda hem mälim bolupdyr. Şol döwürde guaşda kitao bezegi ýerine ýetirilipdir.

***Almanyň suratyny çekmek***. Aýratynlykda almanyň suratyny çekmek üçin ony bir bölek ak kagyzyň ýa-da ak reňkli matanyň üstünde ýerleşdirmek amatlydyr. Sebäbi ak reňkli düşekde öwüşginler has aýdyň duýulýar. Ak kagyzyň üstündäki kölegeler kölegesi düşýän zadyň reňkine eýe bolýarlar. Meselem, sary zatlardan sarymtyl kölege, ýaşyl zatlardan bolsa ýaşylymtyl kölege düşer. Zatlaryň özüne hem kagyzdan ak, ýagty öwüşgin düşer.

Almanyň şekili galam bilen ýeňilräk çyzmak arkaly kagyza geçirilýär, ýalkym, ýarym kölege we kölege ýerleri, öwüşgin (refleks), ýere düşýän kölegesi ýeňil bellenilýär. Şekil galam bilen doly ýerine ýetirilenden soň ýene-de bir sapar çekilen şekil natura bilen deňeşdirilýär, artykmaç çyzyklar bozulyp aýrylýar we kagyzyň ýüzi arassa suwly çotga bilen ýuwlup geçilýär.

Reňkde işlenende işiň birinji tapgyrynda şekillendirilýän zadyň, ýagny almanyň has ýagty ýeriniň reňki tapylýar we onuň üstüniň ýalkym düşýän ýerinden galan ýeri şol ýeňilräk reňk bilen ýukajyk gatlakly reňklenýär (*14-nji surat*). Düşegiň reňkini zatlaryň ýagty ýeriniň reňki bilen deňeşdirmek arkaly tapýarlar.



**14-nji surat**

Ikinji tapgyrda bolsa almanyň göwrümli şekili we onuň ýagtylandyrylyşy ýüze çykarylýar. Almanyň aýlawly şekile eýe bolanlygy sebäpli, onuň käbir ýeri (ýagtylyga golaý ýerleri) ýalkym emele getirýär, käbir ýerlerinde ýarym kölege, öwüşgin, ýagtylyk düşmeýän tarapynda bolsa kölege emele gelýär. Reňkler kem-kemden güýçlendirilip ýarym kölege we kölege ýerleri birinji gatyň üstünden ýeňil reňklenip geçilýär. Reňk gatlaklarynyň araçägini bolsa arassa suwly çotga bilen ýumşadyp, ýagtydan garaňka ýeňil geçiş etmeli, zatlaryň ýagty-garaňky ýerleri öňe çykarylmalydyr. Almanyň hiç bir bölegi beýleki böleginden aýratyn seredilmeli däldir. Hemme zat bitewi seredilmelidir.

Işiň üçünji tapgyrynda göwrümi öňe çykarmak, reňk öwüşginlerini güýçlendirmek dowam etdirilýär. Reňkleriň tapawudyny hemişe göz öňüne tutmak bilen

çekilýän surat bilen almany hemişe deňeşdirip durmaly. Şol bir reňkiň birnäçe reňk öwüşginini tapmaklyga çalyşmaly. Sebäbi sary reňkden gyzyl reňke göni geçmeklik çürt kesik araçäkleri emele getirip, suratyň bitewiligini bozup biler. Bir reňkden beýleki reňke ýeňil geçiş etmeli.

Soňky tapgyrda almanyň ýagty ýerindäki we kölegesindäki reňkler umumylaşdyrylýar, öz kölegesindäki we ýere düşýän kölegesindäki has garaňky ýerleri güýçlendirilýär, ýagtyltmaly ýerleri bar bolsa arassa suwly çotga bilen ýuwup reňkini ýeňledýärler, juda ýagty bolup öňe çykýan ýerleri bolsa biraz soldurylýar. Ýagty we garaňky reňkleriň arasynda reňk sazlaşygy bolmalydyr. Eger almanyň üstünde tegmiller ýa-da çyzyjaklar bar bolsa olar iň soňunda bellenilýär.

*Mysaly ýumuşlar*: miwelere seredip suratyny çekmek (alma, armyt we ş.m.); zatlara seredip (aňyrsyndaky tekizligi hem reňklemek bilen) suratyny çekmek (piti, pomidor, hyýar we ş.m.).

## 7. NATÝURMORT ÇEKMEK

**Natýurmort** – birnäçe jansyz zatlaryň toplumy. XVII asyrda natýurmort žanrynyň esasy alamatlary ýüze çykypdyr. Natýurmort çekilende suratkeşler esasan adamy gurşap alýan zatlaryň gözelligini, sazlaşygyny we şekilini görkezmeklige çalyşýarlar. Okuw natýurmortynyň üstünde işlemeklik aýratynlykda zatlaryň suratyny çekmeklik bilen deňeşdirilende biraz çylşyrymlyrak işdir. Natýurmort düzülende düzgün boýunça, durmuşyň ol ýa-da beýleki taraplaryny şöhlelendirýän sýužeti, mazmuny, temasy bolýar. Meselem, “Güýz berekedi”, “Halk senedi”, “Oýnawaçlar”, “Güller”, “Sport”, “Sungat” we ş.m. temalardan natýurmort düzmek has hem gyzyklydyr. Sungat temasyndan natýurmort düzülende sungat esbaplary: kagyz, galam, boýaglar, çotgalar, kiçi göwrümli heýkeller we ş.m. ulanylýar.

Köp natýurmortlar miwelerden, gök önümlerden we güllerden düzülendir. Olaryň şekillerinden natýurmort žanryny özleşdirmek başlanýar.

Natýurmort düzmek üçin ilki bilen many-mazmun taýdan özara baglanyşykly bolan 3-4 we ondan-da köpräk zatlar saýlanyp alynýar. Soňra olary naturada manyly jemlemeli, olar hakykatdan-da umumy many-mazmun, umumy oý-pikir bilen baglanan bitewi topar görnüşinde bolar ýaly ýerleşdirilmeli. Şeýle-de natýurmortda haýsy zadyň özünde esasy manyny we mazmun ýüküni saklaýandygyny, haýsylaryň bolsa ikinji derejelidigini kesgitlemeli. Meselem: “Güýz berekedi” diýen temadan natýurmort düzmek üçin tebigatyň güýz paslynda adamzada eçilýän şirin-şerbet gawunyny, garpyzyny, almany, üzümi saýlamak mümkin. Podiumyň üstünde ählisini bir tekizlikde ýerleşdirsek, biri-biriniň öňüni ýapmagy mümkin, şonuň üçin käbiri beýigräkde bolar ýaly gutujyk goýup, onuň üstüni bolsa mata bilen örtmek amatly bolýar. Gerek bolsa mata bilen natýurmortyň arka tarapy hem ýapylýar, matanyň reňkini hem maksadalaýyk saýlamaklygy başarmaly. Altyn güýzüň, güýz berekediniň şekillendirilýändigi sebäpli, bu ýerde altynsow reňkli matany ulanmaklyk maksadalaýyk bolardy. Matanyň ýüzünde dürli ýygyrtlary

döretmek bolar. Käbir zatlary bolsa (üzümi, almany) ýörite gapjagazlara salmaly, üzüm hoşajyklarynyň käbiri gapjagazyň daşyna sallanyp dursa, üzüm baldagynda bir-iki ýaprak, murtjagaz bar bolsa has hem ter we täsirli seredilýär. Gawuny, garpyzy kesip, mejimede goýup, gawunyň ýanynda pyçak hem goýup bolar. Ähli zatlary hatarlap goýman, dürli-dürli ýagdaýlarda goýýarys. Bir-iki sany almany gapjagazyň daşynda ýerde goýup bolar. Eger arka ýüzde boşluk köpräk galýan bolsa, ol ýerden hem ýüpjagaza düzülen burçlary asmak bolar (*17-nji surat*). Şu zatlaryň ählisi matanyň ýa-da saçagyň üstünde ýerleşdirilip, matanyň bir gyrasyndan türkmen halysy görnüp dursa, has hem täsirli, milli äheňe ýugrulan bolýar. Natýurmort düzülende zatlar biri-biriniň öňüni köp ýapmaz ýaly ýagdaýda goýulmalydyr we olaryň ýagtylandyrylyşy hem ünsden düşürilmeli däldir. Ýagtylandyrylanda zatlaryň köp bölegini kölegeler ýapmaz ýaly bolmaly.

Galamda natýurmort ýerine ýetirilende iş, esasan, şu aşakdaky tapgyrlarda ýerine ýetirilýär:

1. Kagyz tekizliginde ähli zatlary sazlaşykly ýerleşdirmek.
2. Giňişlikde ýerleşişini göz öňüne tutmak bilen zatlaryň gurluş çözgüdini tapmak.
3. Zatlaryň ýagty-garaňkysyny we ton gatnaşyklarynyň çözgüdini tapmak.
4. Şekili bölekleýin ton bilen işlemek.
5. Işi tamamlamagyň umumylaşdyryjy tapgyry.

Reňkde natýurmort şu aşakdaky ýaly tertipde ýerine ýetirilýär.

*Natýurmorty kagyz giňişliginde sazlaşykly ýerleşdirmek.* Ilki bilen natýurmorty şekillendirmek üçin ýer saýlamaly. Zatlaryň bölekleýin görünýän we biri-biriniň üstüni köp ýapýan ýerinde oturyp şekillendirmek nädogrudyr. Zatlar haýsy tarapyndan has täsirli seredilýän bolsa, şol tarapyndan şekillendirmeli. Şekil gözleýjiden peýdalanmaly, şekili kagyza dikligine ýa-da keseligine ýerleşdirmelidigini anyklamaly. Şekillendirilýän zatlar deňagramly, sazlaşykly ýerleşende suratda zatlaryň dogry, manyly sazlaşygy emele gelýär; olaryň esasysy aýdyň tapawutlandyrylmaly; zatlar örän ownuk ýa-da çakdan aşa uly bolmaly däl, şekil kagyza ýerleşdirilende esasy agramly bölegi merkezde ýerleşmeli, iki gyradan deň ölçegli ýer galmaly, kagyzyň aşakdaky böleginde azrak, ýokarky böleginde köpräk ýer goýulýar, şekil kagyz tagtasynyň bir gyrasyna tarap gaty bir süýşürilmedik ýagdaýda bolmaly (*16-njy surat*). Şekil kagyzyň ölçegine görä owadan ýerleşdirilmeli, eger kiçi şekillendirilse töwerekde boşluk köp galar, uly şekillendirilse gaty golaýdan seredilen ýaly bolar, ýagny suratkeş bilen naturanyň arasyndaky aralyk duýulmaz.

Ilki bölejik kagyzyň ýüzünde galam bilen umumyrak görnüşde zatlar ýerleşdirilip birnäçe gözlegler ýerine ýetirilýär. Soňra bolsa reňk çözgüdini tapmak üçin reňk bilen gözlegler edilýär.

*Taýýarlyk suraty.* Orta ýumşaklykdaky galam bilen kagyza gaty basman natýurmorty düzýän zatlaryň şekili kagyza geçirilýär. Natýurmort işlenende dürli zatlaryň gurluşyny, giňişlikde ýerleşişini, göwrümini, şekilini, perspektiw gysgalmasynyň kanunlaryny hemmetaraplaýyn we çuňňur öwrenmeli. Bozguç ulanmajak bolmaly.

Şekiller doly we dogry gurlup bolansoň ýalkymyň, ýere düşýän kölegäniň, zatlaryň öz üstündäki ýagtylyk bilen kölegäniň araçägi, matadaky ýygyrtlar galam bilen bellenilýär. Eger şekillendirilýän zatlarda nagyş bar bolsa, ol galam bilen ýeňil we takyk bellenilýär.

*Reňk bilen işlemek.* Ähli zatlaryň şekili galam bilen doly ýerine ýetirilenden soň artykmaç çyzyklar bozulyp aýrylýar we kagyzyň ýüzi arassa suwly çotga bilen ýuwlup geçilýär. Ilki bilen her bir zadyň has ýagty ýeriniň reňki tapylýar we onuň üstüniň ýalkym düşýän ýerinden galan ýeri şol ýeňilräk reňk bilen ýukajyk gatlakly reňklenýär. Düşegiň reňkini zatlaryň ýagty ýeriniň reňki bilen deňeşdirmek arkaly tapýarlar.

Soňra bolsa reňkler kem-kemden güýçlendirilip, zatlaryň ýagty-garaňky ýerleri öňe çykarylmalydyr. Munuň üçin zatlaryň ýarym kölege we kölege ýerleri birinji gatyň üstünden ýeňil reňklenip geçilýär. Reňk gatlaklarynyň araçägini bolsa arassa suwly çotga bilen ýumşadyp, ýagtydan garaňka ýeňil geçiş etmeli.

Işiň tamamlaýjy tapgyrynda zatlaryň öz kölegesindäki we ýere düşýän kölegesindäki has garaňky ýerleri güýçlendirilýär, ýagtyltmaly ýerleri bar bolsa arassa suwly çotga bilen ýuwup, reňkini ýeňledýärler. Akwarel reňkleri bilen zatlaryň maddylygyny, fakturasyny, howa giňişligini, reňkleriň sazlaşykly baglanyşygyny görkezmekligi öwrenmeli.

Her bir natýurmortyň goýluşy okuwyň maksady bilen baglanyşykly bolýar. Okuwçylarda haýsy başarnyklary kemala getirmeli bolsa şoňa laýyklykda hem natýurmort düzülýär. Meselem: *Gipsden ýasalan geometrik şekillerden natýurmort çekilende* grizaýl (*gris* fransuz sözünden bolup, çal diýen manyny aňladýar) usulynda ýerine ýetirilýär. Bu usulda guaş bilen işlenende diňe iki reňk ulanylýar: ak we gara ýa-da gara-goňur. Akwarel bilen işlenende bolsa diňe bir reňk-gara ýa-da goňur reňk we suw ulanylýar. Maksady bir reňk bilen göwrümli şekilleriň ýagty-garaňky häsiýetini ýüze çykarmaklygy öwrenmek.

*Ýönekeý şekili bolan zatlardan natýurmort çekilende* hem iki-üç sany dürli reňkli zatlar bir reňkli düşekde grizaýl usulynda ýerine ýetirilýär. Maksady – bir reňk bilen dürli reňkdäki zatlaryň göwrümini, şekilini görkezmekligi öwrenmek.

*Reňk bilen ýönekeý şekili bolan zatlardan natýurmort çekmek* zatlaryň hakyky şekilini reňk bilen görkezip bilmekligi öwredýär. Az sanly reňkler bilen, esasan-da esasy reňkleri garyşdyryp, beýleki reňkleri almak arkaly işlenilýär.

*Reňki meňzeşräk bolan zatlardan natýurmort çekmeklik* dürli reňkleriň reňk öwüşginlerini öwrenmeklige kömek edýär. Şol bir reňkiň birnäçe öwüşginlerini ulanmaklygy talap edýär.

*Gapma-garşy reňki bolan zatlardan natýurmort çekmekligiň* maksady – gapma-garşy reňkleriň arasyndaky sazlaşygy we olardan biri-birine düşýän öwüşgini görmekligi öwredýär.

*Ak düşekde ýapyk reňkli zatlardan düzülen natýurmorty* hem-de ak düşekde ýagty reňkli zatlardan düzülen natýurmorty reňkde çekmekligiň hem özboluşly aýratynlygy bardyr.

*Interýerde natýurmort çekmek* açyk aýnanyň öňünde duran natýurmorty ýa-da otagyň giňişligi bilen bile şekillendirilen natýurmorty çekmeklik geljekde dürli kompozisiýalaryň üstünde işlenilende giňişligi şekillendirmekligi ýeňilleşdirýär.

*Açyk howada çekilen natýurmort* zatlara düşýän güýçli ýagtylygy köpsanly öwüşginleri görkezmekligi talap edýär.

*Mysaly ýumuşlar:* galam bilen, reňk bilen natýurmort çekmek.



**15-nji surat. Geometrik jisimlerden düzülen natýurmort.** *Galam*



**16-njy surat. Natýurmort.** *Akwarel*



**17-nji surat. G.Babikow. Türkmen güýzi.** *Natýurmort*

# 8. TEBIGATYŇ SURATYNY ÇEKMEK

Tebigat adamzat durmuşynda uly orun tutýar. Tebigat adamzat döräli bäri oňa iýmit, gurluşyk serişdesi, gizlenmäge ýer bolup hyzmat etdi. Adamlar ösümliklere, jandarlara, guşlara we olaryň gurluşyna seredip köp zatlary (jaý gurmagy, nagyş düzmegi, tehniki enjamlary ýasamagy) öwrendiler. Hozuň gurluşyna üns beriň, ýukajyk diwar gatlaklary onuň içindäki maňyz böleklerini biri-birinden üzňe saklaýandyr. Adamlar şular ýaly gurluşlary synlap, ýaşaýan jaýlaryny içki diwarlar arkaly bölüp, otaglar döretmeli diýen netijä gelen bolmaly. Bal arysynyň bal ýygnaýan öýüniň gurluşyny synlap, gadymy binalaryň penjiresi bilen deňeşdirip, balygyň teňňeleriniň ýerleşişini hem-de jaýlary ýagyşdan goraýan örtügiň (çerepisanyň ýa-da şiferiň) düzülişini deňeşdirip, siz olardaky meňzeşlikleri görüp bilersiňiz. Ýer gazýan ekskowatoryň gurluşyny uzagrakdan üns berip synlasaňyz, siz onuň gurluşynyň žirafa çalymdaşdygyny, ýer gazýan penjesiniň bolsa pişigiň penjesine meňzeýändigini görersiňiz. Adamlar guşuň uçuşyny synlap, uçar ýasamagy öwrenipdirler.

Suratkeşler çekýän suratynda tebigaty, esasan, gahrymanlaryň daşyndaky gurşaw hökmünde şekillendirýärler. Şeýle hem suratkeşiň diýjek bolýan pikirine goldaw bolup, tebigatyň bölekleri çykyş edýär (gün ýylgyryp bakýar, älemgoşaryň görünmegi oňat pikirleri goldap çykyş edýär; bulutly asman, tolkun atýan deňiz, şemal, agaçlar yranýar, günüň we aýyň öňüniň tutulmagy harasatly durmuşy görkezmekde suratkeşi goldaýar; garry daragt, saralyp gaçan ýapraklar bolsa ömür we geçen günleri beýan etmegi ýeňilleşdirýär).

Tebigaty şekillendirende okuw otaglarynyň içinde göz öňüne getirip däl-de, eýsem plenerde (“*plein air*” fransuz sözi “*açyk howa*” diýmek), ýagny açyk howada tebigatyň özüni görüp şekillendirmek amatlydyr. Ilki tebigatyň şekillendiriljek bölegine seredilip etýud (“*etude*” fransuz sözünden bolup, “*öwrenmek*” diýen manyny berýär) ýerine ýetirilýär. Etýud çekilmeginiň maksady – tebigatyň suratkeşiň kalbynda döredýän duýgularyny anyk we ýiti şekillendirip bilmegini öwrenmek.

Surat çekiljek kagyzyň ölçegi, reňki dogry saýlanylmalydyr.

Peýzaž çekmeklik agaçlary, ösümlikleri, ösümlik ýapraklaryny we howlynyň bir bölegini, öýi şekillendirmekden başlanýar (*18-nji A suratlar*). Islendik suraty çekip başlanyňda onuň esasyny düzýän ýerinden çekip başlamaly: mysal üçin, gözýetim çyzygyndan, agaçlardan, haýatdan, öýden we ş.m. Gözýetim çyzygyny geçirmek bilen ýeriň we asmanyň gatnaşygy bellenilýär. Soňra şekillendiriljek zatlar toparlaýyn ýa-da aýratynlykda giňişlikde ýerleşýän tertbine laýyklykda (golaýda, aralykda, uzakda) ýerleşdirilýär (*18-nji B, Ç suratlar*).

Agaçlar şekillendiriljek bolanda, esasan, agaçlary, agaçlaryň çybyklaryny öwrenmekden we suratyny çekmekden başlaýarlar. Suraty çekiljek agaçlary synlamaly, agaçlaryň görnüşlerini deňeşdirmeli. Agaçlaryň gurluşy dürli görnüşlere eýedir: sütüniniň we şahalarynyň ugry, ölçegi, ýogynlygy; çybyklarynyň çeýeligi, eplenmegi;

ýapraklarynyň, pürleriniň reňki hem-de şekili dürli-dürlüdir. Meselem, arça agajynyň şahasy gapdala ýaýraýar, ol pürli bolýar; leýlisaçyň şahalary ýumşak bolup, aşak sallanýar; derek agajy dikligine ösýär, onuň kölegesi inçe bolýar; güjüm agajynyň şahalary gapdal ýaýraýar we onuň goýy kölegesi bolýar. Ýapraklaryna we agajyň gabygyna seredilende bolsa şekillendirilen agaçlaryň ýaşy, ýagdaýy duýlar ýaly bolmaly.

Ilki agajyň uzynlygynyň inine bolan gatnaşygyny anyklamaly. Seresaplylyk bilen, galamy gaty basman surat çekmeli. Galam bilen kagyzyň ýüzünde agajyň ýokarsyny we aşagyny, soňra sag we çep taraplaryny bellemeli, suratyň merkezini tapyp, şol ýerden çekip başlamaly. Agajyň suratyny çekip başlanyňdan soň onuň töweregindäki zatlaryň suratyny çekmäge girişmeli. Agajyň şahalarynyň düýbi ýogyn bolup, ýokary uzadygyça olar inçelmeli. Ýapraklar umumylaşdyrylan görnüşde ýerine ýetirilip, diňe bize golaý duran taraplarynda biraz ýapragy we gapdal tarapynda birde-ýarym ýapragy anyk ýerine ýetirilýär. Suraty garalap çekmän, diňe esasy kölege düşýän tarapyny garalamaly.

Ýuwaş-ýuwaşdan ýumuşlary çylşyrymlaşdyryp başlamaly, güneşli howany, bulutly howany, ýagynly howany şekillendirip görmeli, tebigatyň ýagdaýyny duýmagy: gülleriň mylaýym ysyny, älemgoşary, bulaklaryň owazyny we tebigatyň reňk baýlygyny görkezmekligi öwrenmeli. Howanyň ýagdaýyna we wagta baglylykda şekillendirilýän zatlaryň reňkiniň we kölegesiniň üýtgeýändigini hem unutmaly däldir.

Peýzaž akwarel reňkleri bilen suratlandyrylanda howa giňişligi ilkinji nobatda howa perspektiwasynyň kanunalaýyklygyny saklamak, oňat çeper usuly saýlamak bilen suratlandyrylýar we tebigatyň gözelligi wasp edilýär. Galamda şekillendiriljek zatlar dogry bellenilenden soňra kagyzyň ýüzüni suwly çotga bilen ýuwup geçýärler. Soňra ýokardan aşaklygyna her bir zadyň iň ýagty ýeriniň reňkini ulanmak bilen zatlar ýeňil reňklenip geçilýär. Bir gat reňklenenden soň reňkler güýçlendirilip, reňkli tegmiller bilen zatlaryň garaňky ýerleri bellenilýär. Howa perspektiwasynyň kanunalaýyklyklary göz öňünde tutulyp, golaýda duran zatlar ýiti reňkler bilen has çintgäp işlenilýär. Uzakdaky zatlar bolsa ýeňil, öçügsi reňkler bilen işlenilip tomaşaçydan daşlaşdyrylýar.

Tebigat şekillendirilende howa perspektiwasy dogry ýerine ýetirilmelidir:

1. Bize golaý duran ähli zatlar anyk kabul edilýär, uzakdakylar bolsa umumylaşdyrylan görnüşde kabul edilýär; giňişligi dogry şekillendirmek üçin golaý duran zatlary çintgäp işlemeli, uzakdaky zatlary bolsa umumylaşdyryp görkezmeli.

2. Bize golaý duran ähli zatlar anyk kabul edilýär, uzakdakylar bolsa takyk bolmadyk görnüşde kabul edilýär; giňişligi dogry şekillendirmek üçin golaý duran zatlaryň daşky çyzygyny ýiti işlemeli, uzakdaky zatlary bolsa ýumşak işlemeli.

3. Uzak aralykdan ýagty zatlar garaňkyrak, garaňky zatlar bolsa golaýdaky garaňky zatlardan ýagtyrak görünýär; giňişligi dogry şekillendirmek üçin uzakdaky ýagty zatlary ýeňil kölege bilen ýapmaly, garaňky zatlary bolsa ýagtyltmaly.



A



B



Ç

**18-nji surat. Peýzažlar**

4. Golaýdaky zatlaryň ählisine gapma-garşylykly ýagty – kölege mahsusdyr we olar göwrümli duýulýarlar, uzakdaky zatlar gowşak ýagty-garaňkylykly kabul edilýär we olar tekiz ýaly duýulýar; giňişligi dogry şekillendirmek üçin golaýdaky zatlary göwrümli, uzakdakylary bolsa tekiz şekillendirmeli.

5. Uzakdaky zatlaryň ählisi howa örtügi bilen ýapylýar we olar şol howa örtüginiň reňkine (gök, mawy, ak) eýe bolýarlar; giňişligi dogry şekillendirmek üçin golaýdaky zatlary ýagty reňkler bilen, uzakdakylary bolsa öçügsi reňkler bilen şekillendirmeli.

6. Ähli golaýdaky zatlar köp reňkli görünýär, uzakdaky zatlar bir reňkli görünýär; giňişligi dogry şekillendirmek üçin golaýdaky zatlary dürli reňkler bilen uzakdakylary bolsa birmeňzeş reňkler bilen şekillendirmeli.

Tebigatyň tükeniksiz köpdürlüligi şekillendiriş sungatynda peýzaž žanrynyň dürli görnüşlerini döretdi.

**Peýzaž** – tebigaty şekillendirmäge degişli eserler fransuzlaryň “*paýsage*“ sözündendir.

***Landşaft peýzažynda*** oba, deňiz ýakasy, daglar, düzler, çöller, jülge-dereler... şekillendirilip bilner. Oba peýzažynda oba durmuşy onuň tebigat bilen baglanyşygy suratkeşiň ünsüni çekýär.

***Deňiz peýzažy*** (*marina*) käte asuda, käte joşgunly deňziň özboluşly owadanlygyny, tolkunlarynyň hereketini ýa-da deňiz harasatlarynyň gopgunly ýagdaýyny gürrüň berýär, şekillendirýär.

***Şäher peýzažy*** adam eli bilen döredilip, oňaýly gurnalan giňişlik gatlagy bilen tapawutlanýar we öz içine binalary, köçeleri, meýdançalary, seýilgähleri alýar. Binagärçilik peýzažy (*veduta* – perspektiwanyň kanunlary boýunça çekilen şäher peýzažy) şäher peýzažy bilen baglanyşykly, bularyň arasyndaky tapawut suratkeşiň binagärçilik peýzažynda esasy ünsi binagärçilik ýadygärlikleriniň daştöweregi bilen arabaglanyşygyna çekmegidir. Seýilgäh peýzažynda adamlaryň gözellikden lezzet we dynç almaklary üçin döredilen tebigatyň owadan künjekleri şekillendirilýär.

***Industrial peýzažynda*** suratkeş zawodlary, fabrikleri, demir ýol menzillerini, köprüleri gurmakda adamyň ähmiýetini görkezmäge çalyşýar.

***Hyýaly (fantastiki) peýzaž*** – suratkeşiň öz hyýaly boýunça döredilýär.

***Älem (kosmiki) peýzaž*** – ýyldyzlary, planetalary, emeli hemralary suratlandyrýar.

Her bir peýzaža suratkeş özüçe mazmun berýär. Tebigatyň ägirt uly we adam üçin elýetmez şekilini görkezýän peýzaž *gahrymançylykly* keşbi döredýär. Bu peýzažlarda beýik gaýaly daglar, ägirt daragtlar, asuda akýan suw we mifiki gahrymanlar şekillendirilýär.

Binalary bezemek üçin ulanylýan peýzažly suratlar, köplenç, binagärçiligiň üstüni dolmak we ony has täsirli etmeklik üçin ulanylýar. Şonuň üçin hem şeýle peýzaž *bezeg peýzažy* diýlip atlandyrylýar.

Dürli görnüşlerinde adamyň aladalaryny we keýpini görkezmeklige çalyşmaklary peýzaža şahyrana öwüşginleri berdi. Çykgynsyzlygyň, aladanyň, hasratyň we şatlygyň duýgulary peýzažlarda öz beýanyny tapdy.

Peýzaž žanrynda taryhy wakalar hem öz beýanyny tapdy, taryhy wakalary ýatladýan, binagärlik we heýkeltaraşlyk ýadygärliklerini şekillendirýän peýzaž *taryhy peýzaž* diýip atlandyrylýar.

Tebigatyň aýratyn ähmiýetli asuda keşbi *epiki peýzaž* üçin häsiýetlidir. Käte peýzažda dowam edýän tertip bilen ylalaşmaýan harasatly başlangyçlar şekillendirilýär. Ýagyşly bulutlar, topbak bulutlar, harasatly tupan – *romantiki peýzažlara* mahsusdyr.

Tebigat – pähim-parasat kitaby. Bu kitaby okamakda, ondaky gymmatly baýlyga eýe bolmaklyga peýzaž kömek edýär. Ol tebigaty onuň aýratyn ýagdaýlarynda şekillendirýär. Tebigat bizi gönüden-göni her gün okadýar, öwredýär we terbiýeleýär. K.D.Uşinskiý tebigatyň adama oňaýly täsiri barada: “Erk, giňişlik, tebigat, şäheriň ajaýyp görnüşi, güldüne ýaz we altyn güýz biziň terbiýeçimiz bolmanmydy ahyry?” diýip belläp geçipdir.[4]

*Mysaly ýumuşlar:* galam, reňk bilen agaçlaryň suratyny çekmek; reňk bilen “Mähriban ülkäm”, “Meniň Watanymyň bir künjegi” ýaly temalaryň biri boýunça surat çekmek; tebigaty şekillendirýän eserleri synlamak hem seljermek.

## 9. BINAGÄRÇILIK SUNGATY. OTAGYŇ IÇINI SURATLANDYRMAK

Binagärçilik sungaty hem iň gadymy sungatlaryň biri bolmak bilen ilkidurmuş – jemgyýetçilik gurluşy döwründen öz gözbaşyny alyp gaýdýar. Gowaklar, ýerzeminler, çatmalar, çadyrlar, gara öýler, köşkler, galalar, kerwensaraýlar, metjitler, mawzoleýler we häzirki zaman binagärçiligi adamzadyň ähli döwürlerde hem bina gurmak bilen meşgul bolup gelendigine, olary kämilleşdirip şu günki derejesine ýetirendigine şaýatlyk edýär. Binalaryň döreýşi hakynda birnäçe rowaýatlar hem bar.

Köneürgençdäki Törebeg hanymyň mawzoleýiniň täsin gurluşy bar (*19-njy surat*). Ilki bilen onuň gümmeziniň iki gatly bolup, ýylyň ähli pasyllarynda hem binanyň içinde birmeňzeş temperaturanyň saklanmagyna täsir edýändigini bellemek gerek. Sebäbi daşardan gelýän sowuk ýa-da ýyly howa akymy gümmeziň birinji we ikinji gatynyň arasyndaky boşlukda öz güýjüni ýitirýär. Ikinjiden bolsa binanyň iç ýüzüniň kalendar görnüşli gurluşynyň bolmagy has hem täsindir. Binanyň dört diwary – ýylyň dört paslyny, her diwaryň ýokarsyndaky üç aýna bolsa her pasyldaky üç aýy, egindäki ýigrimi dört sany kiçi penjireler bir gije-gündiziň dowamynda bar bolan sagat sanyny, olaryň on ikisiniň ýagty, beýleki on ikisiniň bolsa garaňky bolmagy gije bilen gündizi aňladýar. Gümmeziň özi tegelek şekile eýe bolup, onuň aşagyna çekilen nagyşlar üç ýüz altmyş bäş bölekden düzülip olar, biri-biri bilen utgaşyp, tegelek bir ýyldaky günleriň sanyny we olaryň biri-biri bilen utgaşyp gidýändigini aňladýarlar.





**19-njy surat. Törebeg hanymyň mawzoleýiniň iç görnüşiniň we daş görnüşiniň suraty.** *Köneürgenç XV asyr*

Binagärçilik grafikadan we nakgaşçylykdan tapawutlylykda surat tekizliginde giňişlik dünýäsini şekillendirmän, geometrik göwrümlerden dürli gurluşyklar görnüşinde ýapyk giňişlik gatlagyny – binagärçilik toplumyny we şäherini döredýär. Binagärçilik gurluşygy tehnika we ylym bilen, şeýle hem binagäriň döredijiligi bilen ýaraglanan gurluşykçynyň zähmetiniň netijesidir. Binanyň gurluşy, içki giňişlik we daşky görnüş diňe amatly, berk we köpýyllyk bolman, eýsem çeperçilik taýdan owadan bolmaly, ýagny özünde belli bir pikiri saklamaly. Jemgyýetçilik gurluşygynyň häsiýeti, öňe sürülýän pikirler we onuň bilen baglanyşykly halkyň psihologik ýagdaýlary sungatyň görnüşlerinde öz beýanyny tapýar.

Binagärçilik gurluşyklary bilen janlandyrylan giňişlik we tebigy gatlak özüniň täsirliligi bilen elmydama özüne ünsi çekipdir, sebäbi adamyň eli bilen döredilen guramaçylykly giňişlik diňe özüniň niýetlenen zatlary bilen tapawutlanman, eýsem ol jemgyýetiň durmuşynyň gurluşyny, onuň ruhy hem-de maddy ösüşini görkezýär.

Binagärçiligiň görnüşleri adamyň ol ýada beýleki jemgyýetçilik zerurlygyny kanagatlandyrmak ýörelgeleri esasynda döredilýär. Şonuň üçin özüniň niýetlenilişine baglylykda binagärçiligi şu görnüşlere bölýärler: *ýaşaýyş binalary, raýat-jemgyýetçilik binalary, senagat binalary, bezeg binalary we ş.m.*

Islendik binagärçilik gurluşy üç sany esasy taraplaryny: *binanyň niýetlenilişini, gurluşyny we çeperçiligini* hasaba almak bilen döredilýär.

Ýaşaýyş jaýlary ýaşamak, dynç almak üçin, çagalar üçin, myhman kabul etmek üçin oňaýly bolan otaglardan, aşhanadan we ş.m. durmuş maksatly otaglardan ybarat bolýar. Jemgyýetçilik jaýlary (çagalar baglary, mekdepler, hassahanalar, teatrlar, muzeýler) bir wagtyň özünde birnäçe adama hyzmat etmek üçin niýetlenip, olar uly göwrümli bolýarlar hem-de olaryň gurluşy niýetlenişi bilen bagly bolýar. Meselem, mekdep okuw işleri üçin niýetlenen bolandygy sebäpli okuw otaglary, naharhana, kitaphana, mejlisler zaly bilen üpjün bolýar. Teatrlardyr Ruhyýet köşgi

bolsa sahnadan, tomaşa zalyndan, muzeýlerdir sergi köşgi bolsa arasy bölünen birnäçe zallardan ybarat bolýar.

Gurluş (konstruksiýa) – bu bina bitewiligi, durnuklylygy, berkligi we köp ýyllyk ömür berýän gurluş özenidir. Esasan, binýadyň, sütünleriň, diwarlaryň kömegi bilen ol içki giňişligi ýapýar. Şol bir wagtda daşky giňişligi hem belli bir bölege bölýär.

Binagärler öz işine döredijilikli çemeleşmegi gowy görýärler. Olar binalaryň daşky görnüşini (eksterýer) we içki görnüşini (interýer) hem-de olaryň bezegini binanyň niýetlenilişine laýyklykda amal edýärler. Meselem, Gurjak teatry, Milli Ak bugdaý muzeýi, Ruhnama mekdebi, Ertekiler dünýäsi, çagalar baglaryndaky çagalaryň oýun meýdançalarynyň gurluşy, gül ekilýän ýerler, dürli haýwanjyklaryň we erteki gahrymanlarynyň keşbi bu diýýänlerimize mysal bolup biler. Deňziň kenarynda gämi görnüşinde bina edilen myhmanhananyň dynç alýanlarda döredýän täsiri has hem uludyr. Gäminiň şekilinde gurlan bu binanyň üstünde durkaň deňiz tolkunlarynyň gelip binanyň diwarlaryna urlanda edýän sesi gämide ýüzüp barýan ýaly duýgulary döredýär, sebäbi onuň öň we iki gapdal tarapy suw bilen örtülen. Gäminiň burnundaky boşlukda oturyp, deňzi synlamak ajaýyp täsirleri döredýär.

Merkezi ylmy kitaphananyň binasynyň girelgesiniň öňünde uly küýzäniň şekili oturdylan. Ertekilerde, rowaýatlarda gürrüňi edilýän humly küýzäni ýadymyza salsak kitaphanadaky kitaplar hazynany, küýze bolsa kitaphananyň binasyny aňladýar.

"*Interýer*" sözi fransuz *interieur* sözünden gelip çykyp, ol (otag zal we ş.m) "*jaýyň içki görnüşi*" diýmegi aňladýar. Interýer düşünjesi diňe bir jaýlaryň içki durkuny däl, eýsem, onuň bezegini, amaly-haşam sungatynyň önümlerini (gap-gaçlar we.ş.m) hem öz içine alýar. Şekillendiriş sungatynda, esasan hem, nakgaşçylykda esasy orny interýer eýeleýär, köplenç halatda, interýer jaý bezegini, öý goşlarynyň goýluşyny, wakany we onuň bolup geçýän ýerini (ussahananyň içi, teatryň içi), wagtyny (penjireden gün şöhlesi düşýär, gar ýagýar) açyp görkezmäge ýardam edýär hem-de şekillendirilen gahrymanlara baha bermekde esasy çeper serişde bolup durýar. Interýeri dogry şekillendirmek üçin perspektiwanyň kanunlaryny bilmeklik zerurdyr, sebäbi interýerde gözýetimiň deňinde, gözýetimiň deňinden ýokarda, aşakda ýerleşýän dürli zatlar (gapy, penjire, diwar) şekillendirilýär.

Interýeriň perspektiw gurluşynda diwarlaryň, poluň we petigiň kompozision ýerleşdirilişine üns bermek zerurdyr. Gözýetim çyzygy suratda merkezden ýokarda we aşakda ýerleşen zatlary dogry gurmaklyga kömek edýär. Gözýetim çyzygy suratyň merkezinden ýokarda bolanda otagyň poly oňat görner (*20-nji surat*). Gözýetim çyzygy suratyň merkezinden aşakda ýerleşende bolsa, otag has uly duýlar we petikdäki bezegleri görkezmek amatly bolar.

Suratda merkezi nokat (P nokat) hem uly ähmiýete eýedir. Eger P nokat sagda ýerleşse, onda çep diwaryň köp bölegi görner. Emma tersine çepde ýerleşse welin, sag tarapdaky diwaryň köp bölegi görner.




**20-nji surat. Gözýetim çyzygynyň derejesiniň we görüş nokadynyň üýtgemegi bilen şekiliň üýtgeýşi**

Interýeri çekmezden öňürti, mebel çekmeklige türgenleşmeli. Bu gözýetim çyzygynyň ähmiýetine, dik we kese tekizlikleriň, çuňluklaryň kemelmeklerine, perspektiwada gönüburçly we tegelek şekilleriň kemelme derejesine düşünmäge ýardam edýär. Türgenleşmek üçin stol, oturgyç, diwan çekmek oňaýlydyr.

Soňra interýeri çekmäge geçmek bolýar. Bu ýerde hem iň wajyp zat, mebel çekmekde bolşy ýaly, amatly görüş nokadyny tapmak zerurdyr. Interýeri şekillendirmekde ýagtylygyň ýaýraýşyna, diwardaky zatlara (haly, mebel, tutular, küýzeler) üns bermeli. Ilkinji nobatda has köp duş gelýän diwaryň iki sany durkuna: pola, petige üns bermeli (entek hiç hili goşsuz interýeriň esasy elementi hökmünde) (*21-nji A surat*).




**21-nji surat. Interýeriň şekillendirilişi**

Interýeri iki görnüşde: ýüzbe-ýüz hem-de burçlaýyn ýagdaýda şekillendirip bolýar. Ýüzbe-ýüz suratda gönüburçly diwary çekýärler (*21-nji B surat*). Soňra bolsa gözýetim çyzygynda birikme nokadyny belläp, burçlaryň üstünden göni çyzyk çekýärler. Otagyň içi perspektiwada gurlandan soňra onuň içindäki zatlar çekilýär. Her bir zadyň ýerleşýän ýerini we ölçegini inçe çyzyklar bilen anyklaýarlar, zatlaryň şekilini ýönekeý geometrik göwrümleriň: prizmalaryň, kublaryň üsti bilen aňladýarlar.

Interýeri burçlaýyn ýagdaýda şekillendirmek üçin otagyň burçunyň dik gapyrgasyndan başlaýarlar we bu iş iki sany birikme nokady arkaly amal edilýär. Bu gapdal diwarlary, poly we petigi gurmak üçin ýerine ýetirilýär. Interýeriň burçlaýyn ýagdaýda döredilen giňişlik perspektiwasy içindäki zatlaryň gurluşyna girişmäge mümkinçilik berýär. Onuň yzygiderliligi otagyň ýüzbe-ýüz perspektiwada şekillendirilişine meňzeş (*21-nji Ç surat*).

Binany öň tarapyndan şekillendirmek ýönekeý geometrik şekilleriň kömegi bilen ýerine ýetirilýär: jaýyň diwarlary, penjireleri we gapylary gönüburçluklar, üçegi bolsa üçburçluk ýa-da trapesiýa şekilinde şekillendirilýär. Köp gatly binalar hem şeýle şekillendirilýär. Olary şekillendirmegiň yzygiderliligi gurluşynyň aýratynylygyna bagly: ilki esasy bölegi – binýady, soňra diwarlar, üçek, penjire, gapy we beýleki bölekler şekillendirilýär. Ştrihler bilen tutuş binanyň ölçegleri bellenilýär; çyzyk bilen ýeriň üstüniň araçägi we gönüburçluk bilen binanyň giňişlikdäki görnüşi şekillendirilýär, binýadyň beýikligi anyklanyp, ol pes, uzyn gönüburçluk arkaly çekilýär; penjireleriň beýikligi, gatlaryň arasyndaky aralyk binanyň diwarlarynyň beýikligi bilen deňeşdirilýär we gerek bolan gatlaryň sanyny suratlandyrmak üçin diwary näçe bölege bölmelidigi anyklanylýar. Şu böleklerde penjireleriň beýikligi bellenilýär we onuň ýokarky we aşaky böleginden çyzyklar çekilýär; kömekçi çyzyklaryň gerekmejegini bozup, penjiräniň şekili alynýar, gapy hem şeýle görnüşde şekillendirilýär. Soňra üçek, karniz we bezeg elementleri şekillendirilýär.




**22-nji surat. Binanyň burç perspektiwasynda şekillendirilişi**

Tutuş binanyň şekiliniň bölekleýin görkezilişinden soň oňa reňk berip başlanýar. Eger binalaryň şekilini akwarelde reňklemeli bolsa “gury işlemek” usulyny ulanmak talabalaýyk bolar. Reňk bermek umumy kölegeli ýerlerden, zatlardan düşýan kölegelerden, binanyň ýere düşýän kölegesinden, şöhlelenmelerden başlanýar. Has täsirli kompozisiýanyň bolmagy üçin, esasan, binalar (ymaratlar, galalar, şäher köçeleri, oba jaýlary) daş-töwerekdäki tebigat (agaçlar, suw howdanlary we ş.m.) bilen bilelikde görkezilýär.

Burçlaýyn ýagdaýdaky binany onuň öň we gapdal diwary bilen bile şekillendirýärler (*22-nji surat*). Ilki bilen binanyň ini-boýy bellenenden soňra bize golaý duran burçunyň gapyrgasynyň beýikligi dik çyzyk bilen bellenýär. Çyzykdan saga we çepe gerekli ýapgytlykda çyzyklar geçirmek arkaly gözýetim çyzygynda bize golaý duran burçuň sag tarapyndan we çep tarapyndan birikme nokatlaryny ($F_1$, $F_2$) tapýarys. Binanyň şekili doly gurlandan soň binanaýň ýokarky burçundan gözýetim çyzygy bilen ugurdaş göni çyzyk geçirip, deň böleklere bölýäris onuň gutarýan ýerinden bolsa göni çyzygy binanyň bizden uzakdaky burçunyň üstünden geçirip, gözýetim çyzygy bilen kesişýänçä dowam etdirýäris we birikme nokadyny (b.n.) tapýarys. Gözýetim çyzygy bilen ugurdaş geçirilen çyzygymyzy deň böleklere bölýän her nokatdan soňky tapylan birikme nokadyna tarap kömekçi çyzyklary geçirýäris. Şol çyzyklaryň bina bilen galtaşýan ýerinden dik çyzyklary binanyň tutuş boýuna geçirýäris. Şeýdip biz penjireleriň inini we olaryň arasyndaky boşluklaryň ýerini tapýarys. Soňra bolsa bize golaý duran penjiräniň beýikligi bellenýär we onuň aşagyndan hem-de ýokarsyndan birikme nokadyna ($F_2$) tarap kömekçi çyzyklar geçirilýär. Binanaýň şekili doly gurlandan soň kömekçi çyzyklar bozulyp aýrylýar, şekil ştrih bilen işlenilýär ýa-da reňklenýär.



**23-nji surat. Jaýlaryň perspektiw gysgalyşyny görkezýän surat**

*Mysaly ýumuşlar:* galam bilen bir we iki birikme nokatlary arkaly otagyň içiniň suratyny çekmek.

# 10. GUŞLARYŇ WE HAÝWANLARYŇ SURATYNY ÇEKMEK

Şekillendiriş sungatynda haýwanlaryň şekili animalistik žanra degişli bolup, bu žanr XVII asyrda Gollandiýada özbaşyna žanr hökmünde dörän hem bolsa onuň taryhy kökleri ilkidurmuş adamlarynyň sungatyndan öz gözbaşyny alyp gaýdýar. Aw sahnalarynda şekillendirilen haýwanlar, haýwanlaryň eldekileşdirilmegi, maldarçylygyň döremegi, edebi eserlerde, sungat eserlerinde olara orun berilmegi (Gyrat, Dordepel, Ýanardag), olara adam häsiýetleriniň berilmegi, belli bir döwrüň oňany hasaplanmagy (gök böri, öküz, bürgüt, bedew), dünýä meşhur ahalteke atlary, alabaý tohumyndan bolan itler; dürli tomaşalaryň guralmagy – at üstündäki oýunlar, at çapyşyklar, it urşy, goç urşy, tazylar, elguşlar haýwanat dünýäsiniň adamzat durmuşynda wajyp orun tutýandygyny subut edýär. Goraghanalaryň, haýwanat baglarynyň döredilmegi bolsa olar hakda hemişe alada edilýändigine şaýatlyk edýär. Haýwanat dünýäsi käbir suratlarda esasy orun tutýan bolsa (*24-nji surat*), käbir suratlarda gahrymanlaryň töweregindäki gurşawda şekillendirilýär.



**24-nji surat. A. Hajyýew.** ***“Irki bahar”***

Adam bilen guşlaryň gurluşynda meňzeşlik köp. Guşlaryň oňurgasy bar, boýun bölegine has-da uzalan döş, döş süňküne döş eti birikdirilen, olar ganaty herekete getirýär. Inçe bil oňurgasy süňküň özboluşly gurluşyna eýe (adamyň ýaýjyk süňki we kebzesi hem şolar ýaly) bu bolsa ganatlarynyň gerimine kömek edýär. Çanaklyklary ýeňil we inçe, yz tarapyndan oňurganyň guýrugy herekete getirýän guýruk bölegi öňe çykýar. Aýak bilen çanaklygyň birikdirilmegi guýrugyň aşagynda ýerleşýär. Käbir guşlaryň dabany diňe direg bolýar (ördek, horaz, kepderi), ýabany guşlaryňkyda tutýan hereketi bar, şol sebäpli olaryň dabany uly we güýçli bolýar.

Guşlaryň beden gurluşy we ýelekleriniň reňki dürli-dürlüdir. Olaryň göwresiniň esasy bölegini süýri togalak (owal) şekilinde çyzyp, göwräniň esasy bölegini şekillendirenden soňra kellesini we çüňküni, ganatyny, guýrugyny, aýagyny şekillendirseň amatly bolýar.

Haýwanlaryň beden gurluşy, beden agzalarynyň ýerleşişi we tüýleriniň reňki dürli-dürlüdir. Mümkin bolsa, olaryň gäbini ýa-da aýdyň suratyny getirip görkezmeli hem-de olaryň gurluşyny, häsiýetli alamatlaryny düşündirmeli: tilkijigiň guýrugy uly, tumşugy süýri we mekirje; towşanjygyň gulaklary uly, guýrugy gysga we gorkajyk, ýyndam; itjagaz hüşgärdir; atlar ýyndamdyr. Haýwanlaryň özüne ýa-da olaryň gäbine seredip suratlandyrylsa-da, haýwanlaryň beden gurluşyny, esasan hem, olaryň süňk gurluşyny we muskullarynyň ýerleşişini bilmek gerek, olaryň daşky keşbini, özüni alyp barşyny, örňeýän ýaşaýyş gatlagyny ünsli öwrenmeli. Eger haýwanlaryň beden gurluşyny, hereket edişini, topulyşyny, goranyşyny göz öňüne getirmän surat çekseň, onda hiç haçan sowatly we aýdyň surat bolmaz.

Adam bilen haýwanlaryň beden gurluşynyň arasynda umumylyklar köp: kelle süňki, oňurga süňki, döşi, kebzesi, çanaklygy, el-aýak süňkleri. Haýwanlaryň muskul gurluşy hem adamlaryňka meňzeş, haýwanlaryň hereketi bolsa adamyňkydan çäkli. Adamyň we käbir haýwanlaryň kellesini deňeşdireniňde umumylyk hem az däl: ikitaraplaýyn deňölçegli ýüz süňki, ýokarky we aşaky äň, çekgeler, gözhanasy. Şol sebäpli haýwanlaryň şekillendiriş gurluşy adamyňky ýaly. Adam bilen haýwanlaryň el-aýak hereketleri meňzeşräk (bu epme we ýazma hereketi).

Janly haýwanlara seredip suratlaryny çekmek köp kynçylyklar döredýär, sebäbi haýwanlar, köplenç, hereketde bolýar, şol sebäpli olary suratlandyrmaly bolanda, köplenç, çalt alynýan sudury (набросок) we şekil çekmesi (зарисовка) bilen çäklenilýär. Dowamly işler bolsa, esasan, olaryň gäplerine seredip ýerine ýetirilýär.

**Nabrosok** – zatlaryň we hadysalaryň özüne mahsus şekilini, häsiýetlerini görkezýän basym ýerine ýetirilýän suratlar. Nabrosok ýazyjynyň bellik depderçesi kimin bir zatdyr, käbir zatlary belläp almak üçin suratkeş nabrosogy zatlaryň özüne seredip edip biler ýa-da ýatdan – täsirleri dikeltmek we berkitmek üçin edip biler. Haýsydyr bir eseriň eskizi (taýýarlyk suraty) üçin hyýalyndaky zatlary nabrosok edip biler. Nabrosok görüş ýadyňy ösdürýär, esasy zatlary basym tutup bilmegi öwredýär. Nabrosogyň köpräk çekilmegi eliň hereketiniň sazlanmagyna, gözüňiň bolsa zatlary bitewi görmegine hem-de häsiýetli alamatlaryny duýup bilmegine, suratyň bolsa anyk we täsirli bolmagyna kömek edýär.

Haýwanlar bilen guşlaryň beden gurluşy bilen tanyşlykdan soň haýwanlaryň gäbinden ýa-da janly görnüşinden galam, kömür, sangina, kist, pero bilen birnäçe nab-

rosok etmeli. Suraty çekilýän zatlar çuňňur öwrenilmeli bolsa, nabrosogy we şekil çekmäni dürli haýwanlaryň süňk gurluşyndan başlap ýerine ýetirmek maslahat berilýär. Bu bolsa haýwanyň umumy hereketini: aýagynyň we boýnunyň hereketini, bedeniň böleklerini, beden bölekleriniň birleşmesini öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Nabrosok çekilende saýlanan usulyna görä göni we merkezi çyzykdan başlanyp bilner. Şol haýwanlaryň, guşlaryň hereketini we giňişlikde ýerleşişini görkezýän çyzygyň yzyndan gysga ştrih, çyzyk bilen haýwanyň, guşuň guýrugynyň, aýagynyň, kelläniň, boýnunyň ýerleşýän ýeri görkezilýär, ýa-da şol usula görä, çyzyk bilen haýwany häsiýetlendirýän keşbiň suduryny çyzyp başlamak bolar. Geometrik şekilleriň we shemalaryň kömegi bilen haýwanlaryň nabrosoklaryny çekmek usuly giňden ulanylýar.

Basym surat çekmek (nabrosok) ýerine ýetirilende, esasan, şu aşakdaky tärlerden peýdalanylýar:

– *diňe çyzyklar bilen surat çekmek* – bu usulda şekillendirilýän zatlaryň, beden agzalarynyň diňe daşky sudury çyzyklar arkaly şekillendirilýär;

– *çyzyklar bilen bir hatarda käbir ýerlerine ştrih bermek* – bu tär ulanylanda sudur çyzyklaryndan başga-da şekillendirilýän zatlaryň reňk taýdan tapawutly ýerleri (meselem, gara, goňur tegmilli ýerleri), kölege ýerleri ştrih berlip tapawutlandyrylýar (*25-nji A surat*);

– *shemalar arkaly nabrosok etmek* – bu tärde işlenende zatlaryň şekili ilki umumylaşdyrylyp geometrik şekiller bilen bellenilýär, soňra bolsa çintgäp işlenýär;

– *tegmil ulanyp nabrosok etmek* – bu tär ulanylanda galam ulanmazdan göni reňke batyrylan çotga bilen zatlaryň şekili gurulýar (*25-nji B surat*). Bu usulda işlenende "çygly işlemek" usulyny ulanmak amatly bolar, ýagny reňkler doly güýjünde alnyp bir gezekde öz ýerine oturdylýar.

Haýwanlaryň gäplerine seredip surat çekmekligiň yzygiderliligi bolsa şeýle:

– kagyzyň ölçegine görä şekiliň durjak ýerini kesgitlemek, bellemek;

– haýwanyň göwresiniň umumy suduryny çyzmak;

– beden agzalarynyň ululyk gatnaşyklaryny anyklamak we bellemek;

– aýratyn bölekleri çekmek, onuň suduryny anyklamak;

– keşbindäki, göwrümindäki häsiýetli aýratynlyklaryny, ýüň örtügini ýa-da guş ýelekleriniň ýerleşişini anyklamak;

– ýagty-kölegäniň geçýän araçäklerini bellemek.

Soňra şekiliň kölegeleri (öz kölegesi, ýarym kölege, ýere düşýän kölege) ştrihlenýär. Ştrihler kem-kemden güýçlendirilip goýaldylýar, aýratyn bölekler anyklanyp (boýun, döş, arka, pilçe) göwrümli işlenýär. Olaryň tüýüniň, ýelekleriniň ýerleşişi, ugry kesgitlenýär, ştrihler bilen olaryň ýumşaklygy, näzikligi görkezilýär.

Eger şekil akwarel bilen reňklenjek bolsa “gury işlemek” usulyny ulanmak amatly bolar, ýagny reňkler kem-kemden güýçlendirilip, reňk birnäçe gat goýulýar (*25-nji Ç surat*).

Suw balyklaryň ýaşaýyş gatlagydyr. Onuň dykyzlygy, çuňlugy, ýerleşişi balygyň şekiliniň aýlawly, süýrümtik, öňden we yzdan ýiteldilen, gapdallardan bolsa gysylan göwresini kesgitledi. Olaryň bedeniniň gurluşy, ululygy we ýaşaýyş şertleri dürli-dürlüdir.




A




B




Ç

**25-nji surat. Haýwanlaryň we guşlaryň suratynyň çekilişi:**
*A – galamda ýerine ýetirilen nabrosok; B – reňkli tegmiller bilen ýerine ýetirilen gözleg;*
*Ç – totyguşlara we towşanlara seredilip, reňkde ýerine ýetirilen suratlar*




**26-njy surat. Haýwanlaryň we guşlaryň suratynyň çekilişi:**
*A – çekirtgäniň we horazyň reňk bilen şekillendirilişiniň yzygiderliligi; B – ördegiň we atyň galamda şekillendirilişiniň yzygiderliligi; Ç – balygyň suratynyň çekilişiniň yzygiderliligi*

*Mysaly ýumuşlar:* galam, reňk bilen guşlaryň, haýwanlaryň gäplerine seredip, dowamly wagtda suratyny çekmek.

## 11. ADAMYŇ SURATYNY ÇEKMEK

Şekillendiriş sungatynda adamyň keşbi esasy orun tutýar, onuň daşky keşbi, ruhy dünýäsi, häsiýeti, pikirleri, duýgulary sungat eserlerinde ýüze çykarylýar.

Nakgaşçylykda, heýkeltaraşlykda we grafikada adamyň ýüz keşbini anyk şekillendirmek portret žanryna degişlidir. Portret çekeninde suratkeş şekillendirilýän adamyň diňe bir ýüz keşbini meňzetmek bilen çäklenmän, onuň ýüz keşbinden, gözlerinden, oturşyndan, geýnişinden özüne mahsus häsiýetlerini, endiklerini, duýgularyny, içki dünýäsini açyp görkezmeklige çalyşýar. Portretler hem ýerine ýetirilişi boýunça dürli häsiýetli bolýar.

Käbir portretler şekillendirilýän adamyň daşky we içki gözelligini görkezip, mähirli şekillendirilip, ýylmap işlenýär.

Jemgyýetçilik ýerlerinde goýmak üçin bolsa jemgyýetçilik wekiliniň dabaraly keşbi şekillendirilip, suratkeş onuň jemgyýetdäki ornuny görkezmeklige çalyşýar. Munuň üçin onuň täsirli ýüz keşbi (başy dik ýagdaýda uzaklara seredýär, oýlanýar), oturyşy (döşi, eginleri dik ýagdaýda) we orden-medallary, sylaglary ulanylýar.

Psihologik portretlerde, esasan, gahrymanlaryň ýüz keşbi: çuň oý-pikire batan, pikiriň dartgynlylygy, başyny dik saklaýan ýa-da başyny sallap oýlanýan pursatlarynda dodaklary, gözleri has hem täsirli şekillendirilip, gahrymanyň içki dünýäsi aýdyňlaşdyrylýar. Suratkeş pikirini aýdyň ýüze çykarmak üçin portretiň kompozisiýasynyň gurluşyny we ölçegini kesgitleýär, gahrymanlaryny döşi bilen bile, biline çenli, dyzyna çenli, bir adamly we köp adamly portretlerde şekillendirýär ýa-da awtoportret döredýär (*27-nji surat*).

A 

B 

**27-nji surat. D. Baýramowyň işleri.**
*A – "Awtoportret"; B – "Türkmenistanyň halk artisti A. Berdiýewiň portreti"*

Portret çekilende iş, esasan, dört tapgyrda ýerine ýetirilýär. Işiň birinji tapgyrynda kagyzyň ýüzünde şekiliň beýikligi, süýri togalak şekilde kelle, bokurdak we eginler ýeňil çyzyklar bilen bellenilýär. Kelläniň şekili yzygiderli anyk görnüşe getirilýär, merkezi çyzyk geçirilýär, ýüzüň ölçegleri alynýar. Bölekleriň ululyk gatnaşyklary deňeşdirilip, burnuň, maňlaýyň, saçyň, boýnunyň ölçegleri kesgitlenýär. Kelläniň aýlaw şekilini ýüze çykarýan umumy kölegesi ýeňil bellenilýär.

Işiň ikinji tapgyrynda kelläniň ownuk bölekleri bolan maňlaý, burun, dodak, göz, gulak gurulýar. Bokurdaga aýlaw şekil berilýär, saçy birnäçe iri böleklere bölünýär, suratyň düşegi ýeňil bellenilýär.

Işiň üçünji tapgyrynda bolsa ähli şekiller: gözüniň ölçegleri, seredýän ugruny, burun ganatlarynyň aýlawy, dodaklary, saçynyň her bir taryna çenli çintgäp işlenilýär. Şol bir wagtyň özünde düşegiň tony hem güýçlendirilýär. Adama esasy häsiýetli keşp berýän göz, burun we dodaklara aýratyn üns berilmelidir. Şolaryň takyk şekillendirilmegi suratyň natura bilen meňzeş bolmagynda möhüm orun tutýar. Maňlaý, ýaňaklar, gulak, saç örtügi hem ünsden düşürilmeli däldir.

Işiň dördünji tapgyrynda ýagty-kölegeli işlemeklige kölegeli we garaňky ýerlerini ştrihlemekden başlanýar. Has garaňky ýerleri işlenilenden soňra ýagty ýerlerine ştrih berilýär. Şekil emele getirýän ştrihler aýlawa görä berilmelidir we olar ştrihlenýän üstüň fakturasyny görkezmelidir. Işiň soňky tapgyrynda surat natura bilen deňeşdirilip, onuň häsiýetli alamatlary we bölekleriň sazlaşygy seljerilýär. Portret reňkde ýerine ýetirilmeli bolsa akwarelde "gury işlemek" usulyny saýlamak amatly bolar.

Göni ýagdaýda we dürli öwrümlerde adamyň ýüz keşbi döredilende dürli ölçegleri ýerine ýetirýärler. 28-nji A suratda adamyň ýüz keşbiniň ölçegleri görkezilendir. Adamyň kellesi süýri togalak görnüşe eýedir. Gözüň üstünden geçirilen kese çyzyk kelläniň umumy beýikligini deň iki bölege bölýär. Burnuň üstünden dikligine geçirilen merkezi çyzyk (simmetriýa çyzygy) bolsa iki sany birmeňzeş deňölçegli şekili gurmaga kömek edýär. Soňra ýüzi şertleýin üç bölege bölýäris: maňlaý saçyň başlanýan ýerinden gaş çyzygyna çenli, gaş çyzygyndan burnuň etegine çenli we burnuň eteginden eňege çenli. Gulagyň ýokarky gyrasy gaşyň deňinde bolar, aşagy bolsa burnunyň eteginiň deňesinde bolar. Ýüzi keseligine suratda görkezilişi ýaly deň bäş bölege bölenimizde (5a) ikinji we dördünji bölekleri göz eýeleýär. Iki gözüň ortasynda gözüň inine laýyk boşluk galar. Ol boşlukda burun ýerleşýändir. Burnuň ganatlarynyň gutarýan ýeri şol boşlugyň inine deňdir. Kelläniň beýikligini hem eňekden başlap saçyň depesine çenli deň ýedi bölege bölýäris (7a). Şeýle edilende bölekleri deňeşdirmek, şekili ýerine ýetirmek aňsatlaşýar.

28-nji B suratda adamyň dürli emosiýalardaky ýagdaýynyň şekillendirilişi, Ç suratda bolsa naturadan adamyň ýüz keşbini reňkde çekmegiň yzygiderliligi görkezilendir. 28-nji D suratda kelläniň dürli öwrümlerde şekillendirilişi görkezilýär.




**28-nji surat. Adamyň suratynyň çekilişi.**
*A – ýüzüň ölçegleri; B – adamyň emosiýalarynyň suratda görkezilişi; Ç – naturadan reňkde adamyň suratynyň çekiliş yzygiderliligi; D – dürli öwrümlerde ýüzüň çekilişi*



**29-njy surat. Galamda we reňkde ýerine ýetirilen gözlegler**

Adamyň tutuş göwresi şekillendirilende ölçegleriň ýerine ýetirilişini, bedeniniň gurluşyny bilmek onuň suratyny çekmekligi ýeňilleşdirýär. Ilki kelle gurluşy öwrenilýär (çerep), soňra süňk gurluşy, eli, aýagy, eliň penjesi, göwresi çekilýär. Süňk gurluşy öwrenilenden soňra (üznüksiz we az wagtlyk) gips nusgasyndan we janly görnüşde göwresi, eliň penjesiniň suratlary ýerine ýetirilýär. Şundan soň adamyň gipsden göwresi çekilýär, soňra janly adamyň suratyny duran ýagdaýyndan başlap çekmäge geçilýär. Adamyň suratyny dogry şekillendirmekde esasy orny onuň özüne seredip dürli görnüşli serişdeler (tuş, kömür, sangina, pastel, akwarel) bilen basym ýerine ýetirilýän suratlary çekmek eýeleýär (*29-njy surat*). Bu suratlarda, esasan, şekillendirilýän adamyň näme iş bilen meşgullanýandygy, beden agzalarynyň ýagdaýy, ölçegi, hereketi, göwräniň häsiýetli alamatlary ýüze çykarylýar.




**30-njy surat. Adamyň hereketdäki ýagdaýlaryny görkezýän gurnawyň ýasalyşy**



**31-nji surat. Kagyz bölejiklerinden adamyň hereketli ýagdaýynyň şekilleriniň düzülişi**

Adamyň bedenini hereketdäki ýagdaýynda şekillendirmek has hem gyzyklydyr. Eşikdäki ýygyrtlar adamyň beden agzalarynyň ölçeglerini we göwräniň hereketini ýüze çykarmaklyga kömek edýär. Adamyň hereketdäki ýagdaýyny dogruçyl suratlandyrmak üçin onuň şekiliniň hereketlendirilýän gurnawyndan peýdalanmak amatlydyr. Bu gurnawy ýasamak üçin ilki adam bedeniniň agzalaryny gaty kagyzdan aýratynlykda kesip taýýarlamaly (*30-njy surat*). Soňra bolsa şol bölekleri hereketlener ýaly ýagdaýda suratda görkezilişi ýaly berkitmeli. Gurnawyň elini, aýagyny, göwresini egmek we hereketlendirmek arkaly şekiliň dürli hereketlerdäki ýagdaýlaryny düzmek bolýar.

Şeýle hem kagyz bölejikleri arkaly hem adamyň dürli hereketdäki ýagdaýlaryny düzmek bolar (*31-nji surat*).

Dürli döwürlerde dürli halklar tarapyndan tutuş göwräni dolulygyna şekillendirmegiň kanonlary (düzgünleri) – göwräniň nusgalyk ölçegleri işlenip düzüldi. Häzirki döwürde ulanylýan kanon kelläniň beýikligine deň bolan modul (modul – ölçeg birligi) boýunça gurlan. Kelläniň beýikligi ortaça 22 sm hasaplanýar we känbir üýtgemeýär. Adamyň boýy uzyn bolanda (180 sm) kelle tutuş göwrä dikligine sekiz sapar ýerleşýär. Adamyň boýy orta boýly bolanda (165-170 sm) kelle göwrä ýedi ýarym sapar, boýy pes (165 sm kiçi) adamyň kellesi göwresine ýedi sapar ýerleşýär (*32-nji A surat*). Mekdep okuwçysynyň kellesi göwresine bäş sapar, çaganyňky dört sapar ýerleşýär. Uly adamyň kellesiniň ölçegi eliniň uzynlygyna üç sapar, eginlerine bolsa iki sapar, aýaklarynyň uzynlygyna bolsa dört sapar ýerleşýär. Adamyň boýy ellerini gapdala açanyndaky uzynlygyna deňdir.

Adamyň keşbi dowamly wagtda ýerine ýetirilende suratda şekiliň göwrümini, eşikleriniň aýratynlygyny, interýeri gurşap alýan zatlary, giňişligi hem şekillendirmeli.

Hereketli ýagdaýda adamy şekillendirmek onuň bedeniniň süňk gurluşyny ýada salýan shematik çyzyklardan başlanýar. Soňra şekil doly ýerine ýetirilip reňklenýär (*32-nji B surat*).




A B

**32-nji surat.**

*A – adamyň bedeniniň ölçegleri; B – hereketdäki ýagdaýda adamyň şekillendirilişi*

*Mysaly ýumuşlar:* galam, reňk bilen adamyň suratyny çekmek. Adamyň ýüz keşbini şekillendirmek.

# 12. EDEBI ESERLER BOÝUNÇA SURAT ÇEKMEK

**Kitap bezegi** – şekillendiriş sungatynyň iň bir giň ýaýran görnüşidir. Edebi eserlere çekilen bezeg suratlary kitaby baýlaşdyrýar we okyja ýazyjynyň pikirlerine çuňňur aralaşmaga kömek edýär. Kitap bezeginde şekillendiriş sungatynyň ussatlary edebi eserleriň manysyny çeper keşpleriň üsti bilen aýdyň we täsirli edip görkezmegi başarsalar, çagalaryň şol eseriň manysyna basym we giňişleýin düşünmegine, gahrymanlary göz öňünde janlandyrmagyna kömek edýär. Sebäbi suratkeş ýazyjynyň beýan edýän pikirini ösdürmäge, ony okyjynyň kabul edişini täsirli etmäge çalyşýar. Çagalar üçin suratlar esasan ýagty we owadan reňkler bilen ýerine ýetirilýär. Çagalaryň gözellik duýgularynyň kämil bolmagyna eseriň mazmuny we ýazgylaryň owadanlygyndan başga-da kitabyň daşky bezegi, titul sahypasy, başlanma suratlary, suratlandyrmalar, soňlama suratlary, kitabyň ölçegi, ulanylýan kagyzyň hili hem köp derejede täsir edýär.

***Başlanma suratlary*** – kitapdaky bölümleriň, baplaryň, goşgularyň, hekaýalaryň, ertekileriň ady bilen baglanyşykly, şolary açýan, olaryň başynda gelýän suratjagaz ýa-da nagyşjagaz (*33-nji surat*).

***Suratlandyrma*** (illýustrasiýa) – ertekileriň, hekaýalaryň, goşgularyň mazmuny bilen baglanyşykly, olara düşünmäge kömek edýän surat.

***Soňlama*** – kitabyň ýa-da onuň bölüminiň, hekaýanyň, ertekiniň soňky sahypasynynyň ahyrynda berilýän suratjagaz, nagyşjagaz.

Kitabyň daşky bezegi çaganyň ünsüni özüne çekýär, gyzyklanma döredýär, manysy hakynda maglumat berýär, titul (baş, ilkinji) sahypasynda bolsa eseriň ady, awtoryň we suratkeşiň ady we familiýasy şeýle hem tekst bilen baglanyşykly uly bolmadyk surat ýagny eseriň gahrymanlarynyň portretleri ýa-da çylşyrymly bolmadyk bir pursady, neşirýatyň ady, neşiriň çykan ýeri we ýyly görkezilýär.

Edebi eserlere suratlandyrmalar ýerine ýetirilende ilki edebi eser bilen içgin tanyş bolunýar, wakalaryň yzygiderliligi, ýazyjynyň pikiri öwrenilýär, şekillendirmek üçin keşpleriň we pursatlaryň has täsirlisi saýlanyp alynýar hem-de wakalary suratlandyrýan birnäçe gözlegler edilýär. Suraty çekiljek gahrymanlaryň häsiýetleri we daş keşpleri, wakalar has aýdyň sypatlandyrylan bolmaly. Suratkeş eserdäki keşpleriň dünýäsine aralaşýar we olary göz öňüne getirip görýär. Eseriň gahrymanlaryna (akyldara, merde, namarda, ýalta) mahsus keşpleri gözleýär. Toslama keşpler suratlandyrylanda bolsa (sumrug guşy, bilbilgöýä, şamar, döw) şol şekiller adaty keşplere käbir artykmaçlyklary goşmak arkaly amal edilýär (döw – äpet adam şekilli bolup, onuň ýeke gözi ýa-da üç gözi, şahy bolup biler). Ertekilerdäki baglar hem adaty baglardan tapawutly bolýar, olar has owadan ýa-da gorkunç edip şekillendirilýär. Zatlara has hem owadan şekil berlip, dürli nagyşlar we dürli reňkler bilen bezelýär. Şowly tapylan keşpler islendik wagt şol gahrymanlary tomaşaçynyň göz öňünde janlandyrmaga kömek edýär. Meselem, Böwenjik, Ýartygulak, Akpa-

myk, Aýaz baba, Görogly, Gyrat diýen sözleri okanyňyzda ýa-da eşideniňizde derrew şolaryň keşbi siziň göz öňüňizde janlanýar. Sebäbi bu gahrymanlara özlerine mahsus başgalara meňzemeýän keşp berlen.

A




B




Ç




D



**33-nji surat. Suratçy M.Gylyjowyň "Akpamyk" ertekisiniň fransuz dilinde neşir edilen kitapçasyna çeken bezeg suratlary.**
*A – kitabyň daşgky bezegi, B – titul sahypasy, Ç – suratlandyrma, D – soňlama*

Suratlandyrmalar çekilende ilki pikir döreýär, soňra bolsa birnäçe gözlegler edilip, şowly çykan gözlegleriň birinde her bir gahrymanyň ýerleşmeli ýeri, ölçegi, olaryň arasyndaky mazmun baglanyşygy, reňk çözgüdi tapylýar. Öňe çykarylmaly zatlar, hereket, ýüz keşplerdäki aýratynlyklar bellenilýär. Olary gurşap alýan zatlar bolsa şol gahrymanlaryň ýaşan döwrüne gabat gelmeli, ýagny jaýlar, ulanylýan zatlar we eşikler wakanyň bolup geçýän döwrüne mahsus bolmaly. Munuň üçin eserdäki şol döwrüň binalaryny, şol döwürde adamlaryň geýen eşiklerini, ulanan zähmet gurallaryny, ýaraglaryny göz öňüne getirip görmeli, eger käbir zatlar ýadyňa düşmeýän bolsa muzeýlere baryp synlamaly, kitaplardan tapyp seretmeli, kinofilmlere tomaşa etmeli, görmeli we öwrenmeli.

Gözleglerini we pikirini jemläninden soňra suratkeş işiň tamamlaýjy tapgyryna girişýär. Eger gözlegiň ölçegi kanagatlandyrýan bolsa şol ölçegde, eger ol kiçi bolsa ony ulaldyp, arassa kagyza geçirýär. Suratkeş işiň gutarnykly görnüşiniň üstünde işlände olaryň täsirliligini, talabalaýyklygyny barlaýar. Iň soňunda bolsa esasy we ikinji derejeli zatlaryň, wakanyň hem-de pikiriň sazlaşygyny tapýar.

Edebi eserlere suratlandyrmalary çekmeklik we olaryň esasynda şekil ýasamaklyk çeper eseri pikirlenip, çuňňur düşünip okamaklygy we seljermekligi hem-de keşpli pikirlenmäni, döredijiligi ösdürýär.

Has gadymy kitaplar golýazma usulynda döredilipdir. Hatdatlar bilen bilelikde suratkeşler hem kitap döretmeklige gatnaşypdyrlar. Olar inisialy (ýazgynyň ilkinji harpy) owadan nagyşlar bilen bezäp ýazypdyrlar, başlanma, soňlama suratlaryny we suratlandyrmalary çekipdirler. Şeýlelikde, miniatýura sungaty (esasan, kitap bezegi üçin ulanylýan kiçi göwrümli nakgaşçylyk eserleri) döreýär. Miniatýuralaryň esasy kompozision aýratynlygy-da suratkeşiň beýik görüş nokadyny saýlamagydyr, ýagny wakalar, esasan, beýik bir ýerde durup synlanýan ýaly ýagdaýda beýan edilýär. Şeýle ýagdaýda kiçi ölçegli ýerde suratkeş öz işinde köp zatlary şekillendirmeklige mümkinçilik tapýar. Miniatýuralaryň ýene-de bir häsiýetli tarapy, ol hem gah-



**34-nji surat. Lukman Hekim.** *Miniatýura*

rymanlaryň egin-eşikleriniň, ösümlik ýapraklarynyň, nagyşlaryň her biriniň çintgäp işlenilmegidir (*34-nji surat*).

Golýazmalarda suratlaryň düşeginiň, käbir ýazgylaryň, nagyşlaryň käbir ýerleriniň altyn we kümüş ulanylyp ýazylan ýagdaýlaryna hem duş gelmek bolýar.

*Mysaly ýumuşlar:* goşgulara, hekaýalara, türkmen halk ertekilerine suratlandyrmalary ýerine ýetirmek.

## 13. DURMUŞY TEMADA SURAT ÇEKMEK

Tematiki (sýužetli, ýagny wakalary beýan edýän) suratlar haýsy hem bolsa bir durmuş hakykatyny ýa-da hyýaly (fantastiki) sahnany, durmuşy we adamlaryň arasyndaky gatnaşygy şekillendirýän suratlardyr. Bu suratlar öz gözbaşyny ilkidurmuş-jemgyýetçilik gurluşy döwründen alyp gaýdýar. Ilkidurmuş adamlary gaýalaryň ýüzünde we gowaklaryň diwarlarynda özleriniň gündeki durmuşy bilen baglanyşykly suratlar çekip galdyrypdyrlar.

Durmuş hadysalarynyň kesgitli çägini öz içine alýan tematiki suratlarda täze keşpler döredilende bu iş döredijilik häsiýetlerine eýe bolýar. Döredijilik bolsa köp pikirlenmegi, ugurtapyjylygy talap edýän işdir. Suratkeş bu eserlerde diňe suratlandyrýan hadysalaryny görkezmek bilen çäklenmän, eýsem şolaryň ýüze çykmagyna sebäp bolýan zatlara öz gatnaşyklaryny beýan etmeklige, onda-da haýsydyr bir özboluşly, täsirli usulda beýan etmeklige çalyşýar. Ýazyjylar, suratkeşler, kompozitorlar, režissýorlar umuman döredijilik işgärleri hemişe gözlegde bolýarlar. Olar öz pikirini öň ulanylmadyk bir usul, tär, ýol bilen ýüze çykarmaklygy gowy görýärler. Çeper eserleri okanyňyzda, suratlary synlanyňyzda ýa-da çeper filmlere tomaşa edeniňizde sungat ussatlarynyň sizi wakalaryň içinden geçirip, kalbyňyzda dürli duýgulary oýaryp bilşi hakynda oýlanyp görseňiz, olaryň döredijiligine baha berip bilersiňiz. Kitaplarda, filmlerde, şekillendiriş sungatynyň eserlerinde wakalaryň beýan ediliş ussatlygy millionlarça okyjylary ýa-da tomaşaçylary özüne çekýär.

Döredijilik işi bilen meşgul bolýan wagtynda suratkeş işlenýän tema boýunça durmuş wakalarynyň ýüze çykyşyny dürli ýagdaýlarda beýan edip görýär. Bu iş gerekli çözgüdi tapylýança dowam etdirilýär. Şol edilen gözlegleriň haýsy birinde wakalar, çeper keşpler, beýan edilýän pikir has täsirli ýüze çykarylan bolsa, işiň kompozisiýa gurluşy ýerine düşen bolsa, şol gözleg has hem çuňlaşdyrylyp işlenilýär. Soňra bolsa gahrymanlaryň ýüz keşbi, olaryň hereketi, eşigi, ulanýan zatlary we daş-töweregini gurşap alan zatlar has içgin öwrenilýär, naturadan birnäçe suratlandyrmalar, etýudlar ýerine ýetirilýär. Eger taryhy temadan iş ýerine ýetirilýän bolsa, öz hünärmentçilik tejribäňi baýlaşdyrmak maksady bilen muzeýlerde ýa-da kitaplar boýunça, şol suratlandyryljak döwrüň binalaryny, adamlaryň geýimlerini, ulanan zatlaryny öwrenmek has hem peýdalydyr.

Şu zatlar taýýar edilenden we öwrenilenden soňra dörediljek eseriň ululygynda gaty kagyzyň ýüzünde ähli zatlar şekillendirilip, olaryň her bir bölegi çintgäp işlenýär. Soňra gaty kagyzdaky şekil esasy surat dörediljek tekizlige geçirilýär we doly işlenilýär.

Çeper eserlere bezeg suratlary ýerine ýetirilende keşpler ýazyjynyň taraşlan keşplerinden döredilýän bolsa tematiki suratlarda wakanyň mazmunyny we keşpleri suratkeşiň özi döredýär we taraşlaýar. Bu eserlerde suratkeşiň işjeňligi, synçylygy, maksada okgunlylygy, döredijilik ukyby, çeperçiligi, hyýalyndaky zatlary beýan edip bilşi aýdyň ýüze çykýar.

Şekillendiriş sungaty boýunça mugallymçylyk mekdebiniň talyplarynyň okuw-döredijilik işiniň esasylarynyň biri tematik kompozisiýadyr.

Tematiki suratlar mazmuny boýunça taryhy, batal we durmuşy žanrlara bölünýär. Beýle suratlarda, esasan, täsirli çeper beýan ediş serişdesi gapma-garşylykdyr (uly-kiçi, garry-ýaş, güýçli-ejiz, ak-gara).

Tematiki suratlarda wakanyň iň bir gyzykly pursaty şekillendirilýär, olara seredeniňde suratlandyrylýan wakadan öň we soň nämeleriň bolup geçendigini pikiriňde çekip oturmaly. Tematiki suratlaryň düzüm bölegine natýurmort, peýzaž, portret hem girip biler.

Tematiki suratlarda okuwçylaryň şahsy aýratynlyklary, olaryň çeperçilik başarnyklarynyň ösüş derejeleri, daş-töwereginiň gözelliginiň täsirleri has aýdyň ýüze çykýar. Tematik kompozisiýalaryň ýerine ýetirilmegi diňe gündeki durmuş bilen baglanyşykly zatlary, haýwanlary, adamyň bedenini çekmeginiň belli bir endiklerini däl-de gowy ýatkeşligi, synçylygy, pikirlenmegi hem talap edýär. Ähli görkezilen endikler kompozision surat çekmäniň netijesinde ösýär. Temalar boýunça surat çekmek okuwçylaryň 1-nji synpdan başlap şekillendiriş sungaty boýunça okuw döredijilik işleriniň esasy görnüşleriniň biri bolup durýandygy sebäpli çagalara şekillendiriş sungatynyň esaslaryny öwretmek, kompozisiýanyň kanunalaýyklyklaryny we çeper beýan ediş serişdelerini düşündirmek geljekki mugallymlardan şu ugur boýunça has çuňňur düşünjesiniň bolmagyny talap edýär.

Tematiki kompozisiýanyň täsirliligi, esasan, şu aşakda sanap görkezilen zatlara we kompozisiýanyň gurluşyna bagly bolup durýar.

Işiň mazmuny kesgitli ölçegi talap edýär, surat çekmek üçin kagyzyň ölçegini (format) dogry saýlap bilmeli (uzyn gönüburçluk, inli gönüburçluk, töwerek, kwadrat). Uly ölçegli işlerde uly many-mazmun, wajyp meseleler, beýik wakalar, beýik şahsyýetleriň keşbi beýan edilýär.

Şekillendirilýän zatlary kagyz giňişliginde *sazlaşykly ýerleşdirmeli* (komponowka), her bir zadyň ýerini, baglanyşygyny, ölçegini kesgitlemeli.

Suratyň reňk çözgüdini, *reňk sazlaşygyny* (kolorit) tapmaly. Türkmen suratkeşleriniň eserlerinde, esasan, ýyly reňkler agdyklyk edýär. Bu biziň tebigatymyzyň, milli egin-eşiklerimiziň ýyly reňklere baýdygy bilen düşündirilýär.

*Zatlaryň maddy düzümini* anyklamaly. Suratkeşler suratda dürli reňkleýiş usullaryny ulanyp, eseriň täsirliligini ýokarlandyrýarlar. Meselem, zenan gözelligi, näzikligi wasp edilýän işlerde ýylmap işlemek bilen çotganyň yzyny ýitirýärler, ägirtligi, güýji görkezmeli işlerde uly mazoklar goýup işleýärler.

*Esasy zady öňe çykarmak, tapawutlandyrmak* hem eseriň kompozision gurluşynda wajyp orun tutýar. Bu iş dürli usullarda amal edilýär. Meselem, käbir ýagdaýlarda baş gahryman beýlekilerden uly şekillendirilýär, emma bu ýagdaý perspektiwanyň kanunlaryna laýyklykda amal edilýär (A.Hajyýewiň "Boýunegmezek" atly işinde Magtymguly Pyragynyň keşbine seret). Käbir ýagdaýlarda bolsa eseriň beýleki gahrymanlarynyň nazary baş gahrymana tarap gönükdirilen bolýar ýa-da reňk gapma-garşylygy arkaly baş gahrymany (ýagtylyk düşürmek bilen) beýleki gahrymanlardan tapawutlandyrýarlar (*35-36-njy suratlara seret*). Suratkeşler "Magtymguly öz goşgularyny Azada okap berýär" we "Magtymguly-zergär" atly işleriň ikisinde hem Magtymgulynyň keşbine ýagtylyk düşürmek bilen, ony eseriň baş gahrymany hökmünde öňe çykarýarlar.



**35-nji surat. Ç. Amangeldiýew.**
***"Magtymguly öz goşgularyny Azada okap berýär"***



***"Boýunegmezek"***



***"Magtymguly-zergär"***

**36-njy surat. A. Hajyýewiň işleri**



**37-nji surat. A. Çakanowa.** ***“Syrly mukam”***

Kompozisiýa düzülende suratkeşiň görüş nokady hem uly ähmiýete eýedir. Görüş nokady gözýetim çyzygyndan ýokarda bolanda surat tekizliginde uly giňişlik emele gelýär. Emma tersine görüş nokady gözýetim çyzygyndan aşakda bolanda ýeriň görnüşi azalyp, asman köpeler. Islendik bir zady oturan ýeriňizden we dik duran ýeriňizden synlap görseňiz, siz şol zatlaryň size görünýän bölekleriniň üýtgeýändigine göz ýetirersiňiz.

Beýikligi aňlatmak üçin gahrymany gözýetim çyzygyndan ýokarda ýerleşdirseň has hem beýik bolar. Meselem, A. Hajyýewiň “Boýunegmezek” atly işini synlanymyzda ussat suratkeş Magtymguly şahyry tomaşaçynyň gözüniň derejesinden ýokarda ýerleşdirmek bilen ony has hem beýgeldýär.

*Gahrymanlaryň ýüzündäki alamatlar, ýagtylyk, kölege, reňk* olaryň häsiýetini, duýgularyny we ýagdaýyny (arkaýyn, aladaly) çuňňur beýan etmeklige kömek edýär.

Şekillendiriş sungatynyň islendik eseriniň esasyny kompozisiýa düzýär. Sebäbi kompozisiýa täsrliligiň, owadanlygyň esasy serişdeleriniň biri bolmak bilen, ilkinji bolup suratçynyň öňe sürýän pikirini, duýgusyny ýüze çykarmaga kömek edýär. Sungat eserini döredende suratkeş özüni gyzyklandyrýan zady kompozisiýanyň üsti bilen beýan edýär, şekillendirilýän zada öz gatnaşyklaryny, garaýşyny görkezýär, oňa ahlak we gözellik taýdan baha berýär. Şeýlelikde, suratkeşiň şekillendirýän zatlary pikir we mazmun taýdan baýlaşdyrylan ýagdaýynda, ol ajaýyp esere öwrülýär.

**Kompozisiýa** – latynça “*compositio*” sözi “*baglanyşyk, düzmek*” diýmekdir. Ol sungat eseriniň manysyna, niýetlenilişine, ýerleşişine, bölekleriniň baglanyşygyna esaslanyp, bir bitewiligi düzýär. Her bir surat ýerine ýetiriljek bolnanda onuň kompozisiýasy esasy orunda durýar. Ýagny, giňişlikde zatlaryň ýerleşiş tertibi owadan, sazlaşykly bolmaly. Suratda şekillendirilen şekilleriň özara ululyk gatnaşygy, many-mazmuny, sazlaşygy ýerlikli bolmaly. Haýsy temadan surat çekilýän bolsa daş-töwerekdäki zat-

lar (öý goşlary, ussahananyň içi, tebigat) şol aýdyljak pikiri goldaýan bolmaly. Gahrymanlaryň eşigi (suratkeş, lukman, işçi, daýhan) we olaryň gurallary (reňk, derman, çekiç, orak) çekilýän suraty has hem labyzly etmäge kömek edýär. Olaryň ýüz-keşbi (şadyýan, gaharly, oý-pikir) ulanylýan reňkler (ýagty, owadan reňkler, gara bulaşyk reňkler) aňladyljak bolunýan pikiri aýdyň ýüze çykarmaga kömek edýär. Her bir suratyň aňladýan manysyna düşünmek üçin sungatyň dili bilen tanyş bolmaly. Meselem: güneşli gün, arassa asman, mawy deňiz – oňatlyk, gün we aý – ýeke, owadan, mähirli.

Ussat suratkeşleriň döreden işlerini synlanymyzda, olaryň öz pikirini ussatlyk bilen beýan edişine (kompozisiýanyň düzülişi, ulanylýan reňkler, ulanylýan zatlar, tebigat, eşikler, gahrymanlaryň ýüz keşbini aňladyşlaryna) göz ýetirýäris.

Kompozisiýanyň düzülişiniň birnäçe çözgüdi bolup biler. Meselem, müsürliler kompozisiýany frizde düzüpdirler, ýagny keseligine ýodajykda wakalary yzygider beýan edipdirler. Bu kompozisiýalarda şekiller bir hatarda biri-biriniň yzynda many taýdan we hereket taýdan berk baglanyşyklylykda gaýtalanýar.

Mundan başga-da kompozisiýany atanaklaýyn, ýapgyt, gytak (diagonal) düzýärler. Muňa mysal edip belli suratkeşler Ç. Amangeldiýewiň “Magtymguly öz goşgularyny Azada okap berýär”, A. Hajyýewiň “Boýunegmezek” we “Magtymguly-zergär” atly işlerini görkezmek bolar.

Suratkeş Y. Gylyjowyň “Şatlykly gün” atly triptihiniň (*38-nji surat*) merkezi bölegindäki gahrymanlar aýlawly düzülen kompozisiýada ýerleşdirilipdir. Sag we çep ganatlardaky sazandalar bolsa ýarymaý görnüşinde ýerleşdirilipdir.



**38-nji surat. Y. Gylyjow. *“Şatlykly gün”*.** *Triptih*

Kompozisiýa düzülende birnäçe esasy kanunlaryny göz öňüne tutmak bilen düzýärler. Kompozisiýanyň esasy kanunlarynyň berjaý edilmegi şekillendiriş sungatynyň ähli görnüşleri we žanrlary üçin möhümdir. Olar şu aşakdakylardyr.

***Mazmunyň we şekiliň bitewilik kanuny***

Sungat eserini döretmek üçin döredijilikli işlemek munuň özi duýgularyňy, pikiriňi şekile siňdirmekligi, pikiriňi has çuňňur açyp görkezýän şekillendiriş we kompozision serişdeleri gözlemekligi aňladýar.

Işiň mazmuny tomaşaçy tarapyndan kabul edilýär, ol ony tolgundyrýar, onda duýgulary we pikiri oýarýar. Eger suratkeş mazmuny şekiliň üsti bilen oňat görkezip bilen bolsa, onda tomaşaçy şekili hakyky giňişlikde görenindäki ýaly duýgulara gaplanýar we ol çeper keşbiň täsirinde bolýar.

Ähli şekillendiriş serişdeleri esasy maksada, ýagny mazmuny açyp görkezmeklige gönükdirilen bolmaly, bu bolsa esere bitewilik berip biler we esasy zady öňe çykarmaklyga kömek eder.

***Bitewilik kanuny.*** Bitewilik kanunyny eseriň bir bitewilik hökmünde kabul edilmegini üpjün edýär. Bu kanun eseriň ähli bölekleriniň ýeke-täk pikire, pikir-mazmuna tabyn bolmagyny talap edýär, ýogsam kompozisiýada dagynyklyk emele geler. Eger bir sany sýužetli kompozision merkeze derek biri-birine tabyn bolmadyk iki we ondan-da köp merkez dörese onda zatlaryň dogry şekillendirilmegine seretmezden bu iş bitewi seredilmez. Işiň täsirliligi bolsa suratkeşiň ikinji derejeli zatlary esasy zatlara baglanyşdyryp, ählisini bitewi bir göwrä öwrüp bilmegine bagly bolýar.

Bitewilik kanuny wakanyň merkezindäki gahrymanlaryň daş-töwerekdäki beýleki zatlar bilen täsirli gatnaşygynyň anyk tapylmagynda ýüze çykýar.

Şeýle hem bitewilik kanuny wakanyň duýguly we pikirlenmegi talap edýän gurluşynda, hereketiň kesgitli, anyk hem-de sazlaşykly çözgüdinde, gahrymanlaryň duýgy ýagdaýynyň aňladylyşynda hem ýüze çykýar. Abzal nakgaşlygynda giňişligiň, reňkiň we ton gatnaşyklarynyň bitewiligi amal edilmelidir.

***Tipizasiýa kanuny.*** Tipizasiýa durmuş hakykaty bilen bagly bolan çeper keşbi döretmegiň ýene-de bir wajyp kanunlarynyň biridir. Durmuş hadysalaryny umumylaşdyrmak bilen, suratkeş olaryň kanunalaýyk häsiýetlerini anyk çeper keşpleriň üsti bilen suratlandyrýar. Hadysanyň bolup geçýän ýagdaýynyň we häsiýetleriň özüne mahsus görnüşini tapmak tipizasiýa kanunynyň bir bölegidir. Eser döredýän wagtynda suratkeş geljekki gahrymanlaryň özüne mahsus keşplerini tapýar (Ýartygulak – kiçijek, Böwenjik – çişik). Kompozisiýanyň kanunlaryny bilmek bilen ol wakalary we gahrymanlaryň häsiýetlerini açyp görkezýär, şeýlelikde, çeper keşpleriň täsirliligini gazanýar.

Bu kanunyň ikinji bir tarapy bolsa hereketdir. Şekillendiriş sungatynda wakanyň haýsy hem bolsa bir pursatyny görkezmek mümkin. Şonuň üçin hem suratkeş şekillendirmek üçin wakalaryň has gyzykly, täsirli pursatlaryny saýlaýar. Eseri synlaýan tomaşaçynyň şekillendirilýän pursatdan öňki we soňky ýagdaýy göz öňüne getirip bilmegini gazanmaklyga çalyşýar. Diňe şonda tomaşaçynyň hereketi wagt bilen duýmagyny gazanyp bolar. Şu kanunyň berjaý edilmezligi kompozisiýanyň gowşaklygyna getirýär. Hat-da gahrymanlar hereketdäki ýagdaýda şekillendirilýän hem bolsa olar diňe hereketi aňladýarlar, durmuşy bolsa görkezip bilmeýärler.

Bu kanunyň üçünji tarapy bolsa täzeçillikdir. Realistik sungat diňe hakykaty dogry şöhlelendirmek bilen çäklenmeýär. Suratkeşler eseriň temasyny we çeperçilik serişdeleri, kompozision çözgütleri saýlanlarynda täzelik ornaşdyrmaga çalyşýarlar. Suratkeş öňki ulanylýan tärleri ussatlarça ulanmak we sungatyň öňki gazananlaryna daýanmak bilen çäklenmän, ol ony baýlaşdyrmaga çalyşýar, ýagny döredijilik gözleglerini edýär.

***Gapma-garşylyk kanuny.*** Tebigatda we durmuşda gapma-garşylyk kanunlary bardyr. Gapma-garşylyk gatnaşyklary zatlaryň we olaryň hiliniň aýratynlygynyň kesgitli beýan edilen tapawudyny aňladýar. Tebigatda reňk gapma-garşylygy (gyzyl, ýaşyl), ton gapma-garşylygy (ýagty we garaňky), şekil gapma-garşylygy (inçe we ýogyn), ölçeg gapma-garşylygy (uly we kiçi) we ş.m. bardyr.

Gapma-garşylyk reňkleriň, şekilleriň, hereketleriň gapma-garşylygyny, şekillendirilýän gahrymanlaryň psihiki ýagdaýynyň we ş.m. gapma-garşylygyny beýan etmegi göz öňüne tutýar. Gapma-garşylyk köp halatda çeper eseriň emosional täsirini kesgitleýär we täsirli serişdeleriň biri bolup durýar. Şekiliň, ýagdaýyň, reňkiň gapma-garşylygy aýdyň kabul edilýär.

Şeýlelikde, sungat eserlerinde gapma-garşylygyň aýratyn görnüşleri ýa-da bir wagtyň özünde birnäçe görnüşleri ulanylýar. Gapma-garşylyklar eseriň mazmunyny ýüze çykarmaga, täsirliligini güýçlendirmäge, hereketiň bitewiligini döretmäge we kompozisiýanyň birligini döretmäge kömek edýär.

*Ähli kanunalaýyklyklaryň we kompozision serişdeleriň ideýa-mazmuna boýun egmek kanuny.*

Bu kanun suratkeşi bitewi kabul edilýän, täsirli, ideýa-mazmunly we ýokary çeperçilikli eser döretmeklige borçlandyrýar. Onuň talaby eseriň ähli bölekleri şekiliň we kompozisiýanyň gurluşyna bagly bolman, eseriň ideýa-mazmunyna boýun bolmalydyr.

Seredip geçen ähli kanunlarymyz döredijilik işiniň tutuş dowamynda bolup, olar biri-birinden üzňe bolman, kompozisiýanyň üstünde işlemekligiň ähli tapgyrlarynda biri-biri bilen jebis baglanyşyklydyr.

Görkezilen kanunlardan başga-da kompozisiýada täsirli serişdeler we tärler ulanylýar. Kompozisiýanyň täsirli beýan ediş serişdelerine: ritm; sýužet – kompozision merkezi; simmetriýa ýa-da asimmetriýa; esasynyň ikinji giňişlik gatlagynda (planynda) ýerleşdirilmegi; grafikanyň, nakgaşçylygyň, heýkeltaraşlygyň şekillendiriş serişdeleri bolan çyzyk, öwüşgin, reňk degişlidir.

*Ritm* – kompozisiýada şekiliň (şekilleriň) tapgyrlaýyn gaýtalanmagy we gezekleşmegi. Ritm aksentiň (aksent – gaýtalanýan şekil, reňkli tegmil) we interwalyň (aksentleriň arasyndaky aralyk) özara baglanyşygyndan döreýär. Ritm kada boýunça haýallaşdyrylan, çaltlaşdyrylan, tupanly, dinamiki hereketi ýüze çykarýar.

*Sýužet-kompozision merkez* kompozisiýanyň özüne üns çekýän bölegini görkezýär we wakanyň esasyny ýüze çykarýar. Bu merkezde esasy gahrymanlar şekillendirilýär. Beýleki zatlar bolsa şolaryň täsirini güýçlendirmek üçin hyzmat edýär.

*Simmetriýa, massa, şekil, reňk we öwüşgin* bolsa kompozisiýanyň bölekleriniň takyklygyny göz öňüne tutýar we kompozisiýanyň hemme elementleriniň birsydyrgynlygyny, ylalaşyklylygyny ýüze çykarýar.

*Esasynyň ikinji giňişlik gatlagynda* (*planynda*) *ýerleşdirilmegi* kompozisiýada psihiki çäkden esasy zada düşünmekligi döretmekligiň zerurlygy şertlendirilen täsirli şerişde bolup durýar. Bu ýagdaýda birinji gatlak ikinjä ýakynlaşma bolup hyzmat edýär.

Kompozisiýada dik ugurlaryň ulanylmagy degişlilikde asudalygyň ýagdaýyny we ýuwaşlygyny görkezmäge kömek edýär. Kese ugurdaş çyzyklar dabaraly ýagdaýy belleýär.

Tema boýunça suratlaryň ýerine ýetirilişiniň yzygiderliligi şeýle:

– öýe ýumuş hökmünde ýörite tebigaty, binalary, adamlary, haýwanlary synlamaklary;

– umumy "iş" eskizini düzmek;

– has gutarnykly shematik görnüşde eskizi çekmek;

– tematik kompozisiýanyň mazmunyny düzýän zatlaryň başlangyç suratlaryny çekmek;

– galamda şekilleri ýerine ýetirmek;

– akwarel ýa-da guaş reňkleri bilen reňklemek, işi tamamlamak.

Okuwçylaryň belli bir sýužeti düzmegini ýeňilleşdirmek üçin olara kömek etmek zerur, ýagny şol bir tema boýunça birnäçe pursatlary hödürlemek gerek.

Daş-töweregi suratlarda has takyk, aýdyň şekillendirmek üçin toplanan durmuş tejribäniň we synlamalaryň ähmiýeti uludyr. Okuwçylaryň döredijilik endiklerini ösdürmekde bir okuw sagadynyň dowamynda şol bir tema boýunça galamda birnäçe gözlegleri ýerine ýetirmekleri hem gowy netijeleri berýär.

*Mysaly ýumuşlar:* "Türkmen milli oýunlary", "Gyş gözelligi", "Nowruz baýramy", "Ýaz güni" we ş.m. temalardan surat çekmek. Öý işi: soňra suratyny çekmek maksady bilen gurşap alan hakykaty, suratlandyrmalary, sungat eserlerini synlamak.

## 14. AMALY-HAŞAM SUNGATY. TÜRKMEN MILLI NAGYŞLARYNY ÇEKMEK

Adamzat öz ýaşaýşynyň dowamynda zähmet bilen meşgullanyp, özünden soňky nesillere yz galdyryp gidýär. Adam diňe daşky gurşawdan peýdalanman, ol daşky gurşawa öz goşandyny goşýar we ony özgerdýär. Adamlar gadymy döwürlerden bäri özleriniň daş-töweregini gurşap alan zatlary we durmuşda ulanýan zatlaryny – ýaşaýyş jaýlaryny, eşiklerini, gap-gaçlaryny, öý-goşlaryny bezäpdirler, olaryň gözellik taýdan özüne çekiji bolmagyny isläpdirler. Gadymy adamlaryň zähmet gurallarynda we palçykdan ýasan gap-gaçlarynda ýönekeý nagyşlary – nokatjyklary, göni we tolkun çyzyklary, ýaý şekilli çyzyklary, goşmak şekilli nagyşlary, şeýle hem haýwan we guş şekillerini görmek bolýar.

Geometrik belgiler nagyşlarda tebigy güýçleri aňlatmagyň usulydy. Gadymy nagyşlar daş-töweregi gurşap alan dünýäni, ýeri, asmany, güni, aýy, ýyldyzlary, suwy

alamatlandyrýardy, olaryň üsti bilen ähli diriligi: ösümlikleri, haýwanlary, guşlary şekillendirýärdiler. Nagyşlar diňe bir kiçi şekilde uly zatlary aňladýan belgileriň gurluşy bolman, eýsem adamyň beýik çeperçilik açyşlarynyň biridi. Bu döwürde nagyşlar dekoratiw-bezeg sungatynyň kemala gelmeginiň esasyny goýdy.

Bezeg sungaty zatlaryň millilik häsiýetini, taryhyny, medeniýetini, şol ýurduň ykdysady aýratynlyklaryny hem ýüze çykarýar. Bezeg işleri bilen meşgullanýan adamlar dürli halklaryň edebiýaty, medeniýeti bilen tanyş bolmalydyrlar.

Külalçylyk (keramika), zergärçilik, haly dokamak, agajy, süňki, daşy oýup haşamlamak, demirçilik senedi, keçe döretmek, keşdelemek milli amaly-haşam sungatymyzyň görnüşleridir. Amaly-haşam sungaty diýlende *amal etmek* – ýerine ýetirmek, *haşam* bolsa bezemek diýen manyny aňladýar. Halyçy, zergär we küýzegär ussatlar ajaýyp şekildäki önümi ýasaýarlar ýa-da dokaýarlar we şol bir wagtyň özünde ony haşamlaýarlar, owadan şekillerden önüm emele getirýärler (*39-njy surat*). Bu işleriň haýsy biri bilen meşgul bolanda hem döredijі ussat kompozitoryň saz döredişini, şahyryň goşgy goşuşyny ýadyňa salýar.



**39-njy surat. D. Annaberdiýewa. *“Gözelligiň taryhy”*.** *Triptih*

Adamlar has irki döwürlerden başlap öz ulanýan gap-gaçlaryna owadan şekil bermek, olary ulanmaga oňaýly etmek hakynda pikir edipdirler. Külalçylyk sungatynyň ösmegi bilen olaryň ulanýan gap-gaçlary hem gün-günden kämilleşipdir, owadan keşbe eýe bolupdyr. Eger üns berýän bolsaňyz, suw guýmak üçin niýetlenen gaplar, esasan, togalak şekile eýedir. Bu bolsa olaryň aýlawly diwarlarynyň köp mukdardaky suwuklygy saklamaga, onuň basyşyny götermäge oňaýlydygy bilen düşündirilýär. Suw togalak diwarlaryň ähli ýerine deň basyş edýär. Küýzeler göwreden, bokurdakdan we düýpden ybarat bolup, olaryň syrça bilen ýapylmagy diwarlarynyň suwuň täsiri netijesinde zaýalanmagynyň öňüni alýar we suwuň uzak wagtlap zaýalanman saklanmagyna täsir edýär. Şeýle hem suw ýylmanak ýerde has hem oňaýly akýar, çaýkap dökeniňde, ýuwanyňda bolsa onuň içinde hapa galmaýar. Küýzäniň bokurdagynyň inçelmegi suwy başga bir gaba guýanyňda ähli

suwuň birbada guýulmazlygy üçin hem-de onuň agzyny mata bilen örteniňde amatlydyr, küýze tötänleýin ýykylaýan ýagdaýynda hem onuň içindäki suwuň ählisi dökülmeýär, onuň ýere galtaşýan böwründe hökman suw galar. Şu getirilen mysallardan görnüşi ýaly, zatlaryň şekili olaryň niýetlenilen zadynyň talaplaryna laýyklykda ýüze çykýar. Olaryň daşyna çekilen nagyşlar bolsa niýetlenilişi bilen köp derejede bagly bolýar (*40-njy surat*).

A 
B 
Ç 

**40-njy surat. Keramika önümleri.**
*G. Babaýewa. A – “Gök guşak”; B – “Magtymguly-Pyragynyň lirikasy”;*
*Ç – Ş. Allagulyýewa. “Pasyllar”*

Türkmen gelin-gyzlary ýüňden we ýüpekden ajaýyp haly we haly önümleriniň birnäçe görnüşlerini döredipdirler. Olara mysal edip, düşeklik we ýolluk halylary, at halylary, iki ýüzli halylary, panno halylary, portret halylary, äpet halylary, namazlyk halylary, palaslary, torbalary, horjunlary, çuwallary, gapylyklary, eňsileri görkezmek bolar. Olaryň bezegi hem niýetlenilişi bilen berk baglanyşykly bolup, olar, esasan, geometrik nagyşlary bilen bezelýär.

Türkmen halylarynyň gurluşy hem täsindir. “Toprak”, “Älem”, “Göl” zemin bilen älemiň baglanyşygyny görkezýär. Nesilbaşymyz Oguz hanyň ogullarynyň atlarynyň älemi bina edýän bitewilikler bilen bagly bolşy ýaly halylaryň äleminde hem şol bitewilikleriň reňklerine, öwüşginlerine duş gelmek bolýar. Halylara “teke gölli”, “salyr gölli”, “ýomut gölli” diýilýär. “Göl” sözüniň “oba”, “ýurt” manysy bardyr. Halylara haýsy gölüň salnandygyna seredip onuň haýsy sebitde dokalandygyny aňlamak bolýar. Haly gölleri tor görnüşinde ýerleşdirilip, olarda esasan tebigatyň keşbi, türkmen durmuşy suratlandyrylýar. Halynyň gölleriniň, ara we gyra nagyşlarynyň atlary hem-de şekili bu diýýänlerimize aýdyň mysaldyr (*41-nji surat*).

Saryja goýnuň ýüňi tebigy boýaglar bilen boýalyp, her bir çitimi sünnälenip salnan ajaýyp türkmen halysy diňe bir owadanlygyň nusgasy bolmak bilen çäklenmän, ynsan

saglygy üçin hem peýdalydyr. Gelin-gyzlarymyz tarapyndan keçeleriň hem birnäçe görnüşleri döredilipdir (gara keçe, gülli keçe, namazlyk we ş.m.).



**41-nji surat. Türkmen halysynyň nagyşlary.**

*A – türkmen halysynyň merkezi gölleri: 1 – guşly göl, 2 – pendi göl, 3 – gülli göl, 4 – gabsa göl, 5 – çakmak göl, 6 – dyrnak göl, 7 – sekiz goçakly keýik göl, 8 – örtmen göl, 9 – keýik göl; B – türkmen halylarynyň ara nagyşlary: 1 – gurbaga nagyşly ara göl, 2 – durmuş daragty, 3 – dört sagdakly ýeke şelpeli kölçe, 4 – aýna goçak, 5 – gülýaýdyly dagdan göl, 6 – ak guw, ak nagyş, 7 – gyýak, 8 – gelin barmak, 9 – dagdan, 10, 11 – sary içýan, 12 – dogajyk, 13 – darak, 14 – goçanak we goçak, 15 – düýe diş, 16 – garşylykly goçak, 17 – siňirme, 18 – tegbent; Ç – türkmen halylarynyň gyra nagyşlary: 1 – “ak suwda zynjyr we goçak”, 2 – “ak suwda zynjyr we ýelkenli gämi”, 3 – “ak suwda sekiz burçly ýyldyz we labyr”, 4 – “guş”, 5 – “daragt agajy”*

Zergärçilik önümleri ýasalanda zergär ilki bilen şaý-sepleriň şekiliniň owadan we sazlaşykly, oňaýly bolmagy hakynda alada edýär. Soňra bolsa onuň ýüzünde emele getirýän nagyşlarynyň, şekilleriniň owadan sazlaşykda gaýtalanmagy, bezeg daşlarynyň ululyk gatnaşygy we reňkleriň sazlaşygy hakynda aladalanýar. Şaý-sepler esasan tebigat bilen baglanyşykly ýasalypdyr we bezelipdir. Şelpeli gülýakanyň özi açylýan güli ýada salýan bolsa, onuň şelpeleri gülüň ýapraklaryny, aralyklar bolsa güllerde perwaz urýan kebelekleri ýada salýar. Gyzjagazlaryň geýýän gupbalarynyň käbirlerinde güli, kebelekleri görmek bolýar. Ata-babalarymyz kümüş şaý-sepleriň adam saglygy üçin iňňän uly ähmiýetiniň bardygyny bilipdirler. Kümşüň mikrob gyryjy häsiýeti bolanlygy

sebäpli, şaý-sepler, esasan, kümüşden ýasalyp, olaryň ýüzüne altyn çaýylypdyr, hakyk, pöwrize daşlary bilen bezelipdir. Hakyk daşy gözden-dilden goraýan, dürli kesellerden saplaýan daş hökmünde has hem köp ulanylypdyr. Bulardan başga-da gulagyň halka ötürilýän ýeri nerw damarjyklarynyň üýşen ýeri bolup, gulakhalkanyň hereketiniň we şelpeleriň owazynyň rahatlandyryjy täsiriniň bardygyny hem belläp geçmelidiris.

Şaý-sepleriň gurluşy, bezegi niýetlenişi bilen berk baglanyşykly amal edilýär. Gyzjagazlara (jugurjyklar, şelpeli), gelinlere (maňlaýlyk, egme), gartaşan aýallara (asyklar, heýkeller), oglanjyklara (ok-ýaý, bäzbent), uly ýaşly erkek adamlara (guşak), atlara niýetlenilen şaý-sepler şekili boýunça we bezegi boýunça tapawut edýär. Şaý-seplerini doly dakynan gyz-gelinlere seredeniňde olaryň söweşiji zenanyň keşbine girendigini duýmak bolýar. Çekelikli gupba esgeriň başyna geýýän tuwulgasyny ýatladyp, kelläni, çekelikleri bolsa arkadan hem iki çekgeden boýnuny, bilezikler bolsa goşaryny goramaga niýetlenendir. Gülýaka galkany aňladan bolsa, çapraz-çaňňa, gönjik sowutlary, bukaw, gursakça çaraýnany (gursagy, arkany, iki bykynyňy goraýan demir esbap) ýatladýar. Diýmek şaý-sepleriň saglygy berkidiji, goraýjylyk we bezeg wezipeleri bolupdyr (*42-nji surat*).



**42-nji surat. Türkmen milli şaý-sepleri**

Zergärler dürli deşgiçleri ulanyp, deşmek, kesmek we igelemek arkaly ilki şaýyň ýerliginde dürli nagyşlary döredipdirler, soňra bolsa işilen simleri we dürli şekiljikdäki kümüş we altyn bölejiklerini onuň ýüzüne tutdurmak usulyny hem-de şaýyň ýüzüne nagyş çyzmak we altyn çaýmak usulyny ulanyp, nagyş döredipdirler. Ata-babalarymyz şaý-sepleri ýasamak bilen bir hatarda, ýaraglardyr söweş esbaplaryny, at esbaplaryny, gap-gaçlary we durmuşda ulanylýan dürli zatlary bezäpdirler.

Milli amaly-haşam sungatymyzda dürli görnüşli nagyşlar giňişleýin peýdalanylýar.

Ýerine ýetirilişi boýunça nagyşlaryň şu aşakdaky görnüşleri bardyr:

1. Tekiz, tekizlikde ýerine ýetirilen, zatlaryň üstüne çekilen ýa-da dokalan (kagyza, küýzä, mata, hala, keçä) nagyşlar.

2. Güberçek, zatlaryň üstünden güberilip çykýan (binalaryň gips bezegi, agaja, daşa, süňke, demre haşamlanan, ýelmenen) nagyşlar.

3. Çuňluga oýulyp gazma usulynda ýerine ýetirilen (demriň, agajyň, süňküň ýüzüne edilen) nagyşlar.

4. Kesilen, deşilen (demriň, agajyň, süňküň, şaý-sepleriň, tutularyň ýüzüne edilen) nagyşlar.

Nagyşlar esasan geometriki ýa-da şekillendiriş bölekleriniň gezekleşip gaýtalanmagy (ritm) netijesinde emele gelip, bir bitewi owadan şekili emele getirýärler, bölekleriň sazlaşykly ýerleşişi we reňki olaryň täsirliligini kesgitleýär.

*Ritm* – nagşy emele getirýän şekilleriň ýa-da bölekleriň sazlaşykly gaýtalanmagy, gezekleşmegi.

*Simmetriýa* – (grekçe "*symmetria*") ölçegleriň gabat gelmegi. Ol amaly-haşam sungatynda, binagärlikde esasy orny eýeleýär.

*Reňk* – nagyşlaryň esasy serişdeleriniň biri bolup, kompozisiýa bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Reňk baglanyşygy ritmiki taýdan gaýtalanyp biler, dury we ýumşak bolup biler, gapma-garşy bolup biler.

Adamlar ösümliklerde, haýwanlarda tebigatyň döreden nagyşlaryna seredip, olardan lezzet alypdyrlar. Ösümlikleriň ýapraklarynyň sazlaşykly gaýtalanyp ýerleşişini, ýapraklaryň öz gözelligini, balygyň teňňeleriniň ýerleşişini, kebelegiň ganatlaryndaky nagyşjagazlary, guşlaryň ýelekleriniň ýerleşişini öwrenip, öz ulanýan zatlaryny bezemekde şol şekillerden ugur alypdyrlar. Nagyşlary emele getirýän şekiller bilen baglylykda olary geometirik nagyşlar, ösümlük nagyşlary, deňiz motiwindäki nagyşlar, zoomorf nagyşlar ýaly birnäçe görnüşlere bölýärler (*43-nji surat*).

**Ösümlik nagyşlaryna** ösümlik murtjagazlaryndan, ýapraklardan baldaklardan we güllerden düzülen nagyşlar degişlidir. Ösümlik dünýäsinden gözbaşyny alyp gaýdýan "islimi" nagşy türkmen zergärçilik sungatynda şaý-sepleri bezemekde giňden ulanylýar.

**Deňiz motiwindäki nagyşlara** suw tolkunlary, damjalar, balyklar, balykgulaklar ýaly şekillerden düzülen nagyşlar degişlidir. Deňiz ýakasynda ýaşaýan taýpalar döredýän nagyşlaryny, esasan, deňiz bilen baglanyşdyryp, damjalaryň, suw tolkunlarynyň, balyklaryň, balykgulaklaryň, gämileriň şekilini köp ulanypdyrlar.

**Zoomorf nagyşlara** kebeleklerden, guşlardan, haýwanlardan, mör-möjeklerden düzülen nagyşlar degişlidir.

**Geometrik nagyşlara** üçburçluk, dörtburçluk, töwerek we ş.m. geometrik şekillerden düzülen nagyşlar degişlidir. Geometrik nagyşlar, esasan, gelin-gyzlaryň el işlerinde, haly önümlerinde giňden ulanylýar. Dag eteginde ýaşaýan taýpalar hatara goýlan birnäçe üçburçluklar bilen dag gerişlerini öz döredýän nagyşlarynda aňladypdyrlar.



**43-nji surat. El işleri we talyplaryň reňkde ýerine ýetiren işleri**

Geometrik nagyşlar, esasan, üç görnüşde: zolakda (лента), tor görnüşinde (сетчатый) we gül görnüşinde (розетка) düzülýär.

Zolakda nagyş düzülende nagyşlar tutuş inine goýberilýär. Köplenç, zatlaryň gyralaryny bezeýär (*44-nji A surat*). 44-nji B suratda nagyşlarda hereketiň görkezilişi şekillendirilen. Tor görnüşindäki nagyşlar tutuş tekizligi ýapýar. Beýle nagyşlaryň esasyny birmeňzeş şekillerden düzülen gözenekler tutýar (*44-nji Ç surat*). Açylan güle meňzeş (розетка) nagyşlar düzülende bolsa, esasan, töwerek şekilli ýa-da dogry köpburçlukda düzülýär (*44-nji D surat*).




**44-nji surat. Nagyşlaryň düzülişi.**
*A – zolakda düzülen geometriki nagyşlar; B – nagyşlarda hereketiň görkezilişi; Ç – tor görnüşli nagyşlaryň düzülişi; D – töwerekde we köpbürçlukda rozetka şekilli nagyşlar; E – şol bir elementden dürli görnüşli nagyşlaryň düzülişi*

Nagyş düzülende bezelýän zatlaryň şekili, ölçegi, göwrümi, niýetlenilişi, ýasalan serişdesi, ulanyljak tär hem göz öňüne tutulmalydyr. Sebäbi kagyzda owadan hem bolsa käwagt nagyşlar önümiň ýüzüne geçirilende öz täsirliligini ýitirýär. Meselem, agajyň, demriň, daşyň ýüzüni köwüp, oýup salynjak nagyş güberçekleri emele getirse owadan seredilýär, sebäbi bu nagyşlar dürli reňkler bilen reňklenmeýär, olar bir reňk bilen reňklenýär ýa-da asla reňklenmeýär. Güberçek nagyşlaryň täsirliligini, esasan, şol zatlara düşýän ýagtylyk we emele gelýän kölege kesgitleýär. Tekiz üstli zatlara salynýan nagyşlar aýlawly üsti bolan zatlarda owadan seredilmän hem biler.

Nagyşlanjak zat nämä niýetlenen bolsa nagyş hem şoňa laýyk düzülýär. Meselem, awçylar üçin niýetlenen zatlara ösümlik we haýwan şekili salnan nagyşlar, aw sahnasy; suw guýmak üçin niýetlenen zatlara tolkun, damja şekilli nagyşlar, keýikokaranyň, çarlak guşuň şekili salynsa täsirli bolar.

Nagyş düzülende ilki galamda dürli gözlegler edilýär. Ösümlik ýa-da haýwanat dünýäsiniň bölekleri sadalaşdyrylyp, umumylaşdyrylyp, nagyş görnüşine getirilýär. Ilki eskiz (taýýarlyk suraty) ýerine ýetirilýär. Soňra şol eskiz boýunça nagşyň şekilini doly çyzýarlar. Nagyşlar reňkli galamda ýa-da guaş, akwarel reňkleri bilen ýerine ýetirilse owadan bolar. Aýratyn hem guaş nagyş çekmeklik üçin amatlydyr.

Nagyş düzmegiň ýörelgeleri

Nagyş düzmek zatlaryň görnüşine, nagşa girýän elementlere, şeýle-de kagyzyň ölçegine bagly bolup durýar.

***Zolakda nagyşlar*** bölekleriň dürli sazlaşygy boýunça keseligine hatarlaýyn düzülýär:

– nagşyň tutuş dowamynda şol bir bölegiň gaýtalanmagy;

– nagşa girýän umumy birleşdiriji çyzykda bölekleriň gaýtalanmagy;

– reňki ýa-da şekili boýunça gaýtalanýan bölekler (iki, üç ýa-da ondan hem köp);

– bölekleriň orta çyzykdan sagda we çepde birmeňzeş ýerleşmegi;

***Kwadratda nagyş*** gyralarynda, burçlarynda, merkezde ýa-da kwadratyň hemme ýerini dolduryp ýerleşip biler:

– *kwadratyň gyralary* boýunça ýerleşdirilende göni ýa-da burçlarynda aýlawly bolup biler;

*kwadratyň burçlarynda:*

a) bir şekiliň ähli burçlarda gaýtalanmagy;

b) bir şekiliň garşylykly burçlarda gaýtalanmagy;

*merkezinde:*

– ähli bölekler merkezden dürli taraplarda simmetrik ýerleşýärler;

*kwadratyň ähli ýerinde:*

a) bir wagtyň özünde gyralarynda, burçda we merkezde;

b) tor görnüşli nagyş: nagyş tor görnüşli gözenekde küşdüň ýerleşdirilişi ýaly ýerleşdirilýär, gezekleşdirilip gaýtalanýar.

***Tegelekde nagyş*** tegelegiň gyralary boýunça, merkezde ýa-da tutuş tegelekde ýerleşip biler:

– *gyralarynda* sazlaşykly gaýtalanýan ýa-da gezekleşýän böleklerden (töwerek görnüşini saklaýan gül görnüşinde nagyş düzmek ýörelgesi);

*merkezinde:*

– merkezden hemme taraplaryna elementleri ýuwaş-ýuwaşdan, yzly-yzyna aýlaw boýunça deňölçegli ýerleşdirmek;

*tegelegiň hemme ýerinde:*

a) nagyş gyralarda we merkezde düzülýär;

b) nagyş merkezden başlanyp, tegelegiň ähli giňişligini doldurýar.

***Dürli görnüşlerde nagyş düzmek*** (gönüburçlukda, rombda, süýri togalakda), merkezi gyralaryndan dürli aralykda bolanda, merkez bilen gyralarynyň arasyndaky boşluk ýerleri doldurylýar. Bu merkezdäki nagyşdan başlap tutuş gapdallary boýunça özbaşdak düzülen nagyş bolup biler ýa-da merkezde başlaýan uzaldylyp ýerleşdirilen nagyş ýa-da şekiliň tutuş gyrasyndan geçýän nagyş bilen birikdirilen nagyş bolup biler.

***Üçburçlukda nagyş*** burçlarynda we gyralarynda we tor görnüşinde nagyş düzülişi ýaly düzülýär. Deňtaraply üçburçlugyň burçlarynda birmeňzeş nagyşlar düzülýär. Deňýanly üçburçlugyň iki deň tarapynda birmeňzeş nagyşlar deňölçegli düzülýär, üçünji burçunda dürli ýerleşişde has ulurak edip ýa-da başgaça ýerleşdirilip, şol elementlerden nagyş düzülýär.

***Çylşyrymly görnüşli zatlarda nagyşlar*** zatlaryň (güldan, küýzeler we ş.m.) şekiline we aýratyn böleklerine baglylykda dürli böleklerden düzülýär. Mysal üçin, küýzäniň bokurdagynyň we esasy böleginiň gyralarynda nagyş zolakda, merkezinde ýa-da ortasynda bolsa özbaşyna elementlerden düzülen nagyş ýerleşdirilip bilner. Köýnekde göni nagyş ýeňiň, ýakanyň gyralarynda, gözenek nagyşlar bolsa tutuş şekilde ýerleşdirilýär.

*Mysaly ýumuşlar:* reňk bilen türkmen milli nagyşlaryndan ýönekeý bezeg äheňlerini şekillendirmek; tegelekde, inedördülde, gönüburçlukda (tabak, gülýaka, haly, keçe we ş.m.) özbaşdak nagyş düzmek; kagyzdan amaly-haşam sungatynyň önümleriniň nusgasyny ýasamak we milli äheňlerde bezemek.

## 15. ÇEPER-BEZEG IŞLERINI ÝERINE ÝETIRMEK

Bezeg işleriniň ýaş nesle terbiýe bermekdäki, olaryň şekillendiriş ukyplaryny ösdürmekdäki we döredijiligini kämilleşdirmekdäki ähmiyeti uludyr. Mekdepde ýerine ýetirilýän bezeg işleriniň görnüşlerine: plakat, diwar gazeti, diwarlyklar, gutlaglar, bildirişler, okuw-görkezme esbaplary, albomlar, şygarlar, sergileriň ýazgylary we ş.m-ler degişlidir.

Mekdep interýeri – munuň özi material gurşaw bolup, onuň kömegi bilen mekdep okuwçylaryna terbiýe we bilim bermek üçin has amatly şertler bilen üpjün edilýär we ruhy hem-de fiziki güýçleriň sazlaşykly ösmegine itergi berýär. Mekdep otaglaryny netijeli, hemmetaraplaýyn, maksadalaýyk ulanmak gerek, interýeriň

bezegi bolsa häzirki zaman talaplaryna laýyk bolmak bilen, esasy okuw usullaryny goldaýan bolmalydyr. Öz gezeginde, mekdep binasynyň içerki giňişligini dogry gurnamak köp halatlarda okatmagyň hilini, zähmetiň öndürijiligini, dynç alşyň netijeliligini, okuwçylaryň we mugallymlaryň saglyk ýagdaýyny kesgitleýär.

Mekdebe girelge westibýuldan (agzöýden) başlanýar. Kada boýunça, westibýullar, aýratyn-da täze mekdeplerde meýdany boýunça giň we oňat ýagtylandyrylan otagly bolýar. Westibýullaryň bezeginde bezeg sungatynyň dürli görnüşlerini: mozaikalar, witražlar, diwar ýazgylary, göwrümli diwarlyklary we ş.m. ulanmak bolýar.

Westibýulyň bezeginiň simmetrik çözgüdi bolup biler. Bu ýagdaýda bezegiň merkezi westibýulyň baş okuna laýyk gelýär. Onuň bezeginde asimmetrik kompozisiýa hem seýrek däldir. Şunuň ýaly dekoratiw çözgütde merkezi ýeri mekdep girelgesiniň garşysynda ýerleşen diwar alýar.

Islendik ýagdaýda hem kompozision merkez açyk, aýdyň görkezilen bolmalydyr. Ol Hormatly Prezidentimiziň portreti ýa-da mekdebiň adyny göterýän görnükli jemgyýetçilik işgäriniň, gahrymanyň, ýazyjynyň portreti bolup biler. Köphalatda portret ýörite diwarlyga, sergi tagtasyna ýerleşdirilýär, ol diwardan birneme öňräk süýşürilýär, tony, reňki bilen tapawutlanýar. Westibýulyň bezeginde düzüm elementi hökmünde heýkel portreti we heýkeller hyzmat edýär. Heýkeller we beýleki göwrümli elementler: aýratyn diwarlyklar, aýnaly witrinalar we ş.m. ähli bezegi täsirli we görnükli edýär. Westibýulyň bezeginde orta mekdebiň göreldeli okaýan okuwçylarynyň tagtasy, bildirişler tagtasy we sapaklaryň tertibi beýlekilere garanda hemişelikdir.

Tutýan meýdany we ähmiýetliligi boýunça otaglaryň biri hem mekdebiň mejlisler zalydyr. Mejlisler zalynda dabaraly çäreler, okuwlar, duşuşyklar, çeper höwesjeňler toparlarynyň çykyşlary we ş.m. geçirilýär. Bu aýdylanlardan bezegiň häsiýeti kesgitlenilýär, ol ýeňil üýtgedilip bilinmelidir.

**Mejlisler zalynyň** manyly, dekoratiw we kompozision merkezi hökmünde sahna çykyş edýär. Ol geçirilýän baýramçylyk çäresiniň mazmunyna baglylykda bezelýär. Bezeg elementlerini çalt üýtgetmek üçin perdeleri, dekoratiw pannolary, şygarlary berkitmek üçin mümkin boldugyça ýeňil gurluşlar oturdylýar. Bu ýerde bezegiň dürli görnüşi bolup biler. Ýöne ähli kompozisiýany bitewi many bilen baglanyşdyrmak: mebelleriň we diwarlardaky diwarlyklaryň, aýnaly tekjeleriň ýerli-ýerlerinde goýulmagy zerurdyr.

Häzirki döwürde mekdepleriň içki bezeginde otag gülleri we dekoratiw ösümlikler uly ähmiýete eýedir. Olar ähli ýerlerde – westibýulda, naharhanada, synp otaglarynda we beýleki otaglarda duş gelýärler. Olary ýerleşdirmeklige oýlanyşykly çemeleşmeli: olar otagyň bezegi bolmaly we şunuň bilen bir hatarda okuwçylaryň hereketlerine päsgel bermeli däldir. Şeýle hem gülleriň ýagtylyga we ýylylyga bolan talabyny hem göz öňünde tutmak zerurdyr.

**Diwar gazetiniň** mekdep durmuşynda ähmiýeti örän uludyr. Diwar gazeti, gutlaglar we bildiriş taýýarlananda ilki bilen olaryň kagyz giňişliginde sazlaşykly ýerleşdirilişi

göz öňüne tutulýar. Diwar gazetini taýýarlamaklyga gazetiň şu sanynyň esasy temasy belli bolandan soň we şol tema degişli makalalar, fotosuratlar seljerilenden soňra girişilýär. Gazetiň keşbiniň ilkibaşlangyç çözgüdi tapylýar. Suratkeş pikirlerini eskize geçirip, gazetiň kompozision gurluşyny we reňk çözgüdini tapýar. Gazetiň meýdany şertli dört bölege bölünýär (*45-nji surat*): sözbaşy, açyş (1), merkez (2), otlýot (3), ýerzemin (4). Gazetiň has görnükli ýerleri açyş we merkez bolansoň has zerur hasaplanan maglumatlar şol ýerde ýerleşdirilýär. Otlýotda bellikler, degişmeler ýerleşdirilýär. Edebi eserler (goşgular, gürrüňler) bolsa ýerzeminde (aşaky böleginde) ýerleşdirilýär.




**45-nji surat**

Diwar gazetiniň çeper bezegi ýerine ýetirilende esasy göz öňüne tutulmaly zat onuň mazmunynyň düşnükli we aňýeterli bolmagy hem-de gazetiň owadan, özüne çekiji bolmagydyr. Esasy reňk tegmilleri umumy deňagramly kompozisiýany emele getirmelidir. Şonda ol tomaşaçyny okyja öwürýär, onda gyzyklanma döredýär.

Okyjynyň ünsüni çeken şol reňkli tegmiller soňra onuň ünsüni makaladaky esasy zatlara gönükdirýän bolmalydyr.

Diwar gazetini, esasan, keseligine goýlan dykyz kagyzdan taýýarlaýarlar. Şeýle edilende bir wagtyň özünde onuň öňünde birnäçe okyjy ýerleşip bilýär. Diwar gazeti gazetiň adyndan, tekst ýazylan sütünlerden, bezeg suratlaryndan, fotosuratlardan we bezeglerden ybarat bolýar.

Diwar gazetiniň ady uzakdan göze ilýän, okyjynyň ünsüni özüne çekýän, mazmuny hakynda düşünje berýän bolmalydyr. Şonuň üçin hem ol gazetde görnükli ýerde we ýeterlik ululykda ýazylýar hem-de owadan, ýeňil okalýan bolmalydyr, ol gazetiň umumy beýikliginiň 1/4 bölegini tutýar. Gazetiň adyny kagyzyň ýokarky böleginde çep tarapda ýa-da ortada, ýogsamam gazetiň tutuş inini dolduryp duran edip ýazýarlar. Onuň ýerleşdirilişi, ulanylýan şrifti we bezegler gazetiň mazmunyna hem-de niýetlenilişine baglylykda amal edilýär. Gazetiň ady hemişelik ýa-da çalşyrylýan edilýär. Ol çalşyrylýan edilende ýazgynyň şriftini üýtgetmän, diňe ýazgynyň reňkini, harplaryň beýikligini üýtgetmek amatly bolýar, sebäbi şowly tapylan

şrift hemişe şol gazetiň okyjylaryna mähirli görünýär. Gazetiň adynyň yz ýanynda onuň haýsy gurama degişlidigi, san belgisi, çykarylan senesi görkezilýär.

Diwar gazetiniň şygary hem onuň niýetlenilişine görä saýlanylýar. Şygary gazetiň adynyň ýokarsynda ýa-da aşagynda ýeňil okalýan şrift bilen biraz kiçiräk harplar bilen ýazýarlar, şygara derek belli şahsyýetleriň aýdan jümleleri hem ulanylýar. Bular gazeti has hem saldamly, ýiti we işjeň ýagdaýa getirýär.

Has wajyp hasaplanýan makalalaryň şriftini üýtgedip ýazmak bilen, tekstiň sütüniniň inini üýtgetmek bilen, başlanma we soňlama suratlaryny, suratlandyrmalary çekmek bilen olary beýlekilerden tapawutlandyryp bolýar.

Ähli şekillendiriş serişdeleriniň (şekil, reňk, ton, şrift, bezeg suratlary, tekstiň ýerleşdirilişi) üsti bilen makalalaryň mazmunyny güýçlendirmäge, esasy zatlary ýüze çykarmaga we şol bir wagtyň özünde gazetiň bitewiligini bozman saklamaga çalyşmaly.

Gazetiň ady bilen onuň san belgisiniň, beýleki ownuk ýazgylaryň, sözleriň we sözleri emele getirýän harplaryň, hatarlaryň arasyndaky, şeýle hem şekillendirilýän zatlaryň arasyndaky boşluk kiçi goýlan ýagdaýynda teksti okamak, şekillere bolsa düşünmek kynlaşýar. Şol boşluklar uly goýlan ýagdaýynda bolsa gazetde bitewilik bolmaz.

Diwar gazeti diwardan asylan ýagdaýynda onuň diwaryň reňki bilen we töwerekdäki beýleki diwarlyklar bilen sazlaşygy, ýagtylandyrylyşy hem ünsden düşürilmeli däldir. Gazetiň iş meýdançasynyň merkezi okyjynyň gözüniň derejesinde bolmalydyr. Tekst ýazylan böleginiň beýikligi bolsa 60-70 sm-den geçmeli däldir. Tekst ýazylan sütünleriň inliligi 12-15 sm-den uly bolmaly däldir, uly bolan ýagdaýynda olary okamak kynlaşýar.

Makalanyň ady ýazylan sözlem bir hatara ýerleşmän, aşakdaky hatara geçmeli bolanda ýa-da sözi bogna bölmeli bolanda has hem ünslüräk bolmak gerek. Gapdalda ýerleşýän makalanyň ady bilen ýa-da ondaky surat bilen onuň sazlaşygyny hem ünsden düşürmeli däldir.

Bezeg suratlary diwar gazetiniň görküne görk goşýar, okyjynyň ünsüni çekýär, tekstiň üstüni ýetirýär we oňa düşünmekligi ýeňilleşdirýär, gazetiň daş-töweregine çekiljek bezegler bolsa diwar gazetiniň mazmuny bilen baglanyşykly bolanda has täsirli bolýar.

Gazet üçin ýerine ýetirilýän bezeg işleriniň biri-de montaždyr. Montaž birnäçe fotosuratlardan ýa-da elde çekilen suratlaryň kesilip alnan böleklerinden düzülýär. Dokumental fotosuratlar we naturanyň özüne seredip çekilen suratlar hem diwar gazeti üçin oňat bezegdir.

Diwar gazetleriniň baýramçylyk sanlarynda tekst azaldylyp bezeg işlerine has köp üns berilýär, dabaraly çözgüdi gözlenilýär.

Gazetiň reňk çözgüdi onuň mazmuny bilen baglanyşykly ýerine ýetirilýär. Ýagny baýramçylyk sanlarynda ýagty, owadan reňkler, Hatyra, ýatlama gününe bagyşlanan sanynda bolsa gara reňkden ýa-da birmeňzeş tondaky reňklerden peýdalanylýar. Esasan, iki-üç reňki ulanmak bilen hem diwar gazetiniň reňk çözgüdini tapmak bolýar. Olaryň biri esasy reňk bolup, beýlekileri onuň üstüni ýetirmek bilen onuň gapdalynda ylalaşykly goňşuçylykda bolýar.

**Diwarlyklar,** esasan, belli bir tema bagyşlanýar we uzak möhletleýin durýar. Olaryň şekili, ölçegi we reňki olarda ýerleşdiriljek maglumatlara we durjak ýeriniň reňkine bagly bolýar. Olaryň ölçegi 150-160 sm bolup, merkezi tomaşaçynyň nazarynyň deňinde bolar ýaly derejede asylýar, ýüzünde ýerleşdirilýän zatlar bolsa selçeň ýa-da aşa ýygy bolmaly däldir.

**Okuw-görkezme esbaby** sapagyň temasynyň mazmunyny açyp görkezýän şekillerden we düşündiriş ýazgylaryndan durýar. Okuw-görkezme esbabynyň ýokarky böleginde temanyň ady ýazylýar, ondan aşakda kagyzyň merkezinde bolsa temany düşündirýän suratlar ýerleşdirilýär. Düşündiriş ýazgysy bolsa her suratyň aşagynda aýratyn ýazylýar ýa-da aşakdan umumy ýazylýar.

**Sitatalar** ýazylanda sadadan owadan şriftlerde ýazylýar, köplenç, ýazgynyň baş harpy) uly, owadan harp bilen ýazylyp we başga reňk bilen reňklenip beýlekilerden tapawutlandyrylýar. Sitatalar uzak wagtlaýyn diwardan asylyp goýulýar ýa-da tematiki tagtada goýulýar.

**Shemalar** zatlaryň şekilini sada geometrik şekillerde umumylaşdyrylan görnüşde şekillendirmek bilen olaryň gurluşyny, giňişlikde ýerleşişini we hereketini düşündirmekligi ýeňilleşdirýär. Shemadaky şekiller inli çyzyklar, birsydyrgyn ton we gapma-garşy reňkler bilen ýüze çykarylýar, şertli belgiler we düşündiriş ýazgylary ulanylýar.

**Şygarlar** (lozung), esasan, köpçülige ýüzlenilen gysgaça ýüzlenmelerden, çagyryşlardan ybarat bolup, uly ölçegli, sada, basym okalýan şriftde ýazylýar we görnükli ýerde ýerleşdirilýär.

**Çakylyklar** dürli görnüşlerde eplenen dykyz kagyzlardan edilýär. Çakylyklar sudurly (siluet) şekiller, dürli bezegler bilen ýeňil bezelýär we olardaky ýazgylar golýazma şriftinde owadan ýazuwda ýerine ýetirilýär.

Islendik temadan bezeg işleri ýerine ýetirilende olaryň gyrasyna çyzyklardan ýa-da nagyşjagazlardan düzülen işiň mazmuny bilen baglanyşykly bolan jähek aýlanylýar. Bu bolsa okyjynyň ünsüni maglumata jemläp, olary çugdamlaýar, diwardan tapawutlandyrýar. Emma bu ramkalar juda haşam, ýiti reňkli we uly ölçegde bolan ýagdaýynda olar öňe saýlanyp, ýazgynyň ikinji derejeli zat hökmünde kabul edilmegi ahmal, şonuň üçin hem bu bezegler sada, ýeňil reňkli bolsa talabalaýyk bolar, olar ikinji derejeli zat hökmünde seredilmelidir.

Bezeg işleri ýerine ýetirilende, esasan, plakat perolary, ýasy we ýiti uçly çotgalar ulanylýar. Plakat perolary bilen işlemeklik üçin ilki kagyzyň ýüzünde dik we kese çyzyklary çyzyp türgenleşmeli. Ýasy uçly şetin çotgalary matanyň, demriň ýüzüne ýazgy ýazmak üçin ulanylýar. Ýiti uçly belkanyň tüýünden edilen akwarel çotgalary kagyzyň ýüzünde dürli ýogynlykdaky çyzyklary geçirmek üçin amatlydyr, şonuň üçin hem has çylşyrymly gurluşy bolan şriftlerde ýazylýan ýazgylar şu çotgalar bilen ýerine ýetirilýär.

Ýazgy ýazmaklyga başlamazdan öňürti harplaryň gurluşy bilen tanyş bolunýar. Türkmen elipbiýi 30 harpdan ybaratdyr. Üns beren bolsaňyz, ähli harplaryň gurluşy

birmeňzeş däldir. A, E, T, I, Ä, F, H, L harplar göni çyzyklardan; W, Y, Ý, N, Ň, K, Z, Ž, M harplar göni we gytak çyzyklardan; R, U, Ü, P, D, G, J, B harplar göni we aýlaw çyzyklardan; O, Ö, S, Ş, Ç ýaly harplar bolsa aýlaw çyzyklardan emele gelendir.

Ýazgy baş we setir harplar bilen ýazylýan bolsa hatarlaryň arasyndaky boşluk setir harplaryň beýikliginden kiçi bolmaly däldir ýa-da baş harpyň beýikligine deň bolmalydyr. Setir harplar bilen ýazylmaly ýazgylarda bolsa şol harplaryň beýikligine deň bolmalydyr. Sebäbi setir harplardan t, d, f, h, k, l, b harplar gurluşy boýunça beýleki harplardan ýokarlygyna y, ý, p, g, j harplar bolsa aşaklygyna tapawut edýärler. Şeýle hem ä, ü, ö, i, j, ý, ň, ž, ş, ç harplaryň ýokarsynda ýa-da aşagynda tapawutly bölekler (diakritik belgi we guýruk) bardyr. Diakritiki belgiler (“*diakritikos”* grek sözünden bolup, “*tapawutlandyrmak üçin hyzmat edýän*” diýen manyny aňladýar) harplaryň aşagynda ýa-da ýokarsynda ulanylyp, harplara başga ses bermelidigini görkezýän belgilerdir. Hatarara boşluk kiçi goýlanda şu ýokarda görkezilen harplaryň aşak ýa-da ýokary saýlanyp çykýan bölekleri beýleki hatardaky harplara baryp diremegi we bulaşyklyk döretmegi ahmal. Meselem,

**Ussat suratkeşleriň grafika eserleri.**
**Ussat suratkeşleriň nakgaş⇕eserleri.**
**Milli amaly – haşam sungatyňyň eserleri.**

Harplaryň arasyndaky boşluk bellenende bolsa harplaryň eýeleýän göwrümi hem göz öňüne tutulmalydyr. Meselem, W, M harplar beýleki harplardan inliräkdir, I, J harplar bolsa beýleki harplardan insizdir. Harplaryň ählisine hem deň ölçegli ýer goýulsa, inli harplar ol ýere ýerleşmez, insiz harplaryň bolsa gapdallarynda boşluk köp galar we ýazgy bitewi okalmaz, söz bölünip okalar.

Şeýle hem harplaryň arasyndaky boşluk goýlanda harplaryň şekili hem ünsden düşürilmeli däldir. Baş harplardan O, Ö, B, D ähli tarapyndan ýapyk harplardyr, E, R, U, P, S, F, G, H, K, Z, Ü, Ç, N, M harplaryň bolsa açyk taraplary bardyr. A, Ä, W, T, Y, Ý, L, J harplar bolsa üçburç şekile meňzeşdir, olaryň gapdallarynda boşluk köpdür, şonuň üçin hem olar özara ýa-da beýleki harplar bilen goňşuçylykda ýazylanda olaryň arasynda harp arasyndaky boşluk kiçi goýulýar, käbir ýagdaýlarda goýulmaýar, käte bolsa bolsa biri-birine golaýlatmaly bolýar.

Sebäbi bu harplaryň gurluşy H, N, M harplarynyň gurluşy ýaly iki gapdaldan ýapyk däldir. H, N harplar bir ýerde gelende olaryň arasynda düzgün boýunça bir sütüniň inine laýyk boşluk goýulýar. D, O, G harplar bile ýazylanda bolsa ara boşlugy şol sütüniň ýarysyna deň ölçegde goýmak bolar. O, A harplar bile ýazylanda bolsa O harpyň gutarýan ýerinden A harp başlanýar. A, T ýa-da A, Y, Ý harplar bile ýazylmaly bolanda harplaryň arasynda boşluk goýulmaýar-da, tersine A harp T harpa ýa-da Ý harpa tarap biraz süýşürilip ýazylýar. Meselem,

**ENE-ATA, MATALLAR, AÝNUR, DOGAN**

Şu düzgün göz öňüne tutulmazdan ýazgy ýazylsa harplaryň arasyndaky boşluk uly görner we ýazgydaky sözler bitewi okalmaz, ol bölüner.

Eger ýazgyda söz köp bolsa, onda ýazgyny birnäçe hatara bölmeli bolýar. Ýazgy hatarlara bölünende her bir hatardaky sözler umumy mazmunyň bir bölegini aňlatsa gowy bolar, indiki hatara geçip pikirde üzňelik döretmejek bolmaly. Sebäbi her bir hatardaky sözler okalansoň hökman säginilýär. Bu işde, esasan, dyngy belgilere üns berilmeli, şolaryň öňündäki we yzyndaky sözler many taýdan çugdamlanan bolýar. Soňra her hatardaky ýazylmaly sözleriň ýeri (hataryň başynda, ortasynda, ahyrynda) kesgitlenýär.

**Şrift** – harp gurluşy, harplaryň we sanlaryň şekiline birmeňzeş häsiýetli keşp berýän umumy kanunalaýyklyklaryň bileleşigidir. Ýazgy üçin şrift saýlananda bu işe has oýlanyşykly çemeleşmelidir, şrift häsiýeti boýunça ýazgynyň mazmunyna gabat gelmelidir. Käbir şriftleriň ýönekeý harp gurluşy şygarlar ýazmak üçin, käbir şriftler bolsa çuň many-mazmuna eýe bolan sözleri ýazmakda, käbirleri bolsa degişme häsiýetli ýazgylary ýazmakda amatlydyr. Şriftler sada, aýdyň, düşnükli we ýeňil okalýan bolmalydyr. Diňe käbir ýagdaýlarda çylşyrymly gurluşy bolan şriftler ulanylýar. Şrift saýlanandan soňra ýazgy ýazylmaly kagyzyň ölçegi, kagyzy dikligine ýa-da keseligine goýup ýazmalydygy barada oýlanmaly. Şygarlary inçeden uzyn ölçeglerde, diwar gazetini, diwarlyklary bolsa inli gönüburçlukda ýazmak talabalaýyk hasaplanýar.

Ýazgylary ýerine ýetirmek üçin ýörite işlenip taýýarlanan şriftler bolýar we olar özara birnäçe görnüşe: çyzgy şriftine, plakat şriftine, çeper şrifte, golýazma şriftine, binagär şrifti, neşir şriftine we ş.m. bölünýärler. Bu şriftleriň hersiniň öz gerekli ýerinde ulanylmagy ýazylýan ýazgynyň täsirini güýçlendirýär, onuň mazmunynyň şrift bilen baglanyşygy, sazlaşygy bolmalydyr.

Ilki bilen ýazgyda ulanyljak harplaryň ini-boýy, harpyň şekilini emele getirýän esasy dik sütünleriň ýogynlygy kesgitlenýär. Soňra bolsa harplaryň gurluşyny ýeňilleşdirmek üçin öýjükleriniň ölçegi harpyň sütüniniň ýogynlygyna deň bolan ölçeg toruny (modul setkasyny) gurmaly. Bu toruň içinde harpyň ölçeg gatnaşyklaryny we onuň böleklerini gurmak ýeňilleşýär. Şriftdäki ähli harplaryň birmeňzeş gurluşynyň bolmagy üçin esasy sütünler, harplary birleşdiriji çyzyklar, harplaryň içki boşlugy, aýlawly ýerleri, inçe we ýogyn ýerleri birmeňzeş bolmalydyr. Şu meňzeşligi gazanmak üçin hem harplaryň şekilini ýukajyk kagyz (kalka) ulanmak arkaly yzygiderli biri-biriniň üstüne goýup, olaryň şekilini çyzmaly. Bu çyzgy *poligramma* diýip atlandyrylýar (*46-njy surat*).




**46-njy surat. 1. Harpyň şekili. 2. Harpyň şekiline görä gurlan modul tory. 3. O,U,G,S,Ş,Ç harplarynyň poligrammasy. 4. I,F,E,H,L,T,N,Z harplarynyň poligrammasy. 5. A, B, P, R, K, Y harplarynyň poligrammasy. 6. M,W harplarynyň poligrammasy**

Şriftlerdäki her bir harpy üç görnüşde:
– KONTURLY;
– TEKIZ;
– **GÖWRÜMLI** ýazmak bolýar.

Her bir şrift özüniň esasy alamatlaryny üýtgetmezden dürli görnüşlerde ýazylyp bilner: **göni** ýazylanda ähli harplar göni 90° burç boýunça, **ýapgyt** (kursiw) ýazylanda bolsa ähli harplar 75° burç boýunça ýazylýar (talaba görä burç ulalyp ýa-da kiçelip biler)(1).

Harplaryň ini inçe, aram we giň (2), harplaryň sütünleri bolsa inçe (ýagty), aram ýogynlykda (polužirnyý), ýogyn (žirnyý) ýazylyp bilner (3). Harpy emele getirýän sütüniň ini harpyň içindäki boşluga 1:5 gatnaşykda bolanda ýazgy ýagty seredilýär, sebäbi içki boşluk has uly bolýar. Aram inlilikde ýazylanda bolsa sütüniň ini içki boşlugyň ölçegine golaý bolýar, harpyň sütüni inli bolanda sütüniň ini içki boşluk bilen 1:1 gatnaşykda ýa-da ondan hem inli ýazylýar.

Harplary emele getirýän esasy sütünleriň aşagyndan we ýokarsyndan goýulýan kese çyzyklar şriftiň gurluşyna görä dürli görnüşde bolup biler (4).

Harplaryň aýlawly ýerleri ýazylanda aýlawlar iki görnüşde ýerine ýetirilýär. Birinji ýagdaýda töweregiň $^{1}/_{4}$ ölçegine laýyklykda (*47-nji A surat*), ikinji ýagdaýda bolsa talaba görä egri aýlaw boýunça aýlanýar (*47-nji B surat*). Harpyň içindäki boşlukda hem aýlawlar görkezilmeli bolanda bu usullaryň ikisini-de ulanmak bolar (*47-nji Ç surat*), emma şol boşluk uly goýlan bolmalydyr. Sebäbi harpyň içindäki boşluk kiçi goýlan ýerde içki aýlawlary hem görkezseň, harpy emele getirýän çyzyklar ýognap, aradaky boşluk bolsa gysylan ýaly bolýar.

Ýazgynyň haýsy şriftde ýazylýandygyna garamazdan harplara degişli bolan düzgünler sanlara we dyngy belgilerine hem degişlidir.

**Çyzgy şrifti** 75° ýapgytlykda ýerine ýetirilýär. Baş harplar öz beýikliginiň $^{2}/_{7}$ ölçegi ululykda setir harplardan beýik bolýar, şoňa laýyklykda hem setir harplaryň beýikligi baş harpýň beýikliginiň $^{5}/_{7}$ bölegini düzýär. Harplaryň ini bolsa beýikliginiň $^{4}/_{7}$ bölegine, harplaryň



**47-nji surat. Harplaryň aýlawly ýerleriniň ýazylyşy**

şekilini emele getirýän çyzyklaryň ýogynlygy bolsa harpyň beýikliginiň $^{1}/_{7}$ böleginden $^{1}/_{10}$ bölegi aralykda bolup, tutuş ýazgynyň dowamynda birmeňzeş bolmalydyr.

**Plakat şrifti** bezeg işleri ýerine ýetirilende, şygarlar, bildirişler ýazylanda, diwar gazeti taýýarlananda has köp ulanylýan şriftleriň biridir. Harplaryň göni gurluşy, çyzyklaryň birmeňzeş ýogynlykda bolmagy bu şriftde ýazgy ýazmaklygy, harplaryň gurluşyny özleşdirmegi we ýatda saklamaklygy ýeňilleşdirýär.




Bu şriftde harplaryň şekilini emele getirýän sütünleriň ýogynlygy harpyň beýikligine ýedi sapar, inine bolsa üç sapar ýerleşýär. Harpyň içindäki boşluk bolsa şol sütüniň biriniň ölçegine deň bolýar. Ýazgy ýazylanda iki harpyň arasyndaky boşluk bir sütüniň ýogynlygyna, sözleriň arasyndaky boşluk bolsa bir harpyň (M, W harplar degişli däl) inine deň bolmalydyr. Ýazgynyň iki gapdalyndan hem boşluk goýulmalydyr, ol boşluk harpyň ininiň 1,5 essesinden kiçi bolmaly däldir. Şygarlar ýazylanda, köplenç, ýazgynyň haýsy hem bolsa bir gapdalynda ýazgynyň mazmuny bilen baglanyşykly, onuň täsirini güýçlendirýän we oňa dabaraly keşp berýän bezeg hem ýerine ýetirilýär (baýdak, sekizburçluk, gül, göl, dürli nagyşlar). Ýazgy ýazmaklyga başlamazdan öňürti hataryň beýikligi aşagyndan we ýokarsyndan keseligine çyzyklar geçirmek bilen bellenýär, harplaryň beýikligi, ini ýazgynyň iki gapdalyndan goýulmaly boşluk, harplaryň arasynda goýulmaly boşluk, harplaryň durmaly ýeri, sözleriň arasyndaky boşluk bellenilýär, soňra ýazgy reňkde ýerine ýetirilýär.






Ýazgy ýazmaklyga başlamazdan öňürti gury pero bilen ýazyp görmeklik hem ýazgyny ýalňyşsyz ýerine ýetirmeklige kömek edýär.

**Kwadrat şrift** plakat şriftinden gurluşy taýdan düýpli tapawut edýär. Birmeňzeş ölçegi bolan harplar dikligine we keseligine deňölçegli bäş hatar öýjük bilen bölünen kwadratyň içinde gurulýar. Harplaryň ululyk gatnaşyklaryny deňeşdirmek üçin "O" harpy bu ýerde esasy ölçeg bolup hyzmat edýär.




Harplar gözeneklerde düzülip ýazylanda haýsy şriftde ýazylýandygyna garamazdan öýjükleriň ölçegini ulaltmak bilen harpyň ölçegini hem ulaldyp bolýandyr. Harpyň beýikligini ulaltmak üçin öýjügiň ölçegini dikligine, harpyň inini ulaltmak üçin bolsa öýjügiň ölçegini keseligine ulaltmaly. Eger harpyň ini we boýy deň ölçegli 1:1 gatnaşykda alynsa (kwadrat şrift), ýazgy giň, ýaýraň, erkin görýnýär, harpyň ini boýundan kiçi ölçegde 3:5 gatnaşykda alynsa, ýazgy ykjam, dykyz görünýär.

**Golýazma şrifti** beýleki şriftleriň ählisinden hem düýpli tapawut edýär. Bu ýerde esasan ýazýan ussadyň erkin döredijiligi ýüze çykýar, emma harplaryň aýdyň täsirli şekili, ýapgytlygy, ýeňil okalýanlygy ýaly umumy häsiýetleri saklanylmalydyr. Baş harplar setir harplardan iki esse uly bolýar, ýazgy 65° ýapgytlykda ýazylsa owadan seredilýär. Bu şrift, esasan, diwar gazetlerinde, gazet-žurnallarda, edebi eserleriň bezeginde, kinofilmlerdäki düşündiriş ýazgylarynda, şeýle hem albomlar, çakylyklar, gutlaglar bezelende ulanylýar. Meselem,

*Köp okan – köp biler.*

**Çeper şriftde** ýazgy ýerine ýetirilende esasan çotga we akwarel ulanylýar. Ilki galamy ýeňil basmak bilen ýazylmaly harplaryň sudury bellenilýär. Soňra bolsa harplaryň içi reňklenýär. Tuş ulanmak hem bolýar. Ýazgy konturly, tekiz, göwrümli, göni, ýapgyt bolup biler. Çeper eserleriň aglabasy, diwar gazetleri, diwarlyklar, teatr afişalary esasan çeper şrift ulanmak arkaly bezelýär. Çeper şriftde ýazylan ýazgy wakanyň mazmunynyň üstüni dolmak bilen, onuň täsirini güýçlendirýär. Köp ýagdaýlarda bolsa gürrüňi ediljek ýurduň, döwrüň elipbiýiniň harp gurluşyna öýkünilýär ýa-da zatlaryň şekili, häsiýetli alamatlary ýazga siňdirilýär. Bu bolsa ýazgylary has hem täsirli edýär.




Käbir binalaryň gümmezlerinde, diwarlarynda, gap-gaçlarda, küýzelerde haşamlanyp ýazylan ýazgylar duş gelýär. Bu sungat hatdatlyk sungaty (kalligrafiýa) diýip atlandyrylýar. Dürli görnüşli şekiller, nagyşlar, esasan hem, ösümlik nagyşlary ýazgy bilen utgaşyp gidýär. Meselem, deňiz, umman, suw bilien baglanyşykly pikirler ýa-da meňzetmeler suw tolkunlarynyň ýüzünde, suwdaky ýelkenli gäminiň şekilinde ýa-da guş şekilinde ýazylýar.

**Neşir şriftinde** ulanylýan harplar öz gurluşyny adaty neşirýat şriftinden (aldine) alyp gaýdýar. Häsiýetli aýratynlygy harplaryň gurluşy, harplaryň arasyndaky boşluk, harplary emele getirýän sütünleriň ýokarsyndaky we aşagyndaky kese çyzyklardyr. Bu çyzyklar harplaryň sütünlerine we olary birikdiriji çyzyklara gutarnykly keşp berýär, olary bezeýär hem-de ýazgynyň okalyşyny ýeňilleşdirýär: sözleriň aşagyndan, ýokar-syndan özboluşly ýoljagaz emele getirip, gözüň hereketini ugrukdyrýar. Meselem,

**KITAP BILIMIŇ ÇEŞMESIDIR**

Neşir şriftinde harplaryň özboluşly owadan gurluşa eýe bolanlygy sebäpli, uzak möhlete niýetlenen ýazgylar, sergileriň, diwar gazetleriniň, diwarlyklaryň hemişelik sözbaşysy, gazet-žurnallar, kitaplar we resminamalar şu şriftde ýerine ýetirilýär. Bu şrifti hem ilki öýjüklerde ýazyp türgenleşmek amatlydyr.

**Trafaret,** esasan, şol bir ýazgyny ýa-da şekili birnäçe sapar gaýtalap ýazmaly, çekmeli bolanda ulanylýar. Ýazgy bolsa gurluşy taýdan sadarak şriftde ýerine ýe-

tirilýär. Sebäbi aýlawly, inçe, harpyň aşagy we ýokarsy taýajyklar bilen bellenen harplary kesmek kynrak bolýar. Trafaret taýýarlamak üçin ilki dykyzdan ýukarak kagyz saýlanyp alynýar.

Soňra kagyzyň ýüzünde ýazylmaly söz ýa-da sözlem talabalaýyk ýazylýar we harplaryň içi kesilip boşadylýar (*48-nji A surat*). Harplaryň içi kesilende harpyň içindäki boşluk ýeriniň gopup aýrylmazlygy üçin insizje dik zolaklar kagyzyň meýdany bilen baglanyşykly ýagdaýda kesilmän galdyrylýar. Taýýar bolan trafareti ýazgy ýazylmaly ýerde gozganmaz ýaly edip berkidenden soň, ýumşajyk gubka bilen deň düşer ýaly edip reňk urulýar (*48-nji B surat*). Soňra trafareti emaý bilen gapdala aýyrýarlar, gerek bolan ýagdaýynda harplaryň içki boşlugyny saklamak üçin kesmän galdyrylan bölejikleriň galdyran reňksiz zolaklary reňk bilen birikdirilýär.




**48-nji surat. Trafaret we ony ulanyp ýerine ýetirilen ýazgy**




**49-njy surat. Aýnanyň ýüzüne ýazylan ýazgy**

Ýazgylar ýagly reňkler bilen agajyň, demriň, aýnanyň ýüzüne ýazylýan bolsa, olaryň töweregine aýlanjak insizje jähegi skotç ulanmak arkaly ýerine ýetirmek işi ýeňilleşdirýär. Bezegiň bolmaly ýeri we onuň ini galam bilen bellenilýär. Bezegiň bolmaly ýeri açyk galdyrylýar, onuň iki gapdaly bolsa skotç ýelmenip ýapylýar. Soňra reňk gubka bilen urulýar ýa-da sepilýär. Bu usulda işlenende ýazgynyň burçlarynda göni çyzyklardan düzülen nagyşjagazlary hem ýerine ýetirip bolýar.

Eger ýazgy aýnanyň ýüzüne ýazylmaly bolsa, onda inliräk skotçy ilki aýnanyň ýüzüne endigan ýelmemeli, soňra bolsa onuň ýüzüne ýazgyny ýazyp harplaryň içini pyçajyk bilen kesip aýyrmaly. Trafaret taýýar bolansoň reňk sepilýär. Reňk biraz çalygansoň, skotç hem emaý bilen aýrylýar. Bu usul ulanylanda harplaryň arasyndaky birikdiriji zolaklary goýmak hökman däldir (*49-njy surat*).

Häzirki döwürde kompýuterleriň, çap ediji enjamlaryň, dürli serişdeleriň peýda bolmagy ýokary hilli çeper-bezeg işlerini basym ýerine ýetirmeklige, olaryň täsirliligine we çydamlylygyna özüniň oňyn täsirini ýetirdi.

Özi ýelimli bolan kagyzlardan (orakal) kesilip alnan harplary ýelimlemek hem bezeg işleriniň has giňden ýaýran görnüşidir. Bu kagyzyň ýüzüne ilki gerek bolan harplar ýazylyp kesilip alynýar, soňra olar reňkli düşege göni hatarda deň aralykda düşer ýaly edip ýelmenilýär.

## 16. HEÝKELTARAŞLYK SUNGATY. ŞEKIL ÝASAMAGYŇ TÄRLERI

**Skulptura** – heýkeltaraşlyk “*skulpo*” latyn sözünden bolup, kesmek, ýonmak diýen manyny aňladýar. Heýkeltaraşlyk sungaty öz gözbaşyny has irki döwürlerden alyp gaýdýar. Köphudaýlylyk düşünjesi ýüze çykandan soň, adamlar hudaýlaryň heýkellerini ýasap, mukaddes ýerlerde goýup, olara çokunypdyrlar. Şeýle hem ýaryşlarda ýeňiji bolan türgenleriň, söweşde gahrymançylyk görkezen gahryman esgerleriň heýkellerini ýasap, görnükli ýerlerde oturtmak däbi ýörgünli bolýar. Görnükli syýasatçylaryň, patyşalaryň, şahyrlaryň heýkellerini ýasap, jemgyýetçilik ýerlerinde oturdypdyrlar, ýurduň taryhyny şöhlelendirýän heýkeller, ýadygärlikler hem oturdylýar. Heýkeller daşdan, misden, bürünçden, agaçdan, süňkden, palçykdan, plastilinden, ýarym gymmatbahaly daşlardan ýasalypdyr.

Heýkeltaraşlyk sungaty sungatyň beýleki görnüşlerinden töwerekleýin seredilýänligi bilen tapawutlanýar. Eger-de eseriň daşyndan aýlanyp, oňa ähli tarapyndan seredip bolýan bolsa, onda oňa aýlawly heýkeltaraşlyk diýilýär. Eger-de şekil bir tarapyndan şekillendirilip, güberçek şekil tekizlikden öňe saýlanýan bolsa, oňa relýef diýilýär. Eger-de relýef tekizlikde öz göwrüminiň ýarysyndan az öňe saýlanyp, güberilip çykýan bolsa, oňa pes relýef (barelýef) diýilýär. Eger-de şekil tekizlikde öz göwrüminiň ýarysyndan köp güberilip çykýan bolsa, oňa beýik relýef (gorelýef) diýilýär. Güberçek şekillerden başga içe oýulyp gidýän şekiller hem bolýar, olara çuň relýef ýa-da konturrelýef diýilýär. Heýkelleriň göwrüminiň beýikligine baglylykda uly, kiçi we orta ululykly şekiller ýasalýar.

Niýetlenilişi boýunça heýkeltaraşlyk bäş görnüşe bölünýär: monumental, monumental-dekoratiw, abzal heýkeltaraşlygy (stankowaýa), medalýer we hojalyk heýkeltaraşlygy.

Uly heýkeltaraşlyga monumental eserler, taryhy wakalaryň we gahrymanlaryň ýadygärlikleri degişlidir. Olar halka ýüzlenilen ýazgylary özünde saklaýar, meýdançalary, seýilgähleri, uly köpçülik binalaryny bezemekde ulanylýar.

Heýkeltaraşlyk sungatynyň portret, hojalyk, taryhy, animalistik diýen žanrlary bardyr.

Heýkeltaraşlygyň esasy beýan ediş serişdeleri şu aşakdakylardan durýar: görnüş, aýlaw we hereket. Keşbi janlandyrmak üçin bolsa işi bilen bagly zatlar, ýagny çagajygyň elinde top, daýhanyň elinde bugdaý dessesi ulanylýar. Eşigiň ýygyrdyna görä, adamyň häsiýetini bilip bolýar: dogumly, hereketde ýa-da arkaýyn dur.

### 16.1. SERIŞDELER WE ENJAMLAR

Sapaklarda ulanmak üçin çalymtyl ak palçyk has hem oňaýlydyr, ol şeýleräk tertipde taýýarlanylýar. Toýun topragy getirip, ony ösümlik kökleri, daş, çüýşe ýaly garyndylardan arassalamaly. Soňra uly gaba guýup, üstüni basar ýaly derejede suw

guýmaly we üstüni basyryp goýmaly. Ikilenji we üçülenji gün gowy edip garmaly. Üç günden soň ulanyp başlaýarlar. Palçyk eliňe ýapyşmaz ýaly derejede bolmaly.

Palçyk neýtral reňklerde: goňur, ak, çal reňkde bolýar. Palçygyň bir reňkde bolmagy çagalaryň ünsüni ýasalýan zatlaryň şekiline çekmeklige kömek edýär. Palçygyň öz ýumşaklygyny saklamak üçin ony salkyn ýerde saklamaly we aşagyna öl esgi goýmaly. Palçyk bilen işlenilende doly tamamlanylmadyk işi çygly esgä dolap, onuň daşyndan hem polietilen geýdirilýär. Şonda ol guraman durýar.



A B Ç D E

**50-nji surat.** *A – stekalar; B – halkalar; Ç – üsti aýlanýan abzal; D – relýefli şekil ýasamak üçin molbert; E– karkas*

Şekil ýasamaklykda ulanylýan ýene-de bir serişde plastilindir. Uzak wagtlap saklanyljak iş üçin plastilin oňaýly bolmaýar. Ýöne kiçi göwrümli işler üçin amatlydyr. Dürli reňkli plastilin bilen işlänlerinde çagalar, esasan, reňk bilen gyzygyp, zatlaryň şekiline üns bermeýärler. Şonuň üçin käbir ýagdaýlarda çagalaryň ünsüni şekile gönükdirmek üçin bir reňkli plastilin ulanylýar. Eger ol ýok bolsa, ähli reňkli plastilinleri garyp, bır reňkli edýärler.

Palçyk bilen işlemek üçin tagta (plint) gerekdir. Onuň ölçegi heýkeliň ölçegine görä bolmaly. Eger-de ýasaljak şekil 15x10 sm ölçegde bolsa, onda tagta 35x22 sm ölçegde bolup biler. Şeýle hem şekil ýasalanda uzynlygy 15-20 sm bolan gaty agaçdan ýasalan stekalar (gurallar) hem ulanylýar (*50-nji A surat*). Olaryň iki tarapy piljagaz görnüşinde bolup, dürli görnüşli bolýar we olar ownuk bölekleri, ýagny barmagyň bilen işläp bolmajak ýerlerini (gözi, gulagy, dodagy) işlemek üçin amatlydyr. Kiçi ölçegli şekilleri ýasanlarynda artykmaç palçygy bölüp aýyrmak üçin dürli halkalar ulanylýar (*50-nji B surat*). Bulardan başga-da palçygy berçinlemek üçin agaç çekiçler hem ulanylýar. Olaryň urýan ýeri dörtburç, gönüburç we togalak görnüşde bolýar.

Heýkel ýasamak üçin üsti aýlanýan gapaklyja abzal ulanylýar (*50-nji Ç surat*). Bu abzal duran ýeriňde ýa-da oturan ýeriňde şekiliň ähli tarapyny işlemek üçin oňaýlydyr. Duran ýeriňi üýtgetmän aýlanýan gapajygy aýlap, özüňe gerekli tarapyny işläp bolýar.

Okuwçynyň boýuna görä enjamyň beýikligini hem sazlap bolýar. Aýlanýan gapajygyň üstüni linoleum ýa-da plastik bilen ýapýarlar. Ýogsam agaç gapajyk palçykdaky suwy özüne siňdirip, zaýalanmak bilen bolýar. Palçykdan ýasalan önümleri gün düşmeýän ýerde guradýarlar. Basym guran ýagdaýynda önüm jaýrylmak bilen bolýar.

Relýefli şekilleri ýasamak üçin ýörite molbert ulanylýar (*50-nji D surat*).

Palçykdan ýa-da plastilinden şekil ýasanlarynda kiçiräk göwrümli önümler karkassyz, uly göwrümli heýkeller bolsa karkasly ýasalýar (*50-nji E surat*), karkas-agaç tagtajygyň üstüne şol ýasaljak bolunýan şekiliň süňk gurluşyna, çalymdaş görnüşde simden oňarylýan gurluş, içki direg, söýeg.

Mufel peji palçykdan ýasalan önümleri bişirmek üçin ulanylýar. Peji düwmesinden tutup, birinji bölegine geçirmeli. Eger-de çyrasy ýansa, diýmek, peç işleýär. Ýasalan şekili ilki birinji bölekde goýup, bir sagat saklamaly, soňra düwmejigi 7 sana süýşürip, bir sagat kyrk minut saklamaly. Pejiň gapysynda tegelejik deşik bolýar. Şol deşikden seredip, şekiliň taýýar bolanyny görmek bolýar. Eger-de şekil taýýar bolan bolsa, onda onuň reňki goýy gyzyl reňke gelýär. Iş geçirilip bolnandan soňra, düwmejigi 0-a geçirip, peji öçürmeli. Önümi peji öçüreniňden soňra, göni çykarmaly däl, ony bir gün geçeninden soň çykarmaly.

## 16.2. ŞEKIL ÝASAMAGYŇ TÄRLERI

Uly daş ýa-da agaç böleginden heýkel ýasalanda onuň artyk ýerleri çapylyp aýrylýar. Palçykdan we plastilinden şekil ýasalanda, tokga palçyga ownuk bölekleri goşmak arkaly amal edilýär.

Şekil ýasamaklygyň sadaja usullary şar, silindr, disk şekilli zatlaryň üsti bilen öwredilse, oňat netije berer. Bu şekilleri ýasamak üçin bir reňkli palçyk ýa-da plastilin saýlanyp alynýar. Palçygy şar görnüşe getirmek üçin ilki bilen ony eliň aýasynda togalamaly. Disk görnüşli şekili ýasamak üçin, togalak palçygy eliň aýasyna salyp gysmaly. Silindr görnüşli şekili ýasamak üçin eliň aýasyndaky palçyk uzyn görnüşe gelýänçä, eliňi öňe-yza göni ýagdaýda hereketlendirip süýreltmeli.

Çylşyrymlyrak göwrümleri ýasamak üçin bolsa barmaklaryňy işe goşmaly bolýar. Birnäçe böleklerden durýan (adamy, haýwany) zatlary ýasamaklygyň birnäçe tärleri bar:

***Aýry-aýry böleklerden zatlaryň şekilini ýasamak (gurnamak ýa-da konstruktiw tär).*** Şekil ýasamak işiniň iň aňsatlarynyň biri-de aýry-aýry böleklerden şekil ýasamakdyr. Konstruktiw tärde zatlar aýry-aýry böleklere bölünip ýasalýar. Adatça, şekil ýasalanda ilki bilen uly böleginden başlanylýar. Mysal üçin, bir haýwanyň şekilini ýasamak üçin ilki bilen onuň göwresi, soňra bolsa kellesi, aýagy, guýrugy ýasalýar we birikdirilýär. Kiçijik bölekleri iň soňunda goýulýar (*51-nji surat*).

***Zatlaryň şekilini bitewi bölekden ýasamak (plastiki tär).*** Bu tärden peýdalanylanda bir bitewi palçyk böleginden zatlaryň ähli agzalary ýasalýar. Bu tär biraz

çylşyrymlyrak bolup, gowy gözýetimi we göni hereketi talap edýär. Şonuň üçin şekil ýasalmazdan öň, ilki bilen, ýasaljak şekiliň suraty çekilýär (*52-nji surat*).

***Şekil ýasamagyň garyşyk (kombinirowannyý) görnüşi.*** Garyşyk tärde bitewi bölege degişli agzalary ýerleşdirmeli. Ilki bitewi bölekden zatlaryň esasy bölekleri, meselem: aýynyň göwresi we uly aýaklary; tilkiniň kellesi, göwresi we guýrugy çykarylyp ýasalýar. Şekiliň göwrümini bozmazlyk üçin aýynyň kellesini we tilkiniň aýaklaryny aýratynlykda ýasap ýapyşdyrylsa amatly bolýar.



**51-nji surat.**
**Aýratyn böleklerden düýäniň şekiliniň ýasalyşy**



**52-nji surat**
**Bitewi bölekden aýynyň şekiliniň ýasalyşy**

Ýasalan şekiliň berk bolmagy we bölekleriň gaçmazlygy üçin iki şekiliň birigýän ýerine suwlurajyk palçyk çalyp berkidýärler.

Palçyk bilen ýasalan şekili reňklemek üçin guaş ýa-da angob ulanylýar. Mufel pejinde guradylan, ýagny bişirilen önümi guaş bilen reňkleseň bolýar ýa-da ony çygrak wagty angob bilen reňklemeli.

Angob palçyga suw garmak arkaly taýýarlanylýar. Palçygy gaýmagyň suwuklygy ýaly bolýança suwda ezmeli, soňra ýasalan şekile çotganyň kömegi bilen taýýarlanan angob çalynýar. Gyzyl palçykdan ýasalan şekil çal ýa-da ak palçykdan ýasalan angob bilen reňklenýär. Tersine ak palçykdan ýasalan önüm gyzyl palçykdan ýasalan angob bilen reňklenilýär.

Şekil ýasamagyň her bir görnüşiniň öz döredijilik işleri bardyr. Natura bilen işlenilende okuwçylar naturanyň esasy aýratynlyklaryny tapawutlandyryp bilmekligi başarmaly. Şekil ýasamak üçin hemme zatlar heýkeltaraşlara natura bolup bilmeýär. Naturanyň reňklenilişi asuda we tekiz bolmalydyr, açyk reňkler zatlaryň görnüşini kabul etmäge päsgel berýär. Natura ýerinde goýlandan soň, onuň hemme taraplaryna seredip görmeli: görnüşini kesgitlemeli, bölekleriň arabaglanyşygyny, olaryň arasyndaky ululygyny, göwrümini deňeşdirmeli.

Şekil ýasamak zatlaryň aýlawly suratydyr. Şonuň üçin işlenilýän wagtynda naturany öwrüp görmäge şert döredilmelidir, ýöne işleniljek ýerde ýagtylyk çep tarapdan ýa-da ýokardan düşmelidir. Şeýle bolmasa eliň kölegesi ýasalýan şekile düşüp, şekiliň görnüşi bozulýar.

Käwagtlar şekile seredip, onuň esasy häsiýetlerini ýatda saklap, soňra bolsa şony şekile geçirip bilmegi başarmaly.

Külalçylyk (keramika) sungaty hem has irki döwürlerde dörän sungatlaryň biridir. Küýzeler we beýleki gap-gaçlar toýun palçykdan ýasalyp, olar syrçalanyp bişirilýär. Önüm ýasamak üçin gowy elenen toýun topragyndan palçyk taýýarlaýarlar. Oňat taýýarlanan palçyk hamyr ýaly bolýar, ýöne ol eliňe ýapyşmaz ýaly bolmaly. Şol palçykdan küýze ýa-da gap-gaçlary küýzegäriň çarhynda ýasaýarlar, soňra ony otda goýup ýakýarlar, ýagny suwuny aýyrýarlar. Şeýle edilende ol suwa çydamly we berk bolýar. Eger gerek bolsa daşyny we içini syrçalap bişirýärler. Syrça aýna külkesinden bolup, otda gyzdyrylanda eräp, önümiň daşynda ýukajyk aýna gatlagyny emele getirýär, önümi suwuň täsirinden goraýar, şeýle hem önüm ýylmanak, owadan görnüşe gelýär. Önümiň çydamly, berk we ýeňil bolmagy üçin irki döwürlerde palçygyň düzümine biraz agaç ýonuşgasyny ýa-da ýekeniň tozgasyny goşupdyrlar.

Gap-gaçlaryň şekili ýasalanda zolak görnüşinde ýaýylan palçykdan (*53-nji A surat*), halkalardan ýasamak we içini köwmek tärleri ulanylýar.

Gap-gaçlary elde taýýarlamaklygyň iň gadymy tärleriniň biriniň üstünde durup geçeliň. Ilki önümiň düýbi tegelejik edip ýasalýar, soňra bolsa palçykdan birsydyrgyn galyňlykda ýaýylyp, süýülen palçyk çybyklaryny düýplügiň üstünden ýasaljak önümiň göwrümine görä olaryň diametrini gerek ýerinde ulaldyp ýa-da kiçeldip, spiral görnüşinde üsti-üstüne birikdirip, önümiň keşbi emele getirilýär. Çybyklar biri-biriniň üstüne seplenip, olaryň sepleri birikdirilip, önümiň üsti ýylmanylýar (*53-nji B surat*).




**53-nji surat**



**54-nji surat**

Çylşyrymly şekildäki gap-gaçlary ýasamak üçin küýzegäriň çarhyndan peýdalanýarlar. Has gadymy çarhlar elde aýlanylýan eken (*54-nji surat*).

Küýzegär bir eli bilen çarhy aýlap, beýleki eli bilen bolsa palçyk çybyklary biri-birine sepläp, ýasalýan önüme şekil berýän eken, ýa-da onuň şägirdi çarhy aýlap oturypdyr.

Aýakda aýlanýan çarhyň döredilmegi bilen (*55-nji surat*) küýzegärlere önümi iki eli bilen işlemäge mümkinçilik döreýär. Çarhyň güýjüniň artmagy bolsa göwrümi uly, gurluşy bolsa çylşyrymly bolan gaplary içini köwmek arkaly tokga palçykdan ýasamaga mümkinçilik döredýär.

Häzirki döwürde bolsa küýzegärler elektrik bilen işleýän çarhdan peýdalanýarlar (*56-njy surat*).



**55-nji surat**



**56-njy surat**

Agaçdan ýasalan önümler pagtaýagly gazana atylyp gaýnadylýar ýa-da olara ösümlik ýagyny çalýarlar, ýagny agaç ýagdan özüne geregini alýar. Şeýle edilende ol suwa çydamly bolýar hem-de owadan garaňky reňke eýe bolýar. Köp ýagdaýlarda bolsa agaç önümleri reňklenip, lak bilen örtülýär.

Heýkeltaraşlygyň esasy keşbi adamdyr. Emma käbir heýkeltaraşlar haýwanat dünýäsini öz sungatynda ulanyp, ony gyzykly we üýtgeşik hasaplaýarlar.

**Haýwanlaryň we guşlaryň şekilini ýasamak** üçin ilki bilen olaryň beden gurluşy, beden agzalarynyň ölçegi, hereketdäki ýagdaýy bilen tanyş bolunýar. Janly naturany ýa-da haýwanlaryň gäbini diňe synlamak bilen çäklenmän, olaryň dürli taraplaryndan tutuşlaýyn we bölekleýin suratyny çekmeli. Şu zatlary doly öwrenenden soňra olaryň şekilini ýasamaklyga girişilýär. Işe başlamazdan öňürti işiň ölçegi we ulanyljak serişde saýlanylýar. Dik duran ýa-da hereketdäki ýagdaýda haýwan şekilini ýasamak üçin bolsa karkas ýasalmalydyr, ýogsam agyr göwräni olaryň aýaklary götermez (*57-nji A surat*). Oturan ýa-da ýatan haýwan, guş şekilini karkassyz edip palçykdan ýasamak amatlydyr (*57-nji B surat*). Sebäbi onuň köp bölegi ýere galtaşýar.




**57-nji surat.** *A – atyň karkasy we şekiliň ýasalyşy;*
*B – ördegiň şekiliniň ýasalyşy*

Ýasalýan şekilleriň has hem täsirli seredilmegi üçin olaryň häsiýetli alamatlaryny, tebigy gözelligini görkezmeklige çalyşmaly.

**Adamyň şekilini ýasamaklyk** üçin onuň bedeniniň gurluşyny, beden agzalarynyň ululyk gatnaşyklaryny, şekiliň häsiýetli aýratynlyklaryny öwrenmek gerek. Adamyň göwresini ilki asuda duran ýagdaýda ýasap öwrenýärler, soňra bolsa hereketdäki ýagdaýyny ýasamaklyga geçmek bolar. Ulurak ölçegde adam şekili ýasalanda hökman agaçdan ýa-da simden oňa karkas edilmelidir. Kiçi ölçeglerde bolsa onuň göwre, kelle, el-aýak ýaly uly böleklerini aýry-aýry böleklerden ýasap birikdirmek amatlydyr. Göz, gulak, burun ýaly ownuk böleklerini bolsa kelle üçin niýetlenen tokga palçykdan büküp çykarmak bolar. Stekalardan hem ýerlikli peýdalanmagy başarmaly.

**Durmuşy temalardan we edebi eserlerden şekil ýasamaklyk** synçylygy, duýgurlygy talap edýär. Ilki bilen şekilde görkeziljek pursat saýlanyp alynýar. Şekiliň has hem täsirli, labyzly bolmagy üçin ilki kagyzda birnäçe gözlegler edilýär. Gahrymanlary biri-biri bilen baglanyşykly ýerleşdirmek, olaryň häsiýetini açyp görkezmek, olaryň hereketini kesgitlemek, olaryň ýerleşýän giňişliginiň gurluşyny kesgitlemek üçin palçykdan hem birnäçe gözlegler edilýär. Durmuşy temalardan we edebi eserlerden şekiller ýasalanda ýasalýan şekilleriň gurluş aýratynlyklaryny bilmek hökmanydyr. Şeýle hem adamyň we haýwanlaryň, ösümlikleriň arasyndaky ululyk gatnaşyklary saklanylmalydyr. Şekilleri has hem täsirli etmek üçin olaryň

kärine görä ulanýan gurallaryny hem görkezmek mümkin. Meselem, kompozitoryň şekilini has hem täsirli görkezmek üçin roýalyň ýanynda oýlanyp oturan pursatyny ýasamak bolar.

**Edebi eserlerden şekil ýasamak** üçin ilki bilen edebi eseriň mazmuny bilen içgin tanyş bolunýar. Wakalaryň has täsirli ýeri saýlanyp alynýar, hyýaldaky zatlar kagyza geçirilýär, birnäçe gözlegler edilýär. Kagyzdaky gözlegler bilen bir hatarda gahrymanlaryň häsiýetlerini, sahnanyň kompozision çözgüdini tapmak üçin palçykdan ýa-da plastilinden birnäçe gözlegler edilýär. Bu iş heýkeliň beýikligini, ölçeglerini, gahrymanlaryň hereketini, häsiýetlerini, eseriň täsirliligini kesgitlemäge kömek edýär. Soňra tagtajygyň (plintiň) üstünde tapylan kompozisiýa laýyklykda karkas edilýär we tutuş sahna palçykdan, plastilinden ýerine ýetirilýär.

Mekdep okuwçylary bilen bu sapaklar özleşdirilende bolsa, olara edebi eserlerden toparlaýyn iş tabşyrmak bolar. Toparlaýyn iş tabşyrmak üçin gahrymanlarynyň sany köpräk bir eseri saýlamak has hem oňaýlydyr. Sapagy ýaryş görnüşinde hem guramak mümkindir. Ýagny birinji hatardaky okuwçylara “Akpamyk” ertekisiniň gahrymanlaryny, ikinji hatardaky okuwçylara bolsa “Böwenjik” ertekisiniň gahrymanlarynyň keşplerini ýasamaklygy tabşyrmak bolar. Üçünji hatardaky okuwçylara bolsa “Şalgam” ertekisiniň gahrymanlaryny: babany, mamany, agtyjagy, güjüjegi, pişijegi, syçanjygy we şalgamy ýasamaklygy tabşyrmak bolar. Sapagyň ahyrynda her ertekiniň gahrymanlary özbaşyna bir tagtajygyň üstünde çagalar bilen maslahatlaşylyp ýerleşdirilýär. Eger wagt ýeterlik bolsa her topardan bir okuwçy ertekini gürrüň berse we gürrüň berip barýarka şekiljikleri ýerleşdirip gitse sapagyň täsirliligi has hem artar.



**58-nji surat.**
**A. Oramadow.**
*“Küýzeli gyz”*



**59-njy surat.**
**A. Meredow.**
*“Durnalar“*



**60-njy surat.**
**S. Babaýew.**
*“Ibn Sina”*













**61-nji surat. Talyplaryň ýerine ýetiren işleri.** *Plastilin*

 

**62-nji surat. Bezeg heýkelleri**

*Mysaly ýumuşlar:* plastilinden, palçykdan gap-gaçlaryň şekilini ýasamak we olary milli nagyşlar bilen bezemek; guşlaryň, haýwanlaryň, adamyň şekilini ýasamak.

## II BÖLÜM

# BAŞLANGYÇ SYNPLARDA ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNY OKATMAGYŇ USULYÝETI

## 17. ÇAGALARA ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNY ÖWRETMEGIŇ MAZMUNY WE YLMY-NAZARY ESASLARY

Şekillendiriş sungaty umumybilim berýän orta mekdepleriň umumy çägindäki okuw dersidir. Gadymy Müsürde, Gresiýada we Rimde sungat uly ösüşlere eýe bolýar. Şäherleriň, ybadathanalaryň, köşkleriň, ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy giň gerim alýar. Bu bolsa köpsanly suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň we binagärleriň taýýarlanylmagyny talap edýär. Ýörite mekdeplerde adamy, haýwanlary, ösümlikleri şekillendirmegiň we jaýyň içki, daşky bezegini ýerine ýetirmegiň kanunlary, usullary işlenip düzülýär. Şekillendiriş sungatyny diňe bir hünärmenleri taýýarlamak üçin däl-de, eýsem umumybilim berýän hem-de terbiýeleýän sapak hökmünde çagalara öwredilip başlamalydygyna, şekillendiriş sungatynyň çagalaryň hemmetaraplaýyn ösüşinde wajyp ähmiýetiniň bardygyna göz ýetirýärler. Gadymy Gresiýanyň akyldarlary, suratkeşleri surat çekmegiň öwredilmegini diňe bir köpsanly senetler üçin däl-de, umumy bilimde we terbiýe bermekde ulanmak üçin hem möhüm diýip hasaplapdyrlar. Surat çekmeklik fiziki gözelligi kesgitlemekde gözleriň kämilligini ösdürýär diýip hasap edipdirler.

Aristotel (biziň eýýamymyza çenli 384-322-nji ýyllar) "Häzirki wagtda şu dört sapak: grammatika, gimnastika, saz we kähalatda surat çekmegi öwretmegiň adaty dersleri hasaplanýar" diýip belleýär. Ol sungatyň adamlaryň ahlak durmuşy bilen baglanyşyklydygyny hem-de kämilleşdirmegiň we hoşniýetli işleri etmegiň wezipelerine ýardam berýändigini, sungatyň kalby arassalamagyň (katarsisiň) üsti bilen adamy ýaramaz häsiýetlerden saplaýandygyny belläpdir. Aristotel: "...çagalary diňe peýda görmek üçin, meselem, sowady öwretmek üçin däl-de, şol okuw arkaly olara başga maglumatlaryň toplumyny hem öwredip bolýandygy üçin okatmaly..."[5] diýipdir.

Orta asyrlarda ýaşap geçen tanymal çeh pedagogy Ýan Amos Komenskiniň (1592-1670) eden işleri surat çekmegi öwretmegiň usullaryny işläp taýýarlamakda uly ähmiýete eýe boldy. Bu tanymal çeh pedagogy «surat» sapagyny hökmany suratda umumybilim berýän mekdeplere girizmeli, bu sapak mekdebiň terbiýeçiligi bilen bagly wezipeleri çözmäge ýardam berýär diýip hasaplapdyr.

XVII asyrda iňlis filosofy we pedagog Jon Lokk (1632-1704) mekdeplerde surat sapagynyň öwredilmeginiň möhümdigini aýdyp geçipdir. Ol "Çaga oňat we

dogumly ýazmagy öwrenenden soňra, meniň pikirimçe, onuň eliniň hat ýazmak arkaly däl-de, surat çekmegiň üsti bilen kämilleşdirilmegini dowam etdirmek gerek, çünki munuň özi oňa dürli ýagdaýlarda, aýratyn-da syýahat eden mahalynda tutuş sahypada şowly we açyk beýan edip bolmajak zatlary iki-üç sany şowly ýerine ýetirilen ştrih arkaly şekillendirmegiň serişdesi bolup biler. Adam, gör, näçe binalary görýär, ol köpsanly maşynlara we geýimlere gabat gelýär, bular baradaky düşünjäni surat çekmek boýunça azda-kände ukyby bolan ýagdaýynda ýönekeý şekil arkaly ýatda saklamak we beýlekilere görkezmek aňsat düşýär, bu zatlary sözler arkaly beýan etjek bolsaň, sözleriň köpüsi ýitip gidýär, iň bolmanda wakalar doly we düşnükli bolman galýar”[6] diýip belläp geçipdir.

Fransuz filosofy, ensiklopediýaçy Žan Žak Russo (1712-1778) surat çekmegiň daş-töwerekde bolup geçýän hakykata duýguly-emosional garaýyşlara düşünmekde we ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe bolup durýandygyny belledi. Russo “Emil ýa-da Terbiýe hakynda” diýen kitabynda daş-töwerekdäki hakykata düşünmekde duýgy agzalarynyň uly ähmiýete eýedigini hem-de bulary çaga naturadan surat çekmegi öwretmek arkaly ösdürmek bolýandygyny ýazypdyr.

Ýöne surat çekmek umumybilim bermegiň dersi hökmünde mekdeplerde diňe XIX asyryň başyndan öwredilip başlandy. Iogann Genrih Pestalossi (1746-1827) suratyň okuw dersleriniň toparyna iş ýüzünde goşulmagyny ilkinji bolup öňe sürenleriň biridir. Ol özüniň “Gertruda öz çagalaryny nähili okadýar” atly kitabynda surat çekmegi öwretmegiň usulyýetine garaýyşlaryny jikme-jik beýan edýär. Pestalossiniň pikirine görä, okuwyň başlangyç tapgyrynda surat çekmekligi öwretmek has-da möhümdir.

Pestalossi surat çekmegi öwretmegiň haty ýazmagy öwretmekden öňe düşmelidigini belläp, onuň harplaryň şekilini çekmegi öwredýändigini we onuň aňsat özleşdirilýändigini aýdýar. Ol: “Hat ýazmak, erkin saýlanyp alnan çyzykly görnüşleriň suratyny çekmek, şoňa görä-de ýazuw, esasan, çyzyklaryň suratyny çekmegiň kadalaryna laýyk gelmelidir. Bu esasy kada tebigatyň talaplaryna doly laýyk gelýär, çünki çaga çyzygyň şekiliniň esaslaryny eline galam alyp, hat ýazmagy öwrenmeginden iki-üç ýyl öň özleşdirmäge ukyplydyr. Şeýlelikde, men çagalara ýazuwdan öň surat çekmegi öwredýärin, şu usula eýerip, olar harplary örän takyk şekillendirýärler, munuň özi şol ýaşda seýrek gabat gelýän ýagdaýdyr”.[7]

Umumybilim berýän mekdepleriň ulgamlarynyň ösmegi we okatmak boýunça tejribäniň toplanmagy netijesinde, surat çekmekligi öwretmegiň usulyýeti hem kämilleşdirildi. Ilki-ilkiler göçürip çekmek usuly peýdalanylýar. XIX asyryň ahyrynda şekillendiriş sungatyny öwretmegiň täze geometriki we natural usullary peýda boldy. Geometriki usul geometriýany ugur edinip surat çekmegi öwretmeklige esaslanýar, bu teoriýanyň tarapdarlary bu usul şekilleri matematiki takyklyk bilen suratlandyrmaga ýardam berýär diýip hasaplapdyrlar.

Natural (“*amerikan*”) usulyň häsiýetli aýratynlygy çaganyň zatlary görşi ýaly, şekili çekmegiň geometriki esaslaryna bakman çekmeginden ybarat bolupdyr. Natural usulyň tarapdarlary bu usulyň geometriki usuldan tapawutlylykda okuwçy-

lary tebigata, hakykata uýgunlaşdyrýandygyny belläpdirler. Çagalara surat çekmegi öwretmekde olar okuwçylaryň "tebigy güýçlerine", olaryň göz öňüne getirişine, döredijiligine bil baglapdyrlar.

Russiýada, Günbatar Ýewropada okatmagyň göçürmek, geometriki we natural usullary hem-de naturadan şekillendirilmeklige esaslanyp okatmagyň usuly giňden ýaýrapdyr.

Başlangyç synp okuwçylarynyň umumy terbiýesinde we olarda duýgulary, çeper döredijilik ukyplaryny ösdürmek hem-de okuwçylary durmuşa, jemgyýete peýdaly zähmete taýýarlamakda şekillendiriş sungatynyň uly ähmiýete eýedigini göz öňünde tutup, orta mekdeplerde we sungat mekdeplerinde, ýörite okuw jaýlarynda bu bilimleri öwretmek işini has hem kämilleşdirmek şu günki gün bilim ulgamynyň işgärlerinden edilýän talaplaryň biridir. Umumy bilim berýän mekdeplerde şekillendiriş sungaty boýunça sapaklaryň şu aşakdaky görnüşleri göz öňüne tutulandyr:

– naturadan surat çekmek;

– tema boýunça surat çekmek;

– dekoratiw bezeg işleri boýunça suratlary ýerine ýetirmek;

– şekillendiriş sungaty hakynda gürrüňdeşlik, sungat eserleri bilen tanyşdyrmak.

Umumybilim berýän orta mekdeplerde şekillendiriş sungatyny okatmaklygyň esasy okuw terbiýeçilik wezipesi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– çagalaryň gözellige bolan duýgusyny ösdürmek we sungata bolan gyzyklanmasyny, söýgüsini terbiýelemek;

– çagalaryň naturadan, ýatdan we göz öňüne getirip, şeýle hem bezeg suratlaryny ýerine ýetirmek başarnyklaryny ösdürmek;

– çagalary, ýagny mekdep okuwçylaryny şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň ajaýyp eserleri bilen tanyşdyrmak.

Şekillendiriş sungaty okuwçylaryň akyl, ahlak, gözellik, beden, zähmet terbiýeleriniň kämil bolmagynda uly ähmiýete eýedir.

**Akyl terbiýesi** daş-töweregi gurşap alan durmuşa akyl ýetirmek bilen berk baglanyşyklydyr. Okuwçylar ulanylýan serişdeleriň (kagyzyň, galamyň, palçygyň, akwareliň) häsiýetlerine we işi ýerine ýetirmegiň usullaryna akyl ýetirýärler. Şekillendirilýän zatlaryň şekili (üçburçluk, dörtburçluk, tөwerek), düzümi (toýundan, agaçdan, daşdan), reňki (gyzyl, sary, ýyly reňk, sowuk reňk), ölçegi (uly, kiçi, uzyn, gysga) hakynda maglumat alýarlar. Zatlary şekillendirmek üçin ony görmek we doly göz öňüne getirmek, onuň häsiýetli alamatlaryny duýmak zerurdyr. Sapaklarda okuwçylaryň pikirleniş, göz öňüne getiriş ukyplary we aň işjeňligi artýar hem-de döredijilik ukyplary ösýär. Öz pikirlerini, daş-töwerekden alan täsirlerini çeper beýan ediş serişdeleriniň (kagyz, galam, reňk, palçyk) üsti bilen beýan etmegi öwrenip, işi ýerine ýetirýärler (surat çekýärler, şekil ýasaýarlar).

**Ahlak terbiýesi.** Ahlak adamlaryň özlerini alyp barşynyň taryhy taýdan emele gelen ýörelgeleriniň we kadalarynyň jemidir. Ahlak adamlar bilen aragatnaşykda, jemgyýetde özüňi alyp barmagyň düzgünleridir. Ol okuw işlerinde-de, zähmetde-de,

döredijilikde-de ýüze çykýar. Ahlak terbiýesini maşgalada, mekdebe çenli çagalar edaralarynda, mekdepde, zähmet çekýän edarasynda ahlakly adamlaryň üsti bilen amala aşyrýarlar. Ulular kiçileriň özlerinden hemişe görelde alýandygyny unutmaly däldirler. Ahlak terbiýesi amala aşyrylanda medeniýet öýleriniň, teatrlaryň, muzeýleriň, kitaphanalaryň hyzmatyndan peýdalanmagy başarmaly. Şekillendiriş sungaty sapaklarynda ahlak terbiýesi işiň mazmuny arkaly amal edilýär. Meselem, “Çörek mukaddesdir” diýen temadan surat çekdirýän bolsak, çöregiň biziň saçagymyza taýýar görnüşde gelýänçä geçilýän ýoly, çekilýän zähmeti okuwçylaryň özlerine sanatmak oňat netije berer. Birinji okuwçy bugdaýy eker, ikinji dökün berer, üçünji suwarar, dördünji orar, soňkular bolsa döwer, arassalar, üwär, ýugrar, bişirer. Şeýle edilende çagalar çöregi taýýarlamak üçin köp zähmet çekmelidigine akyl ýetirerler, ony zaýalamaly däldigine oňat düşünerler. Sapaklaryň we gezelençleriň dowamynda okuwçylaryň daş-töwerekdäki durmuşa bolan gatnaşyklary berkeýär. Okuwçylar şäher bilen tanşyp, jaýlaryň, adamlaryň suratyny çekenlerinde adamlaryň zähmeti, ýaşaýşy hakyndaky düşünjeleri berkeýär. Sapak wagtynda ýoldaşlyk, birek-birege kömek etmek, maslahatlaşmak, baha bermek ýaly endikleri kemala gelýär. Şeýle hem olarda partada dik oturmak, ýumuşlary diňlemek we ýerine ýetirmek ýaly wajyp endikler terbiýelenýär.

**Gözellik (estetiki) terbiýesi** tebigatyň, sungatyň gözelligini dogry kabul etmek başarnygyny aňladýar. Gözellik terbiýesi dogry ýola goýlanda çagalar durmuşa owadanlyk girizmäge çalyşýarlar, olaryň çeper gözýetimi giňeýär, gözellik duýgulary we ruhy ösüşi kämilleşýär. Çagalaryň daş-töweregi gurşap alan dünýä bolan gözellik gatnaşyklaryny, ajaýyp zatlary görmeklerini we baha bermeklerini gazanmaly. Tebigat gözellik duýgulary üçin baý materiallary eçilýär (günüň dogmagy, älemgoşaryň görünmegi, deňiz tolkunlary, ýyldyrym çakmagy), okuwçylara bolsa şu gözelliklere öz garaýyşlaryny beýan edip bilmeklerini öwretmeli.

**Beden terbiýesi** adamyň kadaly ösüşini, beden agzalarynyň öz işini kämil ýerine ýetirmegini, sagdyn durmuş ýoluny ýöretmegini üpjün edýär. Şekillendiriş sungaty sapaklarynda okuwçylaryň beden terbiýesiniň kämil bolmagyna, aň işjeňliginiň ösmegine ýol açylýar. Sungat olary ruhubelent, şähdaçyk ruhda terbiýeleýär. Gözüň, eliň, beýniniň işjeňligi artýar. Elleriniň hereketiniň sazlaşygy, görmek, tanamak, ýatda saklamak, pikirlenmek, söz, hereket we şekil üsti bilen pikirini beýan etmek, şekillendirmek ukyplary ösýär.

## Şekillendiriş sungatyny okatmagyň didaktiki ýörelgeleri

**Didaktika** bilim bermegiň we öwretmegiň nazaryýeti bolmak bilen, bilimiň mazmunyny, bilimleriň özleşdirilişini we ulanylyşyny, başarnyklary we endikleri, ýörelgeleri, usullary hem-de okuwyň guramaçylyk görnüşlerini öz içine alýar.

**Öwretmegiň terbiýeçilik häsiýeti.** Şekillendiriş sungaty çaga terbiýesiniň kämil bolmagynda uly ähmiýete eýedir. Sapaklaryň dowamynda okuwçylaryň gözellik, ynsanperwerlik duýgulary ösýär, dünýägaraýşy artýar, sungat hakynda düşünje alýarlar. Çagalar sungat eserlerini synlanlaryndan soň, şol eser hakynda gürrüň edenlerinde diňe şol ýerde şekillendirilýän zatlar hakynda gürrüň etmekleri bilen çäklenmän, eýsem onuň many-mazmunyny seljerip bilmeklerini gazanmaly, çeper täsirlilik serişdelerini kesgitlemegi hem öwretmelidir. Ýagny suratkeşiň öz pikirini şekilleriň üsti bilen tomaşaça beýan etmek üçin ulanan tärlerine, tilsimlerine düşünmekligi öwretmeli. Sebäbi sungat eserlerinde suratkeş diňe bir wakany açyp görkezmek, şol pursaty şekillendirmek bilen çäklenmän, oňa özboluşly many-mazmun berýär. Şekillendiriş sungatynyň her bir görnüşinde, žanrynda öňe sürülýän pikirler bolýar. Ajaýyp sungat eserlerini synlanlarynda çagalarda watansöýüjilik, ynsanperwerlik, ata-babalaryňa guwanmak, mertlik, tebigaty we durmuşy söýmek, ejizi goramak, ýoldaşyňa kömek etmek ýaly duýgular kemala gelýär. Şu duýgulary kemala getirmekde, ösdürmekde, terbiýelemekde mugallymyň öz işine ussatlygy has hem zerurdyr.

Çagalaryň şekillendiriş sungatynyň eserlerini öwrenmegi olarda şekillendirilýän zatlara we hadysalara bolan gatnaşygyny kemala getirýär. Gözellik duýgularynyň ösen bolmagy çagalaryň ahlak sypatlarynyň kemala gelmegi bilen berk baglanyşyklydyr. Çagalaryň diňe bir surat çekmekligi bilen çäklenmän, eýsem şol suraty çekilýän zatlar hakynda giňişleýin düşünjesiniň kemala gelmegini we şol zatlara gatnaşygynyň berkemegini gazanmaklyga çalyşmaly. Meselem, çagalar guşlaryň suratyny çekýän bolsalar, olarda guşlaryň görnüşleri, beden gurluşy, ýaşaýyş şertleri, peýdasy, olaryň gözelligi, özboluşly aýratynlygy hakynda düşünjeleri kemala getirmeli. Guşlara ideg etmek (olar üçin höwürtge ýasamak, iým bermek), eldekileşdirilen guşlary (totyguş, kepderi) saklamak, olar bilen dostlaşmak, tebigata we janly-jandarlara söýgüsini oýarmak has hem zerurdyr. Sebäbi çagalaryň şekili kagyza dogry ýerleşdirmek, şekiliň gurluşyny dogry görkezip bilmek, reňk baýlygyny görkezmekleri bilen çäklenmän, olarda şol zatlara bolan söýgüsiniň döremegini gazanmaklyga çalyşmaly.

Okuw ýumuşlaryny ýerine ýetirýän wagtynda çagalar inçe duýgulary başdan geçirýärler. Halkara aýal-gyzlar güni bolan 8-nji mart baýramçylygynyň öň ýanynda çagalara “Ejeme sowgat” diýen temadan surat çekdirmezden öňürti enelerimiz, olaryň mähremligi, söýgüsi hakynda, enelerimiziň gahrymançylygy, geçirimliligi, ynsanperwerligi hakynda mugallym ussatlyk bilen gürrüň edip bilse, çagalarda enelerimize bolan söýgüsini artdyryp, olary işe höweslendirip bilse, onda bu zatlaryň ählisi olaryň ejesine taýýarlaýan sowgadynda duýlar. Sebäbi haýsydyr bir eseri döretmek üçin suratkeşiň kalbyny duýgularyň gaplap almagy, onuň şol eseri döretmegine, özi hem ajaýyp sungat eseri edip döretmegine itergi berýär. Enelerimiz hakynda gürrüň edilmegi, goşgy okalmagy, taryhdan mysallar getirilmegi çagalaryň kalbyny joşdurýar, işe höweslendirýär we şol bir wagtyň özünde hem olary terbiýeleýär.

Garaşsyzlyk, Bitaraplyk, Baýdak baýramy mynasybetli çekilýän suratlar bolsa çagalarda watansöýüjiligi terbiýeleýär.

Mugallym çagalara gürrüň berende ynamly, yzygiderli, sazlaşykly gürlemegi başarmaly. Taryhy temalardan çekilen suratlary synladýan wagtynda mugallymyň özüniň taryhy oňat bilmegi, mertlik, gahrymançylyk, halallyk, watansöýüjilik hakynda aýdan zatlaryny okuwçylaryň kalbynda ornaşdyryp bilmegi okuwçylarda şol duýgularyň ösmegine getirýär. Her bir surat görkezilip gürrüň berlende, mümkin boldugyça, şol suratyň mazmunyny köptaraplaýyn açyp görkezmeklige çalyşmaly. Sebäbi suratkeş diýjek bolýan pikirini diňe şekilleriň, reňkiň üsti bilen aňladýar. Eseri soňra "gürledip", şondan ýerlikli peýdalanmak mugallymyň ussatlygyna bagly bolup durýar. Synlanan suratyň temasyna degişli gürrüňleri, goşgulary, rowaýatlary gürrüň bermeli. Şekillendiriş sungatyny başarjaň, döredijilikli öwredip bilmegimiz çagalaryň syýasy, akyl, ahlak, gözellik we zähmet hem-de beden terbiýesiniň amal edilmeginde uly orun tutýar.

**Okuwyň ylmylygy.** Çagalara öwredilýän bilimler, başarnyklar ylmy taýdan esaslandyrylan we iş ýüzünde barlanylan bolmalydyr.

Şekillendiriş sungatynyň özi birnäçe ylmy kanunalaýyklykda esaslandyrylandyr: perspektiwanyň we howa perspektiwasynyň, ýagty-kölegäniň, kompozisiýanyň, reňkleriň, beden gurluşynyň kanunalaýyklygy we beýlekiler muňa mysal bolup biler.

Çagalaryň nazaryýetde alan bilimlerini we zatlary synlamaklary netijesinde olarda dörän duýgulary, täsirleri işi ýerine ýetirmegiň kanunlary, düzgünleri, düşünjeleri bilen birikdirmegi başarmaly. Şu zatlar iş ýüzünde amal edilen ýagdaýynda çagalaryň döredijiligi, ösüşi dogry amal edilip bilner.

Öwretmegiň ylmylyk ýörelgeleriniň ýene-de biri hem mugallymyň sungat adalgalaryndan (terminlerden) peýdalanmagydyr.

***Öwretmegiň ulgamlaýyn we yzygiderlilik ýörelgesi.*** Bu ýörelge çagalaryň pikirleniş ukyplarynyň ösmegine, daş-töwerege akyl ýetirmegine şert döredýär. Bilimleriň, başarnyklaryň we endikleriň yzygiderli öwredilmegi olaryň hadysalaryň we zatlaryň häsiýetli alamatlaryny görüp bilmegini we çekýän suratlarynda dogruçyl suratlandyryp bilmegini üpjün edýär.

***Okuwyň aňly-düşünjelilik we işjeňlik ýörelgesi.*** Şekillendiriş sungaty sapaklarynda çagalar bilimleriň esaslary bilen tanşyp, olary iş ýüzünde ulanmaklygyň usullaryny öwrenýärler, şonuň netijesinde hem olarda şekillendiriş sungatyna döredijilikli çemeleşmek ýüze çykýar. Perspektiwanyň we howa perspektiwasynyň kanunalaýyklygynyň özara baglanyşygy, kompozisiýa, çeper täsirlilik we ölçegleri görkezmek, giňişligi şekillendirmek ýaly meseleler şekillendiriş sungaty sapaklarynda çagalaryň üns merkezinde durýar.

Aňly-düşünjelilik ýörelgesi çagalaryň okuw ýumuşlarynyň maksatlaryna düşünmekleri, öwrenilýän kanunalaýyklyklaryny aň ýetirip özleşdirmeklerini, surat çekmegiň düzgünlerini öwrenmeklerini we ele alan bilimlerini iş ýüzünde, döredijiliginde ulanyp bilmeklerini aňladýar. Sapaklarda öwredilýän nazary bilimleriň we amaly endikleriň okuwçylar tarapyndan aňly-düşünjeli özleşdirilmegini hem-de

işjeňligi berjaý edip bilen ýagdaýymyzda okuw-terbiýeçilik işiniň esasy maksadyny, ýagny aňly-düşünjeli, ösen, işjeň, kämil şahsyýeti terbiýeläp bileris.

***Okuwyň güýçýeterliligi***. Bu ýörelge öwredilýän okuw materialynyň göwrümi we öwrediliş usuly boýunça çaganyň ýaşyna, akyl taýdan ösüşine, başarnyklaryna laýyk bolmaklygyny talap edýär. Güýçýeterli bolmaly diýildigi özleşdirilýän material ýeňil, sada ýa-da çylşyrymly bolmaly diýildigi däldir. Sebäbi ýeňil material hiç bir kynçylyksyz ýeňil özleşdirilýär, bu bolsa olaryň akyl işjeňliginiň we aňýetirmek mümkinçilikleriniň ösüşine ýaramaz täsir edýär. Okuw materialy ýuwaş-ýuwaşdan sadadan çylşyrymla geçýän görnüşde bolmaly.

1-nji synpda çagalaryň çagalar bagynda nämeleri öwrenendigine göz ýetirýärler. Olara gurluşy boýunça sada zatlaryň häsiýetli şekillerini, gurluşyny, giňişlikdäki ýagdaýyny, reňk öwüşginini seljermekligi öwredýärler.

Soňra bolsa okuwçylar sadaja natýurmortlaryň we çylşyrymly gurluşy bolan zatlaryň (güldan, küýze), adamyň, guşlaryň, haýwanlaryň suratyny çekip başlaýarlar.

Okuwçylaryň ýaşy ulaldygyça olar perspektiwa, gözýetim çyzygy, görüş nokady, birikme nokady, ýagty-garaňky hakynda, şeýle hem şekillendiriş sungatynyň görnüşleri we žanrlary barada başlangyç maglumatlary alyp ugraýarlar. Okuw materialynyň aňýeterliligini üpjün etmek üçin öwretmekligiň beýleki ýörelgelerini hem amal etmeli. Ýene-de bir bellemeli zat, ol hem okuw materialy näçe çylşyrymly bolsa-da, mugallym okuwçylaryň duýgularyna we gyzyklanmalaryna daýanyp, çagalary ýumşuň mazmunyna bagly okuw döredijilik ýumuşlaryna çekip bilen ýagdaýynda çagalar bu materiallary hem özleşdirmegi başararlar. Okuwçylaryň bilimleri we başarnyklary oňat özleşdirmekleri köp derejede mugallymyň görkezme esbaplardan ýerlikli peýdalanyp bilmegine, söz ussatlygyna bagly bolýar. Çagalara şekillendiriş sungaty öwredilende hemişe öwretmegiň ýörelgelerini amal etmeli: ýeňilden agyra, belliden näbellä, sadadan çylşyrymla geçýän görnüşde öwretmeli.

***Bilimleri, başarnyklary we endikleri berkitmek.*** Başlangyç synplarda özleşdirilen bilimler, başarnyklar, endikler indiki synplarda çylşyrymly materialy özleşdirmek üçin basgançak, çeşme bolup hyzmat edýär. Şu çeşme bolmazdan çagalarda çeper döredijilik ösüşi bolup bilmez. Çagalaryň ylym-bilimleriniň we döredijiliginiň ösmegi üçin şol başlangyç bilim oňat özleşdirilen we berkidilen bolmaly. Bu bilimler okuwçylaryň ýadynyň, pikirlenmesiniň, döredijilikli göz öňüne getirişiniň kämil bolmagynda we işjeňliginiň artmagynda uly ähmiýete eýedir. Bu ýörelgäniň esasy talaby bolsa şol öwrenilen bilimleriň oňat özleşdirilen we berkidilen bolmagydyr.

Bilimleriň berkidilmegi okuw ýumuşlary ýerine ýetirilende aňýeterlilik, güýçýeterlilik we işjeňlik bilen baglanyşyklydyr. Täze okuw materialy öwredilende öňki öwrenilen bilimlere daýanylsa, okuw materialy oňat, aňsat özleşdiriler. Meselem, üç zatdan ybarat natýurmort çekenlerinde, aýry-aýrylykda zatlary şekillendirenlerinde öwrenen bilimlerine daýanmak oňat netije berer. Okuwçylaryň nazaryýeti gowşak bilmekleri olaryň çekýän suratlarynyň täsirliligini peseldýär, döredijiliginiň ösmegine

pästgelçilik döredýär. Galam we akwarel bilen işlänlerinde tabşyrylýan ýumuşlaryň talaplaryna görä dürli usullardan peýdalanyp bilmekleri, suraty umumydan bölege we ýene umumylaşdyryp işläp bilmekleri endik edinýänçäler berkidilmelidir.

Okuwçylaryň sapaklary oňat özleşdirmekleri üçin mugallym sapaklarda dürli usullary (görkezme esbaplar, gürrüňdeşlikler, nabrosok çekmek we ş.m.) ulanmalydyr.

Okuwçylaryň özleşdiren bilimlerini we başarnyklaryny näderejede özleşdirendiklerini indiki sapaklaryň dowamynda (sorag bermek, ýumuş tabşyrmak), çärýegiň ahyrynda (geçilenleri umumylaşdyrmak ýa-da gaýtalamak) we okuw ýylynyň ahyrynda barlap durmaly.

***Okuwçylaryň şahsy aýratynlyklaryny hasaba almak ýörelgesi.*** Mugallym öz okuwçylarynyň her biriniň çeperçilik başarnyklaryny we gyzyklanmasyny oňat bilmelidir we olary höweslendirmelidir, okuwçylaryň taýýarlygyna, başarnygyna, häsiýetine görä öwretmegiň we terbiýelemegiň dürli usullaryny ulanmagy başarmalydyr. Bu bolsa okuwçylaryň ähli taraplaýyn kämil şahsyýet bolup ýetişmegini üpjün edýär. Mugallymyň gowşak okuwçylar bilen işlemegiň usullaryny tapmagy has hem wajypdyr.

***Görkezme esbaplylyk ýörelgesi.*** Şekillendiriş sungaty hemişe görmek arkaly kabul edilýän duýgulardan, hadysalary we zatlary duýguly kabul etmeklik bilen berk baglanyşyklydyr. Şonuň üçin hem görkezme esbapsyz (naturasyz, nusgalary görkezmek, suratlary synlamak, okuw-görkezme esbaplary) sapagy göz öňüne getirmek mümkin däl. Sapagyň görkezme esbaplylygy okuwyň durmuş bilen baglanyşygyny üpjün edýär. Şekillendiriş sungatyny okatmaklygyň iş tejribesinde görkezme esbaplaryň şu aşakdaky ulgamy işlenip düzüldi.

*Predmetli görkezme esbaplara* sapakda natura bolup hyzmat edýän zatlar, tebigy zatlar: gök önümler, miweler, şahalar, ýapraklar, güller; kebelekleriň we teneçirleriň kolleksiýasy, gerbariler; haýwanlaryň, guşlaryň gäbi; gök önümleriň, miweleriň, kömelekleriň ýasalan şekilleri (mulýažlar); oýnawaçlar, dürli zatlaryň (öýler, gämi, awtobus we ş.m.) gurnawlary (maketleri); gipsden ýasalan şekiller (güller, ýapraklar, nagyşlar, haýwan we adam şekiljikleri); öý goşlary (gap-gaçlar, küýzeler, golçalar, çäýnek-käseler). Bulardan başga-da, naturanyň aşagyna düşek hökmünde ulanar ýaly dürli reňkli we dürli nagyşly matalar, keçe we halyçalar degişlidir.

*Zatlaryň gurluşyny, ýagty-kölegesini, reňkini, perspektiwanyň kanunlaryny görkezýän göwrümli gurnawlar (modeller).* Görkezme esbaplaryň bu toplumyny zatlaryň giňişlikde perspektiw gysgalmasyny görkezýän simden edilen geometrik göwrümler, gap-gaçlar, agaçdan edilen podstawkadaky töwerekler we dörtburçluklar düzýär.

*Okuw-usuly tablisalary.* Bu tablisalar aýratynlykda zatlary, haýwanlary, guşlary, adamyň göwresini tapgyrlaýyn şekillendirmegi we galam, akwarel hem-de guaş bilen işlemegiň düzgünlerini görkezýär. Şeýle hem tablisalar temalaýyn suratlary we bezeg suratlaryny ýerine ýetirmekligiň usullaryny we reňk geçişini, gurluşyny we beýlekileri görkezýär.

***Kartinalaryň, suratlaryň, amaly-haşam sungatynyň eserleriniň reproduksiýasy.*** Görkeziji görkezme esbaplar: kinofilmler, diafilmler, diapozitiwler, multi-

mediýa tagtalary we kompýuter tehnologiýasy. Düzgün bolşy ýaly, okuw filmleri okuwyň beýleki öwrediji serişdeleri: gürrüň, gurnawlary (modelleri) görkezmek, tablisalary görkezmek bilen utgaşdyrylýar. Dürli serişdeleriň utgaşdyrylyp ulanylmagy okuwçylaryň aň işjeňligini artdyrýar.

Şekillendiriş sungaty öwredilende kinofilmler dürli maksatlar üçin ulanylýar:

1. Okuw materialy öwredilende hereketli bezeg suratlary bolup hyzmat edýär.

2. Täze bilimleriň çeşmesi bolup durýar.

3. Özboluşly gönükdiriji bolýar (zatlary şekillendirmekligiň tapgyrlaryny görkezýär, nabrosoklaryň ýerine ýetirilişini we beýlekileri görkezýär).

Kinofilmler görkezilmeginiň öň ýanynda we görkezilýän wagtynda okuw materialyny dogry kabul etmekleri üçin soraglar berilýär. Eger okuwçylaryň kabul edýän duýgularyna ýolbaşçylyk edilmese, olar hadysalaryň diňe daşky alamatlaryna üns bererler, esasy zatlary gözden sypdyrarlar. Okuw terbiýeçilik işinde mugallymyň sapakda çekýän suraty uly orun tutýar.

Belli suratkeşleriň işleriniň reproduksiýasyndan giňişleýin peýdalanmaly. Muzeýleriň eksponatlarynyň, taryhy binalaryň, çeperçilik galareýalaryndaky işleriň DVD disklere ýazylan kolleksiýasy hem gabat gelýär, şol disklerden hem maksadalaýyk peýdalanmaly.

***Okuwy tejribeçilik bilen baglanyşdyrmak ýörelgesi.*** Şekillendiriş sungaty boýunça sapaklar mümkin bolan aňrybaş çäginde durmuşa golaýlaşdyrylmalydyr. Bu ýumuşlary amal etmek üçin sungat hakyndaky gürrüňdeşlikler, tebigata, gurluşyga, syýahatlar guramak hem uly ähmiýete eýedir.

Şu aýdylanlardan görnüşi ýaly, didaktiki ýörelgeler okuw terbiýeçilik işiniň ylmy-nazary esasy bolmak bilen, okuwyň mazmunyny, maksada gönükdirilenligini, şekillendiriş sungaty sapaklarynyň usuly derejesini kesgitleýär.

## Başlangyç synp okuwçylarynyň şekillendiriş başarnyklarynyň aýratynlyklary

Okuwçylaryň döredijiligi bilen iş salyşmak üçin ilki bilen olaryň şekillendiriş işine bolan garaýşyny anyklamaly. Bu okuwçylaryň içki dünýäsini açmaga, onuň bilen gatnaşygy ýola goýmaga, çeperçilik ukybyny we gözellik duýgusyny ýüze çykarmaga, tebigaty synlap ony kabul edişine, daşky dünýäni göz öňüne getirişine, oýlanyşyna we ýatkeşligine düşünmäge kömek edýär. Başlangyç synpdaky okuwçylaryň çeken suratlarynyň birnäçe sany özboluşly aýratynlyklaryny ýatlalyň.

Alty ýaşynda bolan başlangyç synpdaky okuwçylaryň okuw ýylynyň başynda çeken suratlaryny, çagalar bagynda terbiýelenýän uly ýaşdaky çagalaryň çeken suratlary bilen deňeşdireniňde köp meňzeşlikleri görmek bolýar. Çagalar baglarynda terbiýelenýän çagalaryň çekýän suratlarynda bolşy ýaly, başlangyç synpdaky okuwçylar hem, esasan, özüniň ýadyna görä ilki bilen shemalaýyn surat çekýärler, aýratynlykda zatlary çekýärler, soňra bolsa kompozisiýa düzýärler.

Çagalar, esasan, suraty owadan çekmäge, zatlaryň daşky keşbini, reňkini surata geçirmäge çalyşýarlar. Mysal üçin, dürli reňkler bilen bezelen jaýy, köýnegi, açyk reňkler bilen bezelen gyzjagazy we ş.m. suratyny çekýärler. Çagalar çekýän suratynda özüniň pikirlerini, özünde galan täsirleri beýan edýärler. Olar surat çekenlerinde ulanylýan tärlere we natura bilen meňzeşligine däl-de, eýsem suratyň mazmunyna uly üns berýärler. Suratda adamy şekillendirmek iň kyn gurluş bolup durýar, emma muňa garamazdan çagalaryň çeken suratlarynda adamyň şekili agdyklyk edýär, adamy şekillendirmek olar üçin gyzykly bolup durýar.

Çaga gören zatlaryny däl-de, oňa bolan düşünjesini surata geçirýär. Köplenç halatlarda, naturada ýok zatlary hem suratda şekillendirýärler. Käwagtlar bolsa tersine, çaga ähmiýetsiz diýip hasaplaýan zatlaryny suratda şekillendirmeýär.

Çagalar bagyna gatnamadyk ýa-da maşgalada mekdebe çenli taýýarlyk okuwyny geçmedik çaga okuw ýylynyň başynda hemme zatlary keseligine bir hatarda ýerleşdirip şekillendirýär. Şeýle hem adamyň we jaýyň şekilini ýüz tarapyndan, emma haýwany we awtoulaglary gapdallaýyn şekillendirýär.

Olaryň çeken suratlarynda zatlara düşýän ýagtylyk we onuň kölegesi görkezilmeýär, şeýle hem şekillendiren zatlary, köplenç, hakyky görnüşine hem meňzemeýär. Çagalar ýoly kagyzyň bir başyndan beýleki başyna çenli ugurdaş çyzyk görnüşinde görkezýärler. Käwagtlar olar dik çyzyklary (jaýlaryň gapdallaryny, sütünleri), ýykyljak ýaly ýapgyt edip şekillendirýärler. Olar zatlaryň birini ýokardan görünýän ýaly edip, beýlekilerini bolsa öň tarapyndan görünýän ýaly edip şekillendirýärler; jaýyň 3 ýagdaýyndaky şekilini öň tarapyndan we iki gapdallaýyn görnüşini bir suratda utgaşdyrýarlar.

Agajyň boýuny ýokarlygyna uzap gidýän iki sany çyzyk görnüşinde, boýuny we şahalaryny bolsa ýapraklar bilen ýapylmadyk ýagdaýda şekillendirýärler.

Köplenç, çagalar akwarel reňklerini guaş hökmünde kagyzyň ýüzüni goýy reňk bilen ýapmak üçin peýdalanýarlar. Olar diňe şekillendirilen zatlary reňkleýärler, düşegini bolsa kagyzyň öz reňkinde goýýarlar.

Şu ýaşdaky çagalara ýagty, açyk reňkler bilen işlemek mahsus. Bu zatlaryň hemmesi çaganyň ünsüne, ýatkeşligine we görýän zatlaryny aňynda özleşdirişine bagly. Ol özüniň ünsüni aýratyn göze ilýän zatlara ýa-da şol zatlaryň aýratyn häsiýetlerine gönükdirýär. Kiçi ýaşly okuwçylaryň ünsi durnuksyzlygy bilen tapawutlanýar. Olar gyzykly we kalbyňda üýtgeşik duýgulary döredýän zatlary çalt we ýeňil aňyna kabul edýärler. Çagalar awtoulagy, güli, adam keşbini şekillendirmegi gowy görýärler.

Çagalarda okuw ýylynyň başynda gören zatlaryny şekillendirmek, naturany we hadysany ünsli hem-de dowamly şekillendirmek ukyplary bolmaýar. Şonuň üçin hem olar zatlary görüp däl-de, ýadynda galan şol zatlaryň keşbi boýunça şekillendirýärler.

### Sapaklaryň dersara baglanyşygy

Mugallym öz okuw işlerini meýilleşdirende sapaklary dersara baglanyşykda geçirmegi göz öňüne tutmalydyr. Bir çärýegiň dowamynda gelýän sapaklarda ýerine

ýetiriljek ýumuşlary beýleki dersler bilen arabaglanyşykda ýola goýmaklygyň okuwçylaryň hemmetaraplaýyn ösen şahsyýet bolup ýetişmeklerinde, okuw materialyny ýeňil we çuňňur özleşdirmeklerinde ähmiýeti örän uludyr.

***Şekillendiriş sungaty sapaklarynyň zähmet dersi bilen dersara baglanyşygy.*** Şekillendiriş sungaty zähmet dersi bilen dersara baglanyşyklydyr. Sebäbi işiň haýsy bir görnüşini ýerine ýetireniňde-de akyl zähmetini we fiziki zähmet çekmeli bolýar. Zähmet sapagynda taýýarlanan önümleri şekillendiriş sungaty sapaklarynda bezetmek bolýar.

***Şekillendiriş sungaty sapaklarynyň aýdym-saz dersi bilen dersara baglanyşygy.*** Sapaklarda temalary has giňişleýin geçirmek üçin aýdym-saz we edebiýat uly ähmiýete eýedir. Aýdym-saz we edebiýat okuwçylaryň döredýän çeper keşplerine has giňişleýin düşünmeklerine we ýumuşlary ýerine ýetirmäge çynlakaý çemeleşmeklerine getirýär. Sapaklaryň dowamynda çagalar şekillendiriş sungatynyň eserleri bilen tanyşdyrylanda, olara saz diňletmek ýa-da çagalaryň aýdýan aýdymlaryny diňletmek sapagyň täsirliligini güýçlendirýär. Meselem: tebigatyň suraty görkezilýär-de, olara guşlaryň, suwuň, ýagşyň sesini özünde jemleýän sazlary pessaýja ses bilen diňletdirip, şol bir wagtyň özünde hem tebigat hakynda gürrüň berilse, sapak çagalarda uly täsir galdyrýar. Sapagyň temasyna degişli aýdymlary okuwçylaryň biriniň aýtmagy beýlekileriň aňynda aýdymda beýan edilýän wakalary janlandyrmaga kömek edýär.

***Şekillendiriş sungaty sapaklarynyň türkmen dili sapagy bilen dersara baglanyşygy.*** Şekillendiriş sungaty sapaklarynda okuwçylaryň dürli şekiljikleri çyzmagy olaryň ýazuw endikleriniň ösmegine kömek edýär. Sungat eserleri baradaky gürrüňdeşlikler bolsa sözleýiş diliniň ösmegine we söz baýlygynyň artmagyna getirýär.

***Şekillendiriş sungaty sapaklarynyň edebiýat bilen dersara baglanyşygy.*** Edebi eserleriň (dessanlar, romanlar, hekaýalar, goşgular, tapmaçalar, nakyllar, atalar sözi) labyzly okalmagy çagalaryň döredijiligine köp derejede täsir edýär. Olaryň göz öňüne getiriş ukyplaryny kämilleşdirýär. Okuwçylara çeper eserden bir bölegini okap berip, olara okalan çeper eserlerdäki gahrymanlaryň suratyny öz göz öňüne getirişleri boýunça kagyza geçirmeklerini tabşyrmaly. Beýle işleriň geçirilmegi netijesinde okuwçylaryň ýatkeşligi, göz öňüne getirmesi, bilesigelijiligi ösýär.

Şekillendiriş sungatynda edebi eserleriň gahrymanlarynyň şekili köp duş gelýär. Edebiýatda söz ussatlary olaryň keşbini döredýärler, olaryň özüne mahsus alamatlaryny söz üsti bilen açyp görkezýärler. Şekillendiriş sungatynyň wekilleri bolsa şol söz üsti bilen beýan edilýän keşpleri, dürli serişdeleri we dürli beýan ediş tärlerini ulanmak arkaly tomaşaça şekil üsti bilen açyp görkezýärler.

***Şekillendiriş sungaty sapaklarynyň taryh bilen dersara baglanyşygy.*** Şekillendiriş sungatynyň wekilleri taryhy temalardan eser döretmekligi gowy görýärler. Siz taryhy temalardan döredilen birnäçe sungat eserlerini (grafika, nakgaşçylyk we heýkeltaraşlyk) synlansyňyz.

Mugallym taryhy gowy bilmelidir. Sebäbi sapaklaryň dowamynda ol birnäçe taryhy wakalary gürrüň bermeli, taryhy temalardan surat çekdirmeli ýa-da şekil-

lendiriş sungatynyň görnüşleriniň we žanrlarynyň döreýiş taryhyny düşündirmeli bolýar. Mugallymyň taryhy oňat bilmegi okuwçylaryň ünsüni sapaga gönükdirmäge kömek edýär. Wakalary ýa-da zatlary şekillendirmeli bolanda mugallymyň şekillendirilýän hadysalar, zatlar, olaryň taryhy hakynda gyzykly gürrüň bermegi başarmagy, muzeýlere, ýadygärliklere we arhitektura ýadygärliklerine syýahat edilende, sergilerde, suratkeşler bilen duşuşyklarda mugallymyň şol zatlaryň taryhyny içgin bilmegi sapaklary, syýahatlary, gezelençleri, duşuşyklary has hem täsirli we özüne çekiji edip bilmegine kömek edýär.

***Şekillendiriş sungaty sapaklarynyň tebigaty öwreniş dersleri bilen dersara baglanyşygy.*** Sapaklaryň dowamynda okuwçylar haýwanlaryň, guşlaryň, mör-möjekleriň gurluşy, ýaşaýşy, görnüşleri bilen tanyşýarlar. Gök önümleriň, miweleriň, baglaryň görnüşi, reňki, şekili barada, şeýle hem pasyllaryň aýratynlyklary hakynda düşünje alýarlar. Haýwanlary idetmek hem-de goraghanalar bilen tanyş bolýarlar. Olarda haýwanlara, ösümliklere bolan söýgi kemala gelýär, terbiýelenýär. Dürli tebigy hadysalary (älemgoşary, ýyldyrymy, ýagşyň ýagşyny) şekillendirmegi öwrenýärler.

***Şekillendiriş sungaty sapaklarynyň çyzuw, geometriýa dersleri bilen dersara baglanyşygy.*** Şekillendiriş sungaty çyzuw hem-de geometriýa dersi köp babatda özara baglanyşykda bolýar. Gözýetim çyzygy, birikme nokady, perspektiwa, giňişligi şekillendirmek, üçburçluk, dörtburçluk we ş.m.

***Şekillendiriş sungaty sapaklarynyň beden terbiýesi bilen arabaglanyşygy.*** Şekillendiriş sungaty sapaklarynyň dowamynda çagalaryň gözüniň, beýnisiniň işjeňligi artýar, eliniň we barmagynyň myşsalary ösýär.

## Şekillendiriş sungatyny okatmagyň usullary

Şekillendiriş sungatyny öwretmegiň taryhynda göçürip çekmek, geometrik hem-de natural usulynyň ulanylandygy hakynda gürrüň edipdik. Şol usullaryň her biri hakynda giňişleýin durup geçeliň.

**Göçürip çekmek usuly** ulanylanda ussat suratkeşleriň çeken suratlaryndan göçürip çekip, olaryň ulanýan tärlerini özleşdirýän ekenler. Göçürip çekmek usulynda ussat suratkeşleriň çeken suratynyň ýüzüne gözenek çyzypdyrlar ýa-da ony simden gözenek edilen çarçuwa salypdyrlar. Surat çekilýän kagyzyň ýüzi hem edil şolar ýaly gözenek bilen bölünýän eken. Zatlar çarçuwadaky gözenegiň näçesini doldurýan bolsa, kagyzyň ýüzünde hem şonça gözenegi eýeläpdir. Suraty çekilýän zatlar bilen suratkeşiň arasynda gözenekli çarçuwa goýlan ýagdaýlary hem bolupdyr.

**Geometrik usul.** Zatlaryň şekili geometrik usulda ýerine ýetirilende olaryň ini, boýy deňeşdirilýär, ölçegleri alynýar. Bu usul zatlaryň şekilini dogry gurmaklaryna kömek edýär, okuwçylar zatlara seredenlerinde olary düzýän geometrik şekilleri görmekligi öwrenýärler.

Göwrümi uly bolan zatlary (jaýlar, baglar, daglar) synp otagyna getirip bolmaýar, şeýle hem janly-jandarlary, haýwanlary, guşlary natura hökmünde ulanyp bolmaýar (sebäbi olaryň hereketi we sesi çagalaryň pikirini jemlemegine päsgel berýär), wagtlaýyn täsirleri (ýylyň pasyllary, älemgoşaryň görünmegi, ýagyşly howany) şekillendirmeli bolanda, ussat suratkeşleriň işlerinden, görkezme esbaplardan peýdalanylýar.

Durnukly şekili bolmadyk zatlary (suw, tüsse, bulut, baglar) şekillendirmekde natural usuly ulanmak (hakyky görşüň ýaly çekmek) amatlydyr.

Realistik surat naturanyň (hakykatyň) grafiki keşbinden ybarat bolup, çyzuw gurallary ulanylman, kagyzda galam, ýelek, kömür we beýleki serişdeleriň kömegi bilen ýerine ýetirilýär.

Göz öňüne getirme boýunça surat çekilende zatlaryň we daş-töweregiň wakalaryna akyl ýetirme hakyky keşp boýunça surat çekmek prosesinde dowam edýär.

Şekillendiriş sungaty mekdep okuwçylaryna öwredilende dürli usullardan peýdalanylýar. Bu usullar şertleýin görkeziji we söz (ýagny beýan etme, gürrüňdeşlik) usullary hem-de oýunlar arkaly okatmak usuly diýip atlandyrylýar.

**Görkeziji usullar.** Görkeziji usullara naturany, suratlary, nusgany we görkezme esbaplary ulanmak, sapagyň başynda aýratyn zatlary synlamak, işiň usullaryny mugallymyň görkezmegi, sapagyň soňunda okuwcylaryň işini seljermek, ýagny çagalaryň görüp kabul edýän zatlary degişlidir.

*Naturany ulanmak.* Natura – özüne seredip, suratyny çekmek üçin öňde goýulýan zatlar. Zatlar natura hökmünde ulanylanda çagalar ony tekizlikde şekillendiren ýagdaýynda (surat çekmek, gurama) diňe bir tarapyndan kabul edilýär, seredilýär. Şekil ýasalanda we gurnama işlerinde naturany ähli tarapyndan synlar ýaly mümkinçilik döretmeli. Naturany ulanmak ýatkeşligiň işini ýeňilleşdirýär. Okuwçynyň şol zatlaryň şekilini, reňkini, gurluşyny dogry kabul edip bilmegini üpjün edýär. Naturany owadan häsiýetli tarapyndan serediler ýaly ýagdaýda goýýarlar. Natura hökmünde ýapraklary, şahalary, gülleri, miweleri, gap-gaçlary, gök önümleri ulanýarlar. Janly-jandarlary natura hökmünde ulanmaýarlar, olaryň gäplerini ulanýarlar.

*Sapagyň başynda zatlary synlamak.* Sapagyň başynda käbir zatlary synlamak okuwçylaryň ünsüniň sapaga jemlenmegine kömek edýär hem-de olaryň göz öňüne getiriş ukyplaryny janlandyrýar. Şol zatlaryň häsiýetli alamatlaryna we dürli öwrümlerdäki ýagdaýyna okuwçylaryň ünsüni çekmeklige çalyşmaly.

*Nusgany ulanmak.* Bezeg suratlary hem-de gurama we gurnama işleri ýerine ýetirilende, okuwyň esasy maksady çagalaryň çeperçilik ukyplaryny ösdürmek, nagyşlary düzmekligiň usullaryny öwretmek bolup durýar. Bu sapaklarda çagalar owadan zatlary: halylary, küýzeleri, keşdeleri we ş.m. synlaýarlar. Bu zatlar çagalaryň gözellige bolan duýgularyny ösdürýär. Bezeg suratlaryny çekenle-

rinde, olar synlan nagyşlaryny gaýtadan çekýärler, şeýle hem nagyşlary düzmekligi öwrenýärler. Reňkleriň we şekilleriň owadan sazlaşygyny tapmagy öwrenýärler.

Surat çekilende, şekil ýasalanda nusgalar göçürmek üçin däl-de, şekillendirilýän zatlary anyk göz öňüne getirip bilmekleri üçin ulanylýar.

Suratda sadalaşdyrylan shematik şekilleriň köp ulanylmagy çagalaryň zatlaryň häsiýetli taraplaryny, ýagny esasy alamatlaryny görkezmeklerine päsgelçilik döredýär.

*Suratlary (kartinalary) ulanmak.* Çeper ýerine ýetirilen suratlar daş-töweregi gurşap alan durmuşa düşünmekleri hem-de ulanylýan serişdelere we işiň usullaryna düşünmekleri üçin görkezilýär. Suratlar çeper keşpleri aýdyň we täsirli açyp görkezýär.

*Işiň usullaryny mugallymyň görkezmegi.* Mugallym okuwçylara işiň ýerine ýetiriliş usullaryny görkezmeli we ony dil üsti bilen düşündirmeli. Kagyzyň, galamyň, reňkleriň taýýarlanylyşyny, gerekli şekili çyzmak üçin eliň we galamyň hereketini, işiň yzygiderliligini düşündirmeli. Okuwçylaryň ählisiniň düşünendiklerine göz ýetirmek üçin mugallym okuwçylaryň 2-3 sanysy bilen sorag-jogap alyşýar, soňra okuwçylara işlemeklige rugsat berýär.

**Söz (beýan etme, gürrüňdeşlik) usullary**

Okatmaklygyň bu usulyna gürrüňdeşlik, sapagyň başynda we dowamynda mugallymyň görkezmeleri, çeper keşbiň dilden beýan edilmegi degişlidir.

*Sapagyň başyndaky gürrüňdeşlik.* Gürrüňdeşlik geçirilmeginiň maksady çagalaryň aňynda öň kabul edilen keşpleri janlandyrmak. Gürrüňdeşlik geçirmek, esasan hem, okuwçylar göz öňüne getirip surat çekenlerinde, ýagny görkezme esbaplary ulanman keşpleri döredenlerinde has hem täsirlidir. Gürrüňdeşlik gysga, täsirli hem-de manyly bolmalydyr. Esasy ünsi ýerine ýetiriljek işiň gurluşyna, reňkine, ýerleşdirilişine gönükdirmegi başarmaly.

*Sapagyň dowamynda mugallymyň görkezmeleri we düşündirişleri.* Sapagyň dowamynda mugallym okuwçylara işiň temasyny, işi ýerine ýetirmegiň usullaryny we şol usulda ýerine ýetiriljek hereketleri düşündirýär we ýadyna salýar. Beýle düşündirişler gysga, aýdyň we düşnükli bolmaly. Okuwçylar bilen sorag-jogap alyşmak arkaly olaryň täze usula düşünendiklerine doly göz ýetirmeli. Soňra hatar aralaryna aýlanyp, olaryň işi dogry ýerine ýetirýändiklerine göz ýetirmeli. Kynçylyk çekýän okuwçylara gaýtadan düşündirmeli. Okuwçylara öňki sapaklarda öwredilen usullar, zerurlyk bolmasa gaýtadan öwredilmeýär, olar diňe olaryň ýadyna salynýar. Täze endikler, usullar görkezilýär we düşündirilýär.

*Çeper eserlerdäki keşpleri ulanyp, gürrüňdeşlik arkaly sapagy guramak.* Söz bilen beýan edilýän çeper keşpler (goşgular, gürrüňler, tapmaçalar) özboluşly görkezme esbaplardyr. Bu ýerde gürrüňi edilýän zatlaryň, hadysalaryň häsiýetli alamatlary we olary beýlekilerden düýpli tapawutlandyrýan taraplary aýdyň beýan edilýär. Çeper eserleriň labyzly okalmagy okuwçylaryň göz öňüne getiriş ukyplarynyň, döredijilik ukyplarynyň ösmegine, aň işjeňliginiň artmagyna uly täsir edýär.

Ýagýar akja gar,
Meýdan agarýar.
Ýapda suw doňýar,
Bu haçan bolýar?
(*Gyş*)

Daşynda – haty,
Içinde – eti.
Müň derde derman
Süýji w...
(*Waharman*)

Säher gygyryp,
Oýarýar her gün.
Ýatyp galypdyr
Gygyrman bir gün.
(*Horaz*)

Ýolda ýoldaş ol,
Ajyksaň – hörek.
Ähli tagamyň
Seresi ç...
(*Çörek*)

Şu görkezilen mysallaryň ählisinde hem zatlaryň häsiýetli taraplary aýdyň duýulýar. Çeper eserlerden bölekler okalyp berlende zatlary, hadysalary okuwçylaryň doly göz öňüne getirip bilmekleri üçin şol eserleriň has aýdyň, täsirli beýan edilen ýerleri saýlanyp alynýar (reňk, şekil we zatlaryň ýagdaýy duýulmaly).

***Oýunlar arkaly okatmagyň usullary.*** Öwrediji oýunlar we ýumuşlar çagalaryň şekillendiriş sungatyndan alan bilimlerini barlamagyň we berkitmegiň bir görnüşidir. Sapaklarda dürli oýunlary ulanmaklyk çagalaryň ünsüni öňde goýlan ýumuşlara gönükdirmäge, pikirlenişini we aň ýetirmegini ýeňilleşdirmäge kömek edýär, oýunlarda çagalar zatlaryň görnüşini, reňkini, ululygyny dogry kabul etmegi öwrenýärler. Öwrediji oýunlar we ýumuşlar çagalara täze materiallary ýa-da öňki geçilenleri gaýtalamaga, berkitmäge kömek edýär. Okuwyň maksady okuwçylaryň şekilleri, keşpleri döretmeklerini täsirli etmek, elleriniň hereketini ösdürmek, durmuşa akyl ýetirmeklerini kämilleşdirmek bolup durýar.

Her bir oýnuň döredijilik ýumşy maksatnamanyň materialynyň mazmunyna we terbiýeleýjilik maksadyna laýyklykda kesgitlenýär. Mugallym ätiýaçdan oýnuň keşplerini we geçiriljek ýerlerini, işiň beýleki usullary bilen baglanyşygyny, oýnuň çylşyrymlaşdyrylyşyny (ýa-da ýeňilleşdirilişini), beýleki sapaklar bilen baglanyşygyny göz öňüne tutmaly.

Mugallym çagalara oýnuň düzgünlerini düşündirmeli. Oýnuň mazmuny düşündirilende düşnükli, gysga, pikirlenmegi talap edýän (logiki) bolmalydyr. Öwrediji oýun ýa-da oýun ýumşy 3-5 minut dowam edýär.

Öwrediji oýunlary birnäçe görnüşlere bölmek bolýar: gezelençdäki ýa-da syýahatdaky oýunlar, ýaryşly, tapmaçaly, kompozisiýaly oýunlar.

Şeýlelikde, haýsydyr bir usulyň ulanylmagy şu aşakdakylara bagly bolup durýar:
– geçirilýän sapagyň talabyna;
– ýumuşlaryň mazmunyna;
– okuwçylaryň ýaşyna we ösüş aýratynlyklaryna;
– okuwçylaryň ulanýan şekillendiriş serişdelerine.

## Naturadan, ýatdan we göz öňüne getirip surat çekmek sapagynda ulanylýan oýunlar we ýumuşlar

**“Sen agajy tanaýaňmy?”**

Oýun başlangyç synp okuwçylary bilen güýz agajyny ýatdan, göz öňüne getirip çekilende geçirilýär.

*Maksady:* çagalaryň syn edijiligini, görüş ýadyny ösdürmek.

*Esbaby:* agajyň dürli görnüşleri çekilen suratlar (çynar, leýlisaç, arça we ş.m.), her çaga üçin niýetlenen agaçlara degişli tapmaçalar.

Eger-de oýun geçirilmezden öň seýilgähe, tokaýa gezelenç guralsa, tebigatda agaçlar synlansa, oýun örän täsirli, netijeli geçer.

*Mazmuny.* Oýundan öň okuwçylara 4 ýa-da 6 sany agajyň suraty paýlanylýar. Mugallym kim ünsli bolsa, şonuň hem ýeňjekdigini ýatladýar.

*Düzgüni.* Okuwçylar mugallymyň beren tapmaçalaryny bilip, surat bilen üstüni ýapýarlar. Haýsy okuwçy birinji bilse, elini galdyrmaly. Kim agaçlary dogry bilse, şol hem ýeňiji bolýar.

*Gidişi.* Mugallym bir tapmaçany alyp (hemme çagalara görner ýaly uly görnüşde bolsa gowy), okap berýär. Soňra ýene birini okap berýär. Çagalar tapmaça degişli suratlary görkezýärler. Soňra mugallym suraty ýok bolan tapmaçany berýär. Okuwçylar bolsa bu tapmaça degişli suratyň ýokdugyny aňýarlar.

*Bellik.* Eger tapmaçalary taýýarlap ýetişmek başartmasa, onda diňe agaçlaryň suratyny ulanmak bolýar. Mugallym tapmaçany okap, “1,2,3” diýende, çagalar derrew tapmaçanyň jogabyna degişli suratlary görkezmeli. Ýalňyş galdyran çaga suratyny yzyna goýýar, bilen çaga bolsa gapdala aýyrýar. Kimiň suraty gutarsa, şol hem ýeňiji bolýar.

***Ýaryş “Biz arçany bezeýäris”***

Oýun başlangyç synplarda arçanyň oýnawaçlarynyň suraty naturadan çekilende sapagy berkitmek üçin sapagyň başynda ýa-da ahyrynda geçirilýär.

*Maksady:* ünslüligi, synçylygy, göz çeni we ölçegleri aňlamagyny hem-de naturadan surat çekmekligi öwretmek.

*Esbaby:* 3 sany reňklenmedik arçanyň suraty çekilen kagyz we her hatara arçanyň bezeginde ulanylýan sada görnüşli oýnawaçlar (mysal üçin: toplar, şarlar, ýyldyzlar we ş.m).

*Mazmuny:* synp 3 topara bölünýär. Her topar öz aralarynda paýlaşar ýaly arçanyň birmeňzeş oýnawaçlaryny alýarlar. Her toparda öň arçanyň suraty çekilen kagyz synp tagtasynda asylýar. Mugallymyň buýrugyndan soň (ýa-da haýsy hem bolsa täze ýyl aýdymyndan soň) her topardan bir oýunçy çykyp, arçanyň oýnawaçlaryny getirýär. Her oýunçy öz toparynyň arçasyna oýnawajyny “asmaly” (öz oýnawajyny çekmeli). Surat gara galam bilen ýerine ýetirilmeli. Soňra arçanyň ýanyna indiki 3 oýunçy gelýär. Kim çalt we owadan bezese, şol topar hem ýeňiji bolýar.

*Düzgüni.* Her oýunçy synp tagtasyna ýoldaşy ýerine geçip oturandan soň çykmaly.

*Bellik.* Uzaldylan gün toparynda günüň dowamynda edilen işiň yzyny hem dowam etdirmek bolýar. Gutarylan işi täze ýyl baýramçylygy üçin synpy bezemekde ulanmak bolýar. Oýnuň dowamynda bedenterbiýe maşklaryny hem ýerine ýetirmek bolýar. Okuwçylara entek synp tagtasyna çykmanka, öz oýnawjyny ilki kagyzda ýa-da albomda çekip görmeklik maslahat berilýär.

**Gülleri düz!**

Oýun naturadan gülleriň suratyny çekmek sapagynda geçirilýär.

*Maksady*: ünslüligi we görüş ýadyny ösdürmek.

*Esbaby:* dürli gülleriň bölekleriniň suratlary (baldagy, güli, ýapragy).

*Mazmuny*. Her oýunça dürli gülleriň (çopantelpek, gülälek) bölekleriniň suratly bukjalary paýlanyp berilýär. Her oýunça 3 ýa-da 4 gül düşýär. Mugallymyň buýrugyndan soň çagalar bukjadan uly böleklerini çykarýarlar. Şol pursat güller hakynda aýdym aýtdyrylýar.

*Düzgüni:* oýun mugallymyň buýrugyndan soň başlamaly. Güli düzüp bolanyňdan soň eliňi galdyrmaly.

*Bellik.* Oýnuň netijesi aýratynlykda mugallym, partadaş ýoldaşy, toparlaýyn hatarlar bilen geçirilýär.

## 18. ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATY BOÝUNÇA OKUWY GURNAMAK

***Sapaklaryň görnüşleri***

Sapak okuw işlerini guramagyň esasy görnüşi hasaplanýar.

**Giriş sapagy**, esasan, haýsydyr bir dersi ýa-da dersiň uly bir bölümini öwrenmäge girişilende ilkinji sapak giriş sapagyndan başlanýar. Bu sapakda mugallym täze öwrenilip başlanýan dersiň taryhy, durmuşdaky ähmiýeti, maksady, şol ders boýunça gurnaljak sapaklaryň görnüşleri, öňde durýan wezipeler we ulanyljak serişdeler hakynda gürrüň edýär. Sorag-jogap alyşmak arkaly okuwçylaryň şol derse degişli bilýän zatlaryny anyklaýar. Mugallym şu sapagyň dowamynda okuwçylarda öwrenilip başlanýan derse gyzyklanma döretmäge çalyşmaly.

**Täze temany öwrenmek sapagy** – bu sapakda mugallym esasy ünsi täze okuw materialyny, täze başarnyklary we endikleri, işi ýerine ýetirmegiň usullaryny öwretmeklige gönükdirýär.

**Bilimi, başarnygy berkitmek sapagy** her bir tema boýunça öwredilýän bilimler, başarnyklar we endikler amaly işler arkaly yzygider berkidilýär. Okuwçylar öz bilimlerini söz, hat, şekil üsti bilen beýan edip bilmelidirler. Mugallym durmuş bilen baglanyşykly, gyzykly, ynandyryjy delilleri mysal getirip, okuwçylary sapaga gyzyklandyrmaly we olaryň öz işine döredijilikli çemeleşmegini gazanmaly.

Okuwçy öwredilen zatlary diňe gaýtalamak bilen çäklenmän, şol aýdýan zatlaryny subut edýän mysallary özünden düzüp düşündirmäge endik etmeli.

**Gaýtalamak sapagy,** esasan, bölümler, temalar geçilip gutarylandan soň çärýegiň ýa-da okuw ýylynyň ahyrynda geçirilýär we öwrenilen bilimleri umumylaşdyrmaga, berkitmäge we çuňlaşdyrmaga kömek edýär. Geçilen temalar ýa-da bölüm gaýtalananda okuw ýumuşlary tutuşlygyna gaýtalanman, esasy onuň mazmuny, has gerekli, ähmiýetli taraplary göz öňüne tutulýar. Türkmen dili sapagynda ilki harplary öwredip, soňra bolsa harplardan sözleri emele getirmegi, sözlerden bolsa sözlem düzmekligi öwredişleri ýaly yzygiderlilikde surat çekmekligi hem öwredip bolýar. Meselem: okuwçylar 1-nji sapakda gül çekmegi, 2-nji sapakda baýdak çekmegi, 3-nji sapakda bag çekmegi, 4-nji sapakda dag çekmegi, 5-nji sapakda jaý çekmegi, 6-njy sapakda bolsa adamyň suratyny çekmekligi öwrendiler diýip hasap edeliň. 7-nji sapakda şu zatlary gaýtalamak, umumylaşdyrmak, berkitmek talap edilýän bolsa, onda mugallym okuwçylara “Baýramçylyk” diýen temadan surat çekmegi teklip edýär. Ilki bilen ol Diýarymyzyň toý-baýrama baýdygyny, her bir baýramçylygyň uly dabara bilen bellenilip geçilýändigini aýdyp berýär hem-de çagalaryň haýsy baýramçylyklarda bolup görendiklerini we ol baýramçylyklaryň özlerinde nähili täsir galdyrandygyny soraýar. Haýsy baýramçylyga degişli surat çekdirjek bolsa, şol baýramçylyga degişli goşgy aýtdyrýar, ussat suratkeşleriň şol temadan çeken suratlaryny görkezýär, baýramçylyk däp-dessurlary hakynda gürrüň berýär. Okuwçylar baýramçylyk temasyndan surat çekenlerinde birnäçe adamlary (ene-atasy, dogany, jigisi, dostlary) şekillendirýärler, diýmek, olar birnäçe sapar adamyň şekilini gaýtalap çekmek bilen bu şekili oňat özleşdirýärler. Adamlaryň eline gül, baýdak berýärler, diýmek, olar bu şekilleri hem birnäçe sapar gaýtalap çekip, oňat özleşdirýärler. Soňra birnäçe jaýlary, baglary, dag gerişlerini çekip, öz bilimlerini berkidýärler. Okuwçylar bu sapakda geçilen temalary gaýtaladylar, berkitdiler, umumylaşdyrdylar, ýekelikde çekip öwrenen zatlaryny birleşdirip, bir bitewi kompozisiýa düzmekligi öwrendiler, öwrenen bilimlerine daýanyp, öz duýgularyny şekil üsti bilen beýan etmekligi başardylar hem-de olarda baýramçylyklar bilen baglanyşykly düşünjeler kemala geldi.

***Şekillendiriş sungaty sapaklaryna taýýarlyk***

Şekillendiriş sungaty sapaklaryna taýýarlyk görende mugallymyň ähli çärýeklerdäki işler bilen tanyşmagy, ýumuşlaryň logikasyna düşünmegi, her bir çärýekdäki pikirleriň ösüşini seljermegi öz işini dogry ýola goýmaklygyna kömek edýär. Munuň üçin mugallym sapagyny maksadalaýyk guramaly, işiň bir görnüşinden beýleki görnüşe geçişinde (gürrüň, kabul etme, döredijilikli iş we ş.m.) mazmunly geçirilmeli hem-de çagalaryň ünsi we gyzyklanmasy gaçmaz ýaly bolmaly.

Okuw ýylynyň dowamynda ulanyljak ähli görkezme esbaplar öňünden taýýarlanylyp goýulýar. Olara dürli temalara degişli filmleriň ýazgysy, mugallymyň öz döreden işleri, okuw tablisalary, diagrammalar, çyzgylar, taslamalar, kartalar, şeýle

hem dürli temalardan suratkeşleriň döreden eserleriniň, heýkelleriň, binalaryň, amaly-haşam sungatynyň eserleriniň fotosuratlary degişlidir. Okuw görkezme esbaplarynyň mazmuny düşnükli, ölçegi hemmelere görner ýaly ululykda, şekiller we ýazgylar owadan, dürs ýerine ýetirilen bolmaly.

Mugallym geçiriljek her bir sapagynda usulyň gysgajyk esasyny ulanyp biler. Ol öz sapagyny gyzykly, işiň mazmuny kyn bolmadyk ýagdaýda görkezilýän maglumatlary ulanyp guramaly. Görkezilýän filmlerde diňe çeper sungat görkezilmän, eýsem tebigatyň täsirli görnüşli keşbi hem görkezilmelidir, şeýle-de mugallymyň düzen okuw tablisalary ulanylmaly.

Sapaga taýýarlyk görýän wagtynda mugallym geçilmeli sapagyň temasyny, maksadyny, ulanyljak serişdeleri we usullary anyklaýar. Sapagy öňki geçilen temalar bilen baglanyşdyrmagy, dersara baglanyşdyrmagy, bilim berijilik, ösdürijilik, terbiýeleýjilik häsiýetleriniň bolmagyny gazanmaga çalyşýar. Amaly iş ýerine ýetirilende ulanyljak usullar hakynda pikir edýär. Ulanyljak görkezme esbaplary we okuw tablisalaryny taýýarlaýar. Eger natýurmort çekdirmeli bolsa, onda natýurmorty düzýär, ýagtylandyrýar we her tarapyndan seredip synlap görýär. Sapakda ulanyljak serişde bilen ilki özi şol işi ýerine ýetirip görýär. Eger kynçylyk ýüze çykar öýtse, natýurmorta üýtgeşiklik girizýär ýa-da ulanylýan serişdäni çalyşýar.

Mugallym sapagyň meýilnamasyny ýazýar. Sapagyň meýilnamasyny ýazanda, sapagyň her bir bölümi boýunça edilmeli işleri anyklaýar. Guramaçylyk döwründe edilmeli işleri, öý işlerini barlamak, geçilen temany berkitmek döwründe haýsy usullary ulanjakdygyny, täze temany düşündirende, täze tärleri öwredende haýsy usullary ulanyp, sapagy has hem täsirli gurap biljekdigi hakynda, özbaşdak işlän döwründe döredijilikli işlemeklerini ýola goýmak hakynda, ýekebara ýa-da toparlaýyn işletjekdigi hakynda, wagtyny tygşytly ulanmak we okuwçylary sapaga işjeň gatnaşdyrmaklygyň ýollary hakynda pikir edýär. Her bir sapaga täzelik ornaşdyrmaga, usullaryň has täsirlisini saýlamaklyga çalyşýar. Sebäbi mugallym her bir sapagy ýokary derejede guramaklyga, sapagyň okuw ýumuşlarynyň doly ýerine ýetirilmegini gazanmaklyga çalyşýar.

Her sapagyň ýumuşlary mugallym tarapyndan düzülýär. Ýöne ol öwrenilýän temadan artyk bolmaly däldir. Mugallym şeýle-de nakgaşçylyk serişdelerini beýlekiler bilen çalşyryp biler. Ýöne okuwçylar çärýegiň dowamynda ähli serişdeleri özleşdirmelidirler.

***Sapakda köpçülikleýin işiň guralyşy.*** Okuwçylaryň şekillendiriş işlerine gyzyklanmasyny ösdürmek maksady bilen olaryň dürli görnüşli serişdeleri özleşdirişine mümkinçilikleri döretmek üçin synpy toparlara bölmek maslahat berilýär. Ýumuşlar hatarlar bilen, 3-6 çagadan ybarat bolan toparlar bilen ýa-da tutuş synp bilen geçirilip bilner. Mugallym köpçülikleýin işler geçirende her bir toparyň (ussahananyň) ýumuşlaryny kesgitleýär, işleri paýlaýar. Meselem: howanyň ýagdaýyny şekillendirmek_talap edilýän bolsa, bir hatara ýa-da topara howanyň asuda

ýagdaýyny, beýleki topara bolsa ýagynly howany şekillendirmeklik tabşyrylyp bilner. Iş ýerine ýetirilip bolandan soň, her bir çaga öz işini umumy kagyza ýelmeýär. Olary diňe kagyza ýelmemän, tagtanyň ýüzüne-de ýelmemek bolar.

Edilen işler barada gürrüň sapagyň esasy elementi bolup, onda çagalaryň alan netijeleri ýüze çykýar, geçilen tema gaýtalanýar. Çagalaryň alan bilim derejesi we deň-duşlarynyň ýeňşi anyklanylýar.

Sapaga taýýarlyk görende mugallym okuwçylary özüniň iň ýakyn kömekçileri hasaplaýar. Mugallym 6-8 sany jogapkärli okuwçyny özüne kömekçi saýlaýar.

Olaryň hersi öz işine we hemmesi bilelikde synpyň ähli ýa-da indiki sapaga taýýarlygyna jogap berýär. 10-13 minudyň içinde synpy sapaga taýýarlamak we sapak gutarandan soň arassalamak olara tabşyrylýar. Ilki bilen mugallym hemişe olaryň borçlaryny ýerine ýetirişlerine gözegçilik etmeli.

Netijeli we çalt iş diňe bir şert bilen, ýagny synpdaky ähli çagalaryň gatnaşmagy bilen geçirilýär.

**1-nji düzgün**

Partanyň üstünden hemme zatlary aýyrmak we partanyň üstüne gazet ýa-da klýonka ýazmak hem-de haladyňy alyp, synp otagyndan çykmak. Haçan-da synpda diňe kömekçi okuwçylar galanda, sapaga taýýarlyk görlüp bilner.

Boýaglara jogap berýän okuwçy boýaglary (akwarel, guaş) paýlaýar we sapak gutarandan soň şkafa ýygnaýar. Suwa jogap berýän okuwçy suwsuz gaplary goýýar (mugallym suwy sapak başlamanka, bedrede getirip goýýar). Çotga jogap berýän okuwçy çotgalary, kagyzlary paýlaýar. Haçan-da jaň kakylanda okuwçylar otagyň ýanynda hatara düzülýärler we mugallym olaryň sapaga taýýarlyklaryny barlaýar. Okuwçylar halatly bolmaly.

Sapak başlanýar. Okuwçylar dürli hilli işleýärler. Olaryň başarnygy, bilimi dürli derejede bolýar.

Jaň kakylmazdan öň çagalar **2-nji düzgüni** berjaý etmeli:

– eliňi galdyryp, mugallyma öz işiňi tamamlandygyňy duýdurmaly;
– oturan ýeriňi arassalamaly;
– çotga partany hapalamaz ýaly, ony gutuda ujuny ýokaryk edip goýmaly;
– boýaglaryň gapagyny ýapmaly;
– boýagly gutyny ýapmaly;
– partanyň üstüni öl mata bilen süpürmeli;
– öz işiňi seresaply alyp, otagdan çykmaly.

Çagalara jaňdan soň öz işlerini guratmak üçin eýwana çykarmagy duýdurmaly. Okuwçylar otagdan çykansoňlar, kömekçi okuwçylaryň işi başlanýar. Olar öz işlerini ýerine ýetirýärler.

Şekillendiriş sungatyny okatmak üçin mugallym taryhdan, edebiýatdan, aýdym-sazdan, tebigaty öwrenişden, zähmet okuwyndan, türkmen dilinden, beden terbiýesin-

den gowy baş alyp çykýan bolmaly. Mugallym ugurtapyjy, söze çeper, keşbe girip, gürläp we hereket edip bilýän ählitaraplaýyn ösen şahsyýet bolmaly. Ol aýgytly we ynamly gürlemegi we hereket etmegi başarýan bolmaly. Onuň ikirjeňlenýänini görende okuwçyda ynamsyzlyk döreýär. Mugallym çagalaryň aňyna täsir etmegiň ýollaryny bilmeli hem-de çagalary öz daşyna jemlemegi, işe we okuwa gönükdirmegi başarmaly. Çagalarda oňat endikleriň kemala gelmegini gazanmaga çalyşmaly, olaryň bilesigelijiligini, pikirlenmesini ösdürmeli, synpda agzybirligi saklamaly. Mugallymyň geçýän sapagy okuwçylar üçin gyzykly hem-de täsirli bolmaly. Sapaklary täsirli guramak üçin bolsa mugallym okatmagyň dürli usullaryndan peýdalanyp bilýän pedagog we psiholog bolmaly. Sapaklar göwnejaý ýola goýlanda çagalarda okuwa bolan höwes artýar. Munuň üçin bolsa tehniki serişdelerden, dürli görkezme esbaplardan, okatmagyň, öwretmegiň we terbiýelemegiň dürli usullaryndan giňişleýin peýdalanmagy başarmaly. Her gün we her sapakda täze usullaryň, tärleriň ulanylmagy okuwçylaryň bilesigelijiligini, gyzyklanmasyny, okuwa höwesini artdyrýar. Birsydyrgyn birmeňzeşlikde geçirilýän sapaklar okuwçylary ýadadýar, olaryň okuwa bolan höwesini gaçyrýar. Sapaklarda dürli oýunlaryň guralmagy okuwçylaryň sapakda öwredilýän maglumatlary gowy we çalt ýatda saklamaklaryny we özleşdimeklerini üpjün edýär.

Taryhy temalardan surat çekdirilende mugallymyň taryhy wakalary edebi dilde çeper beýan etmegi sapagyň maksadynyň we onda ýerine ýetirilýän ýumuşlaryň oňat amala aşyrylmagyny üpjün edýär. Eger okuwçylarda watansöýüjiligi, mertligi terbiýelemek sapagyň maksady bolup durýan bolsa, taryhy wakalary, edebi eserleri ynandyryjylykly keşbe girip gürrüň bermegi okuwçylaryň kalbynda uly täsir döredýär. Watansöýüjilik, edermenlik hakynda taryhda mysallar näçe diýseň bar. Diňe olary degişli ýerinde ulanmagy başarmaly.

Mugallym hemişe öwrenmeli, kämilleşmeli, sergilere, döredijilik duşuşyklaryna, ylmy-amaly konferensiýalara, medeni köpçülik çärelerine gatnaşmaly we hemişe synlamaly, diňlemeli, öwrenmeli. Eger doly bilmeýän zadyň gabat gelse işdeş ýoldaşlaryňdan, hünärmenlerden soramaly, kitaplardan gözlemeli, suratkeşler bilen duşuşyp, olardan maslahat soramaly, gerek bolsa olardan sapak almaly.

Öz ugruna degişli edebiýatlary, usuly gollanmalary, kitaplary okamaly, olardan öwrenmeli we öwrenen zatlaryny işinde ulanyp görmeli, eger gerek bolsa olary kämilleşdirmeli. Interaktiw usullary öwrenmeli, interaktiw sapaklaryň ýazgylaryny synlamaly, kompýuter tehnologiýasyndan gowy baş çykarýan bolmaly, sapaklary multimediýa tagtasyndan peýdalanyp guramaly.

Mugallym hemişe gözlegde bolup, täze zatlary döretmeli. Ol okuw tablisalaryny, görkezme esbaplary, interaktiw sapaklaryň ýazgylaryny taýýarlamaly, okatmagyň we öwretmegiň hem-de terbiýelemegiň täze usullaryny, tärlerini, ýollaryny gözlemeli. Ol işine döredijilikli çemeleşmeli, guraýan her bir sapagynda täzelikler duýulmaly. Sapaklary durmuş bilen baglanyşdyryp, okuwçylary bolsa sapaga höweslendirmeklige çalyşmaly.

Mugallym dürli usullary ulanyp öwretmeli, ol dürli mysallary getirmek arkaly, ýagny durmuşy wakalary, nakyllary, goşgulary, pähimleri mysal getirmek arkaly öwretmeli.

Okuwçylar bilen dynç alyş günleri ýa-da tomusky dynç alyş döwründe taryhy ýadygärliklere, muzeýlere syýahata gitmekligi ýa-da tebigata gezelençler guramagy, teatrlara, sergilere tomaşa etmekligi ýola goýmaly.

## Şekillendiriş sungaty boýunça sapaklaryň bölümleri

Şekillendiriş sungaty boýunça sapaklaryň bölümleriniň usuly taýdan dogry, maksadalaýyk guralmagy her mugallymyň hünär taýýarlygyna, pedagogikany we psihologiýany oňat bilmekligine, didaktiki ýörelgelerden ugur alyp, okatmaklygyň döwrebap usullaryny öz işinde ulanyp bilmegine baglydyr.

**Guramaçylyk döwri (1-2 min).** Mugallym synpa girip, okuwçylar bilen salamlaşýar, şol günki senäni, täze temanyň adyny okuwçylaryň sapaga gatnaşygyny synp dergisine (žurnalyna) bellik edýär. Okuwçylaryň ünsüni sapaga jemleýär, okuw esbaplaryny barlaýar. Eger kömekçiler bellenen bolsa, onda olar sapaga gerekli esbaplary paýlaýarlar.

**Öý işini barlamak (3-5 min).** Mugallym hatar aralaryna aýlanyp, okuwçylaryň öýde ýerine ýetiren işlerini barlaýar, üstünliklerini we kemçiliklerini düşündirýär, bahalandyrýar. Eger kemçilik bar bolaýan-da hem ilki bilen haýsy hem bolsa, bir gowy tarapy hakynda söz açyp, soňra goýberilen kemçilik hakynda durup geçmeli. Beýle edilmegi olaryň bu sapaga bolan höwesini we gyzyklanmasyny saklamaga kömek edýär. Eger öý işlerinde köpçülikleýin ýalňyş bar bolsa, onda olaryň geçen sapakdaky temany doly özleşdirip bilmändigini aňladýar. Şol goýberilen ýalňyşyň sebäbini anyklamaly we düşündirmeli. Okuwçylaryň geçilen temany näderejede özleşdirendigini barlamak üçin 2-3 okuwça synp tagtasynda surat çekmekligi tabşyryp, beýleki okuwçylar bilen bolsa sorag-jogap alyşmak arkaly öý işini berkidip biler. Okuwçylaryň öý işlerini bahalandyranda bolsa synp tagtasynda birnäçe işi sergi etmek arkaly olary okuwçylar bilen bilelikde seljerse hem bolar. Dürli soragnamalar ulanmak arkaly hem okuwçylaryň bilimlerini barlap, bahalandyryp durmaly.

Çagalaryň öýde özbaşdak ýerine ýetiren işlerini sapagyň wagtyny tygşytly ulanmak üçin amaly iş döwründe we sapakdan soň albomlaryny ýygnap alyp barlamak hem bolar.

**Täze temany düşündirmek (8-10 min).** Täze temany düşündirmek döwrüne soraglaryň, tapmaçalaryň, goşgularyň, oýunlaryň üsti bilen girişmek has hem oňaýlydyr. Meselem: haýwanlaryň suratyny çekmek talap edilýän temalara girişmek üçin şular ýaly tapmaçaly goşgyny ulanmak has hem maksadalaýykdyr:

Çöküp otyrka,<br>
Mündüm üstüne,<br>
Münen badyma,<br>
Turdy dessine.

Tas ýykylypdym,
Bolupdym gülki.
Oýlanmandyryn
Münmänkäm ilki.

– Ýetişiň! – diýip,
Gygyrdym öýe.
– Çök! Çök! – diýdiler,
Çökäýdi d...

Çagalar tapmaçanyň jogabyny aýdan soň, mugallym sorag-jogap alyşmak arkaly çagalaryň düýe hakyndaky, şeýle hem haýwanlar hakyndaky düşünjesini berkidýär. Şeýle gürrüňdeşlikden soňra mugallym täze temanyň adyny synp tagtasyna ýazýar. Soňra bolsa olaryň şekilini ýerine ýetirmegiň usullaryny, işi ýerine ýetirmegiň yzygiderliligini tapgyrlaýyn görkezýär, işlemegiň tärlerini düşündirýär. Görkezme esbaplaryň ulanylmagy sapagyň täsirliligini ýokarlandyrýar, okuwçylaryň täze temany oňat özleşdirmeklerine kömek edýär. Täze temany durmuş bilen, döwletimiziň syýasaty bilen baglanyşdyryp düşündirmek oňat netije berer.

**Amaly iş (15-20 min).** Amaly işiň wagtyny mugallym sapagyň ýumşuna görä, otagdaky okuwçylaryň sanyna, ulanyljak çeper beýan ediş serişdeleriniň aýratynlygyna we görnüşine görä kesgitleýär. Okuwçylar etjek işini aňynda düzüp, kagyza şekili dik ýa-da keseligine ýerleşdirmelidigini anyklansoňlar täze temanyň adyny belleýärler we işe başlaýarlar. Mugallym hatar aralaryna aýlanyp, olaryň işlerine syn edýär. Eger dürli ýalňyşlyklar ýüze çyksa, onda olary ýalňyşýan okuwça aýratynlykda, beýlekileriň ünsüni bölmez ýaly pessaýja ses bilen düşündirýär. Eger birmeňzeş ýalňyşlyk goýberilýän bolsa, onda mugallym işlemeklerini wagtlaýynça bes etdirip, olaryň ählisiniň ünsüni jemläninden soň goýberýän kemçilikleri hakynda durup geçýär.

Mugallym okuwçynyň kemçiligini düşündirmeli, bölek kagyza işiň usulyny çekip görkezmeli, emma özi okuwçynyň işini ellemeli däldir. Eger mugallym okuwça suraty çekmäge kömekleşse, onda okuwçy mugallyma garaşly bolar, ýagny hemişe mugallymyň gelip kömek bererine garaşar, özbaşdak işlemäge gorkar.

**Sapagyň dowamynda ýerine ýetirilen işleri delillendirip bahalandyrmak (3-4 min.).** Mugallym işini tamamlan okuwçylaryň işini beýleki okuwçylar bilen seljermeli, ilki üstünligini, soňra kemçiligini aýtmaly. Okuwçylaryň ýerine ýetirýän işleriniň ählisi hem öz wagtynda bahalandyrylmaly. Şeýle edilen ýagdaýynda okuwçylar öz eden işlerine miwe berýän önümçilik hökmünde garaýarlar hem-de olaryň öz işine jogapkärçiligi artýar. Okuwçylaryň ýerine ýetiren işlerine we dilden berýän jogaplaryna baha goýlanda, esasan, sapakda öwredilen bilimleri, başarnyklary we endikleri özleşdirişleri göz öňüne tutulmalydyr.

**Sapagy jemlemek, öý işini tabşyrmak (3-4 min).** Sapagy jemlän döwründe mugallym täze geçilen tema degişli käbir soraglary bermek arkaly okuwçylaryň täze temany näderejede özleşdirendiklerine göz ýetirýär. Sapaklarda ýerine ýetirilýän işler täze temany özleşdirmek üçin ýeterlik däldir, şonuň üçin hem synpda alan bilimlerini çuňňur özleşdirmek, berkitmek we öýde özbaşdak işlemeklerini kämilleşdirmek maksady bilen öý işi tabşyrylýar. Öý işi öwrediji, ösdüriji, terbiýeleýji häsiýetlere eýe bolmak bilen, synpda ýerine ýetirilen işden çylşyrymly bolmaly däldir. Öý işi özüne çekiji bolmalydyr, ony ýerine ýetirmegiň usullaryny mugallym düşündirmelidir. Eger işini sapagyň dowamynda dynyp ýetişmedik okuwçylar bar bolsa, onda öýde gutarnykly ýerine ýetirmeklik tabşyrylýar. Eger iş tamamlamaga golaýladylan bolsa, onda ol işini doly tamamlamagy we tabşyrylan öý işini hem ýerine ýetirmekligi talap etmeli.

Öý işini ýerine ýetirmegiň usullaryna çagalaryň hemmesiniň doly we dogry düşünendiklerini barlamak üçin mugallym sorag-jogap alyşýar. Soňra bolsa indiki sapaga getirilmeli esbaplar hakynda düşündirýär.

**Şekillendiriş sungaty otagyndan peýdalanmagyň usullary**

Okuwçylara çuňňur bilim we terbiýe bermegiň hilini gowulandyrmak mugallymlaryň sapaklary hem-de synpdan daşary işleri geçirişlerine sapagyň geçirilýän ýeriniň we okuwçylaryň iş ornunyň guramaçylygyna, abzallaşdyrylyşyna bagly bolup durýar. Mekdepde ýörite abzallaşdyrylan şekillendiriş sungaty otagynyň bolmagy şekillendiriş sungaty sapagynda okuwçylara berilýän bilimiň hem-de terbiýäniň hilini gowulandyrmaklyga oňaýly şert döredýär. Şekillendiriş sungaty otagynyň döredilmegi şu ders boýunça okuw materiallaryny usuly we didaktiki taýdan dogry öwretmäge mümkinçilik döredýär we sapaklaryň ähli görnüşleri boýunça (sapak, gurnak, maslahatlar, nutuk, konferensiýa) okuwyň hilini ýokarlandyrýar. Şekillendiriş sungaty dersi boýunça sapaklar, köplenç, amaly sapak görnüşinde geçirilýär. Okuwçylar mugallymyň kömegine we gözegçiligine mätäç bolýar. Okuwçylaryň işine mugallymyň doly gözegçilik etmegine we her bir okuwçy bilen onuň ýekebara işlemegine okuw otagy doly mümkinçilik döredýär, otag okuwçylaryň şekillendiriş sungaty dersine bolan höwesini artdyrýar, olar bu otaga gelenlerinde özlerini sungat älemine aralaşan ýaly duýýarlar. Olary döredijilikli pikirlenmäge taýýarlaýar, ukybynyň ösmegine, kämilleşmegine şert döredýär. Mekdepde şekillendiriş sungaty otagyny döretmek üçin bu dersiň didaktiki ýörelgeleriniň we usulyýetiniň talabyna jogap berýän otag saýlanyp alynmalydyr. Eger mekdep jaýy köp gatly gurlan bolsa, şekillendiriş sungaty otagy üçin ýokarky gatlardan ýagtylyk köpräk düşýän çyglylyk az bolan penjireleri gün nurunyň düşýän tarapyna açylýan otag almak maksadalaýyk hasaplanylýar. Otag näçe giň bolsa (50 kwadrat metrden kiçi bolmaly däldir) işlemäge amatly bolýar. Otaga ýagtylyk şöhlesi köp düşýän

bolmaly, şeýle hem onuň emeli ýagtylandyrmak mümkinçiligi köpräk bolmaly. Otagda okuwçylaryň surat çekmegi we olaryň işini mugallymyň barlamagy üçin bir tekizlikde şöhle düşüriji şar şekilli elektrik çyralaryny ýa-da güberçek penjireli elektrik çyrasyny oturtmak talabalaýykdyr.

Otagda okuw-görkezme esbaplaryny okuwçylaryň çeken suratlaryny saklamak üçin ýöriteleşdirilen şkaflar goýmaly. Ýöriteleşdirilen şkaf bolmadyk mekdeplerde otagyň yz tarapyndan ini 25-30 sm, beýikligi 180 sm bolan şkaflar ýasamaly. Bularyň ortasy 80 sm beýiklikde foner gapyly, ondan ýokarsy keseligine süýşürilýän aýnaly bolmaly. Ýokarky aýnaly tekjesine şekillendiriş sungatynyň dört bölümi boýunça görkezme esbaplar, gipsden ýasalan işler, guşlaryň we haýwanlaryň gäpleri, miwe we gök önümleriň toplumy, gap-çanaklardan, natura üçin gerekli serişdelerden görnüşler goýmaly. Şkafyň aşaky tekjelerinde temalara degişli kagyzdan ýasalan standart plakatlar ýerleşdirilýär.

Otagyň öň tarapynda synp tagtasy ýerleşdirilýär. Synp tagtasynyň ýokarsynda ortaradan Hormatly Prezidentimiziň portreti, portretiň sag tarapynda bolsa Türkmenistanyň Döwlet Senasy we Döwlet Tugumyz ýerleşdirilýär. Hormatly Prezidentimiziň portretiniň çep tarapynda bolsa Garaşsyz, baky Bitartap Türkmenistan Watanymyza, Türkmenistanyň Prezidentine wepalylyk baradaky Mukaddes Kasam we Döwlet Tugramyz ýerleşdirilýär.

Synp tagtasy üç bölekden ybarat bolýar, adatça, ol otagyň diwarynyň ortasynda ýerleşdirilýär. Eger synp tagtasy magnit tutmaýan bolsa, onda onuň haýsy hem bolsa bir gapdalyndaky boşlukda ýukarajyk demir tagtajygy ýerleşdirmeli, onuň ýüzüni bolsa reňklemeli. Bu tagtajyk size görkezme esbaplaryňyzy magnit bölejikleri bilen saklamaga kömek eder. Synp tagtasynyň beýleki tarapyndaky boşlukda bolsa marker bilen işlemek üçin ýörite niýetlenen ýylmanak üstli tagtajygy ýerleşdirmek bolar.

Otagyň öň tarapynda mugallym üçin stol goýulýar. Bu stol mugallymyň gürrüň we amaly işleri geçirmegi üçin hyzmat edýär. Şonuň üçin stoluň aşaky böleginde amaly işlere gerekli esbaplar üçin ýer edilýär we tekjelere bölünip ýerleşdirilýär. Bu stola uly bolmadyk ölçegdäki podstawkany berkitmek has hem maksadalaýykdyr. Podstawka açylyp, ýapylýan, aşak-ýokaryk, öňe-yza, çepe-saga süýşýän, beýgelip peselýän we dürli taraplara öwrülýän hem-de sökülip gurnalýan bolsa ulanmak üçin has hem amatly bolýar.

Şekillendiriş sungaty dersini okatmak üçin stollaryň we oturgyçlaryň ýörite ýasalan görnüşleri bolup, olar surat, çyzuw otaglary üçin ýöriteleşdirilendir. Şekillendiriş sungaty otagyna stol-molbertleriň goýulmagy maksadalaýykdyr (*63-nji surat*). Sebäbi stol-molbertlerde surat çekmek, reňk bilen işlemek üçin zerur şertler we mümkinçilikler döredilendir.




**63-nji surat. Stol-molbertler we podstawka**

Otag üçin oturgyç saýlanyňda onuň köp ýeri tutmazlygyny, sapak wagtynda okuwçylaryň turmaklaryna päsgel bermezligini göz öňüne tutmaly. Şonuň üçin hem şekillendiriş sungaty otagyna ýönekeý taburetka ýa-da beýgeldilip peseldilýän oturgyç almak amatly. Natura we natýurmortlar üçin podstawka hem şekillendiriş sungaty otagynyň esasy mebelleriniň biri hasaplanýar. Standart podstawkalar bolmasa, onda mekdep ussahanasynda ýönekeý görnüşli podstawka ýasamak mümkin. Şeýle hem synp tagtasyndan asylýan ýönekeý podstawkalary, okuwçylaryň işlerini sergi etmek üçin sadaja gurluşlary ýasamak maslahat berilýär (*64, 65-nji suratlar*). Bu podstawkalar mugallymyň sapagy didaktiki taýdan dogry guramagyna



**64-nji surat. Sergi etmek üçin gurluşlar**




**65-nji surat.**
**Natura goýmak üçin podstawkalar**

we okuwçylaryň surat çekmek işine kömek edýär. Eger-de podstawka ýokaryk we aşak süýşürip bolar ýaly edip ýasalsa, has hem oňaýly bolýar. Her bir şekillendiriş sungaty otagynda natura, natýurmortlar üçin azyndan 3-4 sany podstawkanyň bolmagy zerurdyr.

***Otagyň tehniki serişdeleri.*** Okuw terbiýeçilik işlerini talabalaýyk guramakda tehniki serişdeleriň ähmiýeti uludyr. Okuw ýumuşlaryny dogry, düşnükli, giňişleýin beýan etmekde okuwçylaryň sapaga bolan höwesini, işjeňligini ýokarlandyrmakda esasy usullaryň biri tehniki serişdelerden peýdalanmakdyr. Sebäbi şekillendiriş sungaty sapagynda çyzylyşy we şekillendirilişi çylşyrymly bolan zatlaryň ýagty hem-de garaňky taraplaryny şöhlelendirmekde, reňkleriň durulygyny dogry görkezmekde tehniki serişdelerden – reflektorlardan (ýörite çyralar) peýdalanylýar. Şonuň üçin şekillendiriş sungaty otagynda 4-5 sany reflektoryň bolmagy gerek. Okuwçylara şekillendiriş sungaty sapagynda sungat eserleriniň reproduksiýalaryny, dokumental filmleri we kinofilmleri görkezmek talap edilýär. Şonuň üçin otagda multimediýa tagtasynyň bolmagy zerurdyr. Sungat eserleriniň reproduksiýasy hemişe uly plakat görnüşinde tapylyp durmaýar. Olar kiçi görnüşde köp duş gelýär we olary sapakda peýdalanmak üçin ulaldyp görkezmeli bolýar. Skanerden geçirip, kompýuterde olaryň hilini gowulandyryp, soňra multimediýa tagtasynda görkezmek şular ýaly ýagdaýlarda amatlydyr. Otagda mümkin boldugyndan kompýuterleriň we döwrebap enjamlaryň bolmagy maslahat berilýär. Öz ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň tebigat gözelliklerini, gadymy binalaryny, sungat muzeýlerindäki eksponatlaryň ýazgysyny özünde saklaýan elektron maglumat göterijileri sapakda hem-de sapakdan daşary geçirilýän işlerde peýdalanmak okuwçylaryň derse bolan höwesini artdyrýar. Otagda kinofilmleri, dokumental filmleri saklamak üçin ýörite şkaf taýýarlap, olary şonda saklamaly.

Otagda tehniki serişdelerden doly peýdalanmagy ýola goýmak üçin islän wagtyň otagy garaňkyratmak mümkinçiligini döretmeli. Onuň üçin otagyň penjireleriniň bir tarapynda elektromotor ýerleşdirilýär, ondan şkiwler arkaly ýüpler geçirilýär, ýüplere gara matadan taýýarlanylan tutular dakylýar we awtomatlaşdyrylan usulda açylyp-ýapylýan edilýär.

Otagdan we tehniki serişdelerden häzirki döwrüň talabyna laýyk peýdalanmak, tehniki howpsuzlyk düzgünlerini doly berjaý etmek üçin ýörite elektromontaž işlerini geçirmeli. Otagda elektromontaž işlerini poluň aşagyndan ýa-da diwaryň içi bilen

geçirmeli. Mugallymyň tehniki serişdelerden has netijeli peýdalanmagy üçin otagyň tehniki serişdeleriniň hemmesini merkezleşdirilen dolandyryja birikdirmeli.

***Otagdaky diwarlyklar we plakatlar.*** Her bir otagyň abzallaşdyrylyşyndan we estetiki bezelişinden onuň haýsy ders otagydygy bilinýär. Şekillendiriş sungaty otagynda suratly diwarlyklary gapdal diwarda azrak asyp, zerur bolanlaryny otagyň yzky tarapynda ýerleşdirmeli, sebäbi otagdaky şeýle görkezme esbaplar okuwçylaryň pikirini bölýär. Ady belli suratkeşleriň doglan gününe ýa-da şanly senelere bagyşlanan diwarlyklardyr tematiki sergiler mekdep zalynda köpçüligiň görýän ýerinde ýerleşdirilse oňat bolýar. Sebäbi otagda sapak we synpdan daşary işler geçirilýär-de, otag boş bolmaýar. Okuwçylar köpçüligine bu otagda goýlan sergini, diwarlyklary we albomlary görmek mümkinçiligi bolmaýar. Belli suratkeşleriň doglan gününe bagyşlanan sergi guralanda görnükli ýerde suratkeşiň portreti, iň oňat eserlerinden 2-3 sany reproduksiýa, onuň döreden eserleriniň sanawy, suratkeş hakynda ýazylan kitaplar, žurnaldyr gazetde ýazylan makalalar, eger bar bolsa suratkeşiň kiçi göwrümde ýasalan býustyny goýmak maslahat berilýär.

***Otagyň iş meýilnamasy.*** Otagyň iş meýilnamasy düzülende şekillendiriş sungaty otagynda sapaklarda we synpdan daşary çärelerde edilmeli işleriň ählisini girizmeli. Meýilnama düzülende ýerli serişdeleri göz öňüne tutmak hökmanydyr. Düzülen meýilnamanyň mekdep ýolbaşçylary tarapyndan barlanylmagy we tassyklanylmagy hökmanydyr. Meýilnamany şeýleräk düzmek bolar:

1. Otagy maksatnama laýyklykda täze okuw ýylynda öňde goýlan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmäge taýýarlamaly.
2. Otagyň bezegini yzygiderli täzeläp durmaly, täze okuw materiallary bilen baýlaşdyrmaly.
3. Otagyň tehniki serişdelerden peýdalanmak mümkinçiligini döretmeli, olaryň tehniki ýagdaýyny umumy barlagdan geçirmeli.
4. Otagyň işjeňlerini we ýolbaşçylaryny bellemeli, olaryň gatnaşmagynda otagyň iş meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşmaly we iş tertibini düzmeli.
5. Otagyň gündeliginiň (inwentarlar we okuwçylara berilýän zatlar hakda bellik edilýän depderiň) yzygiderli ýöredilişini guramaly.
6. Okuwçylaryň ýerine ýetiren işlerinden diwarlyklar, sergiler, albomlar taýýarlamaly we olary wagtynda täzeläp durmaly.
7. Suratkeşleriň we alymlaryň, şahyrlaryň ýubileý günlerine taýýarlyk görmeli, olary dabaraly ýagdaýda geçirmekde okuwçylaryň işjeňligini güýçlendirmeli.
8. Otagyň diwar gazetinde okuwçylaryň öz döredijilikleri we gazanýan üstünlikleri barada çykyş edip durmaklaryny gazanmaly.
9. Otagyň işini etrap usuly otagy, golaýdaky ýokary we ýörite mugallymçylyk okuw jaýlary, çagalaryň çeperçilik mekdepleri, çeperçilik ussahanalary, şekillendiriş sungaty muzeýleri bilen ýakyn aragatnaşykda guramaly.
10. Okuwçylaryň şekillendiriş sungaty dersini özleşdirişi boýunça synplaryň arasynda özara ýaryşlar guramaly we olaryň netijesini görkezýän diagramma düzmeli.

## Surat çekýäniň iş ýeriniň gurnalyşy

1. Planşete berkidilen kagyz molbertde $30^0$ ýapgytlykda surat çekýäniň nazary kagyzyň ortasyna düşer ýaly ýagdaýda goýulýar.

2. Surat çekilýän kagyza ýagtylyk surat çekýäniň ýa-da başga zatlaryň kölegesi düşmez ýaly ýagdaýda düşmeli, çyra ýokarda, biraz öňräkde we çep tarapda ýerleşmeli.

3. Surat çekmek üçin dürli görnüşdäki molbertler, çyzgy tagtalary, planşet ulanylýar. Kagyzy çyzgy tagtasyna, planşete ýörite berkidijiler bilen berkidýärler. Işlän wagtynda surat çekýäniň gözi bilen kagyzyň arasynda eliňi öňe uzadanyňdaky ýaly boşluk bolmaly. Aram-aram yza süýşüp (2-3 m), çekýän suratyňy suraty çekilýän zatlar bilen deňeşdirip görmeli.

4. Suraty çekilýän zatlar surat çekýäne oňat görünmeli. Şekillendirilýän zatlar bilen surat çekýäniň arasy çekilýän zadyň ölçeginiň 2,5-3 essesi bolmaly.

5. Galamlar we bozguç surat çekilýän kagyzyň ýokarsynda goýulmaly. Akwarel reňklerini, suwly gaby, palitrany sag tarapda, esgijigi bolsa çepiňde goýmaly (*66-njy A, B surat*).




**66-njy surat.**

*A – galamda surat çekmek üçin iş ýeriniň guralyşy; B – reňk bilen surat çekmek üçin iş ýeriniň guralyşy; Ç – şekil ýasamak üçin iş ýeriniň guralyşy*

## 19. 1-nji SYNPDA ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATY SAPAKLARYNY OKATMAK

***1-nji synpyň umumy temasy: “Görüş sungaty. Sen we daş-töweregiňdäki dünýä”.***

Okuwçylar orta mekdepleriň I-V synplary üçin şekillendiriş sungatyndan, okuw maksatnamalarynyň talaplaryna görä, şu aşakdakylary başarmalydyrlar:

1-nji synpda okuw ýylynyň esasy okuw-terbiýeçilik wezipeleri:

– işler ýerine ýetirilende reňkleri, galamlary, çotgalary, palçygy, plastilini, gaýçyny, kagyzy, ýerli serişdeleri başarjaňlykly ulanmagy öwretmek, zatlaryň özüne seredip suratyny çekmek, ýatdan surat çekmek we şekil ýasamak;

– dürli ýyl pasyllarynda tebigatda şekiliň we reňkleriň köpdürlüligini görüp bilmek başarnyklaryny ösdürmek;

– ýönekeýje ýerli nagyşlary ýerine ýetirmegi öwretmek.

*1-nji synpyň okuwçylaryndan bilimleri we başarnyklary boýunça edilýän talaplar.*

1-nji synp okuwçylary okuw ýylynyň soňuna çenli suratkeşleriň daş-töweregi gurşap alan durmuşy üns berip synlaýandyklaryny, suratyny çekmek üçin ýyl pasyllarynyň hemmesiniň özboluşly gyzykly taraplarynyň bardygyny bilmelidirler. Okuwçylar şu bellenilenleri:

– naturany synlamagy, çotga, guaş, akwarel reňkleri, plastilini, gaýçyny ulanmagy, şekilleri uly edip çekmegi we kagyz tagtasynyň meýdanyny doly ulanmagy, surat çekende zatlaryň özara ýagdaýyny, ýerleşişini göz öňüne tutmagy;

– zatlaryň şekiliniň we ölçeginiň aýratynlyklaryny (beýik, pes, uly, kiçi) şekilde bermegi;

– şekilde aňladyljak bolunýan duýga görä reňkleri saýlap almagy;

– dürli ýyl pasyllaryny suratlandyrmak üçin reňkleri tapyp bilmegi;

– iň ýönekeý milli nagyşlary, olaryň ulanylýan ýerlerini bilmegi;

– esasy reňkleriň, goşma reňkleriň atlaryny bilmegi;

– tebigat baradaky öz duýgularyny, durmuşyň belli wakalaryny söz bilen aýdyp bilmegi başarmalydyrlar.

### 1-nji synpyň I çärýegi

***Çärýegiň temasy: “Güýzi synlaýarys we şekillendirýäris”***

*Jadyly reňkler*

1-nji synpa okamaga gelen çaga üçin mekdepde görýän ähli zatlary täze we gyzyklydyr. Ol mekdepdäki ilkinji günleriň galdyran täsirlerini uzak wagt ýadyndan çykarmaýar. Şu sebäpden mugallym ilkinji sapaklary has täsirli, gyzykly guramalydyr. Ilkinji surat sapagynyň maksady çagalary dürli şekillendiriş serişdeleri bilen (öň tanyş däl bolsa) tanyşdyrmak, galam we reňkler bilen işlemegiň düzgünlerini öwretmek, olary surat çekmäge, şekil ýasamaga, bezeg işlerini ýerine ýetirmäge höweslendirmekdir. Munuň üçin mugallym dürli usullary, tärleri, görkezme esbaplary, çagalaryň, suratkeşleriň ýerine ýetiren işleriniň nusgalaryny ulanýar. Mugallym

ilkinji sapaklardan iş ornunyň dogry guralyşyny, ýagny her esbabyň belli bir goýulýan ýerini görkezýär, galamyň, çotganyň, bozgujyň tutulyşyny, olar bilen işlemegiň ýönekeýje usullaryny öwredýär. Galam bilen işlemekde türgenleşmek üçin kyn bolmadyk ýumuşlary tabşyrýar. Soňra mugallym "Reňkleri garmak" diýen temany düşündirmäge girişýär. Reňkleriň görnüşleri, olaryň aýratynlygy bilen tanyşdyrýar. Reňk bilen işlemäge, olary garyp başga reňkleri almaga degişli ýumuş tabşyrýar. Birinji sapak mugallymdan sapaga döredijilikli çemeleşmegi talap edýär. Ol sapakda oýun, gözleg, işiň ýerine ýetirilişini görkezmek usullaryny ulanyp biler.

*Gülleriň, ýapraklaryň suratyny çekmek.* Sapagyň esasy maksady çagalaryň reňk bilen işlemek başarnyklaryny hem-de gülleriň şekilini çekmegi öwretmek bilen olaryň gözellik duýgularyny ösdürmekdir. Mugallym sapakda dürli görnüşli gülleriň şekillerini ýa-da olaryň özüni görkezýär. Gülleriň owadanlygyna, özboluşlylygyna çagalaryň ünsüni çekýär. Sapakda güllere degişli goşgulardan, şygyrlardan bölekleri okamak sapagyň gyzykly guralmagyna ýardam eder. Mugallym sapakda, esasan, çagalaryň çotga bilen dogry işlemeklerine, reňkleri dogry garyp, ýerlikli ulanyp bilmeklerine üns bermelidir. Ol çotga bilen surat çekmegiň iki usulyny öwredýär.

*Gülleriň, ýapraklaryň şekillerini ulanyp nagyş düzmek.* Bu sapakda mugallym ösen milli sungatymyzyň özboluşlylygyna çagalaryň ünsüni çekýär, nagyşlar, olaryň ulanylýan ýerleri barada çagalara düşünje berýär. Mugallym milli nusgalaryň mysalynda nagyş düzülende şekilleri, reňkleri gezekleşdirmegi, reňki ýerlikli ulanmagy öwredýär. Sapakda ösümlikleriň şekillerinden zolakda düzülen milli häsiýetli, çylşyrymly bolmadyk nagyşlaryň nusgalary ulanylýar. Okuwçylar bu sapakda öz oňat görýän gülleriniň, ýapraklarynyň suratyny belli bir tertipde çekip nagyş düzmegi öwrenýärler.

*Güýz ýapraklarynyň suratyny çekmek*. Mugallym sapagyň başynda güýz paslynyň özboluşly gözelligine, baglaryň güýzki keşbine ünsi çekýär. Soňra baglaryň ýapraklarynyň reňki, daş keşbi, gurluşy barada gürrüň berýär. Sapakda köpsanly ýapraklary görkezmek, olaryň daş keşbini, reňkini derňemek maksadalaýykdyr. Mugallym bu täsin ýapraklaryň suratyny çekmek üçin ýyly reňkleri ulanmalydygyny aýdyp, ýyly reňkler bilen tanyşdyrýar. Okuwçylar özüne seredip gurluşy kyn bolmadyk ýapragyň suratyny dürli galam, akwarel, syýagalam bilen çekýärler. Munuň üçin mugallym okuwçylaryň hersine suratyny çekmek üçin ýapraklary paýlap berýär.

*Kitabyň sahabyny bellemek üçin kagyz zolagyny ýasamak we ony nagyşlar bilen bezemek.* Sapagyň başynda mugallym kitap okamak, öwrenmek barada aýdylanlary, nakyllary, atalar sözüni ulanmak bilen kitap okamagyň peýdasyny düşündirýär. Kitaby aýawly saklamalydygyny aýdýar we ulanmagyň düzgünlerini, kitap okanyňda dik oturmalydygyny, ýagtylygyň bolsa çep tarapdan düşmelidigini, kitaby gözüňe gaty golaý tutmaly däldigini, okamaly ýerini epläp bellemeli däldigini düşündirýär. Kitabyň sahabyny bellemek üçin kagyz zolagyny ýasamagy hödürleýär. Milli häsiýetli zolakdaky nagyşlaryň nusgalary görkezilýär, köpçülikleýin derňelýär. Mugallym zolagy nagyşlar bilen bezemegiň usullaryny, tertibi-

ni ýatladýar, okuw tagtasynda nagşyň birnäçe görnüşini çekip görkezýär, olaryň reňkiniň saýlanylyşyny düşündirýär. Kitabyň sahabyny bellemek üçin kagyz zolagyny galyňrajyk kagyzdan ýa-da gaty kagyzdan gaýçy bilen gyrkyp ýasap, zolagyň iki ýüzüni hem oňat görýän nagyşlary bilen bezeýär. Bezeg akwarel reňkleri ýa-da syýagalam bilen ýerine ýetirilýär.

*Güýz ýapraklaryny ýygnamak we olardan reňkli düşekde bezeg halysynyň şekilini döretmek.* Mugallym güýz paslynyň gözelligi barada gysgaça söhbetdeşlik guraýar. Enelerimiziň, gyz-gelinlerimiziň hem owadan halylary dokanlarynda tebigatdan nusga alýandygyny aýdýar. Sapakda mugallym halylaryň, gülli keçeleriň nusgalaryny görkezip, olaryň bezeginiň gurluşy barada gürrüň berýär. Güýz ýapraklaryny ulugy-kiçiligi boýunça reňklerine görä tertipleşdirip, matanyň ýa-da kagyzyň ýüzüne ýelmeseň, nepis halynyň ýa-da keçäniň şekiliniň emele gelýändigi, bezeg halysynyň dürli ýerlerde ulanylyşy barada gürrüň berýär. Halyny ýa-da onuň suratyny görkezip, onuň nagyş gurluşyny düşündirýär. Keçäni ýa-da onuň suratyny görkezip, onuň nagyş gurluşynyň üstünde durup geçýär. Soňra matanyň ýa-da reňkli kagyzyň ýüzünde güýz ýapraklaryndan halynyň, keçäniň ýasalan nusgasyny görkezip, ony derňäp geçýär, onuň ýasalyşyny düşündirýär. Her hatardan 2 sany partany degişdirip goýup, hataryň okuwçylary onuň daşyna düzülip, işi öz aralarynda paýlaşyp, bilelikde uly matanyň ýa-da reňkli kagyzyň ýüzünda güýz ýapraklaryndan bezeg halysynyň şekilini ýasamaga başlaýarlar (keçäniň şekilini hem ýasap bilerler). Mugallym ýapraklary ýelmemezden öňürti matanyň (kagyzyň) ýüzüne hek bilen çyzyklar çyzyp, nagyşlaryň bolmaly ýerlerini bellemelidigini ýatladýar, işiň dowamynda ugrukdyryjy maslahatlary, kömekleri berýär. Sapagyň ahyrynda mugallym bir hataryň işine beýleki hataryň baha bermegini guraýar, özi okuwçylaryň pikirlerini takyklaşdyrýar.

*Geçilenleri umumylaşdyrmak.* Bu sapakda çärýegiň netijesi jemlenýär. Mugallym geçilen temalary gysgaça gaýtalaýar, okuwçylaryň öwrenen zatlary barada söhbetdeşlik guraýar. Okuwçylar çärýegiň islendik temasyna degişli surat çekip bilerler. Mugallym çagalaryň çärýegiň dowamynda çeken suratlarynyň has oňatlaryndan sergi guraýar. Suratlary köpçülikleýin derňemek, çagalaryň öz çeken suratlary barada gürrüň bermeklerini guramak olary surat çekmäge has-da gyzyklandyryp biler.

## 1-nji synpyň II çärýegi

***Çärýegiň temasy: "Giçki güýzüň we gyşyň görki"***

Işleri ýerine ýetirmekde galamy, reňkleri, palçygy, plastilini, gaýçyny, reňkli kagyzy ýerlikli ulanmak bilen zatlary şekillendirmegi we bezemegi öwretmek.

*Giçki ýapraksyz güýzüň we gyşyň görki.* Sapakda giçki güýzüň özboluşlylygy barada gürrüň berilýär. Agaçlaryň köpdürlüligi, olaryň hersiniň biri-birine meňzeş bolmadyk gurluşy, şahalarynyň ýerleşişi, reňki olaryň suratlaryny görkezmek bilen aýratynlykda derňelýär. Mugallym suratkeşleriň eserlerini görkezip, güýz paslynyň, agaçlaryň güýzki keşbiniň şekillendirilişi barada söhbetdeşlik guraýar. Suraty gara,

goňur galam, kömür, tuş bilen ýa-da gara reňkli kagyzyň ýüzüne hekjagazlar bilen hem çekmek bolýandygyny bu serişdeler bilen çekilen suratlary görkezmek arkaly beýan edýär. Okuw tagtasynda agajyň suratynyň çekilişini görkezip düşündirýär.

*Ertekidäki baglaryň suratyny çekmek.* Bu sapagyň esasy maksady çagalaryň işe döredijilikli çemeleşmek hem-de öz duýgularyny suratlaryň üsti bilen beýan edip bilmek başarnyklaryny ösdürmekdir. Mugallym sapakda çagalaryň okan ertekileri, olardaky baglaryň özboluşlylygy barada söhbetdeşlik guraýar. Ertekidäki baglaryň şekiliniň, reňkiniň dürli hili bolup bilýändigi, olaryň içinde jadylysynyň, täsin reňklisiniň, adamlara hemaýat edýänleriniň ýa-da erbet häsiýetlisiniň bolýandygy barada gürrüň berýär. Suratkeşleriň ertekiler esasynda çeken suratlandyrmalaryny görkezip, olardaky baglaryň şekillendirilişine ünsi çekýär. Soňra mugallym çagalara ertekidäki baglaryň şekilini özüçe guaş ýa-da akwarel reňkleri bilen çekmekligi tabşyrýar.

*Plastilinden, palçykdan şekil ýasamak.* Sapagyň maksady çagalaryň şekil ýasamak başarnyklaryny ösdürmek hem-de olara dürli gap-gaçlaryň şekilini ýasamagy öwretmekdir. Sapagyň başynda mugallym hojalykda ulanýan gap-gaçlarymyz, olaryň taýýarlanylyşy, küýzegärçilik sungaty, gadymyýetde küýze önümleriniň ähmiýeti barada gürrüň berýär. Soňra plastilinden, palçykdan gap-gaçlaryň: tarelkanyň, jamyň, käsäniň, çäýnegiň şekiliniň ýasalyşyny düşündirýär. Çagalar, mümkin bolsa, palçykdan gap-gaçlaryň şekilini ýasaýarlar. Mugallym ýasan şekillerini indiki sapakda reňkläp bezejekdiklerini aýdýar.

*Palçykdan, plastilinden ýasalan şekilleri nagyşlap bezemek.* Sapakda, esasan, çagalaryň bezeg işleri ýerine ýetirmek başarnyklaryny ösdürmek hem-de olara zatlaryň nusgasyny nagyşlar bilen bezemegi öwretmek göz öňüne tutulýar. Mugallym geçen sapak palçykdan gap-gaçlaryň şekilini ýasandyklaryny ýatladýar we şu sapakda çagalara olary reňkläp bezemegi hödürleýär. Munuň üçin ilki mugallym dürli gap-gaçlaryň bezelişi, reňki barada olaryň nusgalaryny, suratlaryny görkezmek bilen gürrüňdeşlik guraýar. Olardaky nagyşlara okuwçylaryň ünsüni çekýär. Soňra çagalaryň ýasan şekillerini paýlap, olary guaş reňklerini ulanyp bezemegi tabşyrýar.

*Kagyzdan, gaty kagyzdan şekilleri, oýnawaçlary ýasamak.* Mugallym kagyzdan, gaty kagyzdan ýasalan şekilleri, oýnawaçlary görkezip, olaryň ýasalyşy barada gürrüň berýär. Bu sapakda çagalar kagyzlaryň dürli görnüşleri bilen tanyşdyrylýar we olardan bezeg häsiýetli dürli şekiljikleri ýasamak öwredilýär. Çagalara ýetip gelýän täze ýyl baýramynda bezeljek täze ýyl arçasy üçin oýnawaçlary, gar tozgajyklaryny, sowgat üçin dürli şekilleri ýasamagy hödürlemek bolýar. Mugallym ilki iki, dört eplenen kagyzdan şekiller ýasap görkezip, ýasalyşyny düşündirýär (dört eplenen kagyzyň gyrkmaly ýerini tagtada çekip görkezse, okuwçylara düşnükli bolýar). Soňra ýylpyldaýan ýyldyzjyklaryň şekilini, olary asyp goýmak üçin sapagyny ýasap görkezýär.

*Täze ýyl sowgady üçin nikaplar ýasamak.* Mugallym sapagyň başynda täze ýyl baýramy, ony geçirişleri, çagalaryň ene-atalary üçin täze ýyl sowgatlary (4-lük, 5-lik bahalar, özlerini edepli alyp barmak) barada söhbetdeşlik guraýar. Soňra täze ýyl baýramy

üçin nikap ýasajakdyklaryny aýdýar we onuň ýasalyşyny düşündirýär. Çagalara oňat görýän erteki gahrymanlarynyň, haýwanlaryň nikabyny ýasamagy tabşyrýar.

*Gyşyň görki.* Gyş paslyna degişli tapmaçalar aýtmak bilen mugallym sapaga girişýär. Gyş paslyna degişli aýlar we gyşda bellenilýän baýramçylyklar hakynda düşünje berýär. Pürli agaçlaryň gyşyna hem ýaşyl öwüsýändigini, köp agaçlaryň bolsa bu pasylda ýapraksyz bolýandygy barada gürrüň berýär. Çagalara garjagazyň we gyrawyň şekilini şekillendirmeklik, kagyzdan gyrkyp ýasamaklyk tabşyrylýar.

*"Gyş" diýen tema boýunça köpçülik bolup ýolam ýasamak.* Mugallym gyş paslynyň aýratynlygy, özboluşly gözelligi barada gürrüň berýär. Soňra sapagyň temasyny aýdyp, dürli nusgalary görkezmek bilen ýolam barada düşünje berýär. "Gyş" diýen temada ýolam ýasamagyň yzygiderliligini, usullaryny düşündirýär, sowuk reňkler barada düşünje berýär. Okuwçylara köpçülik bolup ýolam ýasamagy tabşyrýar.

*Geçilenleri umumylaşdyrmak, işleriň sergisini guramak.* Mugallym geçilen temalary gaýtalaýar, çagalaryň öwrenen zatalaryny ýatlap geçýär. Okuwçylara çärýegiň dowamynda geçilen has oňat gören temasynda surat çekmegi tabşyrýar. Ýerine ýetirilen işleri barlap, bahalandyranyndan soň II çärýegiň netijesini jemleýär, has oňat ýerine ýetirilen işleriň sergisini guraýar. Ol işleriň ýerine ýetirilişi, reňk çözgüdi, suratlarynyň gelşigi dogrusynda söhbetdeşlik guraýar.

**1-nji synpyň III çärýegi**

***Çärýegiň temasy: "Biz hem dostlarymyz"***

Gyş, ýaz pasyllarynda tebigatda şekiliň we reňkleriň köpdürlüligini görüp we şekillendirip bilmek başarnyklaryny ösdürmek. Ýönekeýje milli nagyşlary ýerine ýetirmegi öwretmek.

*Täze ýyl baýramçylygynyň, gyşky dynç alşyň galdyran täsirleri boýunça surat çekmek.* Mugallym täze ýyl baýramyny, gyş rugsadyny geçirişleri barada söhbetdeşlik guraýar. Soňra sapagyň temasyna golaý bolan suratlary, suratkeşleriň eserleriniň nusgalaryny görkezýär. Olary derňemekligi guraýar. Okuwçylar hödürlenen temalardan surat çekýärler. Mugallym surat çekenlerinde özlerine ýaran, oňat gören zatlaryny beýlekilerden öňe çykaryp, ulurak edip ýerleşdirmelidigini, guaş, akwarel reňklerini ýa-da syýagalamlary ulanmalydygyny aýdýar.

*"Türkmenbaşynyň ertekiler dünýäsi" çagalar seýilgähi.* Mugallym okuwçylara gözel paýtagtymyz Aşgabatda ýerleşýän "Türkmenbaşynyň ertekiler dünýäsi" çagalar seýilgähi barada gyzykly gürrüň berýär. Şu sapakda öňünden taýýarlanan okuwçylaryň bir-iki sanysyna erteki gahrymanlarynyň eşigini geýindirip, olary myhmançylyga getirmek, sahnalaşdyrylan oýunlary guramak hem bolar. Kitapdaky suratlardan nusga alyp guaş ýa-da akwarel reňkleri bilen surat çekmekligi tabşyrýar.

*"Gyş" diýen tema boýunça surat çekmek.* Mugallym gyş paslynyň aýratynlygy, tebigatyň özboluşly gözelligi barada gürrüň berýär. Suratkeşleriň tebigatyň gyşky keşbini şekillendirýän eserlerini görkezip, işlemegi guraýar. Suratlar dogrusynda söhbetdeşlik guraýar. Mugallym suratkeşiň reňk saýlaýşyna ünsi çekýär. Sapakda

goşgulardan, hekaýajyklardan bölekler okamak sapagyň täsirli geçmegine ýardam edýär. Çagalara guaş reňkleri, syýagalam bilen gyşyň özboluşly tebigatyny çekmek tabşyrylýar. Sapagyň ahyrynda suraty oňat çeken okuwçylar tapawutlandyrylýar.

*Heýkeltaraşyň ýörite taýajygy bilen haýwanlaryň şekilini ýasamak.* Mugallym sapagy düşündirmäge haýwanlara degişli matal, tapmaça çözdürmekden girişip biler. Soňra heýkeltaraşyň ýörite taýajygy, onuň ulanylyşy bilen tanyşdyrýar. Birnäçe haýwanlaryň suratyny görkezip, palçykdan, plastilinden olaryň şekilini ýasamagy hödürleýär. Şekil ýasamagyň birnäçe usulynyň bardygyny aýdýar we bitewi bir bölekden, aýry-aýry böleklerden ýasamak usullaryndan haýwanlaryň şekiliniň ýasalyşyny görkezýär. Soňra şekili ýasaljak haýwanlaryň daş keşbini, bedeniniň gurluşyny, ululyk gatnaşyklaryny derňemekligi guraýar. Bu sapakda haýwanlaryň göwrümli şekilini, ýagny agaçdan, plastmassadan ýasalan oýnawaç şekilini görkezmek we çagalaryň ellerine alyp öwrenmeklerini guramak maksadalaýykdyr. Soňra mugallym öý haýwanlarynyň haýsy hem bolsa biriniň şekilini palçyk ýa-da plastilinden heýkeltaraşyň ýörite taýajygy bilen ýasamagy tabşyrýar.

**Biziň Hormatly Prezidentimiz**. Sapagyň esasy maksady çagalary sungat eserleri bilen tanyşdyrmakdyr. Mugallym Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň medeniýetimizi, sungatymyzy, saglygy goraýşy ösdürmek barada edýän aladalary hakynda gürrüň berýär. Hormatly Prezidentimiziň Gökderede çagalaryň tomusky dynç alyş we sagaldyş merkezlerini gurduryp bermeginiň çagalar üçin edilýän aladalaryň bir bölegidigini düşündirýär. Türkmen suratkeşleri tarapyndan Galkynyşlar döwründe döredilen mähriban Watanymyzy, zähmetsöýer halkymyzy wasp edýän nakgaşçylyk eserleri bilen tanyşdyrýar. Olary aýry-aýrylykda görkezýär, suratlaryň ýerine ýetirilişi, mazmuny barada gürrüň berýär. Öňünden taýýarlan soragnamalarynyň esasynda suratlar boýunça söhbetdeşlik guraýar. Kiçi möçberli suratlar epidiaskopyň kömegi bilen ulaldylyp görkezilýär. Suratlar synlanýan wagtynda Diýarymyzy, halkymyzy wasp edýän aýdym-saz eserlerini pessaýja sesli diňletmek okuwçylarda uly täsir galdyrýar. Sungat eserleri barada gürrüňdeşlikden soňra ýurdumyza, gözel Aşgabadymyza görk berýän ajaýyp binalary Hormatly Prezidentimiziň açyp berýän pursatyndaky suratlaryndan albom döredip, onuň sahypalaryny dürli nagyşlar bilen bezemek we suratlara degişli goşgular ýazmak tabşyrylýar.

*Dürli şekilleri kagyzdan gyrkyp ýasamak we nagyşlap bezemek*. Sapagyň esasy maksady kagyzdan şekilleri ýasamagyň dürli usullaryny öwretmekdir. Mugallym kagyzdan, gaty kagyzdan gyrkyp, dürli zatlary ýasamagyň hem bezeg sungatynyň bir görnüşidigini aýdýar. Soňra dürli usullarda ýasalan şekilleri görkezip, olaryň ýasalyşyny düşündirýär. Çagalara birnäçe gezek eplenen kagyzdan bezeg häsiýetli şekilleri ýasandyklaryny ýatladýar. Olara deňýanly zatlaryň (guşuň, kebelegiň) iki we birnäçe gezek eplenen kagyzdan haýwanlaryň, adamlaryň, gap-gaçlaryň şekiliniň ýasalyşyny öwredýär. Çagalar sapakda kagyzdan we gaty kagyzdan birnäçe şekilleri ýasaýarlar we ýasan şekillerini reňkli kagyzlar bilen ýelimlemek, reňklemek, nagyşlamak usulynda bezeýärler. Bezeg işleri ýerine ýetirilende guaş,

akwarel reňklerini, syýagalamlary ulanýarlar. Taýýar işler okuw otagynyň bezeginde ýa-da nusga hökmünde ulanylyp bilner.

*Bezeg nagyşlaryny zolakda çekmek.* Sapagyň maksady çagalaryň bezeg işleri, nagyşlaryň düzümi, gurluşy, reňk çözgüdi, ýerine ýetirilişi barada bilimlerini, başarnyklaryny kämilleşdirmek we olara gözellik terbiýesini bermekdir. Mugallym ilki bezeg işleriniň ähmiýeti, durmuşymyzdaky orny barada gürrüň berýär. Enelerimiziň el işini, ussatlaryň işlerini, milli nagyşlarymyzyň nusgalaryny görkezmek bilen olar barada söhbetdeşlik guraýar, nagyşlaryň gurluşyny, reňkini derňeýär. Sapagy rowaýatlar, el hünäri barada aýdylanlar bilen baglanyşdyrmak okuwçylary sapaga has-da gyzyklandyryp biler. Okuw tagtasynda nagyşlaryň ýerine ýetirilişini görkezenden soň mugallym zolakdaky nagyşlary nusgadan göçürip çekmegi tabşyrýar.

*“Ýaz” diýen tema boýunça surat çekmek.* Öý işler barlanandan soň mugallym ýaz tebigatynyň gözelligi barada gürrüňdeşlik guraýar. Ýaz barada goşgulardan bölejikler okaýar. Çagalaryň ýaz tebigatyna eden gezelençleriniň galdyran täsirleri barada berýän gürrüňlerini diňleýär. Ülkämiziň baharyny wasp edýän suratlary görkezip, ýazda tebigatyň keşbine, asmanyň, agaçlaryň, otlaryň, gülleriň arassa, terje reňkine ünsi çekýär. Soňra okuwçylara täze ýapraklan, güllän baglaryň umumy suratyny akwarel reňkleri, reňkli hekjagazlar bilen çekmegi tabşyrýar.

*Enelere, mugallymlara sowgat ücin surat çekmek.* Sapakda Milli bahar baýramy, onuň bellenilişi, ýurdumyzda enelere, aýal-gyzlara goýulýan hormat barada gürrüň berilýär. Baýramçylykda enelerimizi, doganlarymyzy begendirmek üçin sowgat taýýarlamagy, owadan suratlary çekmegi hödürleýär. Dürli nusgalary görkezip sowgat üçin gülleri, ýaz tebigatyny, bezeg häsiýetli suratlary, enelerimiziň öz keşplerini çekmegi maslahat berýär. Suratlaryň gelşikli, owadan reňkli bolmalydygyny ýatladýar. Sapagyň ahyrynda okuwçylaryň öz çeken suratlary barada gürrüň bermeklerini guraýar.

*“Milli bahar baýramyna taýýarlyk” diýen tema boýunça surat çekmek.* Mugallym Nowruz baýramy, halkymyzyň Nowruz bilen baglanyşykly däp-dessurlary barada gürrüň berýär, goşgy okap berýär. Nowruz baýramyna taýýarlyk, onuň bellenilişi barada söhbetdeşlik guraýar. Nowruzy alamatlandyrýan nyşanlary (bugdaý maýsasynyň, gülleriň, ýaz tebigatynyň, dogup gelýän günüň, garlawajyň şekillerini) görkezip, olary öz suratlarynda şekillendirip bolýandygyny aýdýar. Olaryň käbiriniň suratyny tagtada çekip görkezýär. “Nowruz baýramyna taýýarlyk”, “Nowruz baýramy” temalarynda çekilen suratlaryň nusgasyny görkezýär (nusgalar amaly iş döwründe okuwçylaryň öňünden aýrylýar). Sapagyň ahyrynda oňat çekilen suratlaryň sergisi guralýar.

**1-nji synpyň IV çärýegi**

***Çärýegiň temasy: “Ýaz we tomus reňkleri”***

Şekillendirilýän zatlaryň daş görnüşiniň we ölçegleriniň aýratynlyklaryny dogry görkezmegi, şekilde aňladyljak bolunýan duýga görä reňkleri saýlap almagy öwretmek. Sungat eserleri bilen tanyşdyrmak.

*Ýaz paslynyň suratyny çekýäris.* Mugallym okuwçylara ýaz paslynyň görki barada gürrüň berýär. Tema degişli suratlary görkezip, ýazda tebigatda bolup geçýän özgerişliklere çagalaryň ünsüni çekýär. Suratyň ýerine ýetirilişini, reňkleriň saýlanylyşyny düşündirip, ýaz tebigatynyň suratyny akwarel reňkleri bilen çekmegi tabşyrýar. Bulutlaryň, asmanyň suratyny çekmekçi bolsalar, kagyzyň köp bölegini asmanyň tutmalydygyny düşündirmeli.

*Gülleriň suratyny çekmek.* Gülleriň dürli görnüşleriniň nusgalary görkezilip, olaryň owadanlygy, özboluşlylygy barada gürrüň berilýär. Suratkeşleriň gülleri suratlandyrýan eserleri görkezilip, olar gysgaça seljerilip geçilýär. Sapakda güller barada ýazylan goşgulardan, hekaýalardan bölejikler okamak bolar. Uly kagyzyň ýüzünde mugallym gara galam ulanmazdan, dürli galamlar, akwarel reňkleri bilen gülleriň suratynyň ýerine ýetiriliş tärlerini, yzygiderliligini görkezýär. Okuwçylar gülleriň özüne seredip dürli galamlar, akwarel reňkleri bilen suratyny çekýärler. Mugallym indiki surat sapagynda reňkli kagyz, plastilin ýa-da palçyk bilen işlemelidigini ýatladýar.

*Gülleriň şekilini ýasamak.* Mugallym çagalara geçen sapak gülleriň suratyny çekendiklerini ýatladyp, bu sapakda gülleriň şekilini ýasajakdyklaryny aýdýar. Owadan ýasalan gülleriň ähmiýeti, olaryň ulanylýan ýerleri barada söhbetdeşlik geçirýär. Reňkli kagyzdan, plastilinden, palçykdan gülleriň şekiliniň ýasalyşyny öwredýär. Sapagyň ahyrynda ýasalan gülleriň şekilleri tekjelerde gelşikli ýerleşdirilip, okuw otagy bezelýär.

*Kebelekleriň suratyny çekmek.* Täze temanyň ady matal (“Jany bar-da, gany ýok”) çözmek bilen açylsa, täsirli bolar. Mugallym ýazyň bezegi bolan kebelekler barada gürrüň berýär. Goşgulardan bölejikler okap, olaryň özboluşly görküne ünsi çekýär. Kebelegiň bedeniniň, ganatlarynyň şekilini derňeýär. Merkezi çyzygy ulanyp, onuň suratynyň çekilişini öwredýär. Okuwçylar kebelekleriň suratyny guaş, akwarel reňkleri bilen çekýärler. Çotga bilen gönüden-göni surat çekmek, galam bilen çekilen şekili çotga bilen reňklemek usullaryny ulanyp bilerler. Öýde kebelegiň şekilini kagyzdan gyrkyp ýasamak we ony reňkläp bezemek tabşyrylýar.

*Dürli mör-möjekleriň suratyny çekmek.* Ilki ýazda örýän dürli mör-möjekler barada söhbetdeşlik guraýar, olaryň tebigatdaky orny barada gürrüň berýär. Soňra mör-möjekleriň suratyny görkezip, olaryň käbiriniň bedeniniň haýsy böleklerden durýandygyny, daş keşbini, reňkini derňeýär. Olaryň suratynyň çekilişini öwredýär. Okuwçylar nusga seredip, mör-möjekleriň biriniň suratyny guaş ýa-da akwarel reňkleri bilen çekýärler.

*Açyk howaly ýaz tebigatynyň suratyny çekmek (bu tema 2 sagat berilýär).* Sapakda ýazyň ahyrky günleriniň aýratynlygyna çagalaryň ünsi çekilýär. Ýaza degişli goşgulardyr hekaýalardan bölekler okap, tebigatyň gözelligine ünsi çekýär. Sapakda suratkeşleriň çeken ýaz peýzažlarynyň nusgalaryny görkezmek, olaryň ýerine ýetirilişi, reňk çözgüdi barada söhbetdeşlik guramak çagalary surat çekmäge hasda höweslendirýär. Mugallym çagalara owadan ýaz tebigatynyň suratyny çekmegi tabşyrýar. Tebigatyň özüne seredip suratyny çekmegi guramak maksadalaýykdyr. Munuň üçin okuwçylara surat depderlerini, reňklerini ýanlary bilen almalydygy-

ny aýdyp, mekdebiň töweregindäki baglyga gezelenç guralýar. Mugallym suraty çekmek üçin owadan ýerleri saýlamaga kömek edýär. Okuwçylar mekdebiň howlusynyň, onuň töwereginiň suratyny akwarel reňkleri bilen çekýärler.

*Açyk howaly ýaz tebigatynyň suratyny çekmek* (*geçen sapagyň dowamy*). Geçen sapakda çekilen suratlary gözden geçirenden soň mugallym oňat çekilen suratlary, kemçilikleri belläp geçýär. Şu sapakda öňküden kynrak görnüşleriň suratyny çekjekdiklerini, suratlarynda özlerini gurşap alýan baglaryň, gülleriň, jaýlaryň şekillerini hem görkezmek bolýandygyny aýdýar. Okuwçylar daşarda akwarel reňkleri bilen ýaz tebigatynyň suratyny çekýärler. Sapagyň ahyrynda ýerine ýetirilen suratlar okuw otagynda derňelýär. Şowly çykan işler tapawutlandyrylýar.

*Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň täze binalary.* Mugallym çagalara eziz Watanymyz Türkmenistan Garaşsyz döwlet bolandan soňra ýurdumyzyň dürli künjeklerinde we paýtagtymyz gözel Aşgabatda beýik, owadan binalaryň gurulýandygyny gürrüň berýär. Dürli binalaryň suratlaryny görkezip, olaryň gurluş aýratynlyklary barada düşünje berýär. Çagalaryň bilýän binalary hakynda gürrüň bermeklerini guraýar. Tema degişli ussat suratkeşleriň ýerine ýetiren işlerini görkezýär. Binalaryň suratynyň çekilişini görkezýär. Owadan binalaryň suratyny çekmekligi tabşyrýar.

*Işleriň sergisini guramak. Umumylaşdyryjy sapak.* Mugallym okuw ýylynyň dowamynda geçilen temalary, sapaklarda çagalaryň öwrenen zatlaryny ýatlap geçýär. Şu sapakda okuwçylara islän temalaryndan surat çekmek bolýandygyny aýdýar. Amaly iş döwründe mugallym çagalary işe ugrukdyryp, degişli maslahatlary, kömekleri berýär. Okuwçylaryň işlerini barlap bahalandyrýar we suraty oňat çeken okuwçylaryň işleriniň sergisini guraýar. Soňra çärýegiň, okuw ýylynyň netijesini jemleýär. Şekillendiriş sungaty sapagyna has yhlasly gatnaşan okuwçylar tapawutlandyrylýar.

Sapakdan daşary ýerine ýetirilmeli ýumuşlar: 1-nji synpyň sapaklarynyň biriniň ýazgysyny düzmek; degişli usuly gollanmalar bilen tanyşmak.

## 20. 2-nji SYNPDA ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATY SAPAKLARYNY OKATMAK

***2-nji synpyň umumy temasy: "Sungat we sen"***

2-nji synpda okuw-terbiýeçilik wezipeleri şu aşakdakylardan ybarat:

– şekillendiriş sungatynyň dürli görnüşleri boýunça ýerine ýetirilýän amaly işlerde dürli beýan ediş serişdelerini peýdalanmak, olaryň şekillendiriş mümkinçiliklerini özleşdirmek;

– sungatyň dürli görnüşleri boýunça suratkeşiň işiniň manysyna düşünmegi terbiýelemek;

– milli amaly-haşam sungatyny özleşdirmegi has çuňlaşdyrmak;

– ýoldaşlarynyň işlerini ara alyp maslahatlaşmakda ýoldaşlyk duýgularyny terbiýelemek.

2-nji synpyň okuwçylaryndan bilimleri we başarnyklary boýunça edilýän talaplar.

Okuwçylar okuw ýylynyň soňuna çenli şu aşakdakylary bilmelidirler:

– çeper beýan etmekde suratkeşiň dürli serişdelerden peýdalanýandygyny, şekillendirmegiň, bezemegiň, gurnamagyň çeperçilik döredijiliginiň üç görnüşidigini, suratkeşleriň eserlerinde beýan edýän zatlaryna öz garaýyşlaryny aňladýandyklaryny, "suratkeş", "tomaşaçy", "akwarel", "guaş", "galam", "tuş", "plastilin" ýaly sözleriň manysyny; tebigat barada, ertekiler boýunça surat çeken suratkeşleriň (N. Hojamuhammedow, Y. Gylyjow, D. Baýramow, M. Çaryýew, I. Lewitan) işlerini bilmelidirler.

Okuwçylar aşakdakylary başarmalydyrlar:

– akwarel, guaş reňklerini garmagy, olarda suratda berilýän duýgulara görä dürli reňkleri almagy, grafiki serişdeleri (kömür, tuş, galam) ulanyp bilmegi, çyzyklaryň dürli görnüşli bolmagyny gazanmagy;

– özüne seredip çekilýän, syn etmek boýunça çekilýän suratlarda zatlaryň gurluşynyň esasy böleklerini bermegi;

– tutuş plastilin tokgasyndan süýndürip şekil ýasamak usulyny, suratyň mazmunyna görä kagyz görnüşlerini aňly-düşünjeli saýlap almagy;

– zatlaryň giňişlikdäki dik, kese, ýapgyt ýerleşişlerini suratda bermegi;

– ýakynda we uzakda ýerleşen zatlaryň suratyny kagyz tagtasynda ýerleşdirip hem-de olary tapawutlandyryp bilmegi;

– ýoldaşlarynyň işini hoşniýetlilik bilen ara alyp maslahatlaşmagy;

– köpçülik bolup synpy baýramçylyga bezemegi.

## 2-nji synpyň I çärýegi

***Çärýegiň temasy: "Suratkeş haýsy enjamlar bilen nähili işleýär?" (Çeperçilik serişdeleri).***

Şekillendirmegiň dürli serişdeleri: guaş, akwarel, pastel reňkleri, tebigy çig mallar bilen işlemegiň tärlerini özleşdirmegi dowam etdirmek.

*Guaş reňkleriniň mümkinçilikleri bilen tanyşmak.* Mugallym suratkeşiň gözel tebigata, hadysalara, wakalara syn edip, olary öwrenýändigini, özünde dörän täsirleri dürli çeperçilik serişdeleri bilen beýan edýändigini aýdýar. Sorag-jogap alyşmak arkaly okuwçylara 1-nji synpda nämeler bilen surat çekendiklerini, nämelerden dürli zatlaryň şekilini ýasandyklaryny ýatladýar. Bularyň hemmesiniň şekillendiriş serişdeleridigini belläp geçýär. Şu sapakda guaş reňkleri bilen has içgin tanyşjakdyklaryny habar berýär. Guaş reňklerini, olar bilen çekilen suratlary görkezip, guaş reňkleriniň eredilişini, olar bilen işlemegiň tärlerini düşündirýär. Okuwçylaryň esasy reňkler, reňkleri garyp, täze reňk almak baradaky düşünjelerini anyklaýar. Soňra mugallym uly ölçegli kagyzda (kagyz molbertiň ýüzüne berkidilse amatly bolýar) guaş reňklerinde çotga bilen gülüň suratyny çekip görkezip, okuwçylara dürli reňkli gülleriň suratyny çotga bilen çekmegi tabşyrýar.

*Otluk meýdanyň suratyny çekmek.* Mugallym guaş reňkleri bilen tebigaty şekillendirseň suratyň owadan bolýandygyny, suratkeşleriň gözel tebigaty synlap, onuň döreden täsirleri boýunça ajaýyp suratlary çekýändiklerini aýdýar. Suratkeşleriň tebigaty suratlandyrýan eserlerini (meselem: Nyýazmyrat Dowodow "Irki ýaz", "Gum", Saparmyrat Meredow "Asudalyk", Isaak Lewitan "Tokaýyň çetindäki çemenzarlyk", Iwan Şişkin "Peýzaž" we beýlekiler) görkezip, olary seljerip geçýär. Suratlaryň kömegi bilen täze, ter otlary, ýeri, asmany, garamtyl bulutlary, harasatly howany, baglary, otlary, gülleri suratlandyrmak üçin reňkleriň garylyp alnyşyny düşündirýär. Okuwçylara otluk meýdanyň suratyny çekmekde okuw kitabynda berlen peýzažlarda reňkleriň garylyşyndan nusga almagy tabşyrýar.

*Miweleriň suratyny çekmek.* Sapak miwelere degişli matallar, tapmaçalar çözmek bilen başlansa täsirli bolýar, meselem:

Ýumurtgadan ýumşajyk, içinde kyrk doganjyk (*nar*).

Etinden kebap bolmaz, ganyndan käse dolmaz (*nar*).

Atasy üç ýaşynda, ogly bazara gider (*üzüm*).

Mugallym güýzüne ýetişýän miweler, olaryň daş görnüşiniň owadanlygy, tagamynyň süýjüligi barada gürrüň berýär. Suratkeşleriň miweleri suratlandyrýan eserlerini görkezip, seljerip geçýär (meselem, Durdy Baýramow "Narlar", Yzzat Gylyjow "Güýz şetdalylary", "Armytly natýurmort" we beýlekiler). Tagtada miwelerden biriniň suratyny çekip görkezýär. Usuly görkezme esbabyň kömegi bilen bir reňk bilen miwäniň ýagtylyk – kölegesiniň suratlandyrylyşynyň yzygiderliligini düşündirýär. Beýleki miweleriň suratyny hem şu yzygiderlilikde çekip bolýandygyny aýdýar. Düşündirişden soň mugallym tagtada çeken suratyny, görkezme esbabyny aýyrýar. Okuwçylar özüne ýa-da mulýažyna seredip miweleriň suratyny reňk bilen çekýärler. Şekillendiriljek miwäniň arkasyna ak kagyz ýa-da ak mata germemeli.

*Baglaryň güýzki keşbiniň suratyny çekmek.* Mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar:

– Güýz howasy nähili bolýar?

– Näme üçin güýze "Altyn güýz" diýilýär?

– Güýz paslyna näme üçin sapaly güýz diýilýär?

Mugallym okuwçylaryň jogaplaryny takyklaşdyrýar, umumylaşdyrýar. Suratkeşleriň güýzüň gözelliginden, onuň döredýän täsirlerinden ylham alyp, owadan suratlary çekýändiklerini aýdyp, eserleri görkezip seljerip geçýär. (Allamyrat Muhammedow "Sumbar jülgesinde narlaryň ýyglyşy", Mäti Orazberdiýew "Güýz peýzažy", "Monjukly depede irki güýz", Isaak Lewitan "Altyn güýz" we beýlekiler). Suratkeşiň baglary we beýleki şekilleri çekmekde dürli galamlary, reňkli hekjagazlary, pastel reňklerini köp ulanýandygyny aýdyp, olar bilen işlemegiň tärlerini düşündirýär. Okuwçylara dürli galamlar, pastel reňkleri, reňkli hekjagazlar bilen baglaryň güýzdäki görnüşiniň suratyny çekmegi tabşyrýar.

*Baglaryň güýzki ýapraklaryndan haly şekilini ýasamak (köpçülik işi).* Mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar:

– Güýz ýapraklarynyň reňki nähili bolýar?

– Olaryň daş görnüşleri nähili bolýar?

– Halyda nähili nagyşlar bolýar?

Soňra mugallym güýz ýapraklarynyň dürli reňk öwüşginleriniň özboluşly gözellik döredýändigini, owadan güýz ýapraklarynyň öz görküni uzak wagtlap saklar ýaly olardan owadan halynyň şekilini ýasap bolýandygyny, gyz-gelinlerimiziň nepis halylary gözel tebigatdan nusga alyp dokaýandyklaryny aýdyp, halynyň nusgasyny görkezip, halynyň nagyş taýdan gurluşy bilen tanyşdyrýar. Ýapraklardan haly-şekilini ýasamak üçin sary, gök reňkli uly mata ýa-da kagyz, dürli görnüşli güýz ýapraklary gerekdir. Haly nagyşlarynyň tertibinde ýerleşdirlen owadan ýapraklar matanyň ýa-da kagyzyň ýüzüne ýelmenilýär. Mugallym birinji hatardaky okuwçylara sary reňkli, ikinji hatardaky okuwçylara gök reňkli matanyň ýa-da kagyzyň ýüzünde haly şekilini ýasamagy, üçünji hatardakylara bolsa güýz ýapraklaryndan owadan keçe şekilini ýasamagy tabşyryp biler. Gölleriň we beýleki nagyşlaryň bolmaly ýerlerini sary hek bilen matanyň ýüzüne bellemelidigini, ýapraklaryň mysaly ýerleşdirilişiniň okuw kitabynda berlendigini aýdýar. Her hatardan 2 sany stoly (partany) birikdirip, okuwçylar bolsa onuň daşyna düzülip, işi öz aralarynda paýlaşyp, bilelikde haly şekilini ýasaýarlar.

*Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň şekilini ýasamak.* Okuw otagy sapak başlamazyndan öň baýramçylyk keşbine getirilýär, ýagny baýdajyklar, şarlar, güller we ş.m bilen bezelýär. Mugallym tagta senäni, temany ýazýarka okuwçylar ony depderlerine, gündeliklerine göçürýärler. Garaşsyzlyk ýa-da Döwlet baýdagymyz baradaky aýdym ýaňlanýar. Mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar:

– Garaşsyzlyk baýramy haçan bellenilýär?

– Baýdagymyz haçan dabaraly ýagdaýda ýokary galdyrylýar?

Soňra mugallymyň özi Garaşsyzlygymyz, Baýdagymyz barada gürrüň berýär. Okuwçylara gölleriň şekiliniň ülňülerini paýlap berýär. Okuwçylar olary ak kagyzyň ýüzünde goýup, galam bilen çyzýarlar. Soňra geçiren çyzyklary boýunça gaýçy bilen gyrkýarlar. Gölleriň sary, gyzyl, ýaşyl reňkli ýerlerini guaş reňkleri ýa-da syýareňkler bilen reňkleýärler. Göller taýýar bolandan soň, öz ýerini bilip, olary gyzyl reňkli düşegiň ýüzüne ýelmeýärler. Aýyň, ýyldyzlaryň we zeýtun baldajyklarynyň şekillerini hem kagyzdan gyrkyp ýasap, ýaşyl matanyň ýa-da kagyzyň ýüzüne ýerbe-ýer berkidýärler. Ýelmenen şekiller tekiz bolar ýaly olaryň üstüne galyň kitaplary goýmaly.

*Çärýegiň dowamynda geçilenleri umumylaşdyrmak.* Mugallym Lukman Hekim barada okuw kitabyndaky berlen gysgajyk rowaýaty gürrüň berýär. Suratkeşiň hem şol tebip ýaly, dürli çeperçilik serişdelerini ýerlikli ulanýandygyny, adamlaryň ruhy taýdan sagdyn bolmagy üçin hyzmat edýändigini, suratkeşiň gözel tebigaty, her dürli owadan zatlary, olara bolan öz garaýşyny, arzuw-hyýallaryny suratlandyrýandygyny, bu işde akwarel, guaş reňklerini, olaryň köp dürli öwüşginlerini, ýönekeý galamy, dürli reňkli galamlary, syýareňkleri, reňkli hekjagazlary, pastel reňklerini,

tebigy serişdeleri ulanýandygyny belläp geçýär. Suratkeşiň nähili işleýändigini hem öwrenendiklerini aýdyp, sorag-jogap arkaly olary ýatlap geçýär. Soňra okuwçylar bilen bilelikde çärýegiň dowamynda ýerine ýetirilen işleriň sergisini guramaly. Munuň üçin okuw otagynyň diwarlarynda işleri gelşikli edip ýerleşdirmeli (işleriň mysaly ýerleşdirilişi okuw kitabynda berlen).

**2-nji synpyň II çärýegi**

***Çärýegiň temasy: "Siz şekillendirýärsiňiz, bezeýärsiňiz, guraýarsyňyz"***

Okuwçylarda çeper döredijiligiň üç ugry, ýagny şekillendirmek, bezemek, guramak boýunça başarnyklary we endikleri ösdürmek.

*Durmuş hakykaty we şekil. Bakja önümleriniň suratyny çekmek.* Mugallym okuwçylara öýde, mekdepde, umuman, hemme ýerde gören zatlarynyň şol zatlaryň hakyky görnüşidigini, suratkeşiň ýerine ýetirýän şekiliniň hakyky zatlaryň çeper beýanydygyny, döredilen şekilleriň ählisiniň hakyky görlen, duýlan zatlar bilen ýakyndan baglanyşyklydygyny, suratlaryň hakykatyň belli bir taraplaryny açyp görkezýändigini, olar arkaly suratkeşiň öz düşünjelerini, duýgularyny reňkleriň üsti bilen çeper beýan edýändigini suratkeşleriň eserleriniň üsti arkaly düşündirýär. Mugallym tagta temanyň adyny ýazýar. Soňra bakja önümlerine degişli matallar çözülse, nakyllar aýdylsa ähmiýetli bolar. Meselem:

Bir guş tutdum jany ýok,
Başyn kessem gany ýok,
Içinde üç ýumurtga,
Jüýjesiniň sany ýok (*gawun*).
Görseň, mähriň gandyrar, iýseň, garnyň doýurar (*gawun*).
Daşdan görsem, ýaldyr-ýuldur, ýanyna barsam, gulpy kendir (*garpyz*).
Daşyn görseň, haty bar, hiç süňki ýok, eti bar (*gawun*).
Daşy ýaşyl, içi tutuş lälezar, ýylda-ýylda çülpe-çülpe çagalar (*garpyz*).
Gawun-gawundan reňk alar.
Gawunyň agyry-garpyzyň ýeňili.
Ternesi tenekär, özi penakär.

Bakja önümleriniň şekili çekilende merkezi çyzygyň peýdalanylyşyny mugallym tagtada bakja önüminiň suratyny çekip görkezmek arkaly aýdyňlaşdyrýar. Reňk bilen bakja önüminiň ýagtylyk-kölegesiniň suratlandyrylyşynyň yzygiderliligi "Miweleriň suratyny çekmek" temasyndaky tertipde beýan edilýär. Okuwçylar bakja önümlerine seredip, olaryň aýry-aýrylykda suratyny çekýärler.

*Hyýaly zatlar we şekil.* Mugallym okuwçylara şekillendiriji ussadyň hyýaly, toslama zatlaryň, ýagny durmuşda ýok zatlaryň hem suratyny çekýändigini aýdýar. Ata-babalarymyzyň şu wagtky biziň ýaşaýan bagtly durmuşymyz hakynda hemişe arzuw edip gezendiklerini, ol arzuw-hyýallaryň ertekilerde, rowaýatlarda beýan edilýändigini gürrüň berýär. Şekillendiriji ussadyň ertekileriň, rowaýatlaryň gahrymanlarynyň we beýleki şahslaryň reňkli suratlaryny döredýändigini, bezeýji

ussadyň ertekili kitaplary owadan suratlar bilen bezeýändigini aýdyp, suratlandyrmalary görkezip, olary seljermek arkaly ertekiniň gysgaça mazmunyny gürrüň berýär (meselem, Orazguly Kasymowyň "Ýetim oglan" atly türkmen halk ertekisine çeken suratlary). Mugallym şu sapakda ertekilerdäki haýwanlaryň suratyny çekjekdiklerini habar berýär. Peýdaly haýwanyň ýa-da guşuň suratyny owadan, ýagty reňkler bilen, adama zyýan berýän haýwanlaryň şekilini bolsa gara, gök, mawy, melewşe, goýy gyzyl reňkler bilen çekmelidigini aýdýar.

*Durmuş hakykaty we bezeg.* Mugallym tebigatda duş gelýän zatlaryň köpüsiniň daş-görnüşiniň, reňkiniň owadandygyna okuwçylaryň ünsüni çekýär. Owadanlygyň, bezegliligiň daş-töweregimizdäki tebigatyň – hakykatyň bir sypatydygyny, suratkeşiň bu gözelligi örän gowy duýup, ony öz çekýän şekillerinde görkezýändigini, bezegçi ussadyň tebigatyň gözelliginden nusga alyp, çagalaryň we ulularyň geýimlerini, biziň işde, durmuşda ulanýan zatlarymyzy, öý goşlarymyzy dürli nagyşlar bilen bezeýändigini bezegli geýimleriň, öý goşlarymyzyň käbir nusgalarynyň mysalynda görkezýär. Bezegçi ussadyň döredýän bezeglerinde, nagyşlarynda tebigy zatlaryň daş görnüşlerini ýönekeýleşdirýändigini, reňk öwüşginlerini umumylaşdyryp ulanýandygyny görkezip düşündirýär. Mugallym nagyşlaryň iňňän gadymy bezeglerdigini, irki zamanlarda olar bilen küýzegärçilik önümleriniň bezelendigini, gadymy nagyşlaryň birnäçesiniň häzir hem ulanylýandygyny belläp geçýär. Okuwçylara okuw kitabynda berlen keşdeleri, nagyşlary göçürmegi tabşyrýar.

*Gap-gaçlary nagyşlap bezemegiň nusgasy.* Mugallym ilki bilen gap-gaçlary bezemegiň nähili ähmiýetiniň bardygyny aýdyp berýär. Agaçdan ýasalan gap-gaçlaryň, küýzegärçilik önümleriniň, demirden, farfordan ýasalan gap-gaçlaryň nähili bezelýändigini olaryň özüni, çekilen nusgalaryny görkezip düşündirýär. Okuwçylara okuw kitabynda berlen nagyşsyz gap-gaçlaryň şekillerini göçürip, olary owadan nagyşlar bilen bezemegi tabşyrýar.

*Gap-gaçlary nagyşlap bezemegiň nusgasyny çekmek (geçilen sapagyň dowamy).* Mugallym bezegçi ussadyň täze, öňkülerden has owadan görnüşli gap-gaçlary oýlap tapýandygyny, onuň ulanmak üçin amatly, göze ýakymly önümleri döredýändigini, işinde gözel tebigatdan görelde hem nusga alýandygyny aýdyp, birnäçe gap-gaçlary, olaryň nusgalaryny görkezip, olaryň daş keşbi, bezegi barada gürrüň berýär. Mugallym öňünden gaty kagyzdan owadan görnüşli gaplaryň (olaryň suratlary okuw kitabynda berilýär) ülňülerini (şablon) taýýarlap, ony köpeldip, olary okuwçylara paýlap berýär. Okuwçylar olaryň kömegi bilen gaplaryň şekilini çyzyp alýarlar we owadan reňkler, nagyşlar bilen bezeýärler.

*Durmuş hakykaty we gurluşyk.* Mugallym gurluşygyň hem sungatyň bir görnüşidigini, onuň durmuş hakykaty bilen, tebigatda bar zatlar bilen gönüden-göni baglanyşyklydygyny belleýär. Soňra tebigatyň döreden desgalaryndan birnäçesini (hoz, şänik, ýumurtga, ary ketegi we ş.m.) görkezip, olaryň özboluşlylygy, içindäki üçin oňaýly we berk öý, galadygy barada düşünje berýär. Çagalardan mekdebe

gelmänkäler gumdan, çägeden nämeler ýasandyklaryny, çagalar bagynda kubjagazlardan nämeleri gurandyklaryny soraýar. Şu sapakda tebigatdan öwrenip, tebigy gurluşlaryň suratyny çekjekdiklerini, olaryň käbirlerini kagyzdan ýasajakdyklaryny habar berýär. Bal arysynyň öýjüklerini kagyzdan gyrkyp ýasamagy tabşyrýar. Seredip suratyny çekmek üçin partalara hoz we erigiň şänigini paýlap çykýar. Öýde bir gat jaýyň suratyny çekip gelmek tabşyrylýar.

*Ertekilerdäki şäheriň şekilini ýasamak (köpçülik işi, gurluşyk we taslama).* Suratkeşleriň ertekilerdäki şäheri suratlandyrýan işlerini (meselem, Yzzat Gylyjowyň “Kör garga” ertekisine, Orazguly Kasymowyň “Pakyrdawuk patyşa” ertekiler toplumyna ýerine ýetiren suratlandyrmalary) synlap, gysgaça seljerip geçmeli. Soňra kagyzdan ýasalan binalaryň gurnawlaryny (maketlerini) synlamaly we olaryň haýsy böleklerden düzülendigini, bölekleriň ýasalyşyny düşündirmeli. Her iki okuwça bir binany ýasamagy tabşyrmaly. Sapagyň ahyrynda ýasalan binalary birikdirip, ertekilerdäki şäheriň şekilini emele getirmeli. Okuwçylara öz işleri barada gürrüň berdirmeli.

*Çärýegiň dowamynda geçilenleri umumylaşdyrmak. Işleriň sergisini guramak.* Çärýegiň dowamynda geçilenleri ýatlamak üçin mysaly soraglar:

– Şekillendiriji ussadyň kömegi arkaly nämeler bilen tanyşdyňyz?

– Akwarel, guaş reňklerini garyp, haýsy reňkleri we olaryň nähili öwüşginlerini almagy öwrendiňiz?

– Bezeýji ussadyň kömegi arkaly nämeler bilen tanyşdyňyz?

– Gurluşykçy ussadyň döredijiligi näme bilen baglanyşykly?

– Ussatlaryň bilelikde işläp, döreden eserlerinden haýsylaryny bilýärsiňiz?

Mugallym okuwçylaryň jogaplaryny umumylaşdyrýar, anyklaşdyrýar, üstüni ýetirýär. Soňra okuwçylara ähli işlerini okuw otagynyň diwarynyň ýüzüne berkidilen kagyza uzyn zolak görnüşinde ýelmemegi, köpçülik bolup ýasan işlerini stoluň üstüne gün şöhlesi düşer ýaly aýnanyň öňünde goýmagy tabşyrýar. Bu sergä okuwçylaryň ene-atalary, dostlary çagyrylsa maksadalaýkdyr. Okuwçylar olara sergide ýerleşdirilen işler barada gürrüň berýärler. Okuwçylar çärýegiň dowamynda geçilen temalaryň haýsy biri özüne has ýaran bolsa, şol esasynda işi ýerine ýetirip bilerler.

### 2-nji synpyň III çarýegi

***Çärýegiň temasy: “Sungat näme barada gürrüň berýär?”***

Sungatyň çeper keşpli gurluşyny durmuş bilen sungatyň baglanyşygynyň dürli ugurlarynyň mysalynda öwretmek.

*Syn etmek arkaly tebigatyň suratyny çekmek.* Mugallym suratkeşleriň peýzaž eserlerini, nusgalary görkezip, olaryň kömegi bilen perspektiwanyň käbir kanunlary bilen tanyşdyrýar. Tebigatyň suratyny çekende şekillendiriji ussadyň onuň özünde döreden täsirlerini görkezýändigini, howanyň dürli ýagdaýlarynyň dürlüçe täsir döredýändigini belläp geçýär. Şu sapakda asuda howaly peýzažy çekmegi öwrenjekdiklerini habar berýär. Munuň üçin gymyldaman ösüp oturan şahalary dik agaçlary suratlandyrmalydygyny, hemme zatlaryň reňkiniň owadan hem açyk

görünýändigini, bu peýzažda gowy duýgulary bermelidigini, onuň üçin bolsa, owadan, ýagty reňkleri ulanmalydygyny aýdýar. Penjireden seredip, mekdebiň howlusynda görünýän baglaryň, beýleki zatlaryň birki sanysynyň şekilini gara galam bilen belläp, soňra akwarel ýa-da guaş reňkleri bilen çekmegi tabşyrýar.

*Syn etmek arkaly ýelli howaly tebigaty şekillendirmek.* Mugallym suratkeşleriň galagoply, ýelli howany suratlandyrýan eserlerini, nusgalary görkezip, olaryň üsti bilen töwerekdäki zatlaryň görnüşiniň we reňkiniň asuda howa bilen deňeşdireniňde üýtgeşik bolýandygyna ünsi çekýär. Bu görnüşleri çekmek üçin gara galam bilen jaýlary, baglaryň sütünleriniň we şahalarynyň ýaprakly ýa-da pürli daragtlaryň ýeliň ugruna egilýän ýagdaýyny belleşdirmelidigini, soňra bolsa reňklemelidigini aýdýar. Suratyň umumy reňk sazlaşygynda tupanly, ýelli howa üçin häsiýetli reňkleriň agdyklyk etmegini gazanmaly.

*Dürli hereketdäki haýwanlaryň suratyny çekmek.* Suratkeşleriň haýwanlary suratlandyrýan eserlerini (meselem, Işanguly Işangulyýewiň “Ýanardag”, “Ahalteke bedewi” Öwezmuhammet Mämmetnurowyň “Ýanardag” eserlerini, Orazguly Kasymowyň, Juma Orazberdiýewiň ýerine ýetiren suratlandyrmalary we ş. m.) synlamak we gysgaça seljermek. Haýwanlaryň dürli hereketlerini suratlandyrýan nusgalaryny synlap, okuwçylar bilen haýwanlaryň dürli hereketleri barada sorag-jogap alyşmak. Okuwçylara öý haýwanlarynyň hereketdäki şekillerini plastilinden ýasamagy, soňra olara seredip gara galam ýa-da dürli galamlar bilen suratyny çekmegi tabşyrmaly. Mugallym ilki özi tagtada bir haýwanyň suratyny çekip görkezmek bilen, işi ýerine ýetirmegiň yzygiderliligini düşündirýär. Öý haýwanlarynyň birnäçesiniň bedeniniň gurluşyny, ululyk gatnaşyklaryny, reňkini seljerip geçýär.

*Ertekiler boýunça (rehimli we rehimsiz) aýallaryň suratyny çekmek.* Mugallym temany habar berenden soň, şu sapakda ertekilerdäki rehimli aýal gahrymanlaryň suratyny çekjekdiklerini aýdýar. Okuwçylardan öz bilýän ertekilerindäki oňat gylyk häsiýetli haýsy aýal-gyz gahrymanlary bilýändiklerini soraýar. Suratlar arkaly rehimli, mähirli gahrymanlaryň ýüz keşbiniň nurana hem özüne çekiji bolýandygyny, şonuň ýaly keşpleri suratda bermekde mylaýym, ýeňil reňk öwüşginlerini köpräk ulanmalydygyny aýdýar. Mugallym tagtada aýal-gyzlaryň parahat ýüz keşbiniň suratyny çekip görkezip, çekilişini düşündirýär. Ertekiler boýunça gyz, aýal gahrymanlaryň biriniň suratyny çekmegi tabşyrýar. Suraty ilki galam bilen çekip, soňra akwarel ýa-da guaş reňkleri bilen reňklemeli. Gahrymanyň diňe ýüzüni görkezmek bilen çäklense bolýandygyny, ýöne onuň bütin göwresi, tutuş daşky sypaty suratlandyrylsa has täsirli bolýandygyny aýdýar.

*Türkmenistanyň Döwlet Baýdagynyň baýramy, Türkmenistanyň Ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň doglan güni.* Mugallym Döwlet Baýdagymyz baradaky goşgyny ýatdan okap berýär. Soňra mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar:

– Diňlän goşgyňyzda näme barada aýdylýar?

– Baýdagymyzyň ýüzünde nämeleriň şekili bar?

Mugallym okuwçylaryň jogaplaryny anyklaşdyrýar. Döwlet Baýdagymyz barada gürrüň berýär, onuň suratyny görkezýär. Tagtada Döwlet Baýdagymyzyň suratyny çekip görkezip düşündirýär. Okuwçylara Baýdagymyzyň suratyny çekmegi tabşyrýar. Surat çekýärkäler Döwlet Baýdagymyz baradaky aýdym-sazlar pessaýja aýtdyrylyp diňledilýär. Mugallym olara özlerini göreldeli alyp barmagy, diňe bäşlik bahalary alyp, zamanamyzyň mynasyp adamlary bolup ýetişmegi sargaýar.

*Ertekiler boýunça (rehimli we rehimsiz) aýallaryň suratyny çekmek (geçilen sapagyň dowamy).*

Mugallym şu sapakda ertekilerdäki rehimsiz, mekir hem erbet pikirli gahrymanlaryň suratyny çekjekdiklerini habar berýär. Ol okuwçylara aşakdaky ýaly soraglar bilen ýüzlenýär:

– Bilýän ertekileriňizde haýsy gahrymanlar mekir, rehimsiz hem zyýanly?

– Olaryň ýüz keşbi nähili?

– Gahrymanlary olaryň ýüz keşbinden başga ýene-de nämeler arkaly häsiýetlendirip bolýar?

– Hilegär, rehimsiz gahrymanlaryň suratyny haýsy reňkler bilen çekmek bolar?

Suratlandyrmalary, nusgalary görkezip olardaky rehimsiz gahrymanlaryň ýüzkeşplerine, egin-eşiklerine ünsi çekýär, gahrymanlary häsiýetlendirmäge olaryň öý-goşlarynyň, peýdalanýan zatlarynyň-da ýardam edýändigini aýdýar. Mugallym tagtada rehimsiz ýüz keşpleriň käbirini çekip görkezip düşündirýär. Okuwçylara öz bilýän ertekilerindäki bir rehimsiz aýal gahrymanyň suratyny galam bilen çekip, soňra akwarel, guaş reňkleri bilen reňklemegi tabşyrýar.

*Ertekiler boýunça rehimli we rehimsiz adamlaryň suratyny çekmek.* Mugallym şu sapakda rehimli, il-halkymyza peýdaly, şeýle hem rehimsiz, halk tarapyndan ýazgarylýan gahrymanlaryň suratyny çekjekdiklerini habar berýär. Sorag-jogap alyşýar:

– Ertekilerdäki rehimli, parasatly adamlaryň haýsy biriniň adyny bilýärsiňiz?

– Olary nähili reňkler bilen suratlandyrsak gowy bolar?

– Öz bilýän ertekileriňizde rehimsiz, il-güne zyýanly adamlar kimler?

– Olaryň esasy häsiýetleri nähili?

Suratkeşleriň döreden suratlandyrmalarynda suratlandyrylýan rehimli, parasatly, batyr hem ugurtapyjy gahrymanlary, şeýle-de rehimsiz gahrymanlary görkezip, olar barada gürrüň berýär. Suratkeşiň ulanan reňklerine ünsi çekýär. Soňra tagtada rehimli we rehimsiz ýüz keşipleriň suratyny çekip görkezip, düşündirýär. Okuwçylara öz bilýän ertekilerindäki bir rehimli ýa-da rehimsiz gahrymany şekillendirmegi tabşyrýar. Ertekilerdäki oňat häsiýetli gahrymanlardan görelde almagy ündeýär. Çagalar ilki galam bilen çekip, soňra akwarel, guaş reňkleri bilen reňkleýärler.

*Erteki gahrymanlarynyň şekilini ýasamak.* Mugallym palçykdan ýa-da plastilinden adamyň şekilini aýry-aýry böleklerden ýasap görkezýär. Rehimli, batyr, pälwan sypatly gahrymanyň şekilini ýasamakda tutuş bir tokga palçykdan ýa-da plastilinden

heýkeltaraşyň taýajygy bilen kesip işläp bolýandygyny aýdyp, ýasalyş tärini görkezýär. Erteki gahrymanlarynyň şekillerini tebigy serişdelerden (hozuň gabygyny, şetdalynyň, erigiň şäniklerini, agaçlaryň gozalaryny, dürli geň görnüşli köklerini we ş.m. ulanyp) hem ýasap bolýandygyny aýdyp, ýasalan şekilleri görkezip, olaryň ýasalyşlary barada gürrüň berýär. Okuwçylara öz isleglerine görä palçykdan ýa-da plastilinden ertekileriň rehimli we rehimsiz gahrymanlarynyň biriniň şekilini ýasamagy tabşyrýar.

*Çärýegiň dowamynda geçilenleri umumylaşdyrmak. Işleriň sergisini guramak*. Mugallym çärýegiň dowamynda geçilenleri umumylaşdyrmak, berkitmek maksady bilen okuwçylara birnäçe soraglary hödürleýär:

– Siz III çärýegiň dowamynda nämeler bilen tanyşdyňyz?
– Nähili häsiýetdäki işleri ýerine ýetirdiňiz?
– Sungat näme barada gürrüň berýär?
– Sungat haýsy serişdeleriň üsti bilen gürrüň berýär?

Mugallym okuwçylaryň jogaplaryny umumylaşdyrýar, üstüni ýetirýär. Okuwçylar bilen bilelikde çärýegiň dowamynda ýerine ýetirilen işleriň sergisini guraýar (sergide işleriň mysaly ýerleşdirilişi okuw kitabynda berilýär). Soňra gözel paýtagtymyza ýa-da ýurdumyzdaky şäherleriň birine suratlar, slaýdlar, diafilm, fotoalbom ýa-da gysga metražly film boýunça gezelenç guraýar.

## 2-nji synpyň IV çärýegi

***Çärýegiň temasy: "Sungatyň beýan ediş serişdeleri"***

Dürli görnüşli çyzyklary, reňkleri, reňk sazlaşyklaryny tebigatyň hadysalaryny synlamakdan alan täsirlerini beýan etmekde ýerlikli ulanmagy öwretmek.

*Agaç şahalarynyň suratyny çekmek.* Mugallym tebigatyň görnüşleriniň dürli hili çyzyklary emele getirýändigi, olaryň belli bir täsirleri döredýändigi barada gürrüň berýär, dürli görnüşli agaçlary synlanyňda olaryň döredýän täsirlerini mysal getirýär. Baglaryň peýdasy hakynda okuwçylar bilen gysgaça söhbetdeşlik guraýar. Çyzyklaryň sungatyň beýan ediş serişdesidigini, bu serişdäni ussat suratkeşleriň hemmesiniň, aýratyn-da grafikaçy suratkeşleriň köp ulanýandygyny aýdýar. "Mawy asmanyň ýüzünde birje çybyk", "Leýlisaçyň goşa çybygy", "Tut çybyklary", "Tikenli agajyň şahalary" ýaly temalaryň biri boýunça surat çekmegi tabşyrýar. Suraty penjireden aňyrda görünýän agaçlara seredip çekmek bolar.

*Reňkler sungatyň esasy beýan ediş serişdeleriniň biridir.* Ýyly we sowuk reňkler. Ýeňil we agyr reňkler. Mugallym şekillendiriş sungatynda reňkleriň çeper beýan etmegiň esasy serişdesidigini, ýagny onuň dilidigini düşündirýär. Okuwçylar bilen bilelikde ýaza degişli suratlary gyşy şekillendirýän suratlar bilen deňeşdirýär. Reňkleriň täsir döredişiniň hem dürli-dürlüdigini belläp geçýär. Agyr we ýeňil reňkler barada düşünje berýär. Reňkleri garmak, howa perspektiwasy baradaky düşünjesini berkidýär. Okuwçylara reňkleriň gutusynda sowuk reňkleri bir topar,

ýylylary bir topar edip ýerleşdirmegi, soňra surat depderlerinde ýeňil hem agyr reňkleri aýratynlykda görkezmegi tabşyrýar.

*“Ýaz çagy”, “Dumanly daglar”, “Ýerden göterilýän ümür”, “Deňziň üstündäki duman” ýaly temalaryň biri boýunça surat çekmek.* Mugallym şu sapakda nakgaş suratkeşiň peýzaž çekişiniň yzygiderliligi bilen tanyşjakdyklaryny habar berýär. Nusgalary görkezip peýzažy şekillendirmegiň yzygiderliligini düşündirýär. Suratkeşiň çekjek peýzažynyň özünde nähili täsirler döredendigini işiň bütin dowamynda ünsden düşürmeýändigini ýatladýar. Ýaz peýzažyny açyk, ýyly, ýeňiljek reňkler bilen çekseň, suratyň ýaz paslynyň döredýän täsirlerini gowy berýändigini, dumany, ýerden göterilýän çygy suratlandyranyňda öllenen kagyzyň ýüzüne şekil çekmek usulyndan peýdalanmalydygyny aýdyp, akwarel reňkleri bilen bu usulda peýzaž çekip görkezýär. Okuwçylara hödürlenen temalaryň birini saýlap surat çekmegi tabşyrýar.

*Dürli reňk öwüşginleriniň sazlaşygyny ulanyp, nagyşlar düzmek.* Mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar:

– Nädip nagyş döredip bolýar?

– Keçe edýän ussatlar kimler?

– Keçe nagyşlaryndan haýsylaryny bilýärsiňiz?

Okuwçylaryň jogaplaryny takyklaşdyrmaly, üstüni ýetirmeli. Yzzat Gylyjowyň “Ejem ikimiz” diýen eserini synlap, ony seljerip geçmeli. Keçeleriň birnäçe nusgalaryny görkezip, olaryň nagyş taýdan gurluşy, nagyşlaryň sazlaşygy, olaryň reňk bezegi, ulanylýan nagyşlaryň atlary barada gürrüň bermeli. Soňra mugallym tagtada keçäniň orta we gyra nagyşlarynyň käbiriniň suratyny çekip görkezip, düşündirýär. Okuwçylar öz islegine görä gülli keçeleriň biriniň nagyş bezegini galamda ýerine ýetirýärler. Öýde guaş reňkleri ýa-da syýagalamlar bilen işi çekip gutarmaly.

*Nagyşlarda dürli reňk öwüşginleriniň sazlaşygyny ulanyp, keçäniň suratyny çekmek (geçilen sapagyň dowamy).* Okuwçylara öýlerinde synlan keçeleri barada gürrüň bermegi teklip etmeli, sorag-jogap alyşmaly:

– Siz keçe gülleşip gördüňizmi?

– Keçe gülleşýän wagtyňyz nagyşlaryň nämäniň üstüne çekilýänine üns berdiňizmi?

– Gül üçin ulanýan ýüňüňiziň reňki we hili neneňsi?

– Nagyş çekýänleriň ýüz keşbi şadyýan, mähirlimi?

Jogaplary takyklaşdyrmaly, üstüni ýetirmeli. Keçe nagyşlarynyň ulgamynda orta nagyşlarynyň bolýandygyny, olaryň, esasan, açyk ýeňil reňkleriň sazlaşykly ulanylmagy bilen düzülýändigini, az-kem sowuk, agyr, reňkleriň hem ulanylýandygyny keçe nusgalaryny synlamak arkaly ýatlap geçilýär. Okuwçylar öz islegine görä nagyşly keçäniň suratyny ilki gara galam bilen çekip, soňra guaş ýa-da akwarel reňkleri bilen ýerine ýetirýärler. Syýagalamlar bilen hem çekmek bolýar.

*Reňk, sazlaşyk, şekil düzümi – beýan ediş serişdeleri.* Mugallym dürli görnüşli çyzyklaryň, reňkleriň we nagyşlaryň sungatyň beýan ediş serişdesidigini, bularyň hemmesi belli bir sazlaşykda gaýtalanyp, kagyz ýüzünde maksadalaýyk ýerleşdirilse many aňladýandygyny, şol ýagdaýda çeper eseriň döreýändigini, eserde suratkeşiň özünde dörän täsirleri beýan edýändigini düşündirýär. Bu sapakda “Guşlaryň nagmalary” diýen temada köpçülik bolup panno çekmeklik tabşyrylýar. Şu sapakda geçen sapakda öwrenilen beýan ediş serişdelerini ulanyp, ýaz çagynyň döredýän täsirlerini şekilde suratlandyrmalydygyny, suraty bileleşip ýerine ýetirmelidigini habar berýär we “Mukamçy guşlar” goşgusyny okap berýär.

Uly ölçegli kagyza okuwçylaryň birinji toparyna ýaz asmanynyň, otluk meýdanyň suratyny çekmegi, ikinji topara dürli görnüşli ýapraklary, ýaňy pyntyk ýaran, gülleýän baglary çekmegi tabşyrýar. Olar işini tamamlaýançalar galan okuwçylar öz kagyzlaryna dürli guşlaryň suratlaryny çekip, olary gyrkyp alýarlar, okuwçylaryň üçünji topary guşlaryň şekillerini uly suratyň ýüzüne ýelmeýärler.

*Watanymyzyň paýtagty Aşgabadyň gözel binalary.* Mugallym okuwçylara Garaşsyz Watanymyzda täze görnüşli ýaşaýyş jaýlarynyň, köşkleriň, muzeýleriň, metjitleriň, seýilgähleriň gurlup, köpsanly ýadygärlikleriň oturdylýandygyny düşündirýär. Bu binalaryň we desgalaryň sazlaşygy, manysy hem-de binagärçilik sungaty hakynda belläp geçýär. Gözel Aşgabadyň günortasynda ýerleşýän Milli muzeýiň gurluşy hakynda has hem giňişleýin düşündirýär. Kagyzdan, gaty kagyzdan, penoplastdan jaýlaryň, baglaryň ýasalyşyny görkezýär. Okuwçylar dürli görnüşli jaýlaryň, baglaryň gurnawyny (maketini) ýasaýarlar.

*Watanymyzyň paýtagty gözel Aşgabadyň täze binalary (geçilen temanyň dowamy).* Mugallym çagalara bu sapakda aýry-aýry taslamalaryň şekillerini reňkläp, ýerli-ýerinde goýuşdyryp, şäheriň taslamasyny doly ýasap gutarjakdyklaryny mälim edýär. Ýoluň gyrasyndaky çyralaryň, swetoforyň gurnawyny gaty kagyzdan ýasaýarlar. Uly gaty kagyzyň ýüzüne etrapçanyň çyzgysy hek bilen ýerine ýetirilýär. Gülleriň, bezeg otlarynyň suratyny ilki kagyzyň ýüzüne çekip, soňra ony kesip alyp ýelmemek bolar. Soňra öňki sapakda we şu günki sapakda ýasalan ähli zatlary öz durmaly ýerine ýelmäp berkidip, işi doly tamamlaýarlar.

*Umumylaşdyryjy sapak.* Sorag-jogap arkaly okuw ýylynyň dowamynda geçilenler ýatlanylýar (soraglar okuw kitabynda berilýär). Çärýegiň we okuw ýylynyň netijesi jemlenilýär. Çärýegiň dowamynda ýerine ýetirilen işleriň sergisi guralýar. Çagalar öz işleri we ýoldaşlarynyň işleri barada gürrüň berýärler.

*Sapakdan daşary ýerine ýetirilmeli ýumuşlar:* 2-nji synpyň sapaklarynyň biriniň ýazgysyny düzmek; 2-nji synp okuwçylarynyň ýerine ýetiren işlerini derňemek we seljermek.

# 21. 3-nji SYNPDA ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATY SAPAKLARYNY OKATMAK

***3-nji synpyň umumy temasy: “Biziň daş-töweregimizdäki sungat”***

3-nji synpda okuw-terbiýeçilik wezipeleri şu aşakdakylardan ybarat:

– okuw ýylynyň dowamynda mekdebiň we onuň ýerleşýän obasynyň, şäheriniň sungatyny anyk öwrenmek, diňe ýokary derejeli sungaty öwrenmek bilen çäklenmän, çagalaryň iş salyşýan kiçijik zatlarynyň bezelişini hem öwrenmek (mysal üçin, onuň käsesi, çäýnegi, okarasy, okuw esbaplary sungat eseri bilen deňeşdirilmelidir);

– zatlaryň özüne seredip kyn bolmadyk natýurmort çekmegi öwretmek, syn etmek we göz öňüne getirme boýunça interýer we peýzaž çekmek;

– kagyzdan, beýleki köp duşýan serişdelerden kyn bolmadyk durmuş zatlaryny ýasamagy öwretmek;

– teatr nikaplaryny we geýimlerini oýlap tapmagy we taýýarlamagy öwretmek;

– durmuşyň dürli ugurlarynda sungatyň maksady, ýerine ýetirýän işi barada düşünjeleri kemala getirmek;

– milli amaly-haşam sungatynyň esasy görnüşleri bilen tanyşmak;

– öz işiň ara alyp maslahatlaşylanda onuň esasy pikirini-manysyny düşündirmek ukyplaryny ösdürmek.

3-nji synpyň okuwçylaryndan bilimleri we başarnyklary boýunça edilýän talaplar.

Okuwçylar okuw ýylynyň soňuna çenli şu aşakdakylary:

– öýde, obada, şäherde zatlary, tomaşa jaýlaryny, teatr oýunlaryny bezemäge suratkeşleriň işjeň gatnaşýandygyny;

– suratkeşleriň oňat işleriniň surat galareýalarynda, muzeýlerde saklanýandygyny, çeperçilik, arhitektura, memorial-muzeýleri;

– öňki synplarda öwrenilen adalgalar bilen birlikde “natura”, “natýurmort”, “peýzaž”, “haly”, “keçe”, “palas”, “heýkeltaraşlyk”, “żiwopis”, “grafika”, “serwiz”, “teatr”, “afişa”, “arhitektura”, “muzeý” adalgalaryny, görnükli suratkeşler tarapyndan bezelen çagalar üçin kitaplary;

– belli suratkeşleriň: Y. Gylyjowyň “Şetdaly” (natýurmort), “Enemiň portreti”, “Läle” (suratkeşiň gyzynyň portreti), A. Amangeldiýewiň “Güller” (natýurmort), D. Baýramowyň “Natýurmort”, “Bahar meniň gyzym” (portret), N. Hojamuhammedowyň “Bagyr obasy”, B. Nuralynyň “Oglumyň portreti” ýaly görnükli işlerini bilmelidirler.

Okuwçylar şu aşakdakylary:

– naturany öwrenmek esasynda natýurmort, peýzaž, interýer çekmegi, “sowuk”, “ýyly” reňk öwüşginleri (gammalary) bilen işlemegi, eplenen kagyz gatlaryndan gözenekli nagyşlar gyrkmagy, ýönekeý göwrümli şekilleri birleşdirip has çylşyrymly gurnamalar (konstruksiýalar) döretmegi, düşegiň ýüzüne ýelmemek applikasiýa suratda haýwanlaryň, adamyň hereketini şekillendirmegi, zatlaryň biri-biriniň öňüne

gabat bolmagy, olaryň uzakdakylarynyň kiçi bolup görünmegi ýaly hadysalary ulanyp giňişlik meýdanyny şekilde berip bilmegi, çylşyrymly bolmadyk göwrümli zatlary döretmegi we ony iş ýüzünde ulanylyşyny nazarda tutup bezemegi;

– öz oý-pikirini goramagy, öz işinde anyk şekillendiriş serişdeleriň (reňk, daşky görnüş, konstruksiýa, kompozisiýa) näme üçin saýlanyp alnandygyny düşündirmegi;

– köpçülik bolup işler ýerine ýetirilende ýoldaşlary bilen hyzmatdaşlyk etmegi, çärýegiň, okuw ýylynyň dowamynda ýerine ýetirilen işleriň sergisi boýunça gezelenç geçirip bilmegi başarmalydyr.

**3-nji synpyň I çärýegi**

***Çärýegiň temasy: "Sungat siziň öýüňizde"***

Durmuşyň dürli ugurlarynda sungatyň ulanylýandygy barada düşünjeleri kemala getirmek. Aýratyn zatlaryň perspektiw gysgalmasyny dogry şekillendirmegi, zatlaryň, olaryň bezeginiň gelşikli çözgüdini, şekili gelşikli ýerleşdirmek başarnyklaryny ösdürmek.

*Seniň oýunjaklaryň.* Mugallym geçen okuw ýylynda çeper döredijiligiň üç ugry, ýagny guramak, bezemek, şekillendirmek bilen meşgullanandyklaryny, sungatyň beýan ediş serişdelerini öwrenendiklerini ýatladýar. Oýnawaçlaryň hem sungat önümidigini, olary bezegçi ussadyň döredýändigini aýdyp, oýunjaklary görkezýär. Olaryň owadan reňklerine, daş görnüşiniň gelşiklidigine, oýnamak üçin oňaýlydygyna okuwçylaryň ünsüni çekýär. Bir oýnawajyň şekilini palçykdan ýa-da plastilinden ýasap görkezýär. Soňra tagtada bir oýunjagyň suratyny çekip görkezip düşündirýär. Okuwçylaryň öňünde birnäçe oýnawaç goýulýar. Okuwçylar öz islegine görä olaryň birine seredip, palçykdan ýa-da plastilinden onuň şekilini ýasaýarlar. Palçykdan ýasalan şekiller guraýança, onuň suratyny galam, akwarel ýa-da guaş reňkleri bilen çekýärler. Soňra ýasan şekiliniň daşyny reňkläp bezeýärler.

*Töwerekdäki zatlara seredip, galam bilen suratyny çekmek. Zatlara seredip suwly, suwly goýy reňkler (akwarel, guaş) bilen surat çekmek.* Mugallym töwerekdäki zatlary ýasamak we bezemek üçin adamyň tebigata bolan gatnaşyklaryny öwrenmelidigini, zähmetiň gözelligine düşünmegiň bir görnüşiniň hem zatlaryň suratyny çekip öwrenmekdigini nygtap geçýär. Surat çekilişiniň iki usulynyň bardygyny (zatlara seredip suratyny çekmek we ýatdan surat çekmek) aýdyp, özüne seredip surat çekmegiň aýratynlygyny, yzygiderliligini düşündirýär. Çeperçilik işiniň gurluşy-gelşikli ýerleşişi, şekiliň ýagtylyk hem-de kölege düşýän ýerleriniň şekillendirilişi, perspektiwa barada düşünje berýär. Mugallym reňkler bilen surat çekmegiň iki usulynyň bardygyny (ilki galam bilen zadyň daş görnüşiniň şekilini çekip, soňra reňklemek usuly we galam ulanmazdan, çotga bilen şekillendirmek) aýdyp, birinji usuly boýunça surat çekmegiň yzygiderliligini düşündirýär. Düşündiriş zatlary, olaryň çekilen suratlaryny görkezip, seljermek bilen utgaşdyrylýar. Okuwçylar okuw kitabynda berlen suratlary öwrenýärler. Perspektiwanyň düzgünlerini berkitmek maksady bilen olara açyk gapynyň, bir tarapy çala açyk penjiräniň suratyny çekmek tabşyrylýar.

*Ulanylýan gap-gaçlaryň bezegi.* Tema mataldyr tapmaçalar çözmek bilen açylsa täsirli bolar, meselem:

Hum monjuga-a, hum monjuk, sapyndan tutdyr monjuk (*çäýnek*).

Egrisinden tutdugym, içine derman atdygym (*çäýnek*).

Teneçir, teneçir, aýagyn diräp suw içer (*küýze*).

Gulagy bar, eşidenok (*gazan*).

Mugallym synp tagtasynda temanyň adyny ýazansoň, durmuşda ulanylýan gap-gaçlaryň owadan we gelşikli bolmagy üçin bezegçi ussadyň köp zähmet çekýändigini, gap-gaçlaryň daş görnüşi we arassadan ýagty reňkleriniň arassaçylygy saklamaga çagyrýandygyny aýdýar. Çaý serwizini görkezip, serwiz barada düşünje berýär. Mugallym palçykdan ýasalan bir-iki sany gap-gajy (meselem, çäýnek, käse) guaş reňkleri bilen bezäp görkezýär. Bezemekde milli nagyşlarymyzy, ösümlik şekillerini we ş.m. ulanyp bolýandygyny belläp geçýär. Gap-gaçlardan, olaryň suratlaryndan nusga alyp, palçyk, kagyz, gaty kagyz ýaly zatlary ulanyp, serwizleriň şekilini ýasamak tabşyrylýar. Öýde palçykdan, plastilinden ýasalan zatlary guaş reňkleri bilen reňklemelidigini ýa-da ýönekeý nagyşlar bilen bezemelidigini aýdyp, guransoň lak çalsaň hakyky gap-gaçlar ýaly bolýandygyny düşündirýär.

*Enelerimiziň köýneginiň we ýaglygynyň bezegi.* Mugallym enelerimiziň ussat bezegçi suratkeşlerdigini aýdyp, olaryň döredýän el işleriniň, keçe, halydyr palaslarynyň nusgalaryny görkezip, gürrüň berýär. Enelerden edepli bolmagy, däp-dessurlar bilen birlikde keşdeleri, nagyşlary ýerine ýetirmegi we olaryň atlaryny öwrenmelidigini aýdýar. Mugallym tagtada ýaglygyň nusgasyny çekip görkezip, gurluşyny düşündirýär. Ýaglyklara, olaryň suratlaryna seredip, olaryň nagyşlaryny özleriçe döredijilikli işläp, öz gowy görýän nagyşlary bilen çalşyrmagy tabşyrýar. Öýde köýnekleriň, ýaglyklaryň, ýakalaryň nusgalaryny çekmegi we olaryň atlaryny öwrenmegi tabşyrmaly.

*Otaglaryň penjire tutulary. Diwara çekilen nagyşlar.* Mugallym penjire tutularyna, olaryň çekilen nusgalaryna, diwara çekilen nagyşlara, diwaryň ýüzüne ýelmenen nagyşly kagyzlara ünsi çekýär. Olaryň adamyň ýaşaýşyndaky ähmiýeti, reňkleri, nagyşlary barada gürrüň berýär. Tagtada penjire tutularynyň biriniň suratyny çekip görkezip, ýerine ýetirmegiň yzygiderliligini düşündirýär. Okuwçylara suratlardan nusga alyp, döredijilikli işläp, penjire tutularynyň we diwara ýelmenýän kagyzlaryň täze şekillerini döretmek tabşyrylýar. Öýde ýaşaýan otaglarynyň penjireli tarapynyň suratyny çekmek tabşyrylýar.

*Keçe nagyşlaryny öwrenmek.* Mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar:

– Keçeleriň adamlaryň ýaşaýşynda nähili ähmiýeti bar?

– Siz keçäniň nähili taýýarlanylýandygyny bilýärsiňizmi?

– Keçe nagyşlaryndan haýsylaryny bilýärsiňiz?

Mugallym okuwçylaryň jogaplaryny anyklaşdyrýar, umumylaşdyrýar. Keçeleri, olaryň suratlaryny görkezip, nagyş taýdan gurluş-aýratynlyklaryny seljerip geçýär. Reňk taýdan çözgüdine ünsi çekýär. Tagtada keçäniň ortaky nagyşlarynyň

birini, gyra nagyşlarynyň hem birini çekip görkezip, nagyş gurmagyň tärlerini düşündirýär. Okuwçylara kagyzyň ýüzüni dolduryp, galam bilen keçäniň suratyny çekmek, soňra ony öýde reňkläp gutarmak tabşyrylýar.

*Seniň kitaplaryň bezegi.* Mugallym kitaplary, olara çekilen suratlandyrmalary görkezip, kitaplaryň bezelişi barada gürrüň berýär. Kitap bezeýji suratkeşleriň birnäçesiniň atlaryny agzap geçýär. Kitaplarymyzyň nepis hem gelşikli bolmagy üçin kitap bezeýji ussadyň köp zähmet siňdirýändigini, şonuň üçin hem kitaby aýawly saklamalydygyny aýdýar. Okuwçylara öz gowy görýän ertekisiniň, hekaýasynyň birine suratlandyrmany çekmek we ony öýde doly tamamlap gelmek tabşyrylýar.

*Çärýegiň temalaryny umumylaşdyrmak. Okuwçylaryň döreden işleriniň sergisini guramak. "Garaşsyzlyk güni", "Baýramçylyga taýýarlyk" ýaly temalara surat çekmek.* Mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar:

– Garaşsyzlyk baýramy haçan bellenilýär?

– Garaşsyzlyk baýramynda siz nämeleri gördüňiz?

– Bu şanly senä nähili taýýarlyk görülýär?

– Siz Garaşsyzlyk gününe nähili taýýarlyk gördüňiz?

Mugallym okuwçylaryň jogaplarynyň üstüni ýetirip, Garaşsyzlyk güni, oňa taýýarlyk barada belläp geçýär. Ol Garaşsyzlyk baýramynyň tutuş ýurdumyzda uly dabara bilen bellenilip geçilýändigini, baýramçylyk günleri toý lybasyna beslenen paýtagtymyzyň has hem gözelleşýändigini, çagalaryň bolsa aýdym-saz diňläp, dürli çykyşlara tomaşa edýändiklerini gürrüň berýär. Gürrüňdeşligi degişli suratlary görkezmek bilen utgaşdyrýar. Okuwçylara Garaşsyzlyk baýramynda alan täsirlerini suratlandyrmak tabşyrylýar. Baýramçylygy şekillendirmek üçin, esasan, ýyly reňkleriň ulanylmalydygy aýdylýar. Şekillendiriljek suratlarda ulanyp boljak zatlaryň suratlary, meselem: döwlet nyşanlarynyň, parahatlyk kepderisiniň, dürli reňkli baýdaklaryň, Garaşsyzlyk binasynyň we ş.m suratlary tagtada galdyrylýar. Okuwçylar baýramçylyk temasyndan surat çekýärler. Sapakda Garaşsyzlygymyz barada goşgular, aýdym-saz eserleri ulanylsa has täsirli bolar. Sapagyň ahyrynda sorag--jogap alyşmak arkaly çärýegiň dowamynda özleşdirilen zatlar umumylaşdyrylýar. Okuwçylaryň döreden işleriniň sergisi guralýar we ara alyp maslahatlaşylýar.

### 3-nji synpyň II çärýegi

***Çärýegiň temasy: "Sungat siziň obaňyzda, şäheriňizde" (köçelerde)***

Daş-töweregiň gözelligini suratlandyrmagy hem-de zatlary niýetlenilişine we daş görnüşine laýyklykda bezemegi öwretmek.

*Binagärçilik ýadygärlikleri.* Mugallym binagärçilik sungaty, binagärçilik ýadygärlikleri, Diýarymyzda gurlan gözel binalar barada gürrüň berýär. Gürrüň suratlary görkezmek bilen utgaşykly alnyp barylmalydyr. Ýurdumyzyň binagärçilik ýadygärliklerine örän baýdygyny, munuň bolsa biziň baý taryhy geçmişimize şaýatlyk edýändigini, bu ýadygärlikleriň döwlet tarapyndan goralýandygyny, alymlaryň olary öwrenýändiklerini belläp geçýär. Suratkeşleriň bolsa olaryň suratlaryny

çekip, gözel keşbini açyp görkezýändigini aýdyp, suratlaryny görkezip, seljerip geçýär, (meselem, Aýhan Hajyýew "Törebeg hanymyň kümmeti", "Şerip babanyň kümmeti", Alekseý Kinýakin "Türkmenistanyň ýadygärlikleri"). Tagtada binagärçilik ýadygärlikleriniň biriniň suratyny çekip görkezip, gurluşynyň yzygiderliligini düşündirýär. Okuwçylar binagärçilik ýadygärlikleriniň bir-iki sanysynyň ilkinji nusgalaryny galam bilen çekýärler. Öýde öz ýaşaýan jaýlarynyň öň hem gapdal taraplaryny görkezip, galam bilen suratyny çekip gelmek tabşyrylýar.

*Binagärçilik ýadygärlikleriniň suratyny çekmek.* Binagärçilik ýadygärlikleriniň suratlary görkezilip, olar boýunça gysgaça söhbetdeşlik guralýar. Mugallym suraty ýüzi bir sydyrgyn reňklenen kagyza galamlar ýa-da hekjagaz bilen çekseň özboluşly owadan bolýandygyny aýdyp, suwly reňkler bilen kagyzyň reňklenilişini görkezip, düşündirýär. Soňra uly reňkli kagyzyň ýüzüne hekjagaz bilen bir binagärçilik ýadygärliginiň suratyny çekip görkezýär. Okuwçylar öň gören, syn eden binagärçilik ýadygärlikleriniň suratyny çekýärler ýa-da suratlara seredip çekýärler.

*Köçäniň gyrasyndaky bezegler-görkezme, mazam tagtalary (bu tema 2 sagat berilýär).* Okuwçylara köçeleriň gyrasyndaky owadan bezelen görkeziş tagtalary, olaryň bezegi, ähmiýeti barada maglumatlar berilýär. Görkeziş tagtasynyň bezegleriniň fotosuratlary, çekilen nusgalary, afişalar görkezilip, seljerilip geçilýär. Köçeleriň, jaýlaryň, seýilgähleriň, mekdepleriň owadan bolmagy üçin bezeýji ussat suratkeşiň döredijilikli zähmet çekýändigi bellenip geçilýär. Mugallym reňkli düşegiň üstüne ýelimlemek (applikasiýa) usulynda görkeziş tagtasynyň bezelişiniň bir nusgasyny görkezýär. Okuwçylar owadan reňkli kagyzyň ýüzüne dürli reňkli ýalpyldawuk kagyzy dürli owadan görnüşlerde gyrkyp alyp ýelimlemek usuly bilen görkeziş tagtasynyň taslamasyny şekillendirýärler. Indiki sapakda öz isleglerine görä bu ugurda işi dowam etdirýärler. Döredilen işleriň sergisi guralýar.

*Jaýlaryň, köçeleriň nagyşly gözenek bilen bezelişi (bu tema 2 sagat berilýär).* Gara öýüň, gözenekli derwezäniň ýa-da penjiräniň gözeneginiň fotosuratlary, çekilen suratlary görkezilip, olaryň nirelerde ulanylýandygy, ähmiýeti, olaryň nämelerden ýasalýandygy barada söhbetdeşlik guralýar. Suratlar arkaly olaryň görnüşleri, reňkleri seljerilýär. Mugallym tagtada gözenek şekilli nagyşlaryň bir nusgasyny çekip görkezip, ýerine ýetirmegiň yzygiderliligini düşündirýär. Okuwçylar syýagalamlar ýa-da reňkli galamlar bilen jaýyň eýwany üçin gözenek şekilli nagyşlaryň taslamalaryny döretmäge başlaýarlar. Nagyşlaryň agaçdan, demirden ýasalýan gözenekler üçin niýetlenilmelidigi aýdylýar. Indiki sapakda hem bu ugurda iş dowam etdirilýär.

*Dürli görnüşli ýeňil hem-de ýük maşynlarynyň şekilini ýasamak.* Mugallym adamlaryň gadym wagtlardan bäri öz münýän ulaglaryny nämeler bilen bezändikleri, ýurdumyz Garaşsyz, baky Bitarap döwlet bolandan soň, olaryň görnüşleriniň hasda köpelendigi barada gürrüň berýär. Oýnawaç maşynlary, maşynlaryň suratyny görkezip, olaryň daş keşbini, gurluşyny, bölekleriniň özara ululyk gatnaşyklaryny, reňklerini seljerip geçýär. Okuwçylara öz halan serişdelerinden (kagyz, gaty kagyz,

palçyk) maşynyň şekilini ýasamak, soňra ony reňklemek tabşyrylýar. Gurandan soň üstünden reňksiz lak çalynsa has-da gowy bolýandygy aýdylýar.

*Okuwyň dowamynda özleşdirilen zatlary umumylaşdyrmak. Şähere ýa-da oba gezelenç.*

Sorag-jogap, söhbetdeşlik arkaly okuwyň dowamynda özleşdirilen zatlar berkidilýär, umumylaşdyrylýar. Ýarym ýylyň dowamynda ýerine ýetirilen işleriň sergisi guralýar. Suratlar, diafilm ýa-da wideofilm boýunça Aşgabada gezelenç guralýar. Soňra mugallym okuw kitabynda berlen matalyň jogabyny bilip, onuň, ýagny keçäniň suratyny çekmegi tabşyrýar.

**3-nji synpyň III çärýegi**

***Çärýegiň temasy: "Suratkeş we tomaşa jaýy"***

Suratkeşiň tomaşa jaýlaryndaky zähmeti, teatrda çeperçilik işiniň gurmak-ýasamak, bezemek, şekillendirmek görnüşleri bilen tanyşdyrmak.

*Teatr nikaplary (maskalary).* Tomaşa jaýlary, olarda görkezilýän oýunlar, tomaşalar, şol sahnalary goýmakda suratkeşiň zähmeti barada mugallym çagalaryň gündelik durmuşy bilen baglanyşdyryp gürrüň berýär. Suratkeşleriň oýnuň sahnasyny, artistleriň eşigini bezeýändigini, gerek bolsa olara nikaplary (maskalary) hem ýasaýandygyny aýdýar. Çagalara şol nikaplary ýasamagy hödürleýär. Oýnuň gahrymanlarynyň, ýagny haýwanlaryň şekillerini görkezýär. Nikabyň ýasalyşyny düşündirýär. Çagalar oňat görýän gahrymanlarynyň nikaplaryny ýasaýarlar.

*Teatr nikaplaryny ýasamak.* Bu sapakda mugallym geçen sapakda haýwanlaryň nikaplaryny ýasandyklaryny ýatladýar. Çagalara syn edýän oýunlarynda diňe haýwanlaryň däl, eýsem dürli häsiýetli adamlaryň keşbiniň hem bardygyny aýdýar. Olaryň tomaşa eden sahnalaryny ýatlap geçýär. Oýunlaryň gahrymanlarynyň käbiriniň keşbini derňeýär. Nusgalary görkezip, nikabyň çekilişini, dürli reňkli plastilinden ýasalyşyny düşündirýär. Okuwçylara nikaplaryň göwrümli şekilini kagyzdan, plastilinden ýasamagy tabşyrýar.

*Teatr geýimleri. Dürli teatr geýimleriniň suratyny çekmek.* Mugallym türkmen halk ertekileri esasynda goýlan sahnalardaky gahrymanlaryň egin-eşikleriniň olaryň häsiýetine, hünärine laýyk gelýändigini we şol eşikleriň nusgasyny döredýänlere bezegçi-suratkeş diýilýändigini aýdýar. Dürli sahnalardaky käbir gahrymanlaryň nusgasyny görkezip, olaryň egin-eşiginiň bezegine, reňkine çagalaryň ünsüni çekýär. Kitapdaky nusgalara seredip, keşpleriň egin-eşiklerini reňklemegi, bezemegi tabşyrýar.

*Dürli teatr geýimleriniň suratyny çekmek.* Mugallym bu sapagyň geçen sapagyň dowamydygyny ýatladýar. Sahna gahrymanlarynyň egin-eşikleriniň olaryň gylyk-häsiýetine laýyk gelýändigini aýdýar. Okuwçylara tomaşa eden oýunlaryndaky haýsy hem bolsa bir gahrymanyň egin-eşiginiň nusgasyny çekmegi we gelişýän nagyşlar bilen bezemegi tabşyrýar.

*Gurjak teatry. Gurjak oýunlarynyň gahrymanlarynyň biriniň şekilini ýasamak.* Bu sapakda mugallym çagalar bilen gurjak oýunlary barada gürrüňdeşlik guraýar.

Paýtagtymyzda gurlan gurjak teatry, onda goýulýan oýunlar, oýna gatnaşýan gurjaklar, gurjaklaryň görnüşleri we taýýarlanylyşy barada gürrüň berýär. Okuwçylara gurjak oýnunyň gahrymanlarynyň biriniň şekilini ýasamagy hödürleýär. Plastilinden ýa-da palçykdan şekiliň ýasalyşyny düşündirýär we çagalara tanyş bolan bir ýa-da birnäçe ertekiniň gahrymanlarynyň kellesiniň şekilini ýasamagy tabşyrýar. Palçykdan ýasalan şekilleri öýde reňkläp gelmegi we indiki sapaga gerekli esbaplary getirmelidigini ýatladýar.

*Gurjak oýnunyň gahrymanlarynyň biriniň geýimleriniň nusgasyny döretmek.*

Mugallym mata böleklerinden, ýüplükden we beýleki serişdelerden gurjak oýnundan bir gahrymanyň egin-eşiginiň eskiziniň taýýarlanyş tertibini, tärlerini görkezip düşündirýär. Gurjaklaryň eşikleriniň olaryň gylyk-häsiýetlerine laýyk gelmelidigini ýatladýar. Nusgalary görkezip, seljerip geçýär. Okuwçylar dürli serişdelerden gurjaklaryň egin-eşikleriniň nusga suratlaryny taýýarlaýarlar. Sapakdan soň çagalaryň gowy görýän ertekileriniň biri boýunça gurjak oýnuny goýup, çärýegiň soňky sapagynda myhmanlara görkezmek bolar.

*Teatryň perdesi. Gurjak teatrynyň perdesiniň suratyny çekmek.* Sapagyň esasy maksady çagalaryň işe döredijilikli çemeleşmek başarnygyny ösdürmekdir. Sapakda gurjak teatrynyň jaýyna gelşik berýän teatr perdesi, onuň ähmiýeti, bezelişi barada gürrüň berilýär. Birnäçe nusgalar görkezilip, perdäniň ýüzündäki bezegiň, şekilleriň, suratlaryň, nagyşlaryň gurluşy derňelýär, onuň reňkler bilen ýerine ýetirilişi düşündirilýär. Okuwçylara teatr perdesiniň nusgasyny goýuljak oýnuň mazmunyna laýyk geler ýaly bezemegi tabşyrýar. Ýumşy guaş reňkleri bilen ýerine ýetirmek oňat netije berer.

*Multfilmler. Olaryň gahrymanlarynyň biriniň suratyny çekmek.* Sapagyň esasy maksady çagalaryň surat çekmek başarnyklaryny ösdürmek hem-de olarda oňat gylyk-häsiýetleri terbiýelemekdir. Mugallym çagalara multfilmler, olaryň surata düşürilişi, türkmen multfilmleri, olary döreden suratkeşler barada gürrüň berýär. Multfilmleriň gahrymanlarynyň binäçesiniň suratyny görkezip, olaryň häsiýetini, keşbini derňeýär. Soňra oňat görýän multfilminiň gahrymanynyň suratyny çekmegi tabşyrýar.

*Çärýegiň dowamynda özleşdirilen zatlary umumylaşdyrmak. Kiçijik sahna oýnuny goýmak.* Mugallym okuwçylar bilen bilelikde çagalaryň öwrenen zatlaryny ýatlaýar. Çagalar myhmanlaryň öňünde taýýarlan kiçijik sahnajygy bilen çykyş edýärler. Soňra mugallym sapagyň netijesini jemleýär. Okuwçylaryň çärýegiň dowamynda ýerine ýetiren işleriniň sergisini guraýar. Sapak baýramçylyk ruhunda guralýar.

**3-nji synpyň IV çärýegi**

***Çärýegiň temasy: “Sungat muzeýleri. Dürli reňkler bilen surat çekmek”***

Sungat muzeýleri, olaryň interýeri, natýurmort, portret barada düşünje bermek we olary şekillendirmegi öwretmek.

*Sungat muzeýleriniň jaýynyň içi (interýeri).* Sapagyň esasy maksady okuwçylara sungat muzeýleri barada düşünje bermek hem-de perspektiwanyň kanunlary boýunça surat çekmek başarnygyny ösdürmekdir. Mugallym sungat muzeýleri, ýurdumyzdaky

we daşary ýurtlardaky uly muzeýler barada gürrüň berýär. Muzeýiň içine suratlar boýunça "gezelenç" guraýar. Okuwçylara onuň interýerini şekillendirmegi hödürleýär. Ilki mugallym perspektiwanyň düzgünlerini, dürli suratlary çyzgylary ulanmak bilen gaýtalap geçýär. Soňra okuw otagynyň hem muzeýiň içki görnüşine meňzeşdigini aýdyp, onuň suratynyň ýerine ýetirilişini okuw tagtasynda düşündirýär. Okuwçylara suratlar, çyzgylar boýunça ýa-da okuw otagynyň mysalynda muzeýiň interýerini çekmegi tabşyrýar. Surat çekilende çyzgyç ulanylmaýar. Surat indiki sapak dowam etdirilýär.

*Sungat muzeýiniň içini (interýerini) şekillendirmek.* Geçen sapakda ýerine ýetirilen işler barlanýar, kemçilikler bellenilýär we olary düzetmegiň usullary salgy berilýär. Soňra perspektiwanyň esasy düzgünleri, otagyň içiki görnüşiniň suratynyň çekiliş yzygiderliligi, usullary ýatlanyp geçilýär. Okuwçylara geçen sapakda çekilip başlanan suraty reňkläp tamamlamak tabşyrylýar.

*Jansyz zatlaryň suratlary (natýurmortlar). Zatlara seredip kyn bolmadyk suratlary çekmek (2 sagat berilýär).* Sapagyň maksady çagalara natýurmort sungaty barada düşünje bermek we zatlaryň daş keşbini, ululyk gatnaşyklaryny, ýagtylyk-kölegesini, reňk öwüşginlerini dogry şekillendirip bilmek başarnyklaryny ösdürmekdir. Okuwçylara suratkeşleriň çeken işleri görkezilip, natýurmort sungaty barada gürrüň berilýär. Mugallym şu ýumşy ýerine ýetirmäge 2 sagat berilýändigini aýdýar. Suratyny çekmesi kyn bolmadyk iki zatdan durýan natýurmorty okuw tagtasynyň öňünde (öňde oturan okuwçylar üçin) hem-de hatarlaryň aralarynda (yzda oturan okuwçylar üçin) goýýar. Natýurmort çekmegiň usullaryny, yzygiderliligini öwredýär. Natýurmortyň çekilişini, reňklenilişini uly möçberli kagyzyň ýüzünde görkezmek maksadalaýykdyr. Okuwçylar suraty galam bilen çekip reňklemäge girişýärler. Mugallym çagalaryň işlerine gözegçilik edýär, maslahatlar berýär. Mugallym suraty indiki sapak dowam etmelidigini aýdýar.

2-nji sapakda okuwçylaryň natýurmort sungaty baradaky bilimleri barlanylýar. Çagalar tanyş bolan natýurmort eserlerini ýatlap geçýärler. Mugallym birnäçe natýurmort işlerini görkezip, olaryň ýerine ýetirilişi, reňk çözgüdi barada gürrüň berýär. Geçen sapakda çekilen suratlary synlap, degişli maslahatlar berýär. Dogry ýerine ýetirilýän suratlary okuwçylara görkezýär. Çagalara suraty reňk bilen tamamlamak tabşyrylýar.

*Keşp-şekiller (portretler). Syn etmekden soňra adamyň suratyny çekmek (2 sagat berilýär).* Sapagyň maksady okuwçylary portret eserleri, olary döreden suratkeşler bilen tanyşdyrmak hem-de adamyň ýüz keşbini çekmegi öwretmek. Sapakda portret eserleri, olary döredýän suratkeşler barada gürrüň berilýär. Portret eserleriň birnäçesi bilen içgin tanyşdyrylýar. Mugallym adamyň ýüz keşbiniň gysga wagtlyk suratlar çekmek arkaly şekillendirilişini görkezýär. Okuwçylar "Ýoldaşymyň suraty" diýen tema boýunça ilkinji nusgalary, gysga wagtlyk suratlary galam bilen ýerine ýetirýärler.

2-nji sapagyň başynda geçilen tema soralýar. Mugallym portret çekýän suratkeşler barada olaryň eserlerini görkezmek bilen söhbetdeşlik guraýar. Soňra mugallym adamyň ýüz keşbini şekillendirmegiň yzygiderliligini öwredýär (okuw

kitabynda oglanjygyň ýüz keşbiniň ýerine ýetiriliş yzygiderliligi berilýär). Suraty çekmegiň tärlerini öwredýär. Okuwçylar portret çekmäge girişýärler. Galamda şekili gurup bolansoň akwarel reňkleri bilen reňkleýärler.

*Binagärçilik mirashanalary.* Sapagyň esasy maksady ýurdumyzdaky binagärçilik ýadygärlikleri bilen tanyşdyrmak, olary şekillendirmegi öwretmek. Okuwçylara ýurdumyzdaky binagärçilik ýadygärlikleri, olaryň taryhymyzy öwrenmekdäki ähmiýeti barada gürrüň berilýär. Suratlary görkezilip olaryň belent diwarlaryna, nepis haşamyna çagalaryň ünsi çekilýär. Okuwçylara dürli reňkli kagyzlardan "Biziň binagärçilik ýadygärliklerimiz" diýen tema boýunça köpçülik bolup surat döretmek tabşyrylýar.

*Watanymyzyň paýtagty gözel Aşgabadyň täze binalary.* Mugallym okuwçylara Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan Watanymyzda birnäçe ajaýyp binalaryň, şaýollaryň, köçeleriň, seýilgähleriň, suw çüwdürimleriniň gurlandygyny we gurulýandygyny gürrüň berýär. Dürli fotosuratlary synlamak, wideofilmlere tomaşa etmek arkaly gözel Aşgabada syýahat guralýar. Paýtagtymyzy wasp edýän goşgular okalýar. Owadan binalaryň suratlaryny ýelmäp "Ak şäherim Aşgabat" ýa-da "Aşgabat – Aziýanyň merjeni" ady bilen köpçülik bolup albom döretmeklik we oňa owadan bezegleri ýerine ýetirmeklik, goşgular ýazmaklyk teklip edilip bilner.

*Çärýegiň we ýylyň dowamynda özleşdirilenleri umumylaşdyrmak. Işleriň sergisini guramak.* Mugallym IV çärýekde okuwçylaryň öwrenen zatlaryny çärýegiň temasy boýunça umumylaşdyrýar. Okuwçylaryň suratkeş hökmünde öwrenen zatlaryny ýatlap geçýär. IV çärýegiň netijesi jemlenilýär. Okuwçylara çärýegiň, okuw ýylynyň dowamynda geçilen islendik temadan surat çekmeklik tabşyrylýar. Sapagyň ahyrynda oňat çekilen suratlaryň sergisi guralýar. Mugallym tomusky dynç alyş döwründe hem özlerini gurşap alýan zatlaryň suratyny çekmegi, nusgasyny bezemegi, dürli serişdeleri ulanyp, olaryň şekilini ýasamagy tabşyrýar.

Sapakdan daşary ýerine ýetirilmeli ýumuşlar:

– 3-nji synpyň sapaklarynyň biriniň ýazgysyny düzmek;

– Sapaklarda ulanmak üçin sungat eserleriniň nusgalaryny seçip almak.

## Naturadan, ýatdan we göz öňüne getirip surat çekmek boýunça sapaklary guramagyň usullary

Umumybilim berýän mekdepleriň başlangyç synplarynyň okuw maksatnamasynda naturadan surat çekmeklik şekillendiriş sungaty dersi boýunça okuw-döredijilik işleriniň esasy görnüşleriniň biri bolup durmak bilen, şekillendirilýän zatlaryň şekiliniň gözelligini, gurluşyny, göwrümini, reňklerini, ýagty-kölege kanunalaýyklygyny, perspektiw gysgalmasyny, şekilleriň ýerleşişini (kompozisiýasyny) öwrenmeklikde uly mümkinçiliklere eýedir.

Naturadan surat çekmek, esasan, iki görnüşde ýerine ýetirilýär. Uzak möhletleýin (2-3 sapagyň dowamynda) we gysga wagtlaýyn çalt alynýan sudurlar (nabrosok 5-20

minut). Uzak möhletleýin işler grafiki galamlaryň ýa-da akwarel reňkleri bilen ýerine ýetirilýär. Nabrosoklar galamda, syýagalamda, sanginada, kömürde, peroda, şeýle hem çotga bilen tuş ýa-da boýag ulanmak arkaly ýerine ýetirilýär. Naturadan surat çekmekligiň iki görnüşi hem ähli synplarda biri-biriniň üstüni ýetirmelidir. Nabrosoklar sapagyň maksadyna we mazmunyna baglylykda sapagyň başynda, ortasynda we ahyrynda ýerine ýetirilip bilner. Okuwçylaryň görüş ýatkeşligini, giňişlikde göz öňüne getiriş ukyplaryny ösdürmek üçin naturadan surat çekmek sapaklarynda mümkin boldugyça ýatdan göz öňüne getirip surat çekmek üçin ýumuşlar tabşyrylmaly. Ilki okuwçylaryň ünsi, esasan, şekilleriň umumy giňişlikdäki ýagdaýyny, ýagny inini-boýuny, gurluşyny, reňkini kesgitlemeklige gönükdirilýär. Zatlary aýlawly şekillendirmek göz öňüne tutulmaýar we zatlar ýüzbe-ýüz (frontal) perspektiwada şekillendirilýär. Soňra perspektiwanyň, gurluşyň we ýagty kölegäniň kanunalaýyklygy öwrenilýär. Çagalar zatlaryň göwrümini aýlawly şekillendirmegi we diňe bir ýüzbe-ýüz perspektiwada däl-de, eýsem burçlaýyn perspektiwada gysgalýan birleşme nokatlaryna eýe bolan ýagdaýynda hem şekillendirmek başarnyklaryny özleşdirýärler.

Çagalara ilki reňkleri tanamaklygy we atlandyrmagy öwredýärler. Soňra bolsa çagalar hromatik (gyzyl, gök) we ahromatik (gara, ak, çal) sowuk we ýyly reňkler bilen, şeýle hem reňkleriň öwüşginlerini güýçlendirmek we gowşatmak bilen tanyşýarlar. Okuwçylarda reňkleriň sazlaşygyny görmek ukyplaryny ösdürmek möhüm wezipe bolup durýar. Reňkleri ulanmak bilen çagalar daş-töweregi gurşap alan dünýäniň reňk baýlygyna akyl ýetirýärler. Ýagty kölegäniň kanunalaýyklygyny özleşdirýärler. Synp otagynda 3-den az bolmadyk naturany çagalaryň gözüniň derejesinden pesräkde ýerleşdirýärler. Kiçiräk ölçegli zatlary ýapraklary, gülleri, gutulary, gap-gaçlary her parta paýlap berýärler. Eger okuwçylar molbertden peýdalanýan bolsalar, olary ýarym aý görnüşinde naturanyň daşyna aýlap oturtmak amatly bolar.

Naturadan surat çekenlerinde çagalarda seljermek, deňeşdirmek, şekillendirilýän zatlary, hadysalary umumylaşdyrmak, syn etmek we olaryň özboluşly taraplaryny görmek ukyplarynyň kemala gelmegini gazanmaly. Naturadan surat çekmek boýunça okuwçylar şu aşakdakylary başarmalydyrlar:

– reňkleriň adyny: gyzyl, sary, gök, ýaşyl, garamtyl gök, gyrmyzy, mawy, goňur, gara, çal, ak, solak gyzyl, garamtyl gyzyl, gögümtil we ş.m. bilmeli;

– reňkleri garyp, reňk almagyň ýönekeý kadalaryny bilmelidirler, gök we sary reňk garyşanda ýaşyl reňki berýär, ýaşyl we gyzyl reňk garyşanda goňur reňk emele gelýär;

– ulanylýan serişdeleriň özboluşlylygy (galam, reňkler we ş.m.);

– partada dürs oturmaly, kagyzy we galamy dogry tutmaly;

– galam bilen erkin işlemegi öwrenmeli, çyzygy gerekli ugurlara çyzmaly, ýöne şunda kagyzy eýläk-beýläk öwürmeli däl;

– kagyzy dogry goýmaly (gönüligine ýa-da keseligine) ol çekilýän zatlaryň şekiline we ýerleşişine bagly;

– suratda zatlaryň görnüşini, deňölçegliligini, gurluşyny, ýerleşiş ýagdaýyny, reňkini dogry beýan etmeli;

– akwarel reňkleri bilen işlenende olary ezmegi, reňkleri garmagy, tekiz reňklemegi (şekiliň çäginden daşyna çykmaly däl) başarmaly;

– kagyzyň ölçegine we şekiliň merkezine görä şekillendirilýän şekilleriň ulylygyny dogry kesgitlemeli, ol aşa uly ýa-da aşa kiçi we kagyzyň bir burçundan beýleki burçuna süýşürilen bolmaly däldir;

– naturadan surat çekilende ýatdan ýa-da göz öňüne getirmeden çekilendäkiden, şeýle hem dekoratiw suratdan tapawudyny bilmelidir;

– şekiliň ölçegine we onuň daşky görnüşiniň, reňkiniň deňagramlylygyna baglylykda suraty kagyzyň ýüzüne dürs şekillendirmegiň düzgünlerini bilmeli.

Şeýle hem olar şu döwrüň içinde:

– öz çeken suratyny şekillendirilýän zatlar bilen deňeşdirmegi;

– şekillendirilýän zatlaryň görnüşini, olaryň deňölçegliligini, gurluşyny, ýerleşiş meýdanyny, reňkini dogry kesgitlemegi;

– suraty çekeniňde işi ýerine ýetirmegiň yzygiderliligini saklamagy;

– suraty şekillendirilýän zatlaryň tutuş gurluşyndan başlamagy, soňra onuň böleklerini çekmäge geçmegi we umumy sudury hem-de görnüşi kesgitlemek bilen tamamlamagy;

– naturadan çekilende suratlarda adamyň gurluş durkuny beýan edip bilmegi başarmalydyr;

– gözýetim çyzygy, perspektiwa, görüş nokady, birikme nokady hakynda ilkinji maglumatlary;

– ýagtylyk-kölege (ýagtylyk, ýalkym, kölege, ýarym kölege, öwüşgin we başgalar), zatlaryň ýagtylandyrylyşynyň yşyklandyryş çeşmesiniň güýjüne we onuň uzaklygyna baglydygy hakyndaky maglumatlary ele almalydyrlar;

– bir we iki birikme nokady bilen perspektiwada zatlary şekillendirmegi;

– suratlarda ýagtylygy, ýalkymy, kölegäni, ýarym kölegäni, öwüşgini berip bilmek;

– zatlaryň göwrümini ýüze çykarmak üçin dürli ştrihleri (gytak we göwrümi boýunça) ulanyp bilmek;

– zatlaryň göwrümini reňkleriň (gury, öl kagyzlar boýunça dürli iş tärlerini ulanmak, bir reňkden başga bir reňke geçmek) üsti bilen berip bilmek;

– naturadan adam şekilini, şeýle hem haýwanlaryň, guşlaryň hereketdäki şekillerini, olaryň deňölçegli gurluşyny şekillendirip görkezip bilmek;

– zatlaryň (gülдан, çäýnek) şekili çekilende umumylaşdyrylan görnüşini çekip bilmek;

– çylşyrymly bolmadyk natýurmorty çekmek;

– zatlaryň gurluş aýratynlyklaryny, göwrümlerini, giňişlikdäki ýagdaýyny, reňk aýratynlyklaryny, zatlaryň üstündäki ýagty-kölegäniň ýerleşişini ýüze çykarmak arkaly çekilýän zatlara syn bermek;

– öz çeken suratyňy şekillendirilýän zatlar bilen deňeşdirmek we suratda ýüze çykarylan ýalňyşlary düzetmek;

– nabrosoklary we zarisowkalary galam, akwarel we gara tuş bilen ýerine ýetirmek başarnygyny ele almalydyrlar.

Naturadan ýatdan we göz öňüne getirip surat çekmeklige mysaly ýumuşlar şu aşakdakylardan ybarat bolup biler:

– kitaplar, torbalar, papkalar, dürli şekildäki we reňkdäki baýdajyklar, otagyň penjiresi, çagalaryň howa şarlary, top, çekiç, pil, mör-möjekler, gök önümler, miweler;

– şekili boýunça ýönekeý bolan ýapraklar we agaçlaryň şahalary, görnüşi boýunça ýönekeý güller (aýratyn ýa-da küýzejikde), kömelek;

– arçadaky oýnawaçlar: gozajyklar, monjuklar, balyjaklar, uçarlar; çaga oýnawaçlary: horaz, geçi, tilki, aýy, ýük maşynjyklary, trolleýbuslar, awtobuslar, öýüň maketi;

– gurluşy, şekiliniň ululyk gatnaşyklary nazarda tutulyp, adam;

– guşlar (gögerçinler, laçynlar, gargalar, ördekler, towuklar, horazlar), haýwanlar (alakalar, itler, pişikler, tilkiler, kirpiler), balyklar (akwariumda) gurluşy, giňişlikde ýerleşişi, ululyk gatnaşyklary çagalar üçin elýeterli ýagdaýda çekilip bilner.

## Tema taslamasy esasynda surat sapagyny guramagyň usuly

Başlangyç synplarda tema taslamasy boýunça surat çekmek işi şekillendiriş sungatynyň bir görnüşi bolmak bilen, mekdep okuwçylarynyň döredijilik taslamalarynyň, synçylygynyň we pikirlenmek ukyplarynyň ýokarlanmagynda hem-de olaryň çeperçilik estetiki terbiýesiniň kämil bolmagynda ähmiýeti örän uludyr.

Tema taslamasy boýunça surat çekmek 1-2 sapagyň dowamynda ýerine ýetirilýär. Bu sapaklarda ýatdan öňki synlan zatlaryny göz öňüne getirmek arkaly iş amal edilýär. Eger, mümkin bolsa, ilki syn edilýär we naturadan çalt alynýan sudurlar (nabrosok) ýerine ýetirilýär. Soňra şekiller ýerbe-ýer goýlup, eskiz ýerine ýetirilýär. Şekiller ilki galamda ýerine ýetirilip, soňra reňklenýär. Başlanyç synplarda şu bölüm boýunça ýerine ýetiriljek okuw işleri, esasan, edebi eserler (ertekiler, goşgular, gürrüňler) boýunça bezeg suratlaryny çekmek, ýagny ýatdan akyl ýetirişiň ýaly (ertekilerden, goşgulardan bir pursaty şekillendirip) surat çekmek bilen baglanyşykly bolýar. Temalaýyn taslamalar boýunça surat çekmeklikde okuwçylaryň şekilleriň ini-boýy, gurluşy, göwrümi, giňişlikdäki ýagdaýy, ýagtylandyrylyşy, reňkleri dogry saýlap bilmek ýaly ukyplary kämilleşýär. Okuwçylar çekiljek temalary saýlanda we olaryň üstünde işlände olaryň emosional duýgularyny öz işınde görkezip bilmegini, gurluşy aýdyň ýerine ýetirip bilmegini, özbaşdak pikir edip bilmegini, keşpleriň häsiýetlerini görkezip bilmegini olaryň özara many-mazmun gatnaşygyny, ýagny baglanyşygyny görkezip bilmegini şekilleri täsirli (çyzyklar ýagty-garaňky, reňkleriň güýçlenmegi, gowşamagy) ýerine ýetirip bilmegini gazanmaklyga çalyşmaly.

Ilki bilen temalaýyn taslamalar boýunça suratlar ýerine ýetirilende edebi eserlere bezeg suratlary ýerine ýetirilýär. Zatlaryň arabaglanyşygyny we olaryň giňişlikdäki özboluşly gatnaşygyny, golaýdaky zatlar kagyzyň aşaky gyrasyna golaý, uzakdaky zatlary biraz ýokarrajykda şekillendirmegi, zatlaryň ölçegleri deň bolanda hem golaýdakylaryň uzakdakylardan biraz ulurak şekillendirilişini, olaryň reňkini bermekligi çagalara öwretmeklik maksat edilip goýulýar.

Sýużetli işlerde şekilleriň sazlaşygyny, giňişlikdäki ýagdaýyny, reňkini suratda dersara many gatnaşygyny we özüniň şol işe emosional gatnaşygyny, dürli usullar bilen gyzykly pursatlary öňe çykarmak, esasy öňe sürülýän pikiri anyk görkezmegi başarmak ýaly başarnyklary ele alýarlar.

Naturadan surat çekmek sapaklarynda özleşdiren usullaryna daýanyp, zatlaryň gurluşynyň kanunlaryny, perspektiwanyň kanunalaýyklygyny, ýagty-kölege we reňk duýmak başarnyklaryny ulanyp, temalaýyn taslamalarda gözýetim çyzyklary, birlikme nokatlary, zatlaryň gurluşy, dürli reňkleri erkin ulanyp bilmek ýaly başarnyklarynyň ösmegine üns berilmeli.

Başlangyç synplarda tema boýunça surat çekmek üçin mysaly ýumuşlar şular ýaly bolup biler.

Temalaýyn suratlaryň ählisi ilki galamda, soňra bolsa akwarel ýa-da guaş bilen reňklemek arkaly amal edilýär. Çagalara öňünden kiçijek "iş" eskizlerini ýerine ýetirmekligi öwretmeli. Temalaýyn suratlara iki sapak bölünip berilýär. Temalaýyn suratlar çekmek boýunça sapagyň aýratyn mümkinçilikleriniň biri-de beýleki okuw dersleri (saz, edebiýat, tebigat, zähmet sapaklary) bilen berk arabaglanyşygydyr. Temalaýyn suratlara manysy boýunça degişli bolan aýdymy diňletmek okuwçylaryň şekillendiriş işleriniň işjeňleşmegine, pikirlenişiniň, gözellik duýgularynyň kämilleşmegine, çeper keşplere çuňňur aralaşmagyna hem-de çeper döredijilikden lezzet almagyna uly täsir edýär. Goşgularyň, gürrüňleriň okalmagy olaryň daş-töwerekdäki durmuşy hadysalardan alan täsirlerini göz öňünde janlandyrmaga kömek edýär.

## Bezeg işleri boýunça sapaklary guramagyň usullary

Bezeg işleri boýunça sapagy guramak çagalaryň döredijilik taslamalarynyň ösmegine, çeperçilik-estetiki ösüşleriniň kämilleşmegine, milli amaly-haşam sungatyna bolan gyzyklanmasynyň we söýgüsiniň artmagyna uly täsir edýär. Bu sapaklarda milli amaly-haşam sungatynyň däplerini ulanmak çagalarda öz Watanyna, halkyna bolan söýgini hem-de halkynyň zähmetsöýerligine we ussatlygyna guwanmak ýaly duýgularyň ösmegine getirýär. Şu maksatlary göz öňüne tutmak bilen hem okuwçylar zähmet we şekillendiriş sungaty sapaklarynda milli sungatymyzyň haly dokamak, keşde çekmek, şaý-sepleri ýasamak, agajy we gap-gaçlary nagyşlamak ýaly görnüşleri bilen tanyşdyrylýar. Bezeg işlerini ýerine ýetirmek başlangyç synplarda nagyşlary çekmeklikden başlanýar. Olar nusgadan göçürmek ýa-da hakyky görnüşleri (ýapraklary, gülleri, kebelekleri) nusga salmak arkaly amal edilýär. Bezeg şekilleri çekilmezden öň naturadan ösümlik we haýwan şekilleri çekdirilýär.

Okuwçylar bu sapaklarda şekilleriň sazlaşykly gaýtalanmagy, reňkleriň sazlaşygy, şekilleriň we reňkleriň deňagramlylygy ýaly düşünjeler bilen tanyşýarlar. Bu zatlar zähmet sapagynda guramak işleri ýerine ýetirilende, örülende, oýnawaçlar ýasalanda, önümler ýasalyp nagyşlananda hem ulanylýar.

Bezeg işleri ýerine ýetirilende çagalaryň höwesli işlemekleri üçin olaryň zähmet sapagynda ýasan gap-gaçlarynyň daşyny guaş bilen bezedip, üstünden lak çalsaň has hem owadan bolar. Şeýle-de düşegi bir reňkli taýýar gap-gaçlary, güldanlary bezetmek bolar. Gap-gaçlaryň özüni bezemek kagyza çekilen şekili bezäninden has gyzyklydyr. Şeýle hem ak reňkli mata bölejigini (elýaglyk) bezetmek bolar.

Okuwçylar nusgadan nagyşlary we bezeg elementlerini göçürmek, süýritogalakda, dörtburçlukda, üçburçlukda ösümlik we haýwanat dünýäsine degişli şekilleri (güller, agaçlar, kömelekler, guşlar, balyklar) ýerleşdirmek, şeýle hem geometrik şekilleri (töwerek, üçburçluk, dörtburçluk) özbaşdak ýerleşdirmek bilen meşgul bolýarlar. Bezeg işleri ýerine ýetirilende okuwçylaryň şekilleri gezekleşdirip ulanyp bilmegini we bir çyzygyň ugrunda nagyşlary ýerleşdirip bilmegini, reňkleri sazlaşykly ulanyp bilmeklerini ünsden düşürmeli däldir. Soňra olar çylşyrymlyrak nagyşlary, ösümlik we haýwanat şekillerini gönüburçlukda, üçburçlukda, töwerekde ýerleşdirmegi öwrenýärler. Ýönekeý bezeg işlerini ýerine ýetirýärler. Bezeg işlerini merkezi çyzykda ýerine ýetirmekligi, nagyşlarda aýratyn elementleri gezekleşdirip ulanyp bilmekligi (ritm) öwrenýärler, gap-gaçlary bezemegiň ýönekeýje eskizlerini düzmek şekilleri, reňkleri döredijilikli ulanyp bilmek we çylşyrymly bolmadyk sözleri ýazmak, baýramçylyk gutlaglaryny taýýarlamak (“Täze ýylyňyz bilen gutlaýarys!”, “8-nji mart”) işleri bilen meşgul bolýarlar.

Bezeg işleri boýunça sapak geçirilende okuwyň döredijilikli meseleleri hödürlenýär. Özbaşdak ösümlik we haýwanat dünýäsinden nagşa geçirilen şekilleri zolakda, tegelekde, inedördülde, şonuň ýaly hem geometrik görnüşleriň ak we reňkli kagyzda şekillerini çekmeli.

Gurjaklar üçin düşekçäniň nagşynyň eskizini, kitabyň sahypasyny bellemek üçin kagyz bölejiklerini (ýaprak, gül, kömelek) geometrik şekillerde (tegelek, gönüburçluk, inedördül, üçburçluk) ýerine ýetirmeli.

Bezeg işleriniň ählisi galam bilen başlanýar we akwarel ýa-da guaş reňkleri bilen jemlenilýär. Ol işleriň dowamlylygy 1 sagatdan 2 sagada çenlidir.

## Başlangyç synp okuwçylaryny şekillendiriş sungatynyň eserleri bilen tanyşdyrmagyň usullary

Başlangyç synp okuwçylaryny şekillendiriş sungatynyň eserleri bilen tanyşdyrmak sapagyň dowamynda öwrenilýän tema bilen baglylykda amal edilýär. Naturadan surat çekmek, bezeg işlerini ýerine ýetirmek, tema taslamasy boýunça surat çekmek, şekil ýasamak sapaklarynda şol sapaklara degişli şekillendiriş sungatynyň eserlerini görkezip, olar hakynda gürrüň bermek okuwçylaýň ýerine ýetirýän işleriniň döredijilikli hem-de labyzly bolmagyna köp derejede täsir eder. Ussat suratkeşleriň işlerine seredip, olaryň iş usullaryny öwrenmekleri olarda uly täsir galdyrýar. Şekillendiriş sungatynyň eserleri bilen okuwçylar sapagyň başynda ýa-da ahyrynda

8-12 minudyň dowamynda tanyşdyrylýar. Bir gürrüňdeşligiň dowamynda 1-2 eser görkezilýär. Gürrüňdeşlik arkaly sapagy geçmek üçin ýörite sapak meýilnamada bellenen bolsa, onda bir gürrüňdeşlikde 5-6 nakgaş eseri, heýkeller, grafika ýa-da amaly-haşam sungatynyň eserleri görkezilýär. Eger meýilnamada görkezilen işler tapylmasa, onda olar manysy boýunça meňzeş eserler bilen çalşyrylýar. Gürrüňdeşlik wagtynda, mümkin boldugyça, tehniki serişdelerden köpräk peýdalanmaly, mümkinçilige görä okuwçylary myzeýlere, çeperçilik galereýalaryna, sungat eserleriniň ýadygärliklerine syýahata alyp gitmeli. Gürrüňdeşlik tutuş ýylyň dowamynda geçirilýär. Şonuň üçin hem mugallym gürrüňdeşligiň temasyny saýlanda ýylyň pasyllaryny, baýramçylyklary göz öňüne tutmalydyr.

Şekillendirş sungatynyň eserleri bilen çagalar tanyşdyrylanda olar suratlara baha bermekligi we olar hakynda öz pikirlerini aýtmaklygy öwrenýärler (suratda olara näme ýarady, näme üçin? we ş.m).

Okuwçylar naturadan surat çekenlerinde, dürli bezegleri, temalaýyn taslamalary ýerine ýetirenlerinde sapaklaryň dowamynda, sapagyň başynda, ortasynda, ahyrynda şekillendiriş sungatynyň eserleri bilen tanyşýarlar. Olar: “Suratkeş nämäni şekillendirýär? Suraty näme bilen çekipdir, nämäniň ýüzüne çekipdir? Suratkeş biziň kitaby okamagymyza nähili kömek edýär?” diýen soraglara jogap bermegi başarmaly. Olara dürli temalardan çekilen işler görkezilse we suratyň mazmunyna laýyk pessaýja saz ýaňlansa has hem maksadalaýyk hasaplanýar.

Ilki çagalar bilen tebigatyň keşbini göz öňünde janlandyryp bilmekleri üçin gürrüňdeşlik geçirilse, tebigata gezelenç guralsa, soňra bolsa dürli peýzažlar görkezilse has hem täsirli bolar.

Çagalaryň ýaşyny göz öňüne tutup, mugallym seljerilýän sungat eserlerine umumy häsiýetnama bermeli, suratkeşiň ulanan beýan ediş serişdeleri we işiň mazmuny hakynda çagalaryň aňynyň ýetjek derejesinde gürrüň etmelidir.

Gürrüňdeşligiň dowamynda ussat suratkeşleriň ömri, döredijiligi we ykbaly hem-de sungata berlen adamlar bolandygyny mugallymyň ynandyryjylykly, täsirli gürrüň berip bilmegi çagalaryň eserlere bolan gyzyklanmasyny has hem artdyrýar.

Şeýle hem mugallymyň çagalara berýän: “Siz ussat suratkeşlerden kimleri tanaýarsyňyz? Siz olaryň haýsy işlerini gördüňiz? Siz ony nirede synladyňyz? Ol iş size ýaradymy? Ol iş sizde nähili täsir galdyrdy?” diýen ýaly soraglary çagalaryň aň işjeňliginiň ösmegine täsir edýär. Çagalar şekillendiriş sungatynyň eserlerinde çeper şekiliň wajyp aýratynlyklaryny kesgitlemekligi hem-de bu esere bolan öz garaýyşlaryny beýan etmekligi başarmalydyrlar (eser ýarapdyrmy, haýsy duýgulary oýarýar we ş.m). Her bir gürrüňdeşligi anyk bir sapagyň mazmuny bilen baglanyşdyrmaga çalyşmaly. Çagalar amaly-haşam sungatynyň eserleri bilen içgin tanyşdyrylýar: gap-gaçlaryň, köýnegiň, ýaglygyň bezegi we ş.m. Mugallymyň ýolbaşçylygynda okuwçylaryň özlerine görkezilýän işleriň mazmunyny we çeper beýan ediş serişdelerini seljermegini ýola goýmaly.

Gürrüňdeşlikde çagalaryň sapaklarda alýan bilimlerini, kompozisiýa, perspektiwa hakyndaky ilkinji düşünjelerini hem göz öňüne tutmaly. Gürrüňdeşligiň dowamynda çagalaryň ýerine ýetirmeginde sapagyň temasy bilen baglanyşykly aýdymyň ýazgydan diňlenmegi sapagy has hem täsirli edýär.

Okuwçylar grafiki, nakgaş, amaly-haşam sungatynyň eserleriniň tapawutly alamatlaryny bilmeli we peýzažyň, natýurmortyň, portretiň aýratynlyklary hakynda düşünjeleri bolmaly. Olar görkezilýän eseriň mazmuny hakynda gürrüň bermegi we çeper aňladyş serişdelerine seljerme bermegi başarmalydyrlar.

Ýokarky synplarda gürrüňdeşlikler anyk many-mazmuna ýugrulan temalardan geçirilýär, bu bolsa çagalara tanyş bolan keşpleri, täsirleri umumylaşdyrmaklyga we ulgamlaşdyrmaklyga kömek edýär.

Meýilnamada göz öňüne tutulýan temalar çagalaryň ene dili, tebigaty öwreniş, aýdym-saz, zähmet okuwy sapaklarynda alan bilimlerini hem göz öňüne tutýar. Gürrüňdeşlik sapagynyň gurluşy dürli-dürli bolup biler. Ýöne has ýaýran bir görnüşiniň üstünde durup geçeliň. Mugallym sapagyň temasyny mälim edýär, soňra bolsa çagalaryň şu tema degişli haýsy suratkeşleriň işlerini synlandygyny, olarda nämeleriň şekillendirilendigini soraýar. Soňra mugallym okuwçylaryň jogaplaryny umumylaşdyrýar, şol synlanan temanyň şekillendiriş sungatyndaky ähmiýeti, şol temanyň birnäçe çeperçilik çözgüdiniň bardygyny gürrüň berýär. Şu gürrüňler bolsa terbiýeçilik ähmiýetli bolup, okuwçylaryň ahlak, gözellik, zähmet terbiýesiniň kämil bolmagyna itergi berýär. Sapagyň indiki tapgyry sungat eserlerini gönüden-göni seljermek. Bu tapgyrda sapagyň temasyna laýyk gelýän sungat eserlerini 1-2 minudyň dowamynda dymyp, ünsli synlamakdan başlaýarlar (eger deňeşdirmeli bolsa birbada 2 eser görkezilýär).

Tema bilen baglanyşykly saz ýaňlanýar. Soňra suratkeşiň ady, familiýasy we eseriň ady aýdylýar, eseriň mazmuny we çeperçilik ähmiýeti aýdylýar. Çagalaryň bilimleri eseri seljermeklige işjeň gönükdirilýär. Mugallymyň beýan ediji gürrüňi okuwçylaryň “Nämäni görýärsiňiz? Nähili beýan edilipdir? diýen soraglara berýän jogaplaryny umumylaşdyrýan görnüşde düzülýär.

Mugallym okuwçylara täze okuw materialyny berkidende birnäçe soraglar berýär, meselem:

– Şu gün biziň sapakda synlan eserlerimiz haýsy temalara bagyşlanan? Olary kim döredipdir?

– Olar nähili atlandyrylýar?

– Olarda nämeler şekillendirilipdir?

Doly we degerli jogaplar bahalandyrylýar. Sapagyň ahyrynda mugallym bahalaryň netijesini çykarýar. Görkezilen eserlere berlen seljermeleri, okuwçylaryň beren jogaplaryny umumylaşdyrýar.

# 22. ÝETIŞIGI HASABA ALMAK

Okuwçylaryň bilimlerini, başarnyklaryny we ukyplaryny, ylmy dünýägaraýşyny yzygider barlap hem-de bahalandyryp durmaklygyň okuw işleriniň hilini ýokarlandyrmakda ähmiýeti örän uludyr. Okuwçylaryň bilimlerini barlanda mugallym öz ulanan usullarynyň netijeliligini barlamaga, öwredilen temalary okuwçylaryň özleşdiriş derejesini kesgitlemäge, her bir okuwçynyň okuwa bolan garaýşyny anyklamaga, öz zähmetiniň netijesini anyklamaga mümkinçilik tapýar. Okuwçylaryň bilimleriniň bahalandyrylmagy olaryň çekýän zähmetine biperwaý garalmaýandygyny aňladýar, okuwçylaryň okuw işlerine jogapkärçiligini artdyrýar. Olar ýerine ýetirýän işlerine netije berýän önümçilik hökmünde garap başlaýarlar.

Okuwçylaryň bilimlerini, öý işini soramak, geçilen temalardan soraglar bermek, soragnamalar ulanmak, test, surat çekdirmek, ýaryşlar, oýunlar guramak arkaly barlap bolýar.

Mugallym okuwçylaryň bilimlerine baha bermek meselesine jogapkärli çemeleşmelidir. Okuwçynyň bilimi bahalandyrylanda mugallym onuň öwredilen temany ýat tutup gelendigini ýa-da oňat okap özleşdirip gelendigini, temanyň mazmunyny öz sözleri bilen erkin beýan edip, dürli mysallar getirip, düşündirip, subut edip bilýändigini ünsden düşürmeli däldir. Okuwçylaryň öwredilýän bilimleri doly akyl ýetirip, düşünip özleşdirmeklerini, öz sözleri bilen mysallar getirip düşündirip bilmeklerini, durmuşda ulanyp bilmeklerini, öz işlerine döredijilikli çemeleşmeklerini ýola goýmak gerek.

Okuwçylaryň bilimlerine bahalar adalatly goýulmalydyr. Okuwçylaryň ählisiniň geçilen temany özleşdirişini barlamaga ýetişjek bolmaly, şonda olar talabyň güýçlüdigine düşünerler. Baha goýlanda höweslendirmegi hem göz öňüne tutmaly, emma diňe oňat baha üçin däl-de, düşünip okamagy, pikirlenmegi öwretmeli.

Her çärýegiň dowamynda her okuwçyda 5-6 baha bolmalydyr. Çärýeklik baha çärýegiň dowamynda alnan bahalar esasynda goýulýar. Çärýeklik bahalaryň esasynda bolsa jemleýji baha goýulýar.

Baha döwlet gözegçilik serişdesi bolup hyzmat edýär, okuw işlerini kämilleşdirmeklige ýardam edýär we okuwçylarda okuw işlerine jogapkärçilikli garamaklygy terbiýeleýär.

Mugallym okuwçylaryň alan bahalaryny gündeligine goýmak bilen, ony ene-atalaryň dykgatyna ýetirýär.

**Okuwçylaryň ýerine ýetiren amaly işine baha bermek**

Okuwçylaryň amaly işine baha berlende şu aşakdakylar göz öňüne tutulýar:

– sapagyň okuw maksadynyň ýerine ýetirilişi;

– işiň mazmuny we sergide goýmak mümkinçiligi,

– berlen tema boýunça gowy iş hökmünde diwarlyklarda ýerleşdirip ýa-da nusga üçin başga synplarda (çeper täsirliligi göz öňüne tutulmaly) görkezip boljakmy;

– okuwçynyň tehniki endikleri özleşdirişi.

<< 5>> - lik

– sapagyň okuw maksatlary doly ýerine ýetirilende;

– temany we keşbi täsirli ýerine ýetirmekde çeperçilik serişdeleri başarnykly peýdalanylanda;

– çeperçilik serişdeleri bilen işlemek tehnikasyny we medeniýetini ele almak sowatlylygy ýüze çykarylanda.

<< 4>> - lük

– sapagyň okuw wezipeleri, maksatlary ýerine ýetirilende;

– temanyň we keşbiň çeperçilik taýdan çözgüdiniň aýratyn taraplarynyň täsirliligi ýeterlik däl ýagdaýynda;

– umuman çeperçilik serişdeleri bilen işlemegiň medeniýetini we tehnikasyny ynamly ulananda.

<< 3>> - lük

– sapagyň esasy wezipeleri we maksady mugallymyň düýpli kömek bermeginde ýerine ýetirilende;

– çeperçilik serişdeleri bilen işlemegiň endikleri ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda;

<< 2 >>- lik

– sapagyň okuw wezipelerini we maksadyny berjaý etmekde mugallymyň kömegi kanagatlanarly netijeler bermese;

– mugallymyň kömegi çeperçilik serişdeleri bilen işlemek tehnikasyny ýeterlik derejede sowatly ele almaga kömek edip bilmese.

<< 1>>- lik

– sapagyň esasy okuw wezipeleri we maksady ýerine ýetirilmese;

– okuwçy tarapyndan tehniki endikler özleşdirilmese.

**Okuwçylaryň dilden berýän jogaplaryna baha bermek.** Okuwçylaryň dilden berýän jogaplaryna (okuw sapaklarynda, durmuş hakykatyny gözellik taýdan özleşdirmek hem-de sungaty özleşdirmek sapaklarynda) baha goýlanda şu aşakdakylar göz öňüne tutulýar:

– jogabyň dolulygy;

– jogapda adalgalaryň we düşünjeleriň ulanylmagy;

– täze mysallary getirip, özbaşdak baha berip, düşündirip bilşi;

– sözleýiş diliniň keşpliligi we täsirliligi.

<< 5 >>- lik

– doly jogap berilse;

– jogapda maksatnamada göz öňüne tutulan adalgalar we düşünjeler aňly-düşünjeli peýdalanylsa;

– ugrukdyryjy soraglar berilmese-de, täze mysallar getirip bilmek ukyby bar bolsa, (pikir ýöretmeleriň we baha bermegiň özbaşdaklygy üçin);

– sözleýiş diliniň keşpliligi we täsirliligi üçin.

<<4>> - lük

– jogaby, esasan, dogry, ýöne derňelýän meseläniň käbir taraplary doly aýdyň däl;

– adalgalary we düşünjeleri mydama ynamly ulanyp bilmese, sözleýiş dili ýeterlik derejede täsirli bolmasa.

<<3>> - lük

– derňelýän meseläniň (hadysanyň) esasy tarapy jogapdan düşüp galsa, mugallymyň kömegi zerur bolsa;

– adalgalaryň we düşünjeleriň manysyna hem ähmiýetine doly düşünmese, olar jogapda doly ulanylmasa;

– bilimler başga hadysalary düşündirmek üçin ulanylmasa, jogap okalan mysallar bilen çäklense;

– sözleýiş dili garyp, ýagny jogabyň täsiri az bolanda.

<<2>> - lik

– derňelýän tema nädogry häsiýetlendirilse, mugallymuň ugrukdyryjy soraglary kanagatlanarly jogaba getirip bilmese;

– adalgalar we olaryň ähmiýetine düşünmese, adalgalar başga hadysalary düşündirmekde ýalňyş ulanylsa;

– mugallymyň düşündiren mahalynda ulanan mysallary okuwçynyň jogabynda nädogry aýdylsa;

– sözleýiş dili garyp, onda baglanyşyk az bolsa, ynamly jogap berip bilmese;

<<1>> - lik

– hadysalaryň esasy taraplaryny häsiýetlendirip bilmese, düşünmese;

– zerur bolan adalgalar jogapda bolmasa;

– mugallymyň ulanan mysallaryny düşündirip bilmese;

– manysy boýunça baglanyşykly jogap düzüp bilmese.

## 23. ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATY BOÝUNÇA SAPAKDAN DAŞARY IŞLERI GURAMAGYŇ USULLARY

Şekillendiriş sungaty boýunça sapakdan daşary işleriň guralmagynyň esasy maksady şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– şekillendiriş sungatynyň üsti bilen çagalaryň gözellik duýgularynyň ösen bolmagyny gazanmak;

– çagalaryň şekillendiriş sungatyna bolan gyzyklanmasyny, söýgüsini artdyrmak, olary gözellik dünýäsi bilen baglanyşdyrmak;

– çagalaryň şekillendiriş sungaty sapaklarynda öwrenen başarnyklaryny, bilimlerini kämilleşdirmek;

– çagalaryň çeperçilik ukyplaryny ýüze çykarmak we ösdürmek.

Şekillendiriş sungaty boýunça sapakdan daşary işleriň görnüşleri:

1. Gurnak.

2. Okuwçylaryň arasynda şekillendiriş sungaty boýunça bäsleşikleri geçirmek.

3. Okuwçylaryň çeperçilik işleriniň sergilerini guramak.

4. Suratkeşleriň eserleriniň nusgalaryndan sergiler guramak.

5. Şekillendiriş sungaty, amaly-haşam sungaty muzeýlerine, sergilere, suratkeşleriň ussahanalaryna, binagärçilik we heýkeltaraşlyk ýadygärliklerine, tebigata gezelençler guramak.

6. Sungat işgärleri bilen duşuşyklar guramak.

7. Şekillendiriş sungaty barada gürrüňler.

8. Mekdebi baýramçylyga bezemek.

Çagalaryň çeken suratlarynyň sergisini guramak, suratkeşleriň işleriniň sergisini guramak, bäsleşikler yglan etmek, suratkeşler bilen duşuşyklar guramak, sungat agşamlaryny geçirmek okuw terbiýeçilik işleriniň berjaý edilmeginde wajyp orun tutýar. Beýle çärelerede çagalaryň çykyş etmekleri, ulularyň bolsa olaryň işlerine baha bermekleri, maslahat bermekleri çagalaryň sungata bolan höwesini artdyrýar. Şekillendiriş sungatynyň eserleriniň üsti bilen çagalaryň gözellik terbiýesiniň ösdürilýän ýerleri bolan Nowçalar öýi, çeperçilik ussahanalary bilen okuwçylaryň gatnaşygyny ýola goýmaly. Çagalar asfaltyň ýüzüne çekilýän suratlary has hem gowy görýärler. Okuwçylaryň muzeýlerde bolup sungat eserleri bilen tanyşmagy olaryň öz iliniň däp-dessurlary, aýratynlyklary, sungat gözelligi barada giňişleýin düşünje almagyna täsir edýär.

*Şekillendiriş sungaty boýunça okuwçylaryň arasyndaky bäsleşikler* çagalary sungata, surat çekmäge, şekil ýasamaga höweslendirýär. Çagalaryň zehinlerini ýüze çykarmaga mümkinçilik döredýär. Okuwçylaryň bäsleşige ýörite taýýarlanmaklary üçin bäsleşigiň temasy, şertleri hem-de geçirilýän wagty 1-2 aý öňünden yglan edilýär. Bäsleşigiň netijesi jemlenip, ýeňijiler tapawutlandyrylmalydyr.

*Belli bir okuwçynyň ýa-da birnäçe okuwçylaryň has şowly işleriniň sergisini guramak* çagalaryň sungata bolan höwesini, çeperçilik işine hyjuwyny artdyrýar. Sergi üçin oňat ýerine ýetirilen işler saýlanyp alynýar. Soňra çarçuwalara salnyp, mekdebiň görnükli ýerinde rejelenip asylýar. Serginiň dowamlylygy 2-4 hepdeden uzak bolmaly däldir.

Mekdepde *suratkeşleriň eserleriniň nusgalaryndan guralýan sergiler* çagalarda uly gyzyklanma döredýär. Şeýle sergileri guramak üçin uly ölçegli hem oňat hilli nusgalary saýlamaly, sergini gözellik taýyndan oňat bezemeli, nusgalar üçin ak ýa-da çal düşek, olaryň arasynda ýeterlik ara daşlygy bolmaly, sergini mekdebiň ýagty, görnükli ýerinde ýerleşdirmeli.

*Şekillendiriş sungaty, amaly-haşam sungaty muzeýlerine, sergilere, suratkeşleriň ussahanalaryna, binagärçilik we heýkeltaraşlyk ýadygärliklerine, önümçilik kärhanalaryna, kitaphana, tebigata gezelençler* çagalaryň gözýetimini giňeldýär, ruhy dünýäsini baýlaşdyrýar, okuw terbiýeçilik işiniň oňyn çözülmegine täsir edýär. Bu gezelençler, syýahatlar çagalaryň sapakda alan bilimlerini artdyrýar, döredijilik ukyplaryny ösdürýär.

Syýahata ýa-da gezelenje alyp gitmek okuwdan soň, dynç alyş ýa-da baýramçylyk günleri, her çärýegiň arasyndaky dynç alyş möwsüminde guralyp bilner. Syýahatlar, gezelençler, esasan, öwrenilýän temalar bilen baglanyşykly guralýar. Tema ýa-da bölüm öwrenilmänkä, öwrenilýän wagtynda, öwrenilip bolnandan soň hem gurnalyp bilner. Gezelenç guraljak ýerler bilen ilki mugallymyň özi tanyşmalydyr. Soňra gezelenjiň meýilnamasyny düzüp, onda görkeziljek zatlar barada gürrüňler, soraglar taýýarlamalydyr. Muzeýlere, sergilere gezelençler 3-nji synpdan başlap guralsa maksada laýykdyr, sebäbi bu wagta çenli çagalar sungat eserlerini synlap özleşdirmäge belli bir derejede taýýarlykly bolýarlar. Muzeýlere gidilende mugallymyň ol ýerdäki eksponatlar bilen tanyş bolmagy, olary oňat bilmegi okuwçylaryň ünsüni gerekli eksponatlara jemlemäge kömek edýär. Mugallym ilki syýahat guraljak ýerdäki işgärler bilen duşuşyp, öz maksatlaryny beýan edýär. Syýahatyň guraljak wagtyny hemde syýahatyň täsirli bolmagy üçin edilmeli işleri maslahatlaşýar. Meselem: kitaphana syýahat gurnalýan güni kitaphanada çagalara niýetlenip neşir edilen kitaplaryň sergisiniň guralmagy, kitaphana işgärleriniň çagalary mähirli garşylamagy we kitaplar bilen tanyşdyrmagy, kitaplaryň döreýşi, görnüşleri hakynda gürrüň bermekleri, çagalary kitap okamaklyga çagyrmaklary okuwçylarda kitaba bolan söýgini terbiýeleýär. Çagalar üçin ertekilerdir goşgular ýazýan ýazyjyny, şahyry ýa-da kitaplary bezeýän suratkeşi hem kitaphana okuwçylar bilen duşuşyga getirip bolsa, olar hem öz döredijilikleri hakynda gürrüň berseler, çagalar bolsa olara öz öwrenen goşgularyny aýdyp berseler, syýahat bilen duşuşyk utgaşdyrylsa bu syýahat has hem täsirli geçer.

Mugallym syýahata gidilmänkä okuwçylary syýahata taýýarlamaly, her kime işjagaz tabşyrmaly (surata düşürmek, suratyny çekmek, gerekli maglumatlary ýazyp almak, çyzgysyny çyzmak), eger mümkinçiligi bolsa syýahata gidilýän ýerdäki işgärler üçin “sowgatlar” taýýarlamaly (kiçiräjik çykyşlar, çeper okaýyşlar, degişmeler, gysgajyk sahnalar). Bu iş iki tarap üçin hem bähbitli bolar, çagalar çykyş edýän wagtynda öwrenen bilimlerini, başarnyklaryny berkiderler we durmuşda ulanmagy öwrenerler, diňleýänlerde bolsa çagalara bolan söýgi, buýsanç duýgulary dörär. Syýahatdan gelensoňlar syýahatyň özlerinde galdyran täsiri hakynda pikir alyşmak, ýygnalan maglumatlar esasynda albom döretmek ýa-da diwar gazetini taýýarlatmak, çykyş etdirmek okuwçylar üçin has hem bähbitli bolar.

*Suratkeşler, heýkeltaraşlar, zergärler we beýleki sungat işgärleri bilen guralýan duşuşyklar* çagalarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýar. Duşuşyklarda çagalar özleriniň oňat görýän eserlerini döreden ussatlara özlerini gyzyklandyrýan soraglary bermäge mümkinçilik tapýarlar. Suratkeşler özleriniň döredijilik ýoly, döreden eserleri barada gürrüň berýärler. Bu duşuşyklar ýaş suratkeşlere geljekde dogry hünär saýlamaga itergi berip biler.

*Sapakdan daşary sungat baradaky gürrüňler* okuwçylaryň haýsy hem bolsa bir suratkeşiň döredijiligi barada has köp bilmek ýa-da işiň ýerine ýetiriliş usullary bilen has içgin tanyşmak islegleri esasynda geçirilýär. Munuň üçin bir ýa-da birnäçe suratkeşiň eserleri, şeýle hem belli bir tema saýlanyp alynýar.

*Baýramçylyklar mynasybetli bezeg işlerini ýerine ýetirmäge* çagalar uly höwes bilen gatnaşýarlar. Bu işler arkaly çagalarda köpçülik bolup işi ýerine ýetirmek başarnyklary ösýär. Şekillendiriş sungaty boýunça çagalar bilen sapakda, sapakdan daşary geçirilýän işleriň ähli görnüşleri sungaty özbaşdak öwrenmäge gyzyklanma, isleg döretmäge gönükdirilmelidir. Çagalaryň özbaşdak sungat bilen gyzyklanmaklary üçin olaryň haýsy kitaplary okamalydygyny, haýsy telegepleşikleri diňlemelidigini, haýsy suratlary ýygnamalydygyny maslahat bermeli.

***Gurnak işleri.*** Şekillendiriş sungaty boýunça çeper döredijilik gurnaklarynda çagalara sapaklarda öwredilýän temalaryň göwrümi has hem ulaldylyp düşündirilýär. Şeýle hem bu gurnaklarda ulanylýan şekillendiriş serişdeleriniň dürli-dürli bolmagy (reňkli hekler, guaş, sangina, gara we reňkli tuşlar, reňkli kagyzlar, plastilin, tebigy serişdeler) çagalaryň höwes bilen işlemegine oňaýly täsir edýär. Bu gurnaklarda çagalar şekillendiriş sungatynyň we amaly-haşam sungatynyň eserleri bilen içgin tanyşýarlar. Çagalar tanymal suratkeşleriň döredijiligine bagyşlap toparlaýyn albom döretmegi gowy görýärler. Suratkeşleriň döreden eserleriniň suratyny alboma ýelmeýärler, onuň her bir sahypasyna bezeg suratlaryny çekýärler, suratlardaky temalara degişli goşgulary ýazýarlar, şol temalara golaý temalardan öz çeken suratlaryny ýelmeýärler. Bu albomlary çagalar örän aýawly saklaýarlar we gelen myhmanlara hem-de öz deňduşlaryna uly höwes bilen görkezýärler. Şeýle-de bu gurnaklarda çagalar plakat perolary bilen işlemegi, diwar gazetlerini bezemekligi öwrenýärler.

Gurnak işleriniň esasy maksady duýgulary, pikirleri, gatnaşyklary aňlatmagyň serişdesi hökmünde çagalarda sungata bolan gyzyklanmany terbiýelemek, başarnyklary hem-de endikleri kemala getirmek, döredijilik we hünär başarnyklaryny ösdürmek, şeýle hem okuwçylary jemgyýete peýdaly işe (mekdebiň içki bezegi we mekdep howlusynyň bezegi) ugrukdyrmakdyr. Şekillendiriş sungatynyň haýsy görnüşi boýunça gurnak işleri alnyp barylýan bolsa, ilki bilen, işlemek üçin serişdeleriň we abzallaryň üpjünçiligine üns berilmelidir. Gurnagyň netijeli işi dürli sebäplere bagly bolup biler. Şonuň bilen birlikde mugallymyň gyzyklanmasyna, taýýarlygyna, gerekli zatlary üpjün edişine we naturany ulanyşyna bagly bolup durýar. Gurnagyň işini dogry meýilnamalaşdyrmaly, ýagny maksatnama laýyklykda sapaklaryň tematiki meýilnamasyny düzmelidir. Meýilnamalaşdyrmazdan ozal gurnagyň ýolbaşçysy gurnagyň agzalarynyň sanyny, sagat sanyny, ýumuşlaryň temasyny, onuň çylşyrymlylygyny, meşgullanmalary geçirmegiň usullaryny göz öňünde tutmaly. Gurnaga gatnaşýanlaryň çäkli sany (adatça, 10-15 adam) ýolbaşça sapak wagtynda her okuwçynyň şahsy aýratynlyklaryny, ýagny ukyplaryny hem-de ymtylyşlaryny göz öňünde tutmagy ýeňilleşdirýär. Gurnak işi şekillendiriş işiniň diňe bir görnüşi bilen meşgullanmagy göz öňüne tutmaýar. Gurnakda surat çekmek, bezeg işleri, şekil ýasamak, ýelimlemek, dürli serişdelerden gurnamak ýaly işler geçirilip bilner. Gurnak çagalaryň öwrenýän okuw mazmunyny giňeldýär. Ýaz, güýz döwri 3-nji synp okuwçylary bilen gurnagy daşarda geçirmek peýdalydyr. Munuň

üçin mugallym göz öňüne tutulýan ýer bilen öňünden tanyşmalydyr. Gurnaklara gatnaýan çagalaryň ene-atalaryny hem geçirilýän çärelere, sergilere çagyryp, olary öz çagalarynyň ýerine ýetirýän işleri bilen tanyşdyryp durmaly.

**Grafika we nakgaşçylyk gurnagy**

Ilki bilen gurnagyň ýolbaşçysy şekillendiriş sungatynyň bir görnüşi hökmünde grafika we surat çekmek bilen tanyşdyrýar. Surat grafikanyň esasydyr. Bu şekillendiriş sungatynyň bir görnüşi hökmünde suratyň dürli görnüşlerini özünde jemleýär, galam, ýelek, syýagalam, tuş we ş.m. bilen işlemek hem-de reňkiň güýjüni peseldip grafiki işler üçin ton almak öwredilýär. Ol diňe bir reňkli bolman, köp reňkli hem bolup bilýär. Grafikanyň görnüşleri boýunça: 1) abzal grafikasy; 2) kitap we gazet-žurnal grafikasy; 3) amaly grafika (hormat hatlary, diplomlar, markalar, bildirişler, etiketkalar); 4) plakat işleri edilýär. Mekdep gurnagyna gatnaýanlar galam bilen surat çekýärler, grawýuranyň iş tärleri bilen, ýelimlemek işlerine edilýän grawýura, monotip bilen (aýnadan basyp almak) tanyşýarlar. Bu işler natura boýunça, ýatdan, dürli temalar esasynda geçirilýär.

Nakgaşçylyk – şekillendiriş sungatynda daş-töweregimizi gurşap alýan tebigaty we göz öňüne getirýän durmuşymyzy, pikirlerimizi reňkleriň kömegi bilen aňlatmakdyr. Görnüşi boýunça nakgaşçylyk birnäçe toparlara bölünýär: 1) abzal; 2) monumental; 3) monumental-bezeg nakgaşlygy; 4) teatryň sahna bezegi; 5) miniatýura nakgaşlygy.

Surat çekmegiň tärlerine baglylykda akwarel, tempera, pastel we ş.m. ulanmak bolýar. Mekdep gurnagynda okaýan başlangyç synp okuwçylary surat çekmekde guaşy, akwareli, pasteli, mozaikany ulanyp naturadan, ýatdan ýa-da dürli temalardan eser döredip bilerler. Gurnagyň ýolbaşçysy okuwçylary suratkeşleriň döredijiligi, grafiki we nakgaş eserleri ýa-da olaryň suratlary, şeýle-de usuly fondundaky okuwçylaryň ýerine ýetiren işleri bilen tanyşdyrýar.

***Bezeg işleriniň gurnagy***

Bezeg sungaty çeper döredijiligiň iň esasy görnüşleriniň biri bolup durýar. Gözellik we sazlaşyk bezeg işleriniň esasy aýratynlygydyr. Bu iş islegi kemala getirýär, gözellik we çeperçilik duýgularyny ösdürýär. Bezeg işleri gurnagynyň işine otagyň, mekdebiň içini bezemek, diwar gazetlerini bezemek girýär. Gurnaga gatnaýanlar baýramçylyklarda we belli senelerde synp otagyny bezemäge gatnaşýarlar. Gurnakda çagalar ýurdumyzyň dekoratiw-bezeg sungatyny has çuňlaşdyryp öwrenýärler. Sapaklarda bezeg işlerinden alan bilimlerini ýüze çykarýarlar. Bularyň hemmesi mugallymyň ýumşuna ýa-da okuwçylaryň pikirine görä edilýär. Olara öz elleri bilen edilen işler aýratyn şatlyk getirýär. Bu olaryň köpçülikde keýpli gezmegine, sapaklaryna höwesli gatnaşmagyna getirýär. Has gowy üstünlikli işlemek üçin gurnaklar iki topara bölünýär: I-II synplar üçin we III-IV synplar üçin; kiçi ýaşlylara ulurak okuwçylar kömek berýärler.

***Şekil ýasamak gurnagy***

Şekil ýasamak meşgullanmasy okuwçylaryň gözellik terbiýesini ösdürmekde uly many aňladýar we çeperçilik isleglerini, çeperçilik başarnyklaryny, sungata söýgini ösdürýär, zähmetsöýerligi terbiýeleýär. Bu meşgullanmalar çagalaryň göwrüm, üç ölçegli giňişlik hakyndaky düşünjelerini, döredijilikli pikirlenmesini ösdürmeklige, surat çekende giňişligi we işiň göwrümini görkezip bilmegine kömek edýär. Şekil ýasamak gurnagynda sapaklar abzallaşdyrylan ussahanada geçirilýär. Mugallymyň gysgajyk giriş gürrüňinden soň okuwçylar işe girişýärler. Mugallym bolsa olara maslahat berýär, kömek edýär. Geçilýän temalar biri-biri bilen arabaglanyşykly bolmalydyr. Okuwçylar naturadan, ýatdan we göz öňüne getirip  çeper kompozisiýaly işleri döredýärler, surat çekmek, bezeg şekillerini döretmek bilen meşgullanýarlar. Muzeýlere we ýadygärliklere, heýkeltaraşlaryň ussahanalaryna gidip, şekiller bilen tanşyp, sungat eserlerini öwrenýärler.

***Sungaty öwreniş gurnagy***

Sungaty öwreniş gurnagy şekillendiriş sungaty bilen tanyşdyrýar, gözelligi terbiýeleýär, okuwçylaryň içki dünýäsini baýlaşdyrýar, daşky dünýä baradaky düşünjesini giňeldýär. Gurnakda çagalaryň ýokary gözellik duýgularyny ösdürmek, taryhy we binagärçilik ýadygärlikleriniň, tebigatyň gözelligine we baýlygyna düşünmekligi öwretmek göz öňünde tutulýar. Sungaty öwreniş gurnagynda okuwyň maksady şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– okuwçylarda sungata söýgi, gyzyklanma döretmek, gözellik duýgularyny ösdürmek, sungat eserlerinden lezzet almagy öwretmek;

– syn etmegi, döredijilikli pikirlenmesini, hyýalyny ösdürmek;

– okuwçylaryň çeperçilik başarnyklaryny ösdürmek, olaryň şekillendiriş sowady boýunça bilim derejesini kemala getirmek;

– belli daşary ýurt we türkmen suratkeşleriniň eserleri bilen tanyşdyrmak.

– grafiki eserleriň, nakgaş we heýkeltaraş eserleriniň üsti bilen hakykatyň çeper keşpli şöhlelendirilişini aýan etmek. Okuwçylary şekillendiriş sungaty bilen tanyşdyrmak mekdeplerde günüň dowamynda sapakda ýa-da sapakdan daşary işlerde (gurnaklarda) geçirilýär. Bir eseri görkezip, şol hakynda gürrüň geçirmek işiň esasy usuly täridir. Gürrüňdeşlik wagtynda soraglar doly we dogry bolmalydyr. Sungat eserleri garaňkyladylan otagda çagalara wideo görnüşinde ýa-da multimediýa tagtasynda görkezilýär. Gürrüň geçirmeklik şular ýaly yzygiderlilikde alnyp barylmalydyr:

– eserleriň saklanylýan muzeýleri hakynda gysgaça maglumatlar;

– suratkeşleriň ömri we döredijiligi;

– çeper eserleriň mugallymlar we okuwçylar tarapyndan seljerilmegi (çeperçilik aýratynlyklary – kompozisiýa, reňk, reňk öwüşginleri we täsirliligiň beýleki serişdeleri, mazmuny). Soňra suratkeşleriň eserleriniň gurnaga gatnaşyjylarda nähili täsir galdyrandygy barada sorag-jogap alşylýar. Meşgullanmanyň soňunda çagalaryň ünsi we kabul edişi peselýär. Şonuň üçin gürrüňiň soňunda täze we täsirli eserler görkezilip, gyzykly gürrüň berilýär. Bir wagtyň özünde gurnaga gatnaşyjylara birnäçe

zatlar görkezilmeýär. Sebäbi bu olaryň ünsüni jemlemegine päsgel berip biler. Diňe deňeşdirmeli bolan ýagdaýynda iki-üç iş birbada görkezilýär. Deňeşdirme geçirende dürli zatlary: mazmunyny, reňkini, kompozisiýasyny, işiň ýerine ýetiriliş usullaryny deňeşdirmek bolýar. Gurnaklarda sapakda öwredilen eserleri hem görkezmek bolýar. Eseriň gaýtalap görkezilmegi we seljerilmegi netijesinde okuwçylar eseri gowy ýatda saklaýarlar. Sungat barada gürrüň edilende sapaklaryň arabaglanyşygy hem bolmalydyr: meselem, sözleýiş dilini ösdürmek, edebiýat, aýdym we başgalar. Her bir gürrüň geçirilende gözellik duýgusy, mähirlilik, ýagşylyk, şadyýanlyk duýgulary ösdürilmelidir. Kiçi ýaşly okuwçylar üçin şunuň ýaly soraglar berilýär: “Suratkeş näme barada surat çekipdir?” Gurnaga gatnaşyjylar soragyň jogabyny aýdýarlar. Soňra “Suratkeş nähili wakany suratlandyrypdyr?” diýip, sorag biraz çylşyrymlaşdyrylýar. Sungaty öwreniş gurnagynyň bir toparyna 2-nji we 3-nji synpyň okuwçylary, beýleki topara bolsa 4-nji synpyň okuwçylary gatnaşýarlar. 1-nji synpyň okuwçylary sungat eserleri bilen sapagyň dowamynda tanyşdyrylýar.

**Şekillendiriş sungaty boýunça sapakdan daşary geçiriljek işleriň ýarymýyllyk mysaly meýilnamasy**

| № | Sapakdan daşary geçiriljek işleriň ady | Wagty | Synpy | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Gyş paslynyň özboluşly gözelligini synlatmak maksady bilen tebigata gezelenç etmek | ýanwar aýy | | |
| 2 | Milli muzeýe eksponatlary synlatmak maksady bilen alyp gitmek | ýanwar aýy | | |
| 3 | Türkmenistanyň ussat heýkeltaraşy Saragt Babaýewiň döredijiligi barada albom döretmek | ýanwar aýy | | |
| 4 | Her synpda “Ýaşyl ýaz deý Baýdagym” ady bilen surat bäsleşigini geçirmek | fewral aýy | | |
| 5 | “Ýaşyl ýaz deý Baýdagym” bäsleşiginiň dowamy. “Ökdeler öňe saýlansyn!” atly mekdep arasynda bäsleşik | fewral aýy | | |
| 6 | “Ýaşyl Tugum al-asmanda parlasyn!” ady bilen diwar gazetini çykarmak | fewral aýy | | |
| 7 | Ussat suratkeş bilen duşuşyk | fewral aýy | | |
| 8 | Halkara aýal-gyzlar güni bolan 8-nji mart baýramçylygy mynasybetli “Dünýäniň bar görki enedir ene” ady bilen diwar gazetini çykarmak | mart aýy | | |
| 9 | Heýkeltaraşlyk sungaty barada düşünje bermek üçin ýadygärlikleri synlamaga alyp gitmek | mart aýy | | |
| 10 | “Geldi Nowruz ilime” ady bilen bahar baýramyna bagyşlap albom döretmek | mart aýy | | |
| 11 | “Saglygym-baýlygym” ady bilen neşekeşlige, çilimkeşlige, ýokanç kesellere garşy plakatlary taýýarlamak | aprel aýy | | |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 12 | “Suw ýaşaýşyň çeşmesidir” ady bilen plastilinden, toýundan adamlary, ösümlikleri, haýwanlary suw bilen baglanyşdyryp ýasamak | aprel aýy | | |
| 13 | “Meniň halaýan gahrymanym” ady bilen öz okan eserleriňdäki halan gahrymanlaryňyň suratyny çekmek | aprel aýy | | |
| 14 | Türkmen bedewleri şekillendirilen suratlary toplamak, albom döretmek we özlerine bedewiň suratyny çekdirmek | aprel aýy | | |
| 15 | Ýaz paslynyň gözelligini synlatmak, tebigata gezelenç etmek | aprel aýy | | |
| 16 | Ýeňiş baýramçylygyna bagyşlap diwar gazetini taýýarlamak | maý aýy | | |
| 17 | Beýik Magtymguly Pyraga bagyşlap albom döretmek | maý aýy | | |
| 18 | Agzybirlik we Galkynyş gününe bagyşlap plakat çykarmak | maý aýy | | |
| 19 | Ýarym ýylda edilen iň gowy işleriň sergisini guramak | maý aýy | | |

Sapakdan daşary ýerine ýetirilmeli ýumuşlar:

– Sapakdan daşary çäräniň meýilnamasyny düzmek;

– Şekillendiriş sungaty boýunça gurnagyň maksatnamasy bilen tanyşmak.

## 24. MUGALLYMYŇ OKUW TAGTASYNDA ÇEKÝÄN SURATY

Okuw tagtasynda surat çekip bilmek başlangyç synp mugallymynyň işinde diňe şekillendiriş sungaty sapaklarynda däl-de, eýsem beýleki sapaklarda hem möhüm bolup durýar. Mugallym düşündirýän wagty okuwçylaryň gözüniň alnynda şekil döretmek bilen, öz sözüni aýdyňlaşdyrýar hem anyklaşdyrýar. Şekillendiriş sungaty sapaklarynda bolsa mugallymyň öz düşündirişlerini okuw tagtasynda çekip görkezmek bilen beýan etmegi has-da zerurdyr, ýagny ol surat çekmegiň tärlerini, şekili gurmagyň yzygiderliligini görkezmelidir.

Mugallymyň okuw tagtasynda ýerine ýetirýän suratynyň birnäçe görnüşleri bardyr:

a) çyzykly surat, ýagny ähli ýerde birmeňzeş ýogynlygy bolan üznüksiz çyzyk bilen ýagtylyk-kölegesiz ýerine ýetirilen surat;

b) ştrihli surat, ýagny uzynlygy, şeýle hem basyş güýji boýunça (ýagtylyk-kölege bilen zadyň daş keşbini häsiýetlendirmäge mümkinçilik berýän), ýogynlygy boýunça dürli bolan, arasy bölünýän çyzyk-ştrihler bilen ýerine ýetirilen surat;

ç) reňkli hekjagazlary ýa-da applikasiýany ulanmak arkaly ýerine ýetirilen çyzykly surat (*67-nji surat*).



**67-nji surat. Reňkli hekjagazlary ýa-da applikasiýany ulanmak arkaly ýerine ýetirilen çyzykly surat**

Ýöne okuw tagtasynda surat çekmegi başarmak ýörite ýumuşlary we türgenleşikleri talap edýär. Her bir surat çekip bilýän şol bir wagtda düşündirip hem surat çekip bilmeýär, munuň üçin uly tejribe hem endik gerekdir. Okuw tagtasynda surat çekilende suraty gurmagyň yzygiderliligini saklamak we kömekçi çyzyklardan peýdalanmagy başarmak uly ähmiýete eýedir. Şekili gurmagyň tärlerini bilmek zadyň suratyny has ynamly, çalt hem takyk çekmäge kömek edýär.

Mugallym okuw tagtasyndan 40-45 sm daşlykda, okuwçylara arkasyny öwürmän, gapdalrak (ýarym öwrümde) durmalydyr. Elbetde, hemmelere çekýän suraty oňat görner ýaly okuw tagtasynyň sag gapdalynda dursa amatly bolýar. Mugallymyň tagtada çekýän suraty uly ölçegde, aýdyň, görnükli bolmalydyr. Adatça, düşündirişden soň tagtadaky surat öçürilýär.

Tagtada surat çekilende eliň diňe penjesi däl-de, eliň tirsege çenli, egne çenli hem hereket etmelidir. Tutuş eliň bilen çekmegi öwrenmek üçin örän uzak wagtyň dowamynda türgenleşmeli. Okuw tagtasynda dogry we çalt surat çekmegiň tärlerini ele almak üçin, talyplar sapaklarda we sapakdan daşary yzygiderli türgenleşmelidir. Munuň üçin olaryň öýde hem 70x77 sm ölçegli tagtasy bolmalydyr. Tagtany faneriň ýüzüne linoleum çüýläp ýa-da faneriň ýüzüne ýalpyldamaýan ýagly reňk çalyp taýýarlap bolýar. Ýüzüne marker bilen ýazmak üçin niýetlenen ýylmanak üstli tagtalary hem ulanmak bolar.

Okuw tagtasynda surat çekmegi öwrenmekde ilkinji ýumuşlar (*68-nji surat*):

Göni çyzyklary keseligine we dikligine geçirmek: a) kese çyzyklar; b) dik çyzyklar; ç) dik we kese çyzyklar bilen 16 bölege bölünen inedördülüň suraty; d) ýapgyt çyzyklary geçirmek.

Tolkunly çyzyklary geçirmek: e) keseligine we dikligine;

Egriçyzykly şekilleri çekmek: ä) kem-kemden kiçelýän we ulalýan diametrli töwerekleri keseligine çekmek; f) umumy merkezli töwerekleriň suratyny çekmek

(iň uly ýa-da iň kiçi töwerekden başlamak bilen); g) şonuň ýaly, ýöne kese ýerleşen süýrgült şekilleri çekmek; h) dik ýerleşen, kem-kemden kiçelýän we ulalýan süýrgült (owal) şekilleri çekmek.







**68-nji surat. Okuw tagtasynda surat çekmeklige türgenleşmek üçin ýumuşlar**

*Mysaly ýumuşlar:* gap-gaçlaryň, ösümlikleriň, mör-möjekleriň, guşlaryň, haýwanlaryň, adamyň suratyny okuw tagtasynda ýerine ýetirmekde türgenleşmek; okuw tagtasynda nagyşlary, bezeg suratlarynyň taslamalaryny we ş.m. ýerine ýetirmek.

# ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNYŇ TARYHY

## DAŞARY ÝURT SUNGATY BARADA GYSGAÇA MAGLUMATLAR

### Gadymy dünýä sungaty

Sungat – adamzat aňynyň ýüze çykmagynyň bir görnüşi bolup, ilkidurmuş adamsyna toplanan tejribäni berkitmäge, öten-geçeni ýatda saklamaga, daşky dünýä duýguly baha bermäge kömek etdi. Ilkidurmuş gurluşynda birnäçe garaýyşlar ýüze çykýar, sungat hem şol garaýyşlary beýan etmäge gulluk edýär. Şol döwrüň sungatynda geljekki ylymlaryň başlangyçlary ýatyr.

| | |
|---|---|
| **Serdaryň ýolbaşçylygynda 51 indeýiň 3 günlük şowly ýörişi hakyndaky hat (pyşbaga – şowlulygyň alamaty)** |  |
| **Ýabany öküziň şekili. Altamir gowagy.** *Ispaniýa* |  |
| **Bizon. Altamir gowagy.** *Ispaniýa* |  |
| **Söweşýän ýaý atyjylar. Kastilon gowagy.** *Ispaniýa* |  |

Gadymy döwürde dünýäniň ýedi gudraty diýip Müsür piramidalaryny, Semiramidanyň asma baglaryny, Artemidanyň Efesdäki ybadathanasyny, Zews hudaýynyň heýkelini, Galikarnas mawzoleýini, Rodos adasyndaky äpet heýkeli, Aleksandriýa maýagyny hasaplapdyrlar.

| | |
|---|---|
| <br><br> | *Birinji gudrat:*<br>**Müsür piramidalary**<br>Dünýäniň ýedi gudratynyň biri diýip Gizadaky Heopsyň (beýikligi 147 m), Hefreniň (beýikligi 143,5 m), we Mikeriniň (beýikligi 66 m) piramidalaryny atlandyrdylar. Olar giden ulgam-ulgam ak çägeli çölde ak daşdan dikeldilen. Piramidalaryň iň ulusy Heopsyň piramidasydyr (b.e. öň. 27 asyr). Piramidany 100 müň gul 25 ýylyň dowamynda gurupdyr. Onuň binagäri Hemiun. Piramidalaryň düýbünden galdyrylyşy deň dörtburçlukdan ybarat, gapdallary bolsa deňýanly üçburçluklardyr. Heopsyň piramidasynyň beýikligi 147 metr. Esasynyň gapdallarynyň bir tarapynyň uzynlygy 233 metr, jemi 2 mln. 300 müň daş blokdan gurlan. Ol daş bloklaryň hersiniň agramy 2,5 tonnadan 30 tonna çenli baryp ýetýär.<br>*Sfinks* – ýolbars göwreli, adam kelleli hyýaly jandar. Piramidalary Uly sfinkssiz göz öňüne getirmek kyn. Uly sfinks – faraon Hefreniň ýüzi şekillendirilen ýolbars göwreli bolup, heýkeliň beýikligi 20 m töweregi, uzynlygy 64 m (b. e. öň. 27 asyr). |
|  | *Ikinji gudrat*:<br>**Semiramidanyň asma baglary**<br>*Wawilon (Yrak)*. Bu bagy şa aýaly Semiramidanyň ady bilen baglanyşdyrýarlar. Aslynda bolsa Nawuhodonosor şa bu bagy öz aýaly Amitis üçin b.e. öň VI asyrda gurdurýar. |
|  | *Üçünji gudrat*:<br>**Artemidanyň Efesdäki ybadathanasy**<br>Zewsiň gyzy Apallonyň aýal dogany Artemida greklerde zenan owadanlygynyň nusgasy hasap edilipdir. Artemidanyň ybadathanasynyň arhitektory Hersifrondyr (*Türkiýe, b.e. öň IV-III asyrlar*). |

| | |
|---|---|
| *Dördünji gudrat*:<br>**Zewsiň heýkeli**<br>Olimpiýa şäherinde Zews hudaýynyň ybadathanasynda oturdylan Zewsiň heýkeliniň beýikligl 12,5 metre barabar bolupdyr we onuň egin-eşigi, saçy, sakaly sap gyzyldan, teniniň ýapyk däl ýerleri bolsa şirmaýydan, oturan tagty agaçdan ýasalypdyr (*Gresiýa, b.e. öň V asyr, heýkeltaraşy Fidiý*). |  |
| *Bäşinji gudrat*:<br>**Galikarnasdaky mawzoleý**<br>Mawsol patyşa ýogalansoň aýaly Artemisiýa ýurdy dolandyrýar. Ol adamsynyň üstüne aramgäh gurdurýar (*Kiçi Aziýa ýarym adasy, Türkiýäniň çäginde, b.e. öň IV asyr*). Aramgähiň beýikligi 46 m bolupdyr we onuň üstünde dört at goşulan iki tigirli arabada Mawsol şa bilen Artemisiýanyň heýkeli oturdylypdyr. |  |
| *Altynjy gudrat*:<br>**Rodos adasyndaky äpet heýkel**<br>Rodoslylar Rodosyň hökümdary Geliosyň heýkelini dikeldýärler (*Gresiýa, b.e. öň III asyr*). Gün hudaýyna meňzedilip gurlan 70 tirsek beýikligi bolan bu heýkeli 12 ýyllap gurupdyrlar. Heýkeltaraşy – Lisippiň şägirdi Hares. |  |
| *Ýedinji gudrat*:<br>**Farosdaky maýak**<br>Bu maýagyň beýikligi 180 m bolupdyr diýip çaklanylýar *(Aleksandriýa, Müsür, b.e. öň III asyr)*. Ol 100 mil aralykdan görnüpdir we serediş meýdançasy bolup hyzmat edipdir. |  |

| | |
|---|---|
|  | **Beýik Hytaý diwary**<br>Gadymy Hytaý binagärçiliginiň uly ýadygärlikleriniň biri bolan Beýik Hytaý diwary daşarky çozuşlardan goranmak maksady bilen, esasan, b.e. öňki III asyrda bina edilipdir. Diwaryň ini giň bolupdyr, onuň üstünde 5-6 sany atly biri-biriniň gapdalynda hatara durup ýöräp bilipdir. Diwaryň beýikligi 6,6 m käbir ýerlerde bolsa 10 m çenli beýgelýär. Uzynlygy 4 müň kilometre (käbir maglumatlara görä, 6 müň km hem köp) uzalyp gidýär. |
|  | **Täçmahal**<br>Täçmahal hindi binagärçiliginiň ýadygärligi, Jahan şanyň we onuň aýaly Mumtaz mahalyň mawzoleýi (1630-1652 ýyllar, binagäri Ussat Isa we başgalar) Jamna derýasynyň kenarynda Agra şäherinde ýerleşýär. Burçlarynda 4 minarasy bolan bäş gümmezli binanyň beýikligi 74 m, diwarlary reňkli daşlar oturdylan ak mermerden. Binany suw çüwdürimleri we basseýni bolan bag gurşap alýar. Bu bina ertekilerdäki ýaly gaýtalanmajak gözellige eýedir. Wagta, gün şöhlesiniň düşüşine we kölegä baglylykda ol öz keşbini özgerdýär we tomaşaçylarda dürli täsirleri döredýär. Rowaýatlarda aýdylmagyna görä, Jahan şa Täçmahalyň öňünden, derýanyň beýleki kenaryndan gara mermerden özi üçin ýene-de bir mawzoleý gurmagy arzuw edipdir diýilýär. Täçmahal häzir hem syýahatçylaryň köp barýan ýeri, ol ýerli halka esasy girdeji getirýän ýerli pudaklaryň biri bolup hyzmat edýär. |

## GADYMY WE ORTA ASYR TÜRKMEN SUNGATY

Ilkidurmuş adamlarynyň ýaşan ýerleri, meşgul bolan işleri, olaryň gurluşyk işleriniň galyndylary, döreden sungat eserleri hakda arheologik gazuw agtaryş işleriniň netijesinde bize birgiden maglumatlar mälimdir. Olar keramika önümlerini taýýarlamak we nagyşlamak, süňk, daş oýmak we özlerine ýaşaýyş jaýyny gurmak, senetçilik, dokmaçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Kakadaky Namazgadepe, Duşakdaky Ýassydepe, Mänedäki Altyndepe, Merwde Goňurdepe, Türkmenistanyň çäklerinde belli bolan beýleki gadymy medeniýetiň ojaklary, şeýle hem Nusaý galasy size tanyşdyr.

Senetçileriň, küýzegärleriň şol şäherlerde özleriniň kwartallarynyň emele gelmegi, ýaşaýyş jaýlarynyň galyndylary, diwara çekilen suratlar bize ata-babalarymyzyň durmuşy hakynda düşünje almaga uly mümkinçilik döretdi.

Palçykdan haýwan şekillerini ýasapdyrlar. Daşdan haýwan we guş şekillerini ýasap, tumar edip dakynypdyrlar. Aýal heýkelleri has hem köp gabat gelýär, sebäbi aýal maşgala dörediji, nesli dowam etdiriji hasaplanypdyr. Nusaý galasyndan ak mermerden ýasalan beýikligi 60-70 sm bolan heýkelleriň birnäçesi, şeýle hem ritonlar tapyldy. Mermerden ýasalan şol heýkelleriň käbir ýerleri reňklenen ýagdaýlary hem gabat gelýär. Şah görnüşli ritonlaryň ýüzünde ussatlyk bilen oýulyp ýerine ýetirilen şekiller haýran galdyrýar. Dürli temalardan gürrüň berýän bu sahnalar, esasan, rowaýatlar hudaýlar bilen baglydyr. Nusaý galasyndaky inedördül we togalak zal Parfiýa arhitekturasy, olaryň içindäki heýkeller bolsa heýkeltaraşlyk sungatynyň ösüp ýeten derejesini kesgitlemäge uly mümkinçilik döretdi.

***Orta asyr türkmen sungaty.*** Orta asyr binagärçiliginde köşkler iki gatly edilip salynýardy we olaryň gurluşygynda hüşgärlik alamaty bardy. Köşkleriň (Gyz gala, Nagym gala, Horezmdäki Toprak gala) girelgesi ikinji gatda bolup, basgançaklar arkaly iç tarapdan birinji gata düşülýärdi. Araplar Türkmenistana aralaşansoň, girelge birinji gatda goýlup başlandy (Ak öýli köşk). Bazarlar, kerwensaraýlar, köşkler, galalar, senetçilik ussahanalary gurulýar, gurluşyk giň gerim alýar. Palçyk, bişen kerpiç we agaç esasy gurluşyk serişdesi bolup hyzmat edýär. Binalarda geometrik we ösümlik nagyşlary, dürli bezegler, kufi we nash ýazgylary giňden ulanylyp başlanýar. Kerpiçleriň ýüzüni nagyşlamak we örenlerinde biraz öňe çykarmak ýa-da dürli tertipde örmek arkaly birgiden nagyşlary döredipdirler. Goranmak üçin galalar gurlupdyr, minaralar galdyrylyp, ýaý atyjylar üçin ýer goýupdyrlar (Soltangala, Dehistan, Dargan). Kerwensaraýlarda myhman düşläp geçende oňaýly boljak zatlaryň ählisi bolupdyr, giň howly, metjit, umumy zal, hüjreler, atlar we düýeler üçin ýerler göz öňüne tutulypdyr (Daýa hatyn, Öde Mergen, Akja gala, Sülidepe, XI-XII asyr). Metjitler jemgyýetçilik durmuşynda has hem uly orun tutýardy (Abywerd, Dehistan, Talhatan baba). X asyrdan (esasan hem, XI-XII asyrdan) başlap, orta asyr binagärçiliginde mawzoleýler gurmak ýörgünli boldy (Ýarty gümmez, Abdylla Ibn Bureýdy, Alamberdar, Abu Seýit – Mänebaba).

IX-XII asyrlarda küýzegärçilik, demri bezemek, çüýşe gaplar, dokmaçylyk we halyçylyk ösýär. X asyryň aýagynda syrça (glazur) ulanylyp başlanýar. Bu bolsa keramika önümleriniň çydamlylygyny, gelşikliligini, önüme bolan islegini we onuň bahasyny artdyrýar. Geometrik we ösümlik nagyşlary bilen bir hatarda rowaýatlarda waspy edilýän guş hem-de haýwan şekilleri, atly adam şekilleri, kufi ýazgylary keramika önümlerini bezemek-

de giňden ulanylýar. Bu ýazgylar ýörgünli dileglerden ybaratdy. Ýagny saglyk, baýlyk, güýç-kuwwat, bagt, şowlulyk, wagtyhoşluk dilegleridi. Pagtadan, ýüpekden, ýüňden oňat hilli dokalan matalardan dürli egin-eşikler taýýarlanylýardy. Dokmaçylyk, esasan, Merwde ösüpdir.

Halyçylyk sungaty orta asyr sungatynda uly orun tutupdyr. Haly önümleri, palaslar dünýä bazarlarynda uly meşhurlyk gazanýar. Dürli halylar, palaslar, gapjyklar, horjunlar, torbalar özüniň dokalyşy taýdan gözelligi, kämilligi hem-de reňkleriniň durulygy we solmaýanlygy bilen şu günler hem köpleri haýran galdyrýar. Halylarda, esasanam, geometrik nagyşlar ulanylýar.

| | | | |
|---|---|---|---|
|  | **Eneolit zamanynyň nagyşly küýze gaby.**<br>*Günorta Türkmenistan.*<br>*B.e. öň V-IV müňýyllyk* |  | **Altyn depeden tapylan palçykdan ýasalan aýal heýkeli.**<br>*B.e. öň II müňýyllyk* |
|  | **Garadepeden tapylan nagyşly küýze gap.**<br>*B.e. öň III-II müňýyllyk* |  | **Palçykdan ýasalan ruhanynyň heýkeli.**<br>*Goňurdepe.*<br>*Marguş.*<br>*B.e. öň III müňýyllyk* |
|  | **Esgeriň kellesi.**<br>*Köne Nusaý.*<br>*B.e. öň II asyr* |  | **Kümüşden ýasalan möhür.**<br>*Goňurdepe.*<br>*Marguş.*<br>*B.e. öň III müňýyllyk* |
|  | **Pil süňkünden ýasalan riton.**<br>*Köne Nusaý.*<br>*B.e. öň II asyr* |  | **Bürünçden ýasalan gazanjyk.**<br>*Merw.*<br>*XII asyr* |

**Zergärçilik sungaty** orta asyrlarda has hem uly gerime eýe bolýar. Dürli şaý-sepler, gylyç we onuň gyny, galkanlar, gamalar, hanjarlar, naýzalar, aýpaltalar, söweş esbaplary, şeýle hem at esbaplary, dürli nagyşlar we ýarym gymmatbahaly daşlar bilen bezelipdir.



**Baş gaba dakylýan şaý**
**“Gupba”.**
*XIX asyr*



**Kellä dakylýan şaý**
**“Şelpeli maňlaýlyk”.**
*XX asyr*



**Kellä dakylýan şaý**
**“Egme”.**
*XX asyr*



**Döşe dakylýan şaý**
**“Gursakça”.**
*XX asyr*



**Doga gap**
**“Tumar”.**
*XIX asyr*



**Döşe dakylýan şaý**
**“Dagdan”.**
*XIX asyr*



**Döşe dakylýan şaý**
**“Gülýaka”.**
*XIX asyryň ahyry*



**Bilege dakylýan şaý**
**“Bäş goşma bilezik”.**
*XX asyr*



**Saça dakylýan şaý**
**“Asyk”.**
*XIX asyryň ahyry*

## XX ASYR TÜRKMEN SUNGATY

Türkmen halkynyň gözellige bolan duýgusy durmuşda ulanýan zatlaryna siňdirilip, olar ajaýyp sungat eserlerine öwrülýär. Milli eşikleriň reňk öwüşginleri, olara sünnälenip salnan nagyşlar, zergärleriň döreden şaý-sepleriniň gurluşy, olaryň ýüzüne gyzyl çaýylyp salnan ajaýyp nagyşlar türkmen milletiniň çeperçilik duýgularynyň ösenligine güwä geçýär. Gelin-gyzlarymyzyň döreden ajaýyp halylaryna, onuň göllerine, dünýä halklary haýran galýar. Belli syýahatçy Marko Polo "Olar dünýäde iň inçe, iň owadan halylary döredýärler" diýip ýazypdy.

Nazar Ýomudskiý (1860-1897) Russiýada doglup, şol ýerde okap, şol ýerde ýaşan hem bolsa onuň türkmen durmuşyna degişli "Merwdäki bazar", "Türkmen toýy", "Türkmen ýigitleri" atly işleri türkmen topragyna eden syýahatynyň täsirleri netijesinde döräpdir.

1920-nji ýylda suratkeşler I.Mazeliň, M.Libakowyň, W.Wladyçugyň ýolbaşçylygynda Aşgabatda çeperçilik studiýasy işe başlaýar, 1922-nji ýylda bu studiýa "Gündogar sungatynyň zarpçy mekdebi" diýip atlandyryldy. Bu studiýa 1925-nji ýyla çenli işledi. 1931-nji ýylda Aşgabadyň sazçylyk tehnikumynda S.Beglýarowyň teklibi bilen şekillendiriş sungaty bölümi açylýar. 1935-nji ýylda bu bölüm çeperçilik uçilişesine öwrülýär. 1938-nji ýylda Türkmen döwlet şekillendiriş sungaty muzeýi, 1939-njy ýylda Türkmenistanyň suratkeşler birleşigi döredilýär. Bu edilen işler şekillendiriş sungatynyň ösmegine, kämilleşmegine ýol açýar.




**B. Nuralynyň döreden işleri.**
*"Halyçy", "Oglumyň portreti"*

Bäşim Nuraly (1900-1965) "Gündogar sungatynyň zarpçy mekdebine" ilkinjileriň hatarynda gelip, iň zehinli okuwçylaryň biridi. B.Nuraly sungatyň köp görnüşlerinde özüniň zehinini görkezmegi başardy. Ýaşlygynda ol aktýordy, filmlerde surata düşýärdi, saz gurallaryny döredýärdi, şeýle hem goşgular ýazýardy. Türkmen şekillendiriş sungatynyň düýbüni tutujy bu suratkeşiň döredijiligi 30-njy ýyllarda has hem kämilleşip, halk suratkeşi adyny alýar. Birnäçe portret işlerini, şeýle hem "Üzümiň ýyglyşy", "Oglumyň portreti", "Aýalymyň portreti", "Awtoportret", "Türkmeniň köne durmuşy", "Türkmeniň täze durmuşy", "Baýramçylyk", "Ýeňiş toýy", "Bagşy çopanlaryň arasynda", "Mollanepes", "Garaköliçiler" ýaly işleri bar. Bu döwürde sungat durmuşyň manysyny, köne bilen täzäniň tapawudyny, zähmet adamsynyň waspyny, taryhy wakalary beýan edýärdi.

50-nji ýyllarda, 60-70-nji ýyllarda türkmen suratkeşleri dürli temalardan ajaýyp eserleri döretdiler. Bu eserlerde taryhy temalar, halkyň durmuşynda bolup geçýän täzelikler, zähmet adamsynyň waspy beýan edilýärdi. Bu döwürde has-da döredijilikli işlän ýokary bilimli Ýakup Annanurow, Aýhan Hajyýew, Yzzat Gylyjow, Aman Kulyýew, Mämmet Mämmedow, Gulnazar Bekmyradow, Stanislaw Babikow, Çary Amangeldiýew, Aman Amangeldiýew, Annadurdy Almämedow, Durdy Baýramow, Şamuhammet Akmuhammedow, Kakajan Oraznepesow ýaly belli suratkeşleriň eserleri millilige ýugrulan täze bir ajaýyp sungatyň dörändigine kepil geçýär. Bu eserlerde türkmen halkynyň baý medeni mirasyny, myhmansöýerligini, zähmetsöýerligini, mertligini, ynsanperwerligini, ajaýyp tebigatyny, tebigy baýlyklaryny, türkmen topragynda ýetişdirilýän ir-iýmişleri görmek bolýardy. Türkmen durmuşynda diňe bir nakgaşçylyk orun

tutman, eýsem sungatyň beýleki görnüşleri, ýagny heýkeltaraşlyk, grafika, binagärçilik, amaly-haşam sungaty hem uly orun tutdy. Belli şahsyýetleriň, uruşda we zähmetde tapawutlanan gahrymanlaryň, taryhy wakalaryň hormatyna heýkeller döredildi. Grafika we amaly-haşam sungatyna degişli birgiden ajaýyp eserler döredilip, türkmen sungat ussatlarynyň işleri halkara sergilere gatnaşdyrylyp, görnükli orunlara mynasyp boldy. Muzeýler gurlup, sergiler ýygy-ýygydan geçirildi.



**Magtymgulynyň ýadygärligi.**
*Heýkeltaraş W.Popowyň işi, 1971-nji ýyl*



**1948-nji ýyldaky ýertitremesiniň pidalarynyň hatyrasynda oturdylan ýadygärlik**



**Baky ot. Beýik Watançylyk urşunda wepat bolan türkmenistanly esgerlere ýadygärlik.**
*Arhitektorlar F.Bagyrow, A.Gurbanlyýew, 1970-nji ýyl*



**Beýik Watançylyk urşunda wepat bolan türkmenistanly esgerlere oturdylan ýadygärlik.**
*Heýkeltaraşlar J. Jumadurdy, B. Annamyradow, S. Babaýew, 1985-nji ýyl*

## GARAŞSYZLYK ÝYLLARYNDA TÜRKMEN SUNGATYNYŇ GALKYNYŞY

Garaşsyzlyk ýyllarynda medeniýeti, sungaty ösdürmeklige has uly üns berildi. Ýurdumyzda birnäçe muzeýler, çeperçilik mekdepleri, şeýle hem çeperçilik akademiýasy açyldy. Birnäçe döredijilik bäsleşikleri we sergiler yzygiderli geçirildi. Garaşsyzlyk sungaty, esasan, geçmişimize, mirasymyza, ýurdumyzyň çäklerinde bolup geçýän täzeliklere daýanyp, birnäçe sungat eserleriniň döremegine esas boldy. Bu eserlerde türkmen halkynyň döreýşi, däp-dessurlary, taryhda goýan yzlary, beýik şahsyýetleri, halkyň mertligi, gahrymançylygy wasp edilýärdi. Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan döwletimiz sanlyja ýyllaryň içinde biziň gözümiziň alnynda ajaýyp bir ýurda öwrüldi. Sungat ussatlary millilik duýgularyna gaplanan nakgaş, haly we heýkeltaraşlyk eserlerini döretdiler. Ýurdumyzda gurulýan binalar has-da köpeldi. Bu binalar diňe bir beýik, ýagty, ýaşamak we işlemek hem-de dynç almak üçin oňaýly bolmak bilen çäklenmän, eýsem olaryň daşky keşbi binanyň niýetlenilen maksadyna laýyk geler ýaly edip gurýarlar. Aşgabat binagärçilik sungatynyň ajaýyp nusgalaryny özünde jemleýän ajaýyp mermer şähere öwrüldi. Mundan başga-da Garaşsyzlyk binasy, Bitaraplyk binasy, Ruhyýet köşgi, birnäçe seýilgähler, beýik şahsyýetleriň heýkelleri we dürli taryhy wakalara bagyşlanan ýadygärlik toplumlary guruldy. Milli sungat eserlerine islegler artdy. Türkmen medeniýeti we sungaty täze Galkynyşy başdan geçirdi. Ajaýyp zamananyň bagtly geljegini milli äheňde wasp edýän sungat eserleri bolan gobelenler, panno halylar, äpet halylar, portret halylar döredildi.



**Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazowyň ýadygärligi.**
*S.Babaýewiň işi*



**On at ýadygärligi.**
*Türkmenistanyň halk suratkeşi, belli heýkeltaraş S.Babaýewiň işi*



**Garajaoglanyň ýadygärligi.**
*S.Babaýewiň işi*

Äpet halylaryň merkezi bölegini ahalteke halylarynda ýörgünli bolan “Guşly göli” tutýar. Daşyna aýlanan nagyşly zolaklaryň ululygy köpdürli bolup, olar nusgawy usullara kybapdaşdyr.

“Türkmen kalby” halysy 1941-nji ýylyň iýul aýynyň 13-den 1942-nji ýylyň fewral aýynyň 12-si aralygynda dokaldy. Halynyň boýy 10,5, ini 18 m, umumy meýdany 193,5 inedördül metr. Agramy 865 kg. Bu halyny ussat halyçylaryň 40-sy dokady. Bu äpet halynyň her inedördül metrinde 252 000 çitim, jemi 48 mln. 752 müň çitim çitilen.



**Ahal welaýatynyň Änew şäherindäki Milli “Ak bugdaý” muzeýi**

“Türkmenbaşy” halysy Garaşsyzlygyň 5 ýyllygy mynasybetli 1996-njy ýylda dokaldy. Boýy 12 m 60 sm, ini 21 m, umumy meýdany 266 inedördül metr. Agramy 950 kg. Her inedördül metrinde 304 müň çitim çitilen. Halyny 40 halyçy dokady.

“Prezident” halysy 1998-nji ýylda Garaşsyzlygyň 7-ýyllygy mynasybetli dokaldy, haly 19-njy fewralda ýüwürdilip, 10-njy oktýabrda kesildi. Boýy 14 m, ini 21 m, umumy meýdany 294 inedördül metr, agramy 1 t 106 kg. Halyny 38 halyçy dokady, jemi 118 mln. çitim çitilen. Bu halynyň ýüzüne Türkmenistanyň Prezidentiniň bäş kelleli bürgüt şekili salnan ştandarty dokalan. Halynyň başlanýan ýerinde Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň “Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!” diýen ajaýyp sözleri we goly dokalan.

“Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Altyn asyry” atly äpet halyny Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 10 ýyllygy mynasybetli “Türkmenhaly” Döwlet paýdarlar korporasiýasynyň Baharlydaky çeper halyçylyk kärhanasynyň ussat halyçylarynyň 40-sy dokady. Haly 2001-nji ýylyň 19-njy fewralynda ýüwürdildi, 8-nji oktýabrda kesildi. Boýy 14 m, ini 21,5 m, umumy meýdany 301 inedördül metr, agramy 1 t 200 kg. Halynyň her inedördül metrinde 304 müň çitim, jemi 125 mln. çitim çitilen. Halyçy zenanlar bu äpet hala “Guşly göl” nagşyny salyp dokadylar. Ginnesiň “Täsinlikler” kitabyna giren bu äpet halynyň ýokarsynda Türkmenistanyň Prezidentiniň tugrasy (ştandarty), bäş kelleli bürgüt şekili dokalan, aşaky gyra nagşynyň merkezinde bolsa Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň “XXI asyr Türkmeniň Altyn asyry bolar!” diýen sözleri we goly dokalan.

“Sekiz burçly” haly ata Watanymyzyň şanly Garaşsyzlygynyň 13 ýyllygy mynasybetli 2004-nji ýylda dokalan bu halynyň umumy meýdany 215 inedördül metr bolup, her inedördül metrinde 326 müň çitim çitilen. Bu halyny 104 halyçy dokady. Haly Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhy Metjidine ýazyldy.



| | |
|---|---|
|  | **“Aždarha” nagyşly güberçek haly. Halynyň merkezinde ösümlikler dünýäsi hem-de güberçekli uly we kiçi aždarhalar dokalan. Gyra nagyşlary 7 hatar bolup, “pagta”, “gül”, “ýaprak” nagyşlary salnan. Halydaky iki aždarhanyň şekiliniň nusgasy Änew şäherindäki “Seýit Jemaleddin” metjidiniň daş ýüzünden alnan.**<br>**Boýy 1,90, ini 1,60,**<br>**1 $m^2$ 865 000 çitim çitilen.**<br>**14 dürli reňk ulanylan.**<br>*Dokan: Askerow Kemal, Geldiýewa Bossan.*<br>*Dokalan wagty 1948 ý.* |
|  | **Iki ýüzli haly.**<br>**“A” ýüzünde ahalteke göli,**<br>**“B” ýüzünde pendi göli.**<br>**Ululygy 150 x 100 sm.**<br>*Halyçy: D. Annagulyýewa*<br>*Dokalan wagty 1958 ý.* |
|  | **Mollanepesiň haly portreti.**<br>**Ululygy 180 x 350 sm.**<br>*Suratkeş: J. Rejepow*<br>*Dokalan wagty 1980 ý.* |

| | |
|---|---|
| **Arnajumaýewa M. *“Aşyk Aýdyň pir”*.**<br>*Gobelen* |  |
| **Dünýäde täsin we nepis “Guşly gölli” teke halysy. XX asyryň nusgasy. Boýy 1,55, ini 1,30, umumy meýdany 2,01 m². 1 m² 1 355 000 çitim çitilen.**<br>*Dokalan wagty 2004 ý.* |  |
| **Pazyryk halysynyň gaýtadan dikeldilen nusgasy.**<br>Dünýäde iň gadymy hasaplanylýan 1949-njy ýylda Teles kölüniň golaýyndan, Daglyk Altaýyň Pazyryk depesinden tapylan, Sankt-Peterburg şäherindäki Ermitaž muzeýinde saklanylýan b.e. öňki I müňýyllyga degişli iň gadymy halynyň nusgasy. Halynyň merkezinde dikligine 6 hatar, keseligine 4 hatar göl salnyp, jemi 24 göl ýerleşdirilen. Olar Oguz hanyň 24 agtygyndan gaýdýan türkmen neberesini aňladýar. Halynyň gyra nagyşlary 11 hatar bolup, gölüň gyrasyndan “bürgüt kelleli grifonlar” (“börüler”) yzygiderli aýlanýar. Soňra 6 sany şahly “sugunlar” şekillendirilen. Soňra atanak görnüşinde “güller” dokalan. Iň uly kölçede bolsa ýöriş edýän “atly adamlaryň” şekilleri dokalan. Bu atlaryň guýruklary daňlan. Ol bolsa dünýä belli ahal-teke atlaryna mahsusdyr. Haly 2003-nji ýylda dokalan, boýy 1,78, ini 1,83, umumy meýdany 3,26 m², 1 m² 550 000 çitim çitilen, 7 dürli reňk ulanylan. | <br>*Türkmenistanyň halk suratkeşi A.Gutlyýewiň işi* |

| | |
|---|---|
|  | **“Diýar” atly türkmen tebigaty salnan haly.**<br>**Boýy 2,02, ini 3,01, umumy meýdany 6,08 $m^2$. 1 $m^2$ 410 000 çitim çitilen.**<br>**118 dürli reňk ulanylan.**<br>*Suratkeşler: B. Meredow, A. Durdyýew*<br>*Dokalan wagty 2007 ý.* |
|  | **Hala geçirilen “Pyýada” atly meşhur ahalteke bedewi.**<br>**Boýy 1,73, ini 2,60, umumy meýdany 4,50 $m^2$. 1 $m^2$ 328 000 çitim çitilen.**<br>**128 dürli reňk ulanylan.**<br>*Suratkeş I.I. Işankuliýew*<br>*Dokalan wagty 2008 ý.* |
|  | **Seýit Jemaleddin metjidiniň (XV asyr) şekili dokalan haly.**<br>**Boýy 2,35, ini 2,10, umumy meýdany 4,94 $m^2$. 1 $m^2$ 450 000 çitim çitilen.**<br>**116 dürli reňk ulanylan.**<br>*Suratkeşler: A. Durdyýew, M. Berdiýewa*<br>*Dokalan wagty 2008 ý.* |

## Garaşsyzlyk binasy

1999-njy ýylda Türkmenistanda belent, özboluşly ýadygärligi – Aşgabatda Garaşsyzlyk binasyny gurmak boýunça bäsleşik yglan edildi. Bina 2000-nji ýylyň oktýabr aýynda açyldy. 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabry Garaşsyzlyk binasy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Binanyň diametri 60 m, umumy beýikligi bolsa 118 metr bolup, onuň aşaky bölegi 91 metrdir we 91-nji metrinde serediş meýdançasy ýerleşýär. Bu biziň 1991-nji ýylda Garaşsyzlyk alanlygymyzy aňladýar. Onuň ýokarky altynsow bölegi 27 metr bolup, bu (27-nji oktýabr) milli Garaşsyzlygymyz bilen baglanyşykly. Binanyň daş-töweregini beýik şahsyýetleriň heýkelleriniň toplumy gurşap alýar.



## Oguz han seýilgähi

Ak mermerli paýtagtymyzyň iň gözel ýerleriniň birinde – Bitarap Türkmenistan we Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow şaýollarynyň kesişýän ýerinde peýda bolan türkmen milletiniň nesilbaşysy Oguz hany we onuň alty ogluny şekillendirýän heýkelli suw çüwdürimler toplumy Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. 14,82 gektar meýdany tutýan we özara sazlaşýan hem-de çyralar bilen şöhlelendirilen suw çüwdürimleriň 27-sini öz içine alýan bu toplum 2008-nji ýylyň iýun aýynyň 29-na açyldy. Suw çüwdürimler toplumynyň baş çüwdüriminiň howzy 12 ýaprakly güli şekillendirýär. Onuň 12 metrlik münberinde Oguz hanyň atly heýkeli örboýuna galyp dur. Şol ýerden şöhle görnüşli bölünen suw, alty sany gaba şaglap guýulýar, şolarda Oguz hanyň ogullary: Gün hanyň, Aý hanyň, Ýyldyz hanyň, Gök hanyň, Dag hanyň we Deňiz hanyň heýkelleri oturdylypdyr. Merkezi çüwdürimiň daş-töweregindäki giň meýdanyň çar tarapynda bölümleriň dördüsi bolup, olarda dürli görnüşdäki çüwdürimleriň birnäçesi ýerleşýär.



## SAPAKLARY ÖZARA IŞJEŇLIK (INTERAKTIW) USULDA GURAMAGYŇ ÄHMIÝETI

Häzirki döwürde bilim ulgamynyň işgärlerinden edilýän esasy döwrebap talaplaryň biri hem okuwlary interaktiw usulda guramakdyr we çagalara hemmetaraplaýyn bilim bermekdir. Şu maksat bilen hem ýurdumyzyň birnäçe orta bilim berýän mekdeplerinde, ähli ýörite hünärment mekdeplerinde we ýokary okuw jaýlarynda sapaklary özara işjeňlik (interaktiw) usullary ulanyp we multimedia enjamlaryndan peýdalanyp guramaklyk ýola goýuldy. Okatmagyň özara işjeňlik (interaktiw) usuly diýlende, sapagyň dowamynda ähli okuwçylaryň we mugallymyň sapaga doly işjeň gatnaşmagyny, dürli usullary ulanyp, sapaga okuwçylaryň ünsüni çekmek, olaryň ählisinde sapaga gyzyklanmany we işjeňligi kemala getirmek, berilýän bilimleriň hilini ýokarlandyrmak we olara hemmetaraplaýyn bilim bermek göz öňüne tutulýar.

*Hemmetaraplaýyn bilim – munuň özi okuwçylary akyl, duýgy, beden, ahlak we ruhy taýdan ösdürmek arkaly çalt ösýän, örän çylşyrymly, dürli medeniýetli, özara bagly kämil durmuşa ýokary hilli taýýarlamak üçin niýetlenen toplumlaýyn bilim beriş usulydyr.*[8]

Çaganyň kabul edilen maglumaty haýsy ýagdaýda has oňat ýatda saklamaklygy başarýandygy we okatmagyň, öwretmegiň usullarynyň täsirliligi barada N.Rejebowyň “Okatmagyň özara işjeňlik usuly” atly kitabynda gyzykly maglumatlar getirilýär:

Bu babatda (ýatda saklamak barada gürrüň gidýär) rus alymlarynyň synag arkaly gelen netijeleri şeýle:

– okamak arkaly - 10%;
– eşitmek arkaly – 20%;
– görmek arkaly – 30%;
– görmek we eşitmek arkaly – 50%;
– maglumaty özgelere düşündirende – 80%;
– öz eli bilen hat ýazanda, ýagny hereket arkaly – 90%.

Çaga maglumaty haçan durnukly ýat tutýar?

– 90% - çaganyň özi hereket edende;
– 50% - bir zady gören ýagdaýynda;
– 10% - eşiden çagynda;
– 0,3% - mekdep okuwy arkaly.

Öwretmegiň, okatmagyň usullary köp. Ýöne olaryň täsirliligi dürli-dürlüdir. Bu babatda ylmy-usuly edebiýatlarda aşakdaky ýaly maglumatlara duş gelinýär:

**Söhbet:** Bu usul çäksiz köpsanly diňleýjilere möhüm maglumaty tiz ýetirmegiň usulydyr. (Ony, biziň pikirmizçe, ýokary synplarda ulanmak bolar). Bu usulyň esasy kemçiligi diňleýjileriň işjeň ýagdaýda bolmazlygydyr, şoňa görä-de onuň ähmiýeti 5 göterimden artyk däldir.

**Okamak** maglumat toplamak üçin oňat serişdedir we amatly usuldyr. Ony ýekelikde-de, köpçülikleýin-de ýerine ýetirip bolýar. Şeýle-de bolsa okuwçylaryň başlangyç synplarda okaýyş endikleri we okalan tekstlerden maglumat almak başarnyklary durnugyşmanlygy

sebäpli, olar gerekli maglumaty çuňňur özleşdirip bilmeýärler. Şoňa görä-de, onuň täsiri 10 göterim töwerek hasaplanýar.

**Tehniki serişdeler** gerekli zat, emma onuň üsti bilen degişli maglumatyň 20 göterimi özleşdirilýär (sebäbi maglumat birtaraplaýyn gelýär – N.R.)

**Görkezme esbaplary ulanmak.** Mugallym görkezme esbaplary ulanmak bilen maglumaty kabul ediş akabalarynyň, ýagny görüş, eşidiş, duýgy we ys alyş akabalarynyň ählisini işe girizýär. Olaryň täsiri 30 göterime ýakyn.

**Toparlarda ara alyp maslahatlaşmak** okuwçylara öz pikirlerini, duýgularyny, täsirlerini belli bir temanyň çäginde erkin beýan etmäge mümkinçilik döredýär. Çekeleşmelerdir "beýni hüjümi" – duýdansyz soraglar okuwçylara pikirlenmäge, öz hususy netijeleri barada jikme-jik gürrüň etmäge, özgeleriň dürli-dürli pikirleri bilen tanyşmaga mümkinçilik döredýär. Bu usulyň üsti bilen maglumatyň 50 göterimine golaýy özleşdirilýär.

**Hereketli okuw –** bu keşplere bölünen oýunlar, döredilen şerti ýerine ýetirmek tejribe okuwlary. Şu usul arkaly ele alnan tejribe okuw döwründe berilýän maglumaty özleşdirmäge oňaýly ýardam edýär. Şu usul bilen işlenilende maglumatlaryň 70 göterimden gowragy özleşdirilýär.

**Mugallyma derek çykyş etmek.** Bu usulda "Özüň öwrenesiň we düşünesiň gelse, beýlekilere öwret we düşündir" diýen maslahatdan ugur alynýar. Bu usulyň täsiri-de maglumaty özleşdirmekde 70 göterime barabardyr.

**"Beýni hüjümi"** usuly okuwçylaryň erkin bolmaklary üçin amatly usul. Onuň üsti bilen köp meseleleri çözüp bolýar. Onuň üsti bilen ýene-de toparyň agzalarynyň bilim derejelerini we esasy gyzyklanmalaryny kesgitläp bolýar. Şeýle hüjüm täze tema geçmezden, okuwçylaryň bu babatda nähili düşünjeleriniň bardygyny anyklamak üçin gerek bolýar. "Hüjüm" 3 basgançakdan durýar. Mysal üçin, 3-nji synpda "Döwlet Baýdagy" atly tema geçilende mugallym okuwçylary 5-6 adamdan toparlara bölüp, olara Döwlet Baýdagy barada bilýän zatlarynyň ählisiniu kagyza ýazmagy tabşyrýar. Bu hüjümiň 1-nji basgançagy.

Hüjümiň 2-nji basgançagynda okuwçylar ýazanlaryny gözden geçirýärler, maslahatlaşýarlar, tertipleşdirýärler, taraşlaýarlar.

Hüjümiň 3-nji basgançagynda her toparyň wekili gelen netijelerini habar berýär.

**Sahnalaşdyrylan oýunlar.** Bu öwrenilýän tema degişli erkin häsiýetli çaklaňja sahnajyklardyr. Olarda durmuş şertleri beýan edilýär. Munda okuwçy haýsy-da bolsa bir gahrymany şekillendirýär. Bu hili oýun erkin synag geçirmäge we gorkudan daşlaşmaga ýardam edýär.

Oýundan soň "artistler" we "tomaşaçylar" pikir alyşýarlar, belli bir netijä gelýärler.

Şu hili oýunlar okuwdan dynç almak, ünsi üýtgetmek, şadyýanlyk döretmek, şol bir wagtyň özünde okuw işini amal etmek üçin hem ähmiýetlidir. Mundan başga-da çagalaryň "ýekemenlik", "men-menlik", "dymmaklyk" ýaly häsiýetlerini aýyrmaga, olaryň köpçülige goşulyşmaklaryny gazanmaga-da ähmiýetlidir.

Ýokarda aýdylanlardan görnüşi ýaly sapaklaryň özara işjeňlik usulda guralmagynyň okuwçylaryň ählisiniň sapaga işjeň gatnaşmagynda ähmiýeti uludyr. Adaty sapaklarda okuwçylaryň köpüsi sapakda "tomaşaçy" hökmünde galýan bolsa, bu sapaklarda okuwçylaryň ählisini sapaga işjeň gatnaşdyrmak göz öňüne tutulandyr. Ilki bilen okuwçylaryň öz teklipleri esasynda synpda sapagyň dowamynda ýerine ýetirilmeli düzgünler kabul edilýär (jogap bermek isleseň eliňi galdyrmak, ýoldaşyňy ahyryna çenli diňle-

mek, gaty ses bilen gygyrmazlyk we ş.m.). Bu düzgünleri okuwçylaryň özleri teklip edendikleri üçin şol düzgünleri özleri hem ýerine ýetirmeklige çalyşýarlar. Okuwçylaryň özara hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagy has hem oňat netijeler berýär. Meselem, mugallym dört sany okuwçynyň hersine bir düzgüni öwredýär. Soňra birinji okuwçy ikinjä öz düzgünini öwredýär, ikinji okuwçy hem öz gezeginde öz düzgünini birinji okuwça öwredýär. Şu ýagdaý üçünji bilen dördünji okuwçynyň arasynda hem bolup geçýär. Şundan soňra birinji okuwçy üçünji okuwçy bilen, ikinji okuwçy bolsa dördünji okuwçy bilen şol tertipde işläp başlaýar. Olar hem biri-birlerine öz düzgünlerini düşündirýärler. Iň soňunda bolsa birinji okuwçy bilen dördünji okuwçy, ikinji okuwçy bilen bolsa üçünji okuwçy biri-birlerine öz düzgünlerini düşündirýärler. Soňra okuwçylar ýekelikde kimden näme öwrenendiklerini aýdyp berýärler. Synpdaky okuwçylar kiçiräjik toparlara bölünip, şular ýaly ýumuş tabşyrylsa, olar maglumaty has oňat özleşdirýärler. Sapaklar özara işjeňlik usulda guralanda mugallymyň ugurtapyjylygy we ussatlygy möhüm ähmiýete eýedir. Bu ýerde esasy maksat dürli usullary ulanyp, çaga bilim-terbiýe bermekdir. Çaga berilmeli bilim-terbiýäni haýsy usuly ulanyp öwredeniňde çagalar has oňat özleşdirjek bolsalar, mugallym şol usuly ulanmagy başarmalydyr. Interaktiw usullary mümkin boldugyça sapaklarda köpräk ulanmaklyga çalyşmaly, şeýle hem sapakdan daşary geçirilýän çärelerde, çagalaryň tomusky dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde ulanmaklyk has hem maksadalaýyk bolar.

Tejribeçilik geçmäge barýan talyp birnäçe nätanyş çagalar bilen duşuşýar. Birek-biregi tanamaklyk zerurlygy ýüze çykýar. Birek-birek bilen tanyşmaklygyň bolsa birnäçe usullary bar. Şolaryň diňe käbirleri bilen tanşyp geçeliň!

**“Biz ýörişe gidýäris**”

*Topar döretme, aňlaýyş endiklerini ösdürme.*

Gatnaşyjylar tegelenip durýarlar. Olaryň biri şeýle sözler bilen başlaýar: “Biz ýörişe gidýäris. Men – Aýnabat, men öz ýanym bilen alma alyp gidýärin” (oýunçy öz adyny aýdýar we öz adynyň başlanýan harpyna özi bilen alyp gitjek zadynyň adyny aýdýar). Indiki oýunçy oýny şeýle sözler bilen dowam edýär: “Biz ýörişe gidýäris. Aýnabat öz ýany bilen alma alyp gidýär. Men – Döndi, men öz ýanym bilen duz alyp gidýärin”. Oýun soňky oýunça gezek ýetýänçä dowam edýär.

**“Biz ýörişe gidýäris”** oýnuna seljerme geçireliň. Bu oýunda okuwçylar özünden öňdäki okuwçylaryň adyny we ýörişe gidende öz ýany bilen näme alyp gidýändigini sanap geçmeli bolýarlar. Yzdaky okuwçylar ýalňyşmazlyk üçin öňdäki okuwçylary ünsli diňlemeli bolýarlar. Şol bir oýnuň dowamynda olar öz ýoldaşlarynyň adyny we onuň adynyň baş harpy bilen başlanýan, ýörişe gidende öz ýany bilen alyp gitjek zadynyň adyny öwrenýärler. Gezek ýetende her okuwçy öz adyny we öz adynyň baş harpy bilen başlanýan, özi-de ýörişde gerek bolaýjak bir zadyň adyny tutýar. Bu oýnuň dowamynda okuwçylar birnäçe atlary, sözlem düzmegi, ýörişde gerek bolaýjak zatlary saýlap bilmegi öwrenýärler. Olaryň ýatkeşligi ösýär.

Oýunlary diňe kitaplarda, gollanmalarda görkezilişi ýaly ulanman, onuň şertlerini sapagyň maksadyna görä üýtgedip ulanmak ähmiýetli bolar.

Meselem: **“Biz ýörişe gidýäris”** oýnuna meňzeş oýna ýüzleneliň:

*1-nji oýunçy*: – Meniň adym Durdy. Men durmuşda “Çekseň zähmet – ýagar rehnet” diýen nakyla eýerip ýaşaýaryn – diýýär.

*2-nji oýunçy*: – Durdy durmuşda “Çekseň zähmet – ýagar rehnet“ diýen nakyla eýerip ýaşaýar. Meniň adym Maral. Men durmuşda “Işlemedik-dişlemez” diýen nakyla eýerip ýaşaýaryn – diýýär.

*3-nji oýunçy*: Durdynyň we Maralyň adyny, durmuşda eýerýän nakylyny aýdýar we soňra öz adyny aýdyp, durmuşda özüniň haýsy nakyla ýa-da atalar sözüne uýup ýaşaýandygyny aýdýar. Adaty sapaklarda diňe mugallym we sanalgyja okuwçylar çykyş etmäge ýetişýärler. Sapaklar özara işjeňlik usulynda guralan bolsa, okuwçylaryň hemmesi hem özbaşdak ýa-da kiçi toparlarda çykyş etmäge mümkinçilik alýarlar. Sapaklarda dürli usullaryň ulanylmagy olaryň sapaklara höwesli gatnaşmagyny üpjün edýär, bilesigelijiligini artdyrýar, pikirlenmek ukyplaryny ösdürýär.

**Meniň adym........, men şeýle edýärin.**

Oýny çagalaryň biri şeýle sözler bilen başlaýar: “Meniň adym...(öz adyny aýdýar), men şeýle edýärin” diýip, eli bilen haýsy hem bolsa bir hereketi edip görkezýär. Onuň gapdalyndaky oýunçy bolsa: “Seniň adyň...(onuň adyny aýdýar), sen şeýle edýärsiň” diýip, onuň görkezen hereketini gaýtalaýar. “Meniň adym bolsa...(öz adyny aýdýar), men şeýle edýärin” diýip, eli bilen haýsy hem bolsa birinji oýunçynyňka meňzemeýän bir hereketi edip görkezýär. Oýun şeýle äheňde dowam etdirilýär.

**Kerep.**

Çagalar aýlaw görnüşinde durýarlar. Cagalaryň biri ýumagyň bir ujuny elinde saklap durýar, ol ˙ Meniň adym...” diýip, ilki öz adyny aýdýar, soňra ýumagy çagalaryň birine zyňýar we ondan soraýar: “Seniň adyň näme?” Ýumagy tutan çaga öz adyny aýdýar, ýüpden tutýar we ýumagy başga bir oýunça zyňýar hem-de onuň adyny soraýar. Oýnuň ahyrynda “kerep” emele gelýär. Tanyşmaklygyň bulardan başga-da birnäçe usullary bar. Meselem: çagalaryň biri öz adyny aýdýar. Beýleki çagalar bolsa onuň adyny bogna bölüp aýdýarlar, her bogny aýdanlarynda bolsa el çarpýarlar.

Soňra bolsa çagalaryň biri-birini näderejede tanaýandygyny barlamaklyk üçin şu aşakdakylar ýaly oýunlary ulanmak bolar.

**Howa şary.**

Her çaga bir howa şaryny paýlap berýärler, çagalar bolsa oňa öz atlaryny ýazýarlar. Saz ýaňlanýar, çagalar bökjekleşip tans edýärler we şarlaryny uçurýarlar. Saz togtadylan badyna howa şarlary öz eýelerine gaýtarylyp berilmeli.

**Kim ýok**.

Çagalar elleri bilen ýüzüni ýapýarlar. Oýny alyp baryjy ýuwaşlyk bilen çagalaryň biriniň egnine elini degirýär, şol oýunçy ýuwaşlyk bilen synp otagyndan çykyp gidýär. Ol çykyp gidensoň çagalar ellerini gözünden aýyrýarlar we kimiň ýokdugyny bilmeklige çalyşýarlar.

Başga bir oýunda bolsa çagalar iki topara bölünýärler. Ortada iki sany oýunçy tutyny ýa-da uly ýaglygy saklap durýar. Tutynyň her tarapynda bir topar ýerleşýär, ýöne şunda iki topar biri-birini görmez ýaly bolmaly. Her topardan bir oýunçy tutynyň golaýyna gelip durýarlar. Oýunçylar taýýar bolansoň tutyny birden aşak goýberýärler; oýunçylaryň haýsysy öz garşydaşynyň adyny basym aýtsa, şol hem ýeňiji bolýar we ýeňlen oýunçyny getirip öz toparyna goşýar. Haýsy topar köp oýunçy jemlese, şol hem ýeňiji bolýar.

Şu oýnuň başga bir görnüşi hem bar. Her topardan bir oýunçy orta çykýar we olar biri-birine arkasyny öwrüp oturýarlar. Tuty aýrylýar. Oýunçylaryň her biri öz toparynyň sypatlandyrmalaryndan çen tutup, özüniň arka tarapynda oturan oýunçynyň kimdigini bilmeklige çalyşýar.

Şu oýnuň ýene-de bir görnüşini gurnap bolar. Toparlaryň birinden iki oýunçy orta çykyp, olaryň biri arkasyny tuta öwrüp durýar, beýlekisi bolsa onuň garşysynda durýar. Ikinji topardan bir oýunçy gelip, garşydaş topara tarap seredip durýar. Tuty aýrylýar. Birinji toparyň garşydaş topara seredip duran oýunçysy garşysynda duran oýunçynyň daşky sypatlaryny (ýüzi, gözi, saçynyň we eşiginiň reňki) dilden suratlandyrýar, beýleki oýunçy bolsa özüniň arka tarapynda kimiň durandygyny bilmäge çalyşýar.

Bulardan başga-da birek-biregi gowy tanamaklary üçin şu aşakdakylar ýaly has çylşyrymlyrak oýunlary hem guramak bolar.

**Bu kimiň kölegesi?**

Oňat çekdirilen ýüpden ak matany asyp, ekran döredýärler. Arka tarapdan şöhle düşürip, ortada duran oýunçynyň kölegesi mata düşer ýaly edilýär. Soňra çagalar iki topara bölünýärler. Birinji topar tomaşaçy hökmünde ekranyň öňünde oturýar, beýleki topar bolsa çykyş etmek üçin ekranyň, ýagny sahnanyň arka ýüzüne geçýär. Çykyş edýän toparyň oýunçylary gezekli-gezegine ekrana has golaý gelip durýarlar. Tomaşaçy toparyň oýunçylary bolsa onuň kölegesine seredip, onuň kimdigini bilmeklige çalyşýarlar.

Çykyş edýän toparyň oýunçylary özlerini tanatmazlyk üçin saçyny, ýöreýşini üýtgedip bilerler, eşiginiň aşagyna käbir zatlary dykyşdyryp göwresini ýognaldyp bilerler.

**Bu kimiň eli?**

Çagalaryň üç-dört sanysy örtgüjiň aşagynda gizlenýärler we diňe elleriniň aýasyny görkezip oturýarlar. Beýleki çagalar bolsa bu ellere seredip, gizlenen oýunçylary atlandyrmaga çalyşýarlar.

**Körsyçan.**

Çagalar aýlaw görnüşinde biri-biriniň elinden tutup durýarlar. Gözi daňylgy çagalaryň biri aýlawyň ortasynda durýar. Çagalardan düzülen halka birsalym aýlanýar, soňra durýar. Gözi daňylgy çaga (körsyçan) çagalaryň biriniň ýanyna baryp durýar we sermäp onuň kimdigini aýdýar. Eger ol dogry atlandyryp bilse, onda şol tanalan oýunçy “Körsyçan” bolýar.

Tanyşlyk guramak üçin ulanyp boljak oýunlaryň dıňe käbirleri hakynda durup geçdik. Eger üns berýän bolsaňyz, başdaky oýunlarda çagalar öz atlary, ýörişe gidende öz ýanlary bilen alyp gitjek zatlary ýa-da durmuşda uýup ýaşaýan nakyllary hakynda gürrüň berdiler, kerep ýasadylar. Şeýle hem birek-biregiň adyny bogunlara bölüp aýtdylar, el çarpdylar. Soňky oýunlarda bolsa howa şaryna öz atlaryny ýazyp uçurdylar, şarlaryň eýesini tapyp, oňa şaryny gowşurdylar, elleri bilen gözlerini ýapanlarynda, kimiň otagdan çykyp gidendigini anykladylar. Tuty syrylansoň birek-biregiň adyny aýtmak, ýa-da olara seretmän diňe olaryň suratlandyrylyşy boýunça olary tanamak bilen meşgul boldular. Iň soňunda bolsa olar birek-biregi kölegesi, eli boýunça tanadylar we gözleri daňylgy ýagdaýda hem öz elleri bilen duýup tanamaklyga çalyşdylar. Bulardan başga-da cagalaryň gyzyklanmalaryny, häsiýetlerini öwrenýän oýunlar hem bar.

Bu oýunlar tapgyrma-tapgyr çylşyrymlaşdyryldy, oýunlar dürli görnüşlere eýe boldy, ýöne barybir oýunlaryň ählisiniň maksady hem çagalaryň birek-biregi gowy tanamagy, mugallymyň bolsa öz iş salyşmaly çagalaryny tanamagy, öwrenmegi boldy.

Sapaklar her gün şol bir usulda geçilende okuwçynyň aňyna täsir etmeklik kynlaşýar. Şonuň üçin hem her bir sapakda täzelik, ýagny täze usul, täze oýun, täze görnüş bolmaly. Sapaklar şeýle guralanda okuwçylar bilimleri oňat özleşdirerler we durmuşda ulanmagy başararlar.

Şekillendiriş sungaty sapaklarynda oýunlardan peýdalanmak has hem netijeli bolýar. Reňkler hakynda düşündirenden soň, şeýleräk oýny guramak ähmiýetli bolar. Her hatardan bir okuwçyny synp tagtasyna çykarýarlar. Ikisi hem deňje durýar. 1-nji oýunçy bir reňkiň adyny aýdyp, bir ädim öňe süýşýär. 2-nji oýunçy hem başga bir reňkiň adyny aýdyp, bir ädim öňe süýşýär we 1-nji oýunçy bilen deňleşýär. Oýun dowam etdirilýär. Oýunçylaryň biri öň aýdylan reňki gaýtalasa, onda ol öňe ädim ätmän duran ýerinde galmaly bolýar. Bu oýun oýunçylaryň ünslüligini talap edýär we kimiň köp reňk tanaýandygyny äşgär edýär. Beýleki okuwçylar hem bu iki oýunçyny ünsli diňläp oturýarlar, sebäbi garşydaş toparyň oýunçysy ýalňyşyp öň aýdylan reňki gaýtalaýsa, olar derrew muny aňşyrýarlar.

Okuwçylaryň reňk tanaýşyny ösdürmek üçin şu aşakdaky oýny hem ulanmak bolar.

Mugallym synp tagtasynda dürli reňkli hekler bilen reňkleriň adyny ýazýar we okuwçylardan bu reňkleri ýazylan sözler boýunça däl-de, reňki boýunça sanamalydyklaryny düşündirýär. Bu ýazgy ine şeýle okalýar: sary, gyzyl, gök, ýaşyl, gara.

Ak, gara, goňur, gyzyl, mele.

Köplenç, ýaryş görnüşinde sapak gurnap, birbada birnäçe okuwçynyň bilimini az wagtyň dowamynda barlap bolýar.

Mugallym synp tagtasyna üç sütün edip suraty çekilmeli zatlaryň adyny ýazýar (*1-nji surat*), ýokardan ortarada 5-lik baha goýýar. Üç sany okuwçy orta çykyp, hersi bir sütündäki zatlaryň ady ýazylan sözi bozup, onuň ýerinde şol zadyň suratyny çekip başlaýar. Haýsy okuwçy zatlaryň suratyny öňürti hem-de dogry we owadan edip çekip, 5-lige ilki ýetse, şol hem ýeňiji bolýar.



## ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNDA ULANYLÝAN ADALGALARYŇ DÜŞÜNDIRIŞ SÖZLÜGI

***Ussahana*** – suratkeşiň eser döredýän jaýy. Ol gerekli abzallar, gurallar hem-de enjamlar bilen üpjün edilýär.

***Plener*** – “*plein air*” fransuz sözi bolup, “*açyk howa*” diýmekdir. Suratkeşleriň ussahana-da däl-de, açyk howada tebigaty şekillendirmegidir.

***Kartina*** – reňkler, boýaglar bilen ýerine ýetirilen surat.

***Mazok*** – suratkeşiň çotgasynyň reňklenýän üstdäki yzy. Köplenç ýagdaýda, ýagly reňkler bilen ýerine ýetirilýän nakgaş eserlerinde ulanylyp, şekillendirilýän zadyň görnüşine, giňişlikdäki ýerleşişine görä häsiýetlendirilýär.

***Kolorit*** – fransuzça “*coloris*”, latynça “*kolor*” sözleri “*reňk, boýag*” diýmegi aňladyp, çeper eserlerde reňkleriň sazlaşygydyr. Kolorit reňkleriň goşulmagynyň sazlaşygy boýunça hem häsiýetlendirilýär. Eger-de sungat eserinde gök, ýaşyl reňkler agdyklyk etse, ol sowuk reňkler toplumyny, sary, gyzyl reňkler agdyklyk etse, ol ýyly reňkler toplumyny emele getirýär.

***Şedewr*** – fransuz dilinde “*chef-d, oeu-vre*” bolup, “*nusgalyk eser, ussatlygyň ýokary derejesi*” diýmegi aňladýar.

***Nabrosok*** – natura, daş-töwerege seredip ýa-da göz öňüne getirip, uly bolmadyk ölçegde basym ýerine ýetirilen sudurlar.

***Eskiz*** – (“*esguisse*” fransuz sözünden) uly işleri ýerine ýetirmek üçin taýýarlanýan gözlegler. Birnäçe eskiz edeninden soň suratkeş döretjek eseriniň gurluşyny düzýär.

***Etýud*** – “*etude*” fransuz sözünden bolup, “*öwrenmek*” diýen manyny berýär. Uly eser döredilende natura seredip, birnäçe etýudlar ýerine ýetirilýär.

***Panorama*** – grekçe “*pan*” (ähli) + “*horama*” (görnüş) diýmek, tutuşlaýyn görnüşi aňladýar. Şekillendiriş sungatynda şeýle eserler, köplenç, harby temalara degişli döredilýär.

***Ansambl*** – fransuzça “*ensemble*” sözi “*bilelikde*” diýmekdir. Suratkeşiň aýratyn ýa-da pikirdeşleri bilen bilelikde ýerine ýetiren eseri babatda bu adalgany ulanyp bolar. Binagärlikde şäher gurluşygynda toparlaýyn ýerleşdirilen binalar binagärlik toplumyny – ansambly döredýär.

***Lak*** – bezeg üçin önümleriň üstüne çaýylýan reňksiz madda. Çeperçilik laklary ilkinji gezek Uzak Gündogarda ýüze çykypdyr.

***Kontrapost*** – fransuzça “*contraposte*” sözi “*gapma-garşylyklaýyn*” diýmekdir.

***Garmoniýa*** – “*harmonia*” diýen grek sözünden bolup, “*baglanyşyk, ölçegleriň sazlaşygy*” diýmekdir. Ol önümiň ähli bölekleriniň biri-biri bilen jebis baglanyşykda, sazlaşykda bolmagyny aňladýar.

***Simmetriýa*** – (grekçe “*symmetria*”) ölçegleriň gabat gelmegi. Ol amaly-haşam sungatynda, binagärlikde esasy orny eýeleýär.

***Reproduksiýa*** – gaýtadan ýazdyrmak (fransuz dilinde “*reproduction*”). Şekillendiriş sungatynda sungat eserini köp mukdarda fotosurat ýa-da çaphana usulynda kiçeldilen görnüşde köpeltmek diýmekdir.

***Restawrasiýa* – latynça "*restauratio*" sözi "*gaýtadan dikeltmek, rejelemek*" diýmegi aňladýar. Ylmy nukdaýnazardan binagärlik ýadygärliklerine, sungat eserlerine özge üýtgeşiklik girizmezden, onuň ilkibaşdaky ýagdaýyny dikeltmek diýmekdir.

***Mawzoleý*** – aramgäh, kümmet. Mawzoleý diýen düşünjäniň döreýşi Mawsol patyşanyň ady bilen baglanyşyklydyr. Mawsol patyşa ýogalandan soň onuň aýaly uly gubur gurdurýar (*Kiçi Aziýa, Galikarnas b.e.öň IV asyr*), oňa Galikarnas mawzoleýi diýilýär, bu mawzoleý gadymy döwrüň ýedi gudratynyň biri hasaplanýar.

***Muzeý* – (**latynça "*musaeum*", grekçe "*museion*" sözünden bolup, muzalaryň ybadathanasy diýmekdir) şekillendiriş sungatyna degişli muzeýlerde çeperçilikli sungat eserleri toplanýar, öwrenilýär, saklanylýar we rejeleýiş işleri geçirilýär. Zatlaryň muzeýde ulgamlaýyn ýerleşdirilişine *ekspozisiýa* diýilýär.

***Muzalar*** – grek miflerindäki dokuz hudaý, dürli sungatlaryň we ylymlaryň howandarlary: Klio – taryhyňky, Ýewterpa – liriki şygryýetiňki we sazyňky, Taliýa – komediýanyňky, Melpomena – tragediýanyňky, Poligimniýa – gimnleriňki, Terpsihora – tansyňky, Erato – söýgi şygryýetiniňki, Uraniýa – astronomiýanyňky, Kalliopa – eposyňky. Günüň we ýagtylygyň hudaýy, sungatlaryň howandary Apollon bolsa muzalaryň öňbaşçysy we howandary hasaplanypdyr.

***Sergi*** – bu şekillendiriş sungatynyň eserlerini belli bir wagtyň dowamynda halk köpçüligine görkezmek. Sergiler uly we kiçi bolup bilýär. Olar ýörite gurlan we enjamlaşdyrylan binalarda, şeýle hem mirashanalaryň, medeniýet öýleriniň zallarynda, teatrlaryň girelgelerinde gurnalyp bilner. Sergiler geçmişdäki sungat ussatlarynyň we döwürdeş suratkeşlerimiziň döredijiligini görkezýär. Bilelikdäki sergilerde nakgaşlaryň, heýkeltaraşlaryň, grafika ussatlarynyň, binagärleriň, amaly-haşam sungatynyň ussatlarynyň döreden eserleri görkezilýär. Köplenç bolsa, bir ugur boýunça işleýän ussatlaryň işleri sergi edilýär. Şeýle hem sergiler aýratyn bir ussadyň döredijiligine bagyşlanyp bilner. Sergide görkezilýän işler temasy, düşünjesi, žanry boýunça saýlanyp alynýar. Halkara sergiler, milli sergiler hem-de regional (welaýatlarda, etraplarda) sergiler bolýar. Stasionar (ýeri üýtgemeýän, gozganmaýan) we göçme sergiler bolýar.

## BELLIK


[1] *B. Myradow, E. Ataýew*. Sungat adalgalarynyň gysgaça sözlügi. – "Türkmen dili" gazeti, 2007-nji ýylyň 26-njy dekabry.

[2] *В.Б. Косминская, Н.Б. Халезова.* Основы изобразительного искусства и методика руководства изобразительной деятельностью детей. – М., 1981 г.

[3,5,6,7] *В.С. Кузин.* Изобразительное искусство и методика его преподавания в начальных классах. – Москва, 1984 г.

[4] *Н.П. Костерин.* Учебное рисование. – М., 1980 г.

[8] *N. Rejebow.* Okatmagyň özara işjeňlik (interaktiw) usuly. – Aşgabat, 2007 ý.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat, 2007 ý.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat, 2007 ý.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. – Aşgabat, 2007 ý.

4. *В.С. Кузин.* Изобразительное искусство и методика его преподавания в начальных классах. – Москва, 1984 г.

5. *В.С. Кузин.* Методика преподавания изобразительного искусства в 1-3 классах. – М., 1979 г.

6. *Н.П. Костерин.* Учебное рисование. – М., 1980 г.

7. *Г. П. Шалаева.* Учимся рисовать. – М., 2009 г.

8. *В.Б. Косминская, Н.Б. Халезова.* Основы изобразительного искусства и методика руководства изобразительной деятельностью детей. – М., 1981 г.

9. *С.И. Дембинский, В.И. Кузьменко.* Методика преподавания черчения в средней школе. – М., 1977 г.

10. *А.В. Соколов.* Посмотри, подумай и ответь. – М., 1991 г.

11. *Б.М. Неменский, Н.Н. Фомина, Н.В. Гросул и др*. Изобразительное искусство и художественный труд. 1-4 классы. – М., 1991 г.

12. *Н.И. Платонова, В.Д. Синюков.* Энциклопедический словарь юного художника. – М., 1983г.

13. 1000 блестящих игр для детей начальных классов.

14. *B. Myradow, E. Ataýew.* “Sungat adalgalarynyň gysgaça sözlügi”, “Türkmen dili” gazeti. 26.12.2007 ý.

15. *N.Rejepow*. Okatmagyň özara işjeňlik (interaktiw) usuly. – Aşgabat, 2007 ý.

16. *I. Nobatow, D. Aşyrowa.* Şekillendiriş sungaty. 1-nji synp üçin okuw kitaby. – Aşgabat, 2009 ý.

17. *I. Nobatow.* “Şekillendiriş sungaty”. 2-nji synp üçin okuw kitaby. – Aşgabat, 2007 ý.

18. *I. Nobatow.* “Şekillendiriş sungaty”. 3-nji synp üçin okuw kitaby. – Aşgabat, 2009 ý.

19. Türkmenistanyň orta mekdepleriniň VI-VII klaslary üçin çyzuwdan we I-V klas lary üçin şekillendiriş sungatyndan okuw maksatnamalary. – Aşgabat, 2000 ý.

20. *T. Jumaýew.* Şekillendiriş sungaty otagyndan peýdalanmagyň usullary. “Halypa” žurnaly.

21. *T. Nurbadowa.* Milli sungatda reňkleriň orny. “Zenan kalby” žurnaly, 12.2010 ý.

22. Gudratly türkmen halysy. – Aşgabat, 2006 ý.

23. Türkmen halylary. – Aşgabat, 2009 ý.

24. *S. Babaýew*. Türkmen heýkeltaraşlyk sungaty. – Aşgabat, 2008 ý.

25. *K. Nurbadow*. Türkmenbaşy elipbiý. – “Türkmen dili” gazeti, 17.10.2001 ý.

# MAZMUNY

Giriş....................................................................................................7

## I BÖLÜM

## ŞEKILLENDIRIŞ SOWADYNYŇ ESASLARY

1. Sungat hakynda söhbet ....................................................10
1.1. Şekillendiriş sungatynyň görnüşleri we žanrlary.....................14
1.2. Surat çekmek üçin ulanylýan serişdeler we esbaplar.................25
1.3. Suratda täsirli, çeper beýan etmegiň esasy serişdeleri.............28
2. Şekillendiriş sowadynyň nazaryýeti boýunça maglumatlar.
Zatlara seredip perspektiw gysgalmasyny görkezmezden suratyny çekmek..................29
3. Reňk bilen işlemegiň tärleri. Zatlara seredip reňk bilen suratyny çekmek.................32
4. Ýüzbe-ýüz perspektiwada göwrümli zatlara seredip suratyny çekmek ......................38
5. Burç perspektiwasynda göwrümli zatlara seredip suratyny çekmek ..........................42
6. Zatlara seredip aýry-aýrylykda reňk bilen suratyny çekmek.....................................43
7. Natýurmort çekmek ..........................................................................47
8. Tebigatyň suratyny çekmek ..............................................................51
9. Binagärçilik sungaty. Otagyň içini suratlandyrmak.........................................55
10. Guşlaryň we haýwanlaryň suratyny çekmek ..............................................61
11. Adamyň suratyny çekmek...............................................................66
12. Edebi eserler boýunça surat çekmek......................................................71
13. Durmuşy temada surat çekmek ..........................................................74
14. Amaly-haşam sungaty. Türkmen milli nagyşlaryny çekmek....................................81
15. Çeper-bezeg işlerini ýerine ýetirmek.......................................................90
16. Heýkeltaraşlyk sungaty. Şekil ýasamagyň tärleri ..............................................101

## II BÖLÜM

## BAŞLANGYÇ SYNPLARDA ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNY OKATMAGYŇ USULYÝETI

17. Çagalara şekillendiriş sungatyny öwretmegiň
mazmuny we ylmy-nazary esaslary...........................................................112
18. Şekillendiriş sungaty boýunça okuwy gurnamak ..............................................128
19. 1-nji synpda şekillendiriş sungaty sapaklaryny okatmak........................................141

20. Ikinji synpda şekillendiriş sungaty sapaklaryny okatmak .......................................149
21. Üçünji synpda şekillendiriş sungaty sapaklaryny okatmak .....................................161
22. Ýetişigi hasaba almak ..............................................................................................177
23. Şekillendiriş sungaty boýunça sapakdan daşary işleri guramagyň usullary ............179
24. Mugallymyň okuw tagtasynda çekýän suraty........................................................186
1-nji goşmaça. Şekillendiriş sungatynyň taryhy ........................................................189
2-nji goşmaça. Sapaklary özara işjeňlik (interaktiw) usulda guramagyň ähmiýeti ....204
Şekillendiriş sungatynda ulanylýan adalgalaryň düşündiriş sözlügi ..........................211
Peýdalanylan edebiýatlar ............................................................................................212

*Ýagşygeldi Kakaýew*

# ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATY WE ONY OKATMAGYŇ USULYÝETI

Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktory | *N. Kakalyýewa* |
| Surat redaktory | *T. Aslanowa* |
| Teh. redaktory | *T. Aslanowa* |
| Suratçylar | *Ý. Kakaýew, Ý. Peskowa* |
| Neşir üçin jögäpkär | *O. Akmämmedowa* |

**Forzas № 1.** "Türkmeniň gadymy rowaýaty" M. Hojagulyýew, M. Hojagulyýewa.
**Forzas № 2.** Ç. Saryýewiň döreden mozaika işleri.

Ýygnamaga berildi 09.12.2010. Çäp etmäge rugsat edildi 23.08.2011.
Möçberi 70x100 $^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Edebi garnitura.
Ofset çap ediliş usuly. Çap listi 13,5. Hasap-neşir listi 16,416.
Neşir № 43. Sargyt № . Sany 1700.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.